**J. J. ATAÝEW**

# *AUDIT*

**(MESELELER ÝYGYNDYSY)**

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat**
**TDKP - neşirýaty**
**2008**

UOK 334
A87

**J.J.Ataýaew. Audit. Meseleler ýygyndysy.**

Meseleler ýygyndysy “Audit” dersi boýunça okuw gollanmasynyň üstüni getirýär. Ol materiallary özleşdirmegi we tejribede ulanmagy öwretmek maksady bilen okuw gollanmasyndaky temalary öz içine alýar. Usuly görkezmeler, barlag üçin soraglar, ýagdaýlar we ýumuşlar we soragly ýumuşlar getirilip görkezilýär. Aýry-aýry temalar boýunça zerur bolan maglumatlary özünde jemleýän goşundylar berilýär. Her tema boýunça ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň hem-de soragly ýumuş-laryň jogaplary getirilýär.

Meseleler ýygyndysyndan Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary we talyplary peýdalanyp bilerler Şeýle-de auditorlyk hünär derejesiniň şahadatnamasyny almak üçin synag tabşyrmaga taýýarlyk görýän dalaşgärler peýdalanyp bilerler. Meseleler ýygyndysyny Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary we talyplary, auditorlar, buhgalterler, dolandyrjylar seljermeçiler üçin niýetlenen.

**Syn yazanlar: ykdysady ylymlaryň kandidatlary, dosentler**
**Ç. K.Gylyjow  we G.M Babaýew**

TDKP № 159    KBK  65.9(2Tö)21

**@ S.A.Nyýazow adyndaky TOHU, 2008**



TÜRKMENISTANYŇ ILKINJI PREZIDENTI
BEÝIK SAPARMYRAT TÜRKMENBAŞY



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Türkmenbaşyň guran beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Türkmenbaşyň guran beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Türkmenbaşyň guran beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Arkamdyr bu daglar, penamdyr düzler,
Ykbalym, namysym, togabym, Watan!
Saňa şek ýetirse, kör bolsun gözler,
Geçmişim, geljegim, dowamym, Watan!

## Awtoryň terjimehaly

Ataýew Jandurdy Jotdyýewiç 1952-nji ýylyň 13-nji noýabrynda Baharly etrabynyň Baharly şäherçesinde eneden doguldy.

Orta mekdebi tamamlandan soň, 1970-nji ýylda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwerstitetiniň ykdysadyýet fakultetine okuwa girdi we ony 1975-nji ýylda üstünlikli tamamlady.

1975-nji ýyldan 1977-nji ýyla çenli Türkmen döwlet uniwerstitetiniň "Hasap we statistika" kafedrasynyň mugallymy, 1977-nji ýyldan 1979-njy ýyl aralygynda şol kafedranyň uly mugallymy wezipelerinde işledi.

1979-njy ýyldan başlap Türkmen halk hojalyk institutynyň "Hasap we statistika" kafedrasynyň uly mugallymy bolup işledi.

1980-nji ýyldan 1983-nji ýyla çenli Moskwanyň maliýe institutynyň aspiranturasynda okady we "Buhgalter hasabaty, hojalyk işleriniň seljermesi we gözegçilik" hünäri boýunça ykdysady ylymlaryň kandidaty ylmy derejesini aldy.

1984-nji ýyldan 1987-nji ýyla çenli Türkmen halk hojalyk institutynyň "Buhgalter hasabaty we hojalyk işleriniň seljermesi" kafedrasynyň uly mugallymy bolup işledi. 1987-nji ýyldan 1991-nji ýyla çenli Hasap we statistika fakultetiniň dekanynyň orunbasary, 1991-nji ýyldan 1992-nji ýyla çenli Söwda we tehnologiýa fakultetiniň dekany, 1992-nji ýyldan 1993-nji ýyla çenli Halkara ykdysady gatnaşyklar we söwda fakultetiniň dekany, 1993-nji ýyldan 1994-nji ýyla çenli Hasap ykdysadyýeti fakultetiniň dekany, 1994-nji ýyldan 1999-njy ýyla çenli Hojalyk işlerini seljerme kafedrasynyň dosenti wezipelerinde işledi.

Ol 1997-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda Moskwanyň K.A.Timirýazow adyndaky oba hojalyk akademiýasynda ylymlaryň doktory diýen ylmy derejäni almak üçin dissertasiýa gorady.

1999-njy ýylyň mart aýyndan başlap Jandurdy Jotdyýewiç Ataýew S. A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwerstitetinde zähmet

ýoluny dowam etdirdi. Ol 1999-njy ýyldan 2001-nji ýyla çenli uniwerstitetiň Oba hojalygynda dolandyryş we bazarlama kafedrasynyň müdiri, 200l-nji ýyldan 2003-nji ýyla çenli Ekerançylyk fakultetiniň dekany, 2003- nji ýyldan 2006-njy ýyla çenli Oba hojalygynda dolandyryş we bazarlama kafedrasynyň müdiri, 2006-njy ýyldan ömrüniň ahyryna çenli bolsa, uniwerstitetiň Tutçylyk we pileçilik kafedrasynyň müdiri wezipelerinde işledi.

Ol ylmy-pedagogiki işde gazanan üstünlikleri üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň Minnetdarlyk haty bilen sylaglandy.

2007-nji ýylda bolsa, Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň arasynda geçirilen döwlet bäsleşiginde ýeňiji bolup, "Ýylyň mugallymy" diýen ada mynasyp boldy.

Belli alym, tanymal terbiýeçi, hoşgylaw adam, ajaýyp halypa mugallym Jandurdy Jotdyýewiç Ataýew baradaky ýakymly ýatlamalar biziň ýüreklerimizde hemişe saklanar.

## GIRIŞ

Meseleler óygyndysyna girizilen temalar döwrüň ýokary talaplaryna laýyk gelýän hem-de olar Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnama kitaplaryndaky parasatly pikirlerinden we "Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry" Milli maksatnamasyndan ugur alnyp beýan edildi.

Türkmenistanyň bazar gatnaşyklaryna geçmekligi, telekeçilik işiniň dürli taraplarynyň aragatnaşygyny kadalaşdyrýan täze ykdysady kada-kanunlaryň döredilmeginiň zerurlygyny ýüze çykardy. Olaryň arasynda auditorlyk işi baradaky kanun mynasyp orun tutýar. Onuň esasy maksady maliýe hasabatyndaky maglumatlaryň dogrulygyna gözegçiligi üpjün etmek bolup durýar. Edara görnüşli taraplarda emlägiň, pul serişdeleriniň ulanylyşy, täjirçilik işleriniň we maýa goýumlarynyň geçirilişi baradaky maglumatlar garaşsyz auditorlar tarapyndan doly tassyklanylyp bilner.

Soňky döwürlerde Türkmenistanda auditorlyk kada-kanunlarynyň dikeldilmegi boýunça belli bir derejede işler edilýär. Türkmenistanyň ilkinji Prezidentiniň 1996-njy ýylyň 18-nji ióunyndaky 127-1 belgili karary bilen Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakynda" kanuny tassyklanyldy. Şu kanun kabul edilenden soňky döwürlerde Türkmenistanda auditorlyk işini kadalaşdyrýan birnäçe resminamalar kabul edildi, auditorlyk işini amala aşyrmaga hukuk almak üçin hünär synagyny geçirmegiň tertibi we auditorlyk işini amala aşyrmaga ygtyýarnama bermegiň düzgüni bellenildi, hökmany auditorlyk barlagyny geçmäge degişli bolan ykdysady taraplar hem-de auditorlaryň ahlak bitewi Kanunlary kesgitlenildi.

Türkmenistanyň auditorlarynyň ahlak kadalarynyň biri hakykatçyllyk bolup durýar. Auditorçylyk işleri ýurdumyzda hereket edýän kärhanalaryň işlerini sazlamakda möhüm ähmiýete eýedir. Mertebesi Belent Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallalary bilen kiçi we orta biznesiň kärhanalarynyň ösmegine döwlet tarapyndan goldaw berilýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň hususy telekeçiligi ösdürmek bilen baglanşykly meselelerine

bagyşlanan giňişleýin mejlisinde Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunyna, “Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda” kanunlaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizdi. Bu üýtgetmeler il bähbitli, halkymyza goldaw berýän çärelerdir.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde ykdysadyýetimizi ilkinji nobatda döwrebaplaşdyrmak we diwersifikasiýalaşdyrmak zerur bolup durýar. Şoňa görä-de Mertebesi Belent Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow halk hojalygymyzy dolandyrmagyň ähli mehanizmini gaýtadan guramak, jikme – jik makro we mikro ykdysady seljerişe hem-de takyk taslamalara esaslanan meýilleşdirmegiň bir bitewi, netijeli hem-de çeýe ulgamyny ornaşdyrmaklygyň zerurdygyny nygtaýar.

Auditorlar islendik hünär hyzmatlaryny ýerine ýetirenlerinde hemme ýüze çykýan ýagdaýlara hakykatçyl garamaly. Auditorlar şahsy ynamsyzlygyň, ters pikirleriň ýa-da keseden gysyş etmegiň, olaryň pikirleriniň hakykatçyllygyna täsir etmegine ýol bermeli däldirler. Auditorlaryň hereketleri, olaryň kararlary we netijeleri başga şahsy adamlaryň pikirlerine ýa-da görkezmelerine bagly bolmaly däldir. Auditorlar olaryň pikirleriniň we netijeleriniň hakykatçyllygyna täsir edip biljek şahsy adamlar bilen arabaglanyşykdan gaça durmalydyrlar.

Auditorlyk guramalary kärhanalaryň maliýe-hojalyk işleriniň netijeleriniň ykdysady serjermesini geçirip, olaryň önümçilikleriniň ýokarlandyrylmagynyň mümkinçiliklerini kesgitläp hem-de olary tejribede ulanmagyň ýollaryny görkezip bilýärler.

Şeýle-de auditorlyk guramalar 2005-nji ýylyň 24-25-nji októabrynda Aşgabat şäherinde bolup geçen Türkmenistanyň XVI Halk Maslahatynda tassyklanylan “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň kärhanalar we guramalar tarapyndan berjaý edilişine gözegçilik etmäge ýardam ederler.

Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde auditiň özbaşdak ders hökmünde okadylmagy auditorlyk işi boýunça okuw gollanmasynyň döredilmeginiň zerurlygyny ýüze çykardy.

Meseleler ýygyndysy “Audit” dersi boýunça okuw gollanmasyndaky ýaly 25 temadan ybarat bolup durýar. Her tema boýunça gysgajyk usuly görkezmeler, barlag üçin soraglar, ýagdaýlar we ýumuşlar we soragly ýumuşlar getirilip görkezilýär. Yagdaýlar meselelerden we tejribede gabat gelýän ýumuşlardan ybarat bolup durýarlar.

Ýumuşlary, meseleleri we soragly ýumuşlary aýry-aýry temalar boýunça-da, beýleki temalar bilen toplumlaýyn-da işläp bolar.

Getirilen soragly ýumuşlary talyplaryň we öz hünärini auditorlyk işi boýunça ösdürýän hünärmenleriň gündelik bilimini barlamak üçin hem ulanyp bolar.

Meseleler ýygyndysy audite, buhgalterlik hasaba alnyşyna, salgyt salmalara, ykdysady seljermä, raýatlyk we administratiw hukuga degişli täze kabul edilen kanunçylyk we kadalaşdyryjy namalary, düzgünnamalary we gözükdirijileri göz öňünde tutulyp taýýarlanyldy.

Meseleler ýygyndysyndan ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary, talyplary, auditorlar, buhgalterler, dolandyryjylar, seljermeçiler şeýle-de auditorlyk hünär derejesiniň şahadatnamasyny almak üçin synag tabşyrmaga taýýarlyk görýän dalaşgärler peýdalanyp bilerler.

Her tema boýunça ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň hem-de soragly ýumuşlaryň jogaplary getirilýär.

Aýry-aýry temalar boýunça zerur bolan maglumatlary özünde jemleýän goşundylar, kanunçylyk we kadalaşdyryjy namalara salgylanmalar berilýär.

# TEMA 1. AUDITIŇ MANYSY WE MAZMUNY

## 1.1. Usuly görkezmeler

Temanyň esasy düzgünleri bilen tanyşmak üçin “Audit” okuw gollanmasynyň 1-nji babynyň esasy materiallaryny, “Auditorlyk işi hakynda” Türkmenistanyň Kanunyny we Türkmenistanyň auditorlyk işiniň ülňülerini öwrenmek zerur.

Okuw gollanmasynda auditiň taryhy, Türkmenistanda maliýe gözegçiligi we onuň usullary, auditorlyk işiniň maksady we wezipeleri ýaly soraglara seredilendir.

Alnan bilimleri berkitmek maksady bilen barlag üçin soraglara jogap bermek gerek. Temanyň amaly we taryhy jähtleri ýagdaýlaryň mysallarynda we ýumuşlarda seredilýär. Öwrenilýän materiallaryň özleşdiriliş derejesi testleriň kömegi bilen barlanylýar.

## 1.2. Barlag üçin soraglar

1. Türkmenistanyň maliýe gözegçilik ulgamyna gözegçiligiň haýsy görnüşleri degişli?
2. Auditorlyk işi diýlip nämä düşünilýär?
3. Auditorlyk işi guramalaryň buhgalterlik hasaba alnyşyny we maliýe hasabatlylygyny barlamak bilen çäklenýärmi?
4. Auditiň taryhy watany nirede?
5. Türkmenistanda auditorlyk işiniň guralyşyny häsiýetlendiriň.
6. Auditorlyk işiniň esasy maksatlary we wezipeleri nämeden ybarat?
7. Auditorlyk barlagyň gözegçiligiň beýleki görnüşlerinden tapawudy nämeden ybarat?
8. Türkmenistanda auditorlyk işiniň hukuk esaslary nähili kadalaşdyryjy resminamalar bilen dessurlanylýar?
9. Auditiň ülňüleri näme üçin gerek?
10. Auditorlyk barlagyny geçirmegiň görnüşlerini we usullaryny kim kesgitleýär?
11. Gözegçiligiň görnüşlerini sanaň.
12. Türkmenistanda auditorlyk işi nähili toparlanýar?

## 1.3. Yagdaýlar we ýumuşlar

### 1.1-nji ýumuş

### Aşakdaky soraglara jikme-jik jogap beriň:

1. Barlanylýan tarapyň maliýe hasabatlylygynyň hakykylygy diýip nämä düşünilýär?

2. Guramanyň maliýe hasabatlylygynyň hakykylygynyň esasy baha beriş ölçeglerini sanap beriň.

3. Emele geliş we bolmaklyk (hakykylyk) ölçegi diýip nämä düşünilýär?

4. Hukuklaryň we borçlaryň ölçeginiň kesgitlemesini beriň.

5. Baha beriş ölçegleri diýlip nämä düşünilýär?

6. Toparlama, berme we açma ölçeglerine nähili düşünýärsiňiz?

7. Maliýe hasabatlylygynyň maglumatlarynyň çapraz dälligi (kabul ederlilikligi) diýlip nämä düşünilýär?

8. Doluluk (gutarnyklylyk) ölçegleri diýlip nämä düşünilýär?

9. Maliýe hasabatlylygynyň maglumatlarynyň takyklygy we bölünmegi diýlip nämä düşünilýär?

10. Maliýe hasabatlylygynyň ýoýulmagy nämeden ybarat?

11. Maliýe hasabatlylygynyň ýoýulmagynyň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?

12. Maliýe hasabatlylygynyň tötänleýin we bilkastlaýyn ýoýulmagynyň kesgitlemesini beriň..

### 1.2-nji ýumuş

1.Auditiň, dolandyryş ulgamynyň dolandyryş subýektini (guramasyny) we dolandyrylýan kiçi ulgamy, maglumatlar baglanyşygynyň ýoluny hem-de daşky gurşawy birikdirýän, ulaldylan düzüminden (1.1-nji surat) gelip çykýan esasy nyşanlary boýunça görnüşlerini sanap beriň.

2.Auditiň beýleki ölçegler boýunça esasy görnüşlerini sanaň.

Temanyň esasy düzgünleri bilen tanyşmak üçin “Audit” okuw gollanmasynyň 1-nji babynyň esasy materiallaryny, “Auditorlyk işi hakynda” Türkmenistanyň Kanunyny we Türkmenistanyň auditorlyk işiniň ülňülerini öwrenmek zerur.

Okuw gollanmasynda auditiň taryhy, Türkmenistanda maliýe gözegçiligi

we onuň usullary, auditorlyk işiniň maksady we wezipeleri ýaly soraglara seredilendir.

Alnan bilimleri berkitmek maksady bilen barlag üçin soraglara jogap bermek gerek. Temanyň amaly we taryhy jähtleri ýagdaýlaryň mysallarynda we ýumuşlarda seredilýär. Öwrenilýän materiallaryň özleşdiriliş derejesi testleriň kömegi bilen barlanylýar.

## 1.2. Barlag üçin soraglar

1.Türkmenistanyň maliýe gözegçilik ulgamyna gözegçiligiň haýsy görnüşleri degişli?

2.Auditorlyk işi diýlip nämä düşünilýär?

3.Auditorlyk işi guramalaryň buhgalterlik hasaba alnyşyny we maliýe hasabatlylygyny barlamak bilen çäklenýärmi?

4.Auditiň taryhy watany nirede?

5.Türkmenistanda auditorlyk işiniň guralyşyny häsiýetlendiriň.

6.Auditorlyk işiniň esasy maksatlary we wezipeleri nämeden ybarat?

7.Auditorlyk barlagyň gözegçiligiň beýleki görnüşlerinden tapawudy nämeden ybarat?

8.Türkmenistanda auditorlyk işiniň hukuk esaslary nähili kadalaşdyryjy resminamalar bilen dessurlanylýar?

9.Auditiň ülňüleri näme üçin gerek?

10.Auditorlyk barlagyny geçirmegiň görnüşlerini we usullaryny kim kesgitleýär?

11.Gözegçiligiň görnüşlerini sanaň.

12.Türkmenistanda auditorlyk işi nähili toparlanýar?

## 1.3. Yagdaýlar we ýumuşlar

### 1.1-nji ýumuş

Aşakdaky soraglara jikme-jik jogap beriň:

1.Barlanylýan tarapyň maliýe hasabatlylygynyň hakykylygy diýip nämä düşünilýär?

2.Guramanyň maliýe hasabatlylygynyň hakykylygynyň esasy baha beriş

ölçeglerini sanap beriň.

3.Emele geliş we bolmaklyk (hakykylyk) ölçegi diýip nämä düşünilýär?

4.Hukuklaryň we borçlaryň ölçeginiň kesgitlemesini beriň.

5.Baha beriş ölçegleri diýlip nämä düşünilýär?

6.Toparlama, berme we açma ölçeglerine nähili düşünýärsiňiz?

7.Maliýe hasabatlylygynyň maglumatlarynyň çapraz dälligi (kabul ederlilikligi) diýlip nämä düşünilýär?

8.Doluluk (gutarnyklylyk) ölçegleri diýlip nämä düşünilýär?

9.Maliýe hasabatlylygynyň maglumatlarynyň takyklygy we bölünmegi diýlip nämä düşünilýär?

10. Maliýe hasabatlylygynyň ýoýulmagy nämeden ybarat?

11. Maliýe hasabatlylygynyň ýoýulmagynyň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?

12. Maliýe hasabatlylygynyň tötänleýin we bilkastlaýyn ýoýulmagynyň kesgitlemesini beriň.

**1.2-nji ýumuş**

1.Auditiň, dolandyryş ulgamynyň dolandyryş subýektini (guramasyny) we dolandyrylýan kiçi ulgamy, maglumatlar baglanyşygynyň ýoluny hem-de daşky gurşawy birikdirýän, ulaldylan düzüminden (1.1-nji surat) gelip çykýan esasy nyşanlary boýunça görnüşlerini sanap beriň.

2.Auditiň beýleki ölçegler boýunça esasy görnüşlerini sanaň.




1.1-nji surat. Dolandyryş ulgamynyň ulaldylan düzümi

**1.3-nji ýumuş**

Auditorlyk işiniň guramalaryň buhgalterlik hasaba alnyşyny we maliýe hasabatlylygyny barlamak bilen audite ugurdaş hyzmatlary-da ýerine ýetirýändigini göz öňünde tutup, audit we auditorlyk işiniň maksadyny birmeňzeş hasaplap bolýarmy?

**1.4-nji ýumuş**

1.Auditiň mazmunyndan ugur alyp, auditorlyk işiniň maksadyny, şeýle hem audite ugurdaş hyzmatlaryň düzümini kesgitläň.

2. Auditorlyk işiniň meseleleri diýip nämä düşünilýär?

## 1.4. Soragly ýumuşlar

1.1. Audit näme?

a) döwlet gözegçiligi;

b) maliýe gözegçiligi;

ç) garaşsyz, edaradan daşgary maliýe gözegçiligi;

1.2. Aşakda berlen kesgitlemeleriň haýsy biri daşky we içki auditiň arasyndaky tapawudy has takyk görkezýär.

a) Daşky auditor guramadan doly garaşsyz bolmaly, şol bir wagtda içki auditor guramada işleýär we ýolbaşçylary üçin hasabat düzýär;

b) içki auditorlyk gulluk guramanyň ýolbaşçylygynyň karary bilen döredilýär, daşky bolsa kanunçylyk tarapyndan kesgitlenilen tertipde;

ç) daşky auditor hökmany suratda hünär synagyny tabşyran bolmaly, içki welin hökman däl.

1.3. Audit bu:

a)Guramalaryň buhgalterlik hasaba alnyşyny we maliýe hasabatyny garaşsyz barlamak boýunça işdir;

b) salgytlary hasaplamak boýunça kömek bermek hem-de maliýe we hukuk meseleleri boýunça maslahat bermekdir;

ç) ykdysady tarapyň buhgalterlik hasaba alnyşyny dikeltmek boýunça kömek bermeklikdir.

1.4.Auditiň esasy maksady:

a) barlanylýan ykdysady tarapyň işgärleriniň kemçiligini tapmakdyr;

b) barlanylýan ykdysady tarapyň maliýe durnuklylygyny kesgitle-mekdir;

ç) barlanylýan ykdysady tarapyň maliýe hasabatlylygynyň dogrulygy we buhgalterlik hasaba alnyşynynyň ýöredilişiniň Türkmenistanyň kanunçylyklaryna laýyklygy barada öz pikirini yglan etmegidir.

1.5. Auditorlyk şereketi kärhana hökmünde aşakdaky görnüşleriň haýsysy boýunça bellige alnyp biler?

a) Islendik guramaçylyk-hukuk görnüşinde;

b)açyk kysymly paýdarlar jemgyýeti görnüşinde;

ç)açyk kysymly paýdarlar jemgyýetinden başga islendik guramaçylyk hukuk görnüşinde.

1.6. Auditorlyk barlagynyň esasy manysy näme?

a) buhgalterlik hasaba alnyşyny ýöretmekde düzgün bozmalary aýan etmek;

b)auditorlyk netijesini bermek;

ç) maliýe hasabatlylygyň dogrulygyny hem-de müşderiniň amala aşyran maliýe we hojalyk amallarynyň Türkmenistanda hereket edýän kadalaşdyryjy resminamalara laýyklygyny anyklamak.

1.7. Hökmany audit baradaky kanun ilkinji sapar haýsy ýylda we nirede tassyklandy?,

a) 1862-nji ýylda Angliýada;

b) 1867-nji ýylda Fransiýada;

ç) 1937-njiýylda ABŞ-da.

1.8. Hojalygyň içindäki gözegçilik kim tarapyndan geçirilýär?

a) Kärhananyň ýolbaşçylary, hünärmenleri, içki gözegçi-derňewçi (auditor) tarapyndan;

b)Garaşsyz auditorlar tarapyndan;

ç) Ministrlikler tarapyndan.

1.9.Daşky auditi geçirmäge esas bolup:

a) Şertnama durýar;

b) döwlet guramalarynyň ýumşy durýar;

ç) kadalaşdyryjy resminamalaryň görkezmeleri durýar.

1.10. Aşakdaky ýagdaýlaryň haýsy biriniň auditoryň öňünde duran meseläni dogry goýýandygyny kesgitlemeli:

a)Ýalňyşlyklary tapmak we olaryň öňüni almak;

b) ýolbaşçylara maliýe hasabaty düzmeklige kömek bermek;

ç) maliýe hasabatyny barlamak we ol barada öz pikirini yglan etmek.

1.11.“Audit” we “derňew” düşünjeleri:

a) Birmeňzeşdir;

b) tapawutlydyr;

ç) tapawutsyzdyr.

1.12. “Auditor” adalgasy aşakdakyny aňladýan latyn sözünden gelip çykýandyr:

a) Barlamak;

b) eşitmek, gulak asmak, diňlemek;

ç) aýdyňlaşdyrmak.

1.13. Audit beýleki hünärlerden aşakdakylar bilen tapawutlanýar:

a)Umumy bilermenlik;

b) hünärmenlik usullaryndan baş alyp çykmak;

ç) garaşsyzlyk.

1.14.Auditiň taryhy watany:

a) Angliýa;

b) Fransiýa;

ç) ABŞ.

1.15.Auditiň maksatlarynyň biri diýip auditor we müşderi kärhananyň göz ýetirip bolýan, geljekde öz işini dowam etmeklige ukyplylygyny kesgitlemek diýip goýdular. Auditiň bu maksadyna ýetmeklik üçin haýsy işler has netijeli bolar?

a) Balansyň maliýe seljermesi;

b) satmaklygyň göwrüminiň seljermesi;

ç) hususy maýa goýumyň artmaklygynyň seljermesi.

1.16.Içki auditi geçirýän hünärmenler kimiň öňünde jogapkärçilik çekýär?

a) Üçünji tarapyň;

b) barlanylýan guramanyň ýolbaşçysynyň;

ç) auditorlyk barlagyny buýran müşderiniň.

1.17. Maliýe auditi diýlip nämä düşünilýär?

a) Barlanýan guramanyň maliýe netijesiniň auditine;

b) barlanýan guramanyň maliýe hasabatynyň auditine;

ç) barlanýan guramanyň maliýe gullugynyň işiniň gözegçiligine.

1.18. Meýletin audit kimiň islegi boýunça geçirilýär?

a) Ykdysady tarapyň;

b) döwlet guramasynyň;

ç) auditorlyk guramasynyň.

1.19. Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakyndaky" kanuny:

a)1994-nji ýylda kabul edildi we 23 maddadan ybarat;

b) 1996-njy ýylda kabul edildi we 25 maddadan ybarat;

ç) 1998-nji ýylda kabul edildi we 21 maddadan ybarat.

1.20. Türkmenistanda auditorlyk işini kadalaşdyrýan ilkinji resminama haýsy ýylda kabul edildi?

a) 1994-nji ýylyň 11-nji aprelinde;

b) 1996-njy ýylyň 18-nji iýunynda;

ç) 1998-nji ýylyň 2-nji noýabrynda.

## 1.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 1.1-nji ýumuş

*Maliýe hasabatlylygynyň hakykylygy diýip* – onuň maglumatlarynyň bu hasabaty ulanyjylara onuň maglumatlarynyň esasynda barlanylýan tarapyň hojalyk işiniň netijeleri, maliýe we emläk ýagdaýy barada dogry netije çykarmaga hem-de bu netijeleriň binýadynda esaslandyrylan çözgüt kabul etmäge mümkinçilik berýän takyklyk derejesine düşünilýär.

Guramanyň maliýe hasabatlylygynyň hakykylygynyň esasy baha beriş ölçeglerine şu ölçegler degişlidirler: *emele gelşiniň we bolmagynyň (hakykylygynyň); hukuk we borç (esaslylyk); baha bermek; toparlamak, berme we açma; gapma-garşylyksyzlyk (kabul ederlilik); dolulyk (kanunylyk); takyklyk we bölünmek.*

*Emele gelmeklik* – barlanýan tarapyň degişli döwrüň dowamynda hakyky amala aşyrylan işine degişli bolan hojalyk amallary ýa-da hadysalardyr. *Bolmaklyk* – aktiwleriň we borçlaryň kesgitli senedäki ýagdaýynyň maliýe hasabatynda görkezilen barlygydyr.

*Hukuklaryň we borçlaryň* ölçegi aktiwleriň we passiwleriň barlanýan tarapa degişliligini häsiýetlendirýär. Aktiwleriň we passiwleriň degişli jemlerini hasabata goşmaklyk üçin esasnamalar (hukuk güýji bar bolan resminamalar) bar.

*Baha beriş* ölçegini berjaý etmeklik aktiwleriň we borçlaryň kadalaşdyryjy ykrarnamalaryň talaplaryna laýyk bahalandyrylandyklary we maliýe hasabatda degişli balans bahasynda görkezilendigi barada şaýatlyk edýär.

*Toparlamak, berme we açma* ölçegleri aktiwleriň we borçlaryň toparlananlygyny, buhgalterlik hasaba alnyşyň hasaplaryna eltilenligini we kesgitlenen düzgünler boýunça maliýe hasabatynda görkezilendigini anyklamaga mümkinçilik berýär.

*Maliýe hasabatlylygynyň maglumatlarynyň çapraz dälligi (kabul ederlilikligi)* ölçegi maliýe hasabatynyň çapraz gelýän maglumatlary saklamaýanlygy, ýagny hasabatyň maglumatlarynyň umumylaşdyryjy, jemleýji we jikme-jik hasaba alnyşyň belliknamalaryndaky we ilkinji resminamalardaky maglumatlara gabat gelýänligi barada şaýatlyk edýär.

*Doluluk (gutarnyklylyk)* ölçegleri buhgalterlik hasaba alnyşda görkezilmedik ýa-da aýdyňlaşdyrylmadyk aktiwleriň, borçlaryň, hojalyk amallarynyň ýoklugyny aňladýar. Bu ýagdaýda hasaba almaga degişli hemme hojalyk amallarynyň buhgalterlik hasaba alnyşyň belliknamalarynda görkezilendigi, hasaba alnyş belliknamalaryna girizilen galyndylaryň we dolanyşyklaryň doly möçberde maliýe hasabatyna geçirilendigi barada subut edýär.

*Maliýe hasabatlylygynyň maglumatlarynyň takyklyk we bölünmek* ölçegi ykdysady tarapyň hojalyk amallarynyň dogry jem görnüşinde we degişli hasabat döwründe bellige alnanlygyny anyklamaga mümkinçilik berýär.

*Maliýe hasabatlylygynyň ýoýulmagy* ykdysady tarapyň işgärleriniň buhgalterlik hasaba alnyşynyň we maliýe hasabatyny taýýarlamagyň düzgünini bozmagy sebäpli maliýe hasabatynda maglumatlaryň nädogry görkezilmeginiň we berilmeginiň netijesi bolup durýar.

*Maliýe hasabatlylygynyň ýoýulmagy* tötänleýin (maksatsyz) we bilkastlaýyn (kezzaplyk) bolup bilýär.

*Maliýe hasabatlylygynyň tötänleýin ýoýulmagy* barlanýan tarapyň işgärleriniň maksatsyz hereketi ýa-da hereket etmezligi sebäpli emele gelýär. *Kezzaplyk* - barlanýan şahsyň maliýe hasabatyny ýoýmak bilen bagly bolan bilkastlaýyn hereketi ýa-da hereket etmezligi netijesinde emele gelýär. Kezzaplyk açgözlülik maksady bilen, maliýe hasabatyny ulanyjylary nädogry pikir etdirmek üçin edilýär.

**1.2-nji ýumuş**

Auditorlyk işiniň *nyşanlary* boýunça dolandyryş guramasynyň dolandyrylýan kiçi ulgamyň we daşky gurşawyň auditi tapawutlandyrylýar. *Daşky gurşawyň auditi* daşary ykdysady işler, ekologiýanyň, ylmyň, tehnikanyň, tehnologiýanyň we ykdysady tarapyň hereket etmeginiň beýleki ýagdaýlary bilen baglanyşykly. *Dolandyryş guramasynyň auditi* dolandyryşyň guramaçylyk we funksional düzümini, tehnikasyny we tehnologiýasyny, maglumatlaryň akymyny barlamagy öz içine alýar.

*Auditiň,* gözegçiligi ýerine ýetirmegi üpjün edýän, *maksady we subýektler* boýunça *içki we daşky audit* tapawutlandyrylýar.

*Amala aşyryş borjy boýunça hökmany we meýletin audite* bölünýärler.

*Telekeçilik işleriniň görnüşleri boýunça umumy audit, bank auditi we ätiýaçlandyryş guramalarynyň auditi* tapawutlandyrylýar.

**1.3-nji ýumuş**

Ýok, bolmaýar. Audit dürli görnüşli, ilkinji nobatda-da, hökmany barlaga degişlidir.

Auditorlyk işi iki düzüjiden ybarat: audit we ugurdaş hyzmatlar.

**1.4-nji ýumuş**

Auditorlyk işiniň maksatlaryna barlanýan tarapyň maliýe hasabatynyň hakykylygy we buhgalterlik hasaba alnyşynyň Türkmenistanyň kanunçylyklaryna laýyk gelýänligi, hojalyk amallary ýerine ýetirilende kadalaşdyryjy namalaryň berjaý edilişi, hojalyk amallarynyň maksadalaýyklygy we netijeliligi barada pikiriňi yglan etmeklik degişlidir.

Auditorlyk işiniň wezipeleri diýip – auditorlyk barlaglarynyň gidişinde, auditorlyk barlaglarynyň maksadyna ýetmek üçin audite ugurdaş hyzmatlary amala aşyranda, auditorlaryň ýerine ýetirýän işleri hasap edilýär.

### 1.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

1.1. -ç; 1.2. -a; 1.3.-a; 1.4. -ç; 1.5-ç; 1.6. -ç; 1.7. -a; 1.8.-a; 1.9.-a; l.lO.-ç; 1.11. -b; 1.12-b 1.13-ç; 1.14-a; 1.15.-a; 1.16.-b; 1.17.-b;,1.18.-a; 1.19-b; 1.20-a.

## TEMA 2. AUDITORLYK IŞINIŇ HUKUK WE GURAMAÇYLYK ESASLARY

### 2.1. Usuly görkezmeler

Temada auditorlyk işiniň hukuk esaslaryna seredilen.

Okuw gollanmasynyň 2-nji baby, tema boýunça hukuk we kadalaşdyryjy resminamalar bilen tanyşmak gerek.

Alnan bilimleri berkitmek maksady bilen barlag üçin soraglara jogap bermek zerurdyr.

Tejribe endiklerini almak üçin ýagdaýlary, mysallary we ýumuşlary çözmeli. Öwrenilýän materiallaryň özleşdiriliş derejesi testleriň kömegi bilen barlanylýar.

### 2.2. Barlag üçin soraglar

1.Auditorlyk işini hukuk taýdan kadalaşdyrmak boýunça esasy resminamalary sanap beriň.

2.Türkmenistanda auditiň umumy soraglaryny haýsy resminamalar kadalaşdyrýar?

3.Türkmenistanda auditorlyk işiniň kadalaýyn dessurlaýyş ulgamy nähili gurnalan?

4.Türkmenistanda auditorlyk işini kadalaşdyrýan esasy resminamany getirip görkeziň we oňa gysgaça häsiýetnama beriň.

5.Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakyndaky" kanuny näçe maddadan ybarat?

6.Türkmenistanda haýsy auditorlyk guramalary işleýär?

7.Türkmenistanda auditorlyk işini haýsy gurama kadalaşdyrýar?

8.Türkmenistanda auditorlyk işiniň çäk kadalaşdyrmak ulgamyny näçe esasy derejä bölmek bolar?

9.Degişliligi boýunça ülňüler häýsy görnüşlere bölünýärler?

10.Häzirki wagtda auditiň halkara ülňüleri haýsy toparlara bölünýärler?

11.Auditorlyk ülňüleriniň ähmiýeti nämeden ybarat?

12.Auditorlyk şereketlerinde içki ülňüleriň ulanylmagy nämä ýardam edýär?

## 2.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 2.1-nji ýagdaý

Auditorlyk guramasy täjirçilik bankdan iki görnüşli hyzmaty amala aşyrmak üçin, ýagny hasapçylaryny okatmak hem-de maliýe hasabaty düzmek boýunça şertnama baglaşmak hakynda teklip aldy.

Auditorlyk guramasynyň bank boýunça audit geçirmäge ygtyýarnamaly ýekeje hünärmeni bankyň baş hasapçysynyň ogly bolup dur.

Auditorlyk guramasy bu teklipleri kabul edip bilýärmi? Eger-de birini kabul edip bilýän bolsa, haýsy birini kabul etmeli?

### 2.2-nji ýagdaý

Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň biriniň buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça mugallymy auditorlyk işine hünär derejesiniň synagyny tabşyryp, auditoryň hünär derejesiniň şahadatnamasyny aldy. Soňra ol auditorlyk işine ygtyýarnama aldy we mugallymçylyk hünärini ýerine ýetirmek bilen birlikde auditorlyk guramalarynyň birine utgaşdyryjy auditor bolup işe girdi.

Mugallymyň hereketinde auditorlyk iş baradaky kanunçylyklara garşylyk barmy?

### 2.3-nji ýagdaý

Auditorlyk guramasy 1-nji fewralda auditorlyk işine ygtyýarnama almak üçin Türkmenistanda auditorlyk işi boýunça hünär synagyny geçirmek we oňa ygtyýarlandyrmak baradaky toparyna arza berdi. 25-nji fewralda ykdysady tarapyň auditini apreliň 1-inden 30-yna çenli geçirmek barada

şertnama baglaşdy. Ygtyýarlandyryjy gurama auditorlyk işine ygtyýarnama bermek baradaky karary 1-nji martda kabul etdi.

Auditorlyk guramasynyň ykdysady tarap bilen şertnamalary baglaşmagy dogrumy?

**2.4-nji ýagdaý**

Ýakynda boljak salgyt barlagy sebäpli ykdysady tarap auditorlyk gurama salgyt tölemek boýunça býujet bilen hasaplaşyklaryň auditini geçirip bermegi teklip etdi. Auditi geçirmäge şertnamanyň şertleriniň biri barlagy ykdysady tarapyň ýolbaşçylarynyň düzen maksatnamasy boýunça geçirmek bolup durýar.

Bähbitleriň garşylygy barmy? Eger-de bar bolsa ony nähili çözmeli?

**2.5-nji ýagdaý**

Auditorlyk guramasy 3 ýylyň dowamynda (2002-2004-nji ýý) ykdysady tarapa maliýe hasabatyny düzmek boýunça kömek berýär. 2006-njy ýylyň fewral aýynda ykdysady tarapyň ýolbaşçylary auditorlyk guramasyna hökmany auditorlyk barlagyny geçirip bermegi teklip edip ýüzlendi.

Auditorlyk guramasynyň ýolbaşçylary ykdysady tarapyň teklibini kabul etdi we auditorlyk barlaga maliýe hasabatyny düzmäge kömek bermedik auditorlardan topar düzdi.

Auditorlyk guramasynyň ýolbaşçylarynyň hereketine baha beriň.

**2.6-njy ýagdaý**

Telekeçi auditor ykdysady taraplara şertnama esasynda maslahatlar bermek boýunça dürli hyzmatlary ýerine ýetirýär. Onuň hyzmatlarynyň arasynda auditorlyk barlagy geçirmek üçin auditorlary maslahat bermek we başga auditorlyk guramalarynyň geçirjek auditoryk barlaglaryna şertnama baglaşyp berýär.

Auditoryň hereketlerinde düzgün bozmalar barmy? Eger-de bar bolsa, haýsy düzgünler bozulýarlar?

**2.7-nji ýagdaý**

Auditorlyk guramasy ykdysady tarapa 2005-nji ýylda şertnama esasynda buhgalterlik hasaba alnyşyny ýöretmek boýunça hyzmat etdi.

Ýyl tamamlanandan soň, ykdysady tarapyň ýolbaşçylary auditorlyk gurama

hökmany audit geçirmäge şertnama baglaşmagy we barlag geçirmän maliýe hasabatynyň hakykylygy barada özüniň şertsiz oňaýly netijesini bermegini teklip etdi.

Auditorlyk guramasy bu teklibi kabul edip bilýärmi?

**2.8-nji ýagdaý**

Auditorlyk guramasy ykdysady tarapa ýylyň dowamynda buhgalterlik hasaba alnyşy, salgytlar, ykdysadyýet, maliýe, hukuk we dolandyryş boýunça dilden we ýazmaça maslahatlar berdi.

Ýyl tamamlanandan soň, ykdysady tarapyň ýolbaşçylary auditorlyk guramasy goşmaça töleg esasynda hökmany audit geçirmäge şertnama baglaşmagy we barlag geçirmän, maliýe hasabatynyň hakykylygy barada özüniň şertsiz oňaýly netijesini bermegini teklip etdi.

Auditorlyk guramasy ykdysady tarapyň teklibini kanagatlandyrdy.

Kanunçylyk nukdaý nazardan auditoryň hereketi ýolbererliklimi? Eger-de ýolbererlikli däl bolsa nähili çäreler görülmeli?

**2.9-njy ýagdaý**

Auditorlyk guramasynyň işgäri Türkmenistanyň ykdysadyýet we ösüş institutynyň "Hasapçylyk hasaba alyş we gözegçilik" hünäriniň talyby bolup dur. Ýyllyk işini ýerine ýetirende ulanar ýaly bu işgär auditorlyk guramasynyň ýolbaşçysyna islendik auditoryk barlag geçirilen ykdysady tarapyň maglumatlarynyň toplumyny bermegini haýyş etdi.

Auditorlyk guramasynyň ýolbaşçysy işgäriniň haýyşyny kanagatlan-dyrdy.

Ýagdaýyň seljermesini geçiriň. Düzgün bozmanyň häsiýetini we görüljek çäräni kesgitläň.

**2.10-njy ýagdaý**

Hünär synagyny tabşyran auditor A.W. Seýidow "Hasapçy" auditorlyk guramasynyň işgäri bolup bu guramanyň auditotlyk işiniň şereketiçi ülňüleriniň işlenilip taýýarlanmagyna gatnaşdy. Şereketiçi ülňüleri işläp taýýarlamak tamamlanandan we tassyklanandan soň, olaryň nusgalary A.W. Seýidowda galýar. "Hasapçy" auditorlyk guramasy öz işgärleri bilen şereketiçi ülňüleriniň mazmunyny ýaýratmazlyk we olary bu guramadan daşda ulanmazlyk hakynda şertnama baglaşmady.

Iki aýdan soň A.W. Seýidow "Haşapçy" auditorlyk guramasyndan işden çykdy we täze döredilen "Maslahatçy" auditorlyk guramasyna işe girdi. Bu auditorlyk guramasy ondan "Hasapçy" auditorlyk guramasynyň şereketiçi ülňülerini bermegi talap etdi. A.W. Seýidow özünde bar bolan ülňüleriniň resminamalar bukjasyny berdi. Ol munuň üçin "Maslahatçy" auditorlyk guramasynyň ýolbaşçylary tarapyndan sylaglandy. Bu barada "Hasapçy" auditorlyk guramasynyň ýolbaşçysy tötänden bildi.

Emele gelen ýagdaýy seljeriň, auditor A.W. Seýidowyň jogapkärçiliginiň derejesini kesgitläň.

## 2.4.-nji soragly ýumuş

2.1.Türkmenistanda auditorlyk işini haýsy gurama kadalaşdyrýar?

a)Türkmenistanyň Ministrler kabineti;

b) Türkmenistanyň maliýe ministrligi;

ç) Türkmenistanyň Mejlisi.

2.2.Hökmany audit bilen haýsy işi utgaşdyryp bolýar?

a) Meýletin auditi geçirmegi;

b)maliýe hasabaty düzmegi;

ç) salgyt beýannamasyny düzmegi.

2.3. Hökmany auditorlyk barlagyny geçirmeli guramalar näme esasynda kesgitlenilýär?

a) Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary;

b) Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakyndaky" kanuny;

ç) Türkmenistanyň Mejlisiniň Karary.

2.4. Auditorlyk guramalarynyň we telekeçi auditorlaryň auditi geçirmek we audite ugurdaş hyzmatlary amala aşyrmakdan gaýry telekeçilik işleri bilen meşgullanmaga hukuklary barmy?

a) Hawa;

b)eger-de bu iş auditorlyk guramasynyň tertipnamasynda görkezilen bolsa hukugy bar;

ç) ýok.

2.5. Auditorlyk guramalar we telekeçi auditorlar auditorlyk syr saklaýan maglumatlary aýan etmäge hukuklary barmy?

a) Kazyýetiň karary boýunça ýa-da audit geçirilen tarapyň ýazmaça razylygy bilen aýan etmäge hukuklary bar;

b) ýok;

ç) auditorlyk guramasynyň ýolbaşçysynyň ýazmaça razylygy bilen aýan etmäge hukuklary bar.

2.6.Ykdysady tarapyň meýletin auditini geçirmegini haýsy iş bilen utgaşdyryp bolmaýar?

a) Buhgalterlik hasaba alnyşy ýöretmek;

b) buhgalterlik hasaba alnyşy dikeltmek;

ç) başga telekeçilik işi bilen.

2.7. Audite ugurdaş işleri geçirmek haýsy resminama bilen dessurlanylýar?

a) Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakyndaky" kanuny;

b) Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary;

ç) Türkmenistanyň maliýe ministrliginiň haty.

2.8. Audite ugurdaş işleriň netijesi boýunça auditorlyk guramalar we telekeçi auditorlar nähili resminama taýýarlaýarlar?

a) Auditorlyk netije;

b) ýazmaça hasabat;

ç) ýerine ýetirilen işiň kabul ediş-tabşyryş namasyny hem-de auditoryň barlanýan tarapyň ýolbaşçysyna ýazmaça maglumatyny.

2.9. Audite ugurdaş işleri amala aşyrmak üçin auditorlyk guramalarda we telekeçi auditorlarda nähili ygtyýarnama bolmaly?

a) Işiň her görnüşine aýratyn ygtyýarnama bolmaly;

b) işleriň diňe ygtyýarnama talap edýän görnüşlerine ygtyýarnama bolmaly;

ç) ygtyýarnama gerek däl.

2.10. Auditde ugurdaş işleri amala aşyrylanda, auditorlyk guramalaryň we telekeçi auditorlaryň ykdysady tarapdan garaşsyzlyk talaplaryny berjaý etmegi zerurmy?

a) Hökman;

b) diňe ykdysady tarapda geçirilýän hökmany audit bilen utgaşdyryp

bolmaýan ugurdaş hyzmatlar üçin hökman;

ç) hökman däl.

2.11. Auditorlyk işine hünär synagyny kabul etmek we oňa ygtyýarlandyrmak haýsy guramanyň ygtyýarlylygynda:

a) Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň;

b) Türkmenistanyň ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň;

ç) Türkmenistanyň Mejlisiniň.

2.12. Auditorlyk guramalarynyň we telekeçi auditorlaryň Türkmen-istanyň kanunçylygyny bozanlygy üçin jogapkärçiligi nämäniň esasynda kesgitlenýär?

a) Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakyndaky" kanuny;

b) Türkmenistanyň "Zähmet hakyndaky" Bitewi kanuny;

ç) Türkmenistanyň "Administratiw düzgünbozmalar hakyndaky" Bitewi kanuny.

2.13."Türkmenistanda auditorlyk işi boýunça hünär synagyny geçirmek we oňa ygtyýarlandyrmak baradaky topary hakynda düzgünnama" kim tarapyndan we haçan tassyklanyldy?

a)Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň 1994-nji ýylyň 11-nji aprelinde № 1747 karary bilen;

b)Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň 1998-nji ýylyň 2-nji noýabrynda № ÏÁ-1745 buýrugy bilen;

ç) Türkmenistanyň ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň 1996-njy ýylyň 10-njy oktýabryndaky karary bilen.

2.14. Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanuny haçan kabul edildi?

a)Türkmenistanyň 2005-nji ýylyň 27-nji dekabryndaky kanuny bilen;

b)Türkmenistanyň 2004-nji ýylyň 25-nji oktýabryndaky kanuny bilen;

ç) Türkmenistanyň 1998-nji ýylyň 17-nji iýulyndaky kanuny bilen.

2.15. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň Bitewi kanuny haçan kabul edildi?

a) Türkmenistanyň 2005-nji ýylyň 27-nji dekabryndaky kanuny bilen;

b) Türkmenistanyň 2004-nji ýylyň 25-nji oktýabryndaky kanuny bilen;

ç) Türkmenistanyň 1998-nji ýylyň 17-nji iýulyndaky kanuny bilen.

2.16. “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek hakynda Türkmenistanyň

Kanuny haçan kabul edildi?

a) 2005-nji ýylyň 25-nji dekabrynda;

b) 2004-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda;

ç) 1998-nji ýylyň 17-nji iýulynda.

2.17. “Türkmenistanda auditorlyk işi hakynda” düzgünnama haçan kabul edildi?

a) 1994-nji ýylyň 11-nji aprelinde;

b) 1998-nji ýylyň 2-nji noýabrynda;

ç) 1994-nji ýylyň 25-nji noýabrynda.

2.18. Türkmenistanyň “Auditorlyk işi hakyndaky” kanunyna laýyklykda auditorlyk işler bilen kimler meşgullanyp biler?

a) Diňe auditorlyk guramalar;

b) diňe telekeçi auditorlar;

ç) auditorlyk guramalar we telekeçi auditorlar.

2.19. Daşky auditorlyk ülňüler nähili bolup bilýärler?

a)Diňe halkara;

b) halkara we milli;

ç) diňe milli;

2.20.Häzirki wagtda Türkmenistanda işlenip düzülen milli auditorçylyk ülňüleriniň sany näçe?

a) 45;

b) 25;

ç) 54.

2.21. Auditorlyk işiniň ülňüleri diýip nämä düşünilýär?

a) Auditorlyk işini amala aşyrmaklyga, auditiň hem-de oňa ugurdaş hyzmatlaryň hilini resmileşdirmeklige we baha bermeklige, şeýle hem auditorlary taýýarlamagyň we olaryň hünär derejesine baha bermegiň tertibine ýeke - täk talaplara;

b) auditorlyk guramalarynyň we telekeçi auditorlaryň hukuklaryny, borçlaryny we jogapkärçiligini kesgitleýän kadalaşdyryjy namalara;

ç) barlanýan ykdysady taraplaryň hukuklaryny, borçlaryny we jogapkärçiligini kesgitleýän kadalaşdyryjy namalara.

2.22.Içki auditorlyk ülňüleri nämäniň esasynda işlenip düzülýär?

a) Halkara ülňüleriň;

b) Türkmenistanyň milli ülňüleriniň;

ç) Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakyndaky" kanunynyň.

2.23.Içki auditorlyk ülňüleriniň sanawyny, işläp düzmegiň we ornaşdyrmagyň möhletini we tertibini kim kesgitleýär?

a) Türkmenistanyň häkimiýeti;

b) Türkmenistanyň ykdysadyýet we maliýe ministrligi;

ç) auditorlyk guramalary we telekeçi auditorlaryň özleri.

2.24.Auditorlyk işiniň ülňüleriniň berjaý edilişine daşky gözegçiligi haýsy gurama amala aşyrýar?

a) Türkmenistanyň häkimiýeti;

b) Türkmenistanyň maliýe ministrligi;

ç) Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy.

2.25. Auditorlyk işiniň "Buhgalterlik hasabatlylygynyň ýoýlandygy anyklanylanda auditoryň hereketi" ülňüsi haçan ulanylýar?

a) Auditiň meýilnamalaşdyryş döwründe;

b) auditorlyk barlagynyň gidişinde;

ç) auditorlyk barlagynyň ahyrky döwründe.

## 2.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 2.1-nji ýagdaý

Auditorlyk guramasynyň hünärmeniniň ykdysady tarapdan garaşsyzlyk talaby hökmany audit bilen utgaşdyryp bolmaýan audite ugurdaş hyzmatlar amala aşyrylanda hökmandyr. Seredilýän mysalda maliýe hasabatyny düzmekligi hökmany audit bilen utgaşdyryp bolmaýandygy sebäpli auditorlyk gurama diňe hasap işgärlerini okatmak hakyndaky şertnama baglaşmaga teklibi kabul edip bilýär.

### 2.2-nji ýagdaý

Buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça okatmaklyk audite ugurdaş hyzmat bolup durýanlygy sebäpli, bu ýagdaýda kanuna garşylyk ýok.

**2.3-nji ýagdaý**

Şertnamanyň baglaşylan pursadyna ygtyýarnamanyň ýoklugy sebäpli geleşik güýjünde däl hasaplanýar.

**2.4-nji ýagdaý**

Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakynda" kanunyna laýyklykda auditorlyk guramasyna auditorlyk barlagyny geçirmegiň görnüşlerini we usullaryny özbaşdak kesgitlemäge hukugy bar. Auditorlyk guramasy ykdysady tarapy kanunçylygyň düzgünleri bilen tanyş etmeli we eger-de ykdysady tarapyň öz karary ýok bolsa, şertnama baglaşmakdan ýüz öwürmeli.

**2.5-nji ýagdaý**

Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakynda" kanunyna laýyklykda auditorlyk gurama barlanýan tarapyň buhgalterlik hasaba alnyşyny dikeltmekde we alyp barmakda, maliýe hasabatyny düzmekde hyzmat eden bolsa bu guramanyň auditorlyk barlagyny geçirmäge bellenip bilmeýär.

**2.6-njy ýagdaý**

Auditorlyk guramalarynyň geçirjek auditlerine şertnama baglaşmak dellalçylyk işi bolýar. Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakyndaky" kanunynda hyzmatyň bu görnüşi göz öňünde tutulmadyk.

**2.7-nji ýagdaý**

Auditorlyk guramasy bu teklibi kabul edip bilmeýär, sebäbi Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakyndaky" kanunyna laýyklykda auditorlyk guramasy barlanýan tarapyň buhgalterlik hasaba alnyşyny dikeltmekde we alyp barmakda, maliýe hasabatyny düzmekde hyzmat eden bolsa bu guramanyň auditorlyk barlagyny geçirmäge bellenip bilmeýär. Ikinjiden bolsa barlag geçirmezden auditorlyk netijesini bermek kanun tarapyndan gadagandyr.

**2.8-nji ýagdaý**

Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakynda" kanunyna laýyklykda barlag geçirmezden auditorlyk netijesini bermek gadagan edilýär. Diýmek auditorlyk guramasynyň hereketi bikanundyr we bu guramanyň hem-de netijä gol çeken auditoryň ygtyýarnamasynyň ýatyrylmagy hakynda meselä seredilер. Şeýle-de olar jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilner.

**2.9-njy ýagdaý**

Auditorlyk guramasynyň ýolbaşçysy Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakynda" kanunynyň ýaşyrynlygy saklamak düzgünini bozupdyr. Barlanan tarap auditorlyk guramasynyň ýetirilen zyýanyň öwezini tölemegi talap edip biler.

**2.10-njy ýagdaý**

Auditorlyk işiniň içki ülňüleri auditorlyk guramasynyň zehin eýeçiligi, onuň nou-hau-y bolup durýar. Auditorlyk guramasynyň işgärlerini ony aýan etmeklige we bu auditorlyk guramasynyň işinden başga ýerde ulanmaga haky ýok. Auditor A.W.Seýidow jenaýat jogapkärçiligine-de çekilip bilner.

## 2.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

2.1. - b; 2.2. - ç; 2.3. - b; 2.4. - ç; 2.5. - a; 2.6. - ç; 2.7. - a; 2.8 -ç; 2.9. - b; 2.10 - b; 2.11. - b; 2.12. - ä; 2.13. - b; 2.14. - ç; 2.15. - b; 2.16. - a; 2.17. - a; 2.18. - ç; 2.19. - b; 2.20. - b; 2.21. - a; 2.22. - b; 2.23.-ç; 2.24.-b; 2.25-b.

# TEMA 3. HÖKMANY AUDIT WE AUDITOR HYZMATLARYNYŇ UGURDAŞ GÖRNÜŞLERI

## 3.1. Usuly görkezmeler

Tema düşünmek üçin okuw gollanmasynyň 3-nji baby bilen tanyşmaly. Barlag üçin soraglara jogap bermeli. Materiallarary has düýpli öwrenmek üçin:

1.Hökmany auditi geçirmek we audite ugurdaş hyzmatlary amala aşyrmak üçin kadalaşdyryjy resminamalary bilmeli;

2.Auditorlyk hyzmatlaryny amala aşyrmak üçin auditorlyk guramalarynyň bäsleşik esasynda saýlanyp alynýanlygy barada düşünje bolmaly;

3.Auditorlyk barlagyny geçirmek üçin edilýän talaplary bilmeli;

4.Türkmenistanda hökmany auditi geçmek barada esaslary bilmeli.

Hökmany auditi geçirmäge we audite ugurdaş hyzmatlary amala aşyrmaga baha bermek boýunça tejribe endiklerini 3.3-nji bentde getirilen ýagdaýlary we ýumuşlary çözüp alarsyňyz.

Bilimiňizi barlamak üçin testleri çözüň,

## 3.2. Barlag üçin soraglar

1. Hökmany audit näme?
2. Meýletin audit näme?
3. Içki audit näme?
4. Daşky audit näme?
5. Hökmany auditi geçmegiň sebäpleri nämeden ybarat?
6. Haýsy ýagdaýlarda auditi geçirmek üçin şertnama baglaşyp bolmaýar?
7. Başga auditorlaryň we bilermenleriň maglumatlaryny ulanyp bolýarmy?
8. Auditor barlanylýan tarapyň razyçylygyny alman, ol barada maglumatlary ýaýradyp bilýärmi?
9. Hökmany auditi geçirmegiň hökmany ölçeglerini sanap beriň.

10.Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda hökmany audite geçmeklige degişli esasy ykdysady taraplary sanap beriň.

11.Paýdarlar jemgyýetleri üçin auditoryk barlagyny geçmegi näme üçin hökmandyr?

12.Ugurdaş auditorçylyk hyzmatlaryň kesgitlemesini aýdyp beriň.

13.Audite ugurdaş hyzmatlaryň görnüşlerini we häsiýetnamalaryny getiriň.

14.Audite ugurdaş hyzmatlary ýerine ýetirmeklik üçin nähili hünär talaplary bildirilýär?

## 3.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 3.1-nji ýagdaý

Auditorlyk şereketi üç ýyl mundan öň döredilen. Ondan bäri ol giňedi

we birnäçe şahamçalary bar. Şereket auditorlyk hyzmatlaryny amala aşyrýar. Emma adat boýunça goşmaça, salgyt salmalar soraglary boýunça maslahatlary gurnaýar. Özem umumy işde bu maslahatlaryň paýy auditorlyk hyzmatlaryň paýyndan köp. Şereketiň işine baha beriň.

### 3.2-nji ýagdaý

"Hasyl" hususy kärhanasy 2004-nji ýylda açyk kysymly paýdarlar jemgyýeti görnüşinde gaýtadan bellige alyndy.

"Hasyl" açyk kysymly paýdarlar jemgyýeti 2005-nji ýyl üçin hökmany auditorçylyk barlagyny geçmelimi?

### 3.3-nji ýagdaý

"Hasyl" açyk kysymly paýdarlar jemgyýeti 2004-nji ýylyň dekabr aýy 2004-nji ýyl üçin jikme-jik hasaba alnyşy dikeldip bermegi haýyş edip, auditorlyk şerekete ýüz tutdy. 2004-nji ýylyň dekabr aýynda şertnama baglaşyldy, hyzmat ýerine ýetirildi we tölenildi. 2005-nji ýylyň fewral aýynda "Hasyl" açyk kysymly paýdarlar jemgyýeti şol auditorlyk guramasy 2004-nji ýylyň maliýe hasabatlylygyny tassyklamak üçin şertnama baglaşmagy teklip etdi.

Auditorlyk guramasy teklibi kabul edip bilýärmi?

### 3.4-nji ýagdaý

"Baýram" hususy kärhanasy önümçilik işini giňeltmek maksady bilen banka 2005-nji ýylyň ýanwar aýynda karz pul bermegini haýyş edip ýüz tutdy. Bank guramanyň 2004-nji ýyl üçin maliýe hasabatlylygyny we onuň hakykylygy barada auditorlyk netijenamany bermegini talap etdi. 2004-nji ýylyň noýabr aýynda guramada salgyt gullugy tarapyndan barlag geçirildi. "Baýram" hususy kärhanasy salgyt gullugynyň ykrarnamasyny maliýe hasabatlylygynyň hakykylygyna tassyknama hökmünde kabul etmegi banka teklip edýär.

Bank bu teklibi "Baýram" hususy kärhanasyna karz bermek üçin kabul edip bilermi?

## 3.4. Soragly ýumuşlar

3.1. Meýletin audit bu:

a) Döwlet guramasynyň islegi bilen geçirilýän auditdir;
b) ykdysady tarapyň islegi bilen geçirilýän auditdir;
ç) auditoryň islegi bilen geçirilýän auditdir.
3.2. Hökmany audit – bu:
a) Ykdysady tarapyň ýolbaşçylarynyň karary bilen geçirilýän auditdir;
b) paýdarlaryň maslahatynyň karary bilen geçirilýän auditdir;
ç) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan auditdir.
3.3. Audite ugurdaş hyzmatlara aşakdaky sanalanlaryň haýsylary girýärler?
a) Hökmany auditorlyk barlagy, buhgalterlik hasaba alnyşy dikeltmek, maslahatlar bermek we ş.m;
b) buhgalterlik hasaba alnyşy ýöretmek, maliýe hasabatyny düzmek, maliýe serjermäni geçirmek we ş.m.;
ç) meýletin auditorlyk barlagy, hasapçy işgärleri okatmak, buhgalterlik hasaba alnyşy awtomatizirlemek we ş.m.
3.4. Auditiň emläginiň barlygy hakynda anyk maglumaty almaga mümkinçilik berýän usul nähili atlandyrylýar?
a) Tükelleme;
b) gaýtadan hasaplamak;
ç) tassyklamak.
3.5. Aşakda sanalan guramalaryň haýsy biriniň hasabaty hökmany auditorlyk barlagyny geçmäge degişli?
a) Hususy kärhanalar;
b) hojalyk şereketleri;
ç) döwlet edaralary.
3.6. Aşakda sanalan guramalaryň haýsy biriniň hasabaty hökmany auditorlyk barlagyny geçmäge degişli däl?
a) Hususy kärhanalar;
b) hojalyk şereketleri;
ç) daşary ýurt kärhanalarynyň wekilçilikleri.
3.7. Hökmany audit haýsy ýagdaýda geçirilýär?
a) Kanunçylyk tarapyndan bellenen ýagdaýda;

b) ykdysady tarapyň karary bilen;

ç) maliýe guramaşynyň ýa-da salgyt gullugynyň tabşyrygy boýunça.

3.8. Meýletin audit kimiň karary boýunça geçirilýär?

a) Ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň;

b) ykdysady tarapyň;

ç) Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň.

3.9. Aşakdaky guramalaryň haýsy birinde hökmany auditorlyk barlagy geçirilende ýörite ygtyýarnama gerek?

a) Bilelikdäki kärhanalar;

b) paýdarlar jemgyýeti;

ç) banklar.

3.10. Aşakdaky guramalaryň haýsy birinde hökmany audit geçirilende ýörite ygtyýarnama talap edilenok?

a) Golçur kärhanalarynda;

b) ätiýaçlandyryş jemgyýetlerinde;

ç) banklarda.

3.11. Audite ugurdaş hyzmatlar bilen kimleriň meşgullanmaga hukugy bar?

a) Diňe auditorlyk guramalarynyň;

b) auditorlyk guramalarynyň we telekeçi auditorlaryň;

ç) diňe telekeçi auditorlarynyň.

3.12. Audite ugurdaş hyzmatlara haýsylar degişli däl?

a)Buhgalterlik hasaba alnyşyny ýöretmek; .

b)buhgalterlik hasaba alnyşyny dikeltmek;

ç) hökmany audit.

3.13. Auditorlyk guramasy 2003-nji ýylda ykdysady tarapyň buhgalterlik hasaba alnyşyny dikeldip berdi. Auditorlyk guramasy ykdysady tarapyň 2004-nji ýyl üçin auditorlyk barlagyny geçirip bilýärmi?

a) Ýok;

b) hawa;

ç) eger meýletin audit geçirilse bilýär.

3.14. Auditorlyk guramasy 2005-nji ýylda ykdysady tarapa salgytlar boýunça maslahatlar berdi. Auditorlyk guramasy ykdysady tarapyň 2005-nji ýyl üçin auditorlyk barlagyny geçirip bilýärmi?

a) Ýok;

b) hawa;

ç) eger hökmany audit geçirilse, bilýär.

3.15. Auditorlyk guramasy 2005-nji ýylda ykdysady tarapa maliýe boýunça maslahatlar bermek hyzmatlaryny ýerine ýetirdi. Auditoryk guramasy ykdysady tarapyň 2005-nji ýyl üçin auditorlyk barlagyny geçirip bilýärmi?

a)Ýok;

b) hawa;

ç) eger salgytlar boýunça maslahatlar bermese, bilýär.

3.16.Guramanyň maliýe-hojalyk işiniň auditiniň gidişinde ykdysady seljermäniň maksady näme bolup durýar?

a)Ykdysady tarapyň maliýe-hojalyk işiniň ýagdaýy barada has doly maglumat almak;

b) auditiň kömekçi wezipelerini amala aşyrmak;

ç) auditiň meselelerini çözmekde ulanylýan, ykdysady tarapyň maliýe--hojalyk işine baha bermek we ony çaklamak.

3.17. Audite ugurdaş hyzmatlara haýsylar degişli däl?

a) Içki audit;

b) ykdysady we maliýe serjermäni geçirmek;

ç) maslahat beriş hyzmatlary.

3.18. Audite ugurdaş hyzmatlara haýsylar girýärler?

a) Hökmany audit;

b) içki audit;

ç) hasapçy işgärleri okatmak.

3.19. Audite ugurdaş hyzmatlara haýsylar degişli däl?

a) Hasaba alnyşyň hereket edýän ulgamyny kämilleşdirmek;

b) hökmany audit;

ç) hünär okuwyny geçirmek.

3.20. Auditorlyk guramalara:

a) Audit geçirmekden başga işler bilen meşgullanmak gadagan;

b) audit geçirmekden we audite ugurdaş hyzmatlary amala aşyrmakdan başga işler bilen meşgullanmak gadagan;

ç) eger tertipnamasynda görkezilen bolsa, islendik telekeçilik işi bilen meşgullanyp bilýär.

3.21. Auditorlyk guramasy hökmany auditorlyk barlagyň netijesi boýunça ykdysady tarapyň ýolbaşçylaryna haýsy resminamany tabşyrmaly?

a) Auditorlyk netijenamasyny;

b) auditorlyk guramasynyň hasabatyny we auditorlyk netijenamasyny;

ç) auditorlyk guramasynyň hasabatyny.

3.22. Auditorlyk işi düşünjesi öz içine nämeleri alýar?

a) Hökmany auditi;

b) auditi we oňa ugurdaş hyzmatlary;

ç) hökmany we meýletin auditi.

3.23.Audite ugurdaş hyzmatlaryň mysaly sanawy haýsy resminama bilen kesgitlenen?

a) Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakyndaky" kanuny;

b) auditorlyk işiniň şereketiçi ülňüsi;

ç) Türkmenistanyň auditorlyk işiniň ülňüleri.

## 3.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 3.1-nji ýagdaý

Auditorlyk şereketiniň bu guramanyň tertipnamasynda göz öňünde tutulan birnäçe hyzmatlary ýerine ýetirmäge haky bar. Köplenç ýagdaýda olara auditorlyk barlaglar we buhgalterlik hasaba alnyşy ýöretmek, ykdysady seljerme, salgytlar hem-de maliýe boýunça maslahatlar bermek bolup bilýärler. Eger-de auditorlyk şereketi şu hyzmatlary ýerine ýetirýän bolsa, onda hiç hili düzgün bozma ýok. Eger-de auditorlyk şereket tertipnamasynda göz öňünde tutulmadyk beýleki hyzmatlary ýerine ýetirýän bolsa, onda bu ýerde

töwekgelçilik bar. Sebäbi auditorlyk şereketiniň agzalarynyň garaşsyzlygy we hakykatçyllygynyň bozulmagy mümkin netijede müşderileriň bu şerekete ynamynyň ýaramaz tarapa üýtgemegi mümkin.

**3.2-nji ýagdaý**

Kärhana hökmany auditorlyk barlagyny geçmäge degişli bolsa ýyllyk maliýe hasabatyny tabşyrýan pursady auditorlyk barlagynyň netijesini-de tabşyrmalydyr.

**3.3-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda auditorlyk guramasy garaşsyzlygyny ýitirýär, sebäbi buhgalterlik hasaba alnyşyny dikeltmek hökmany auditorlyk barlag bilen utgaşdyryp bolmaýan hyzmata degişlidir.

**3.4-nji ýagdaý**

Salgyt gullugy barlanýan ykdysady tarapyň döwlet býujetiniň öňündäki borçlaryny we beýleki gaznalara tölegleriň dogry hasaplanylyşyna we geçirilişine gözegçilik edýänligi sebäpli, olaryň maliýe ýagdaýyna we karz ukyplylygyna baha bermeýär. Şol sebäplide bank hususy kärhanadan karz almak üçin auditorlaryň netijenamasyny tabşyrmaly.

### 3.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

3.1. - b; 3.2. - ç; 3.3 - b; 3.4 - a; 3.5. - b; 3.6. - a; 3.7. - a; 3.8 - b;3.9. - ç; 3.10. - a; 3.11. - b; 3.12. - ç; 3.13. - a; 3.14. - b; 3.15. - b; 3.16.- ç; 3.17. - a; 3.18. - ç; .3.19 - b; 3.20.- b; 3.21. - a; 3.22. - b; 3.23.-a.

## TEMA 4. AUDITORLARA EDILÝÄN HÜNÄR DEREJESINIŇ TALABY WE AUDITOR IŞINIŇ AHLAK ÇÄKLERI

### 4.1. Usuly görkezmeler

Bu tema düşünmek üçin okuw gollanmasynyň 4-nji baby bilen tanyşmaly we şu meseleler ýygyndysynyň 4.2-nji bendindäki barlag üçin soraglara jogap bermeli.

Materialy has çuňňur özleşdirmek üçin:

• auditorlyga hünär synagyny tabşyrmaklygy kadalaşdyryjy resminama-

laryň talaplary we olara bildirilýän ahlak kadalary bilen tanyşmaly (esasy kadalaşdyryjy resminamalaryň sanawy okuw gollanmasynyň 4-nji babynda getirilendir);

•auditoryň hünär derejesiniň şahadatnamasyny almak üçin hünär synagyny tabşyrmagyň tertibi we onuň netijesine baha berlişi barada düşünje bolmaly;

•hünär synagyny tabşyrmaga dalaşgärleriň beren resminamalarynyň dolulygyna we dogrulygyna baha bermegi başarmaly;

•synagy üstünlikli tabşyranlara hünär derejesiniň şahadatnamasyny bermegiň tertibini we hünär derejesiniň şahadatnamasynyň güýjüni ýatyrmagyň esaslaryny bilmeli.

Auditorlaryň hünär derejesiniň şahadatnamasyny almak üçin synag tabşyrýanlaryň bilimine baha bermek endigini şu meseleler ýygyndysynyň 4.3- nji bendinde getirilen ýumuşlary ýerine ýetirip alarsyňyz.

4.4-nji bentde getirilen testleri çözüp, bilimi özleşdiriş derejäňizi kesgitläp bilersiňiz..

## 4.2. Barlag üçin soraglar

1. Kimiň auditor bolmaga hukugy bar?

2. Auditorlyk işi üçin hünär synagynyň geçirilişi haýsy resminama bilen kadalaşdyrylýar?

3. Auditorlyk işi bilen meşgullanjaklar üçin hünär synagy nähili geçirilýär?

4. Auditorlyk işi bilen meşgullanmak üçin resminama haýsy gurama tarapyndan berilýär?

5. Auditorlaryň hünär derejesiniň şahadatnamalarynyň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?

6. Auditorlyk barlagynyň haýsy görnüşi üçin ýörite ygtyýarnama gerek?

7. Haýsy ýagdaýlarda auditorlyk şereketiniň ýa-da özbaşdak işleýän auditoryň ygtyýarnamasynyň güýji ýatyrylyp bilner?

8. Auditorlyk işi ygtyýarnamasyz amala aşyrylsa, nähili çäreler görlüp bilner?

9. Auditoryň hünär derejesiniň şahadatnamasyny almak üçin dalaşgär nähili resminamalary tabşyrmaly?

10. Auditorlaryň hünär derejesiniň şahadatnamasyny almak üçin synag toparyny düzmekde nähili düzgünler we çäklendirmeler bar?

11. Auditorçylyk işiniň ahlak kadalaryny sanap beriň.

## 4.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 4.1-nji ýagdaý

Işanow Geldi 2001-nji ýylyň iýul aýynda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň "Oba hojalygynda hasapçylyk hasaba alyş we gözegçilik" hünarini tamamlapdyr we harby gullukdan soň "Serdar" hojalyk jemgyýetinde 2003-nji ýylyň fewral aýyndan bäri baş hasapçy bolup işleýär. Ol auditorlyk işine hünär derejesiniň şahadatnamasyny almak üçin Türkmenistanda auditorlyk işi boýunça hünär synagyny geçirmek we oňa ygtyýarlandyrmak baradaky toparyna 2005-nji ýylyň aprel aýynda aşakdaky resminamalary tabşyrdy:

-şahadatnamany almak üçin şahsy arza;

-nusga boýunça sowalnama;

-ýokary bilim baradaky diplomyň nusgasy;

-döwlet kepil edarasy tarapyndan tassyklanylan zähmet kitapçasyndan göçürme;

-4 x 6 sm möçberli iki fotosurat;

Işanow Geldi auditorlyk işine hünär derejesiniň şahadatnamasyny almak üçin synag tabşyrmaga goýberilip bilnermi?

### 4.2-nji ýagdaý

Dalaşgär Soltanow Berdi auditorlyk işine hünär derejesiniň şahadatnamasyny almak üçin synag tabşyranynyň birinji gününde "Buhgalterlik hasaba alnyşy" we "Hojalyk işiniň seljermesi" derslerinden jemi 100 soragdan 96-ysyna dogry jogap berdi, ikinji günde bolsa "Audit", "Salgytlar we salgyt salmalar", "Türkmenistanyň umumy kanunçylygy" derslerinden jemi 100 soragdan 78-sine dogry jogap berdi.

Soltanow Berdi auditorlyk işine hünär derejesiniň şahadatnamasyny almak üçin synagdan geçdi hasaplanýarmy?

**4.3-nji ýagdaý**

Auditor ýyllyk hasabatynyň barlagyny geçirip ýören wagty özüniň ýumuş buýrujysynyň bäsleşýän kärhanany satyn aljak bolýandygyny eşidýär. Eger bu ýagdaý aýan edilse, bäsleşýän kärhananyň paýynyň bahasy ýokarlanar. Auditor aralykçylaryň kömegi bilen bu kärhananyň paýyny satyn almak mümkinçiliginden we şeýlelik bilen özüni ýokary peýda bilen üpjün etmekden boýun towlamaýar.

Bu ýagdaýda ol öz hünärmenlik borçnamalaryny bozýarmy?

**4.4-nji ýagdaý**

Auditorlyk guramasy "Serdar" paýdarlar jemgyýetinden işiň iki görnüşini ýerine ýetirmek, ýagny hasapçy işgärleri okatmak we maliýe hasabatyny barlamak boýunça şertnama baglaşmagy teklip etdi.

Auditorlyk guramasynyň hasapçylary okatmak boýunça ýeke-täk hünärmeni bar. Ol "Serdar" paýdarlar jemgyýetiniň baş hasapçysynyň ogly.

Auditorlyk guramasy bu teklipleri kabul edip bilýärmi?

**4.5-nji ýagdaý**

Ätiýaçlandyryş kompaniýasy auditorlyk şereketine onuň auditory bolmagyny teklip edýär. Emma bu şereketiň işgärleriniň arasynda ätiýaçlandyryş işi boýunça hünärmen ýok.

Şereket bu teklibi kabul edip bilýärmi?

**4.6-njy ýagdaý**

2003-nji ýylyň netijesi boýunça guramanyň maliýe hasabatynyň barlagyny geçirip, auditor oňa tölenmeli tölegi doly alyp bilmedi. Barlanylýan ykdysady tarapyň ýolbaşçysy auditora galan tölegi 2004-nji ýylyň netijesi boýunça guramanyň maliýe hasabatyny barlap, onuň esasynda şertsiz oňaýly auditorlyk netije berse, iki esse edip bermegi söz berýär.

Bu ýagdaýda auditor näme etmeli?

**4.7-nji ýagdaý**

Siziň işleýän auditorlyk şereketiňiz hojalyk jemgyýetine auditor hökmünde çagyrylýar. Siziň aýalyňyz bu jemgyýetde ýerleşdirme boýunça dolandyryjy bolup işleýär.

Siziň şereketiňiz bu teklibi kabul edip bilýärmi?

**4.8-nji ýagdaý**

Birnäçe ýylyň dowamynda müşderi ýyllyk hasabatyny tassyklamak üçin şol bir auditorlyk şereketine ýüz tutýar. Aragatnaşygyň bütin döwründe auditorlaryň şol bir topary işleýär. Onuň işgärleri ýylyň ýylyna "özleriniň" anyk ülüşleriniň auditinde ("Esasy serişdelerde", "Harytlarda", "Kassada" we ş.m.) ýöriteleşýärler.

Emele gelen ýagdaýyň artykmaçlygy ýa-da kemçiligi nämeden ybarat?

**4.9-njy ýagdaý**

Auditorlyk şereketiniň bir işgäri paýdarlar jemgyýetiniň ýyllyk hasabatynyň barlagyny geçirýär. Bu auditor şu paýdarlar jemgyýetiniň bir paýynyň eýesi bolup durýar.

Ol auditoryň şu paýdarlar jemgyýetini barlamaga hukugy barmy?

**4.10-njy ýagdaý**

Bankdan karz pul almak üçin gurama öz auditoryna kepil hökmünde çykyş etmegini haýyş edip ýüz tutýar. Auditor teklibi kabul edip bilýärmi?

**4.11-nji ýagdaý**

Auditor gurama ýyllyk hasabatyny düzmäge kömek etdi. Bu ýagdaýyň barlagy geçirmäge nähili täsiri bar?

**4.12-nji ýagdaý**

Auditorlyk şereketiniň auditory G.Berdiýew özüniň hünärmenlik hyzmatlaryny amala aşyrýandygyny metbugatda we radioda mahabatlandyrmagy giňden ulanýar. 01 özüniň beýleki auditorlyk şereketler bilen deňeşdireniňde, hünärmenlik artykmaçlygy barada jemagat öňünde yglan edýär we öz hyzmatlary üçin tölegiň jemini aýdýar.

G. Berdiýewe mahabatlandyrmagyň hemme ahlak nukdaý nazarlaryndan baş alyp çykmaga kömek ediň.

**4.13-nji ýagdaý**

M. Durdyýew hünäri boýunça orta iş tejribeli auditor. Onuň tejribelik işi auditorlyk barlaglar bilen bagly, kä wagtlarda salgytlar boýunça maslahatlar berýär. Işden boş wagtlary M.Durdyýew maliýe we hasaba alyş boýunça dürli ykdysady gazetlere we zurnallara özüniň müşderileri bolan kärhanalaryň

täjirçilik maglumatlaryna esaslanyp, makalalar ýazýar. Kä wagtlar M.Durdyýew işewürlik bilen meşgullanýan aýry adamlaryň atlaryna salgylanýar. Käbir keseki kärhanalar M. Durdyýewiň çap edýän maglumatlary bilen gyzyklanýarlar.

Durdyýewiň esasy işi bilen ýazyjylyk hünäriniň bähbitleriniň gapma-garşylygy bolmagy mümkinmi? Bu kynçylyklary nädip çözmeli?

**4.14-nji ýagdaý**

"Audit" şereketi birnäçe ýyl bäri guramanyň barlagyny geçirýär we bäş ýylyň dowamynda bu guramanyň jogapkär auditory edip D.Saparowy belleýär. Şol bir wagtda her ýylda onuň kömekçileri üýtgeýär.

Bähbitlertiň gapma-garşylygy barmy?

**4.15-nji ýagdaý**

"Kerwen" kärhanasynyň başlygy Y. Nuryýewiň Aman atly ogly bar. Onuň hasapçylyk hünäri boýunça ýokary bilimi bar we auditor bolmak isleýär. Amanda kakasynyň kärhanasynyň alty paýy bar. "Kerwen" kärhanasynda "Hasapçy" şereketi tarapyndan audit geçirilýär. Bu şereketiň adyndan Aman auditorçylyk topara agza bellenen.

Bu ýagdaýda bähbitleriň gapma-garşylygy barmy? Eger-de bar bolsa, ony nähili çözmeli?

**4.16-njy ýagdaý**

"Kuwwat" kärhanasynyň auditini üç auditor geçirýär. Olaryň biri "Kuwwat" kärhanasynyň baş direktorynyň orunbasarynyň dogany.

Bu ýagdaýda ahlak esaslaryny bozma barmy? Eger-de bar bolsa, onda haýsy esaslar bozulýar, bu düzgün bozmany nähili edip öňüni almaly?

**4.17-nji ýagdaý**

Süýji-köke öndürýän kärhanada audit geçirilýär. Auditorlara süýji-kökeli çaý berýärler we kärhanada bolýan her gününde bir gutudan süýji sowgat edýärler.

Bu ýagdaýda ahlak kadalary bozulýarmy? Auditorlar nähili hereket etmeli?

**4.18-nji ýagdaý**

"Azat" kärhanasynda audit geçirilýär we hiç hili düzgün bozmalar

anyklanylmaýar. Kärhananyň direktory auditorlara gymmat bahaly sowgatlar berýär.

Bu ýagdaýga auditorlar näme etmeli?

**4.19-njy ýagdaý**

"Merjen" kärhanasynyň auditiniň gidişinde salgytlary tölemek boýunça düzgün bozmalar ýüze çykarylýar. Kärhananyň direktory auditorlaryň her birine dynç almak üçin ugrukdyryjylar berýär we oňaýly auditorçylyk netijäni bermekligi haýyş edýär.

Bu ýagdaýda auditorlaryň hereketlerini düşündiriň.

**4.20-nji ýagdaý**

Siziň auditorlyk şereketiňize ätiýaçlandyryş guramasyndan auditorlyk barlagyny geçirip bermek hakynda teklip geldi. Siziň şereketiňizde ätiýaçlandyryş işi boýunça auditorlyk barlagyny geçirmäge ýöriteleşdirilen ygtyýarnama diňe siziň özüňizde bar. Siziň aýalyňyzyň erkek dogany ätiýaçlandyryş guramasynda baş hasapçy bolup işleýär.

Siziň auditorlyk şereketiňiz ätiýaçlandyryş guramasy bilen auditorlyk barlagyny geçirmäge şertnama baglaşyp bilermi?

**4.21-nji ýagdaý**

Uly auditor şol bir guramany köp wagtyň dowamynda barlaýar. Auditor bilen guramanyň ýolbaşçysynyň arasynda gatnaşyk ýola goýlan. Barlag döwründe olaryň arasynda birek-birege doly düşünişmek we doly ynanmak ýagdaýy gazanylan. Netijede işiň aňrybaş netijeliligi gazanylan.

Bular ýaly uzak möhletleýin hyzmatdaşlygyň nähili kemçiliginiň bolmagy mümkin?

**4.22-nji ýagdaý**

Auditor G.Berdiýew birnäçe günüň dowamynda Awazada telekeçi B.Amanow bilen onuň hasabyna dynç aldy. Ol dynç bilen işi utgaşdyrýar. Onuň dürli kärhanalarda paý gatnaşygyna giresi gelýär. Auditor oňa düýpli maýa goýum boýunça maslahat bermeli, şeýle hem täjiriň wekilçilik edýän ýoldaşçylygynyň ýyllyk hasabatynyň barlagyny geçirmeli.

Garaşsyzlyk esaslaryndan ugur alyp, auditoryň işine maslahatçy we ýyllyk hasabatynyň barlagyny geçirýän auditor hökmünde bir manyly baha berip

bolarmy?

**4.23-nji ýagdaý**

Auditor öz kärdeşi bilen ýumuş buýrujylaryň biriniň heniz köpçülige ýaýradylmadyk balansyny ara alyp maslahatlaşýar.

Ol bu ýagdaýda syr saklamak borjuny bozýarmy?

**4.24-nji ýagdaý**

Ykdysadyýet boýunça ýokary bilimi bolan we baş hasapçy bolup bäş ýyl işlän Hojaýew Şaberdi hünär synagyny tabşyrdy we auditorlyk işine hünär derejesiniň şahadatnamasyny aldy. Auditorlyk hünäri boýunça üç ýyl üznüksiz işläninden soň Ş.Hojaýew täjirçilik bankyndan auditorlyk barlagyny geçirmek üçin teklip aldy. Auditor Ş. Hojaýew nähili hereket etmeli?

**Soragly ýumuşlar**

4.1.Auditorlyk guramasynyň düzüminde näçe sany auditorlyk işine ygtyýarnamaly auditor bolmaly?

a) 2-den az bolmaly däl;

b) 3-den az bolmaly däl;

ç) 5-den az bolmaly däl.

4.2.Eger-de auditoryň garyndaşy barlanýan ykdysady tarapyň ýolbaşçy guramasyna girýän bolsa, ol öz hünär hyzmatlaryny şu guramada amala aşyryp bilýärmi?

a) Hawa;

b) ýok.

ç) mümkin.

4.3.Eger-de auditor barlanýan ykdysady tarapyň paýdary bolsa, ol öz hünär hyzmatlaryny şu guramada amala aşyryp bilýärmi?

a) Mümkin;

b) hawa;

ç) ýok.

4.4.Eger-de auditor barlanýan ykdysady tarapyň esanlandyryjysy bolsa, ol öz hünär hyzmatlaryny şu guramada amala aşyryp bilýärmi?

a) Hawa;

b) mümkin

ç) ýok.

4.5.Türkmenistanda auditorlyk işine ygtyýarnama näçe ýyllyk berilýär?

a) 3 ýyllyk;

b) 5 ýyllyk;

ç) möhleti çaklendirilmesiz.

4.6. Hünär derejesiniň synagy näçe günüň dowamynda geçirilýär?

a) Bir;

b) iki;

ç) üç.

4.7. Auditorlaryň hünär derejesiniň şahadatnamasy:

a) Umumy, ätiýaçlandyryş guramalarynyň we banklaryň auditi üçin bolýar;

b) görnüşler boýunça tapawutlandyrylmaýar;

ç) umumy, ätiýaçlandyryş guramalarynyň, banklaryň, söwda kärhanalarynyň auditi üçin bolýar.

4.8. Eger-de auditor barlanýan ykdysady tarapyň işgäri bolsa, ol öz hünär hyzmatlaryny şu guramada amala aşyryp bilýärmi?

a) Hawa;

b) ýok;

ç) mümkin.

4.9.Hünär derejesiniň synaglaryny tabşyran dalaşgäre näçe günüň dowamynda hünär derejesiniň şahadatnamasy berilmeli?

a) Synagdan soň iki günüň dowamynda;

b)synagdan soň iki hepdäniň dowamynda;

ç) synagdan soň bir aýyň dowamynda.

4.10.Türkmenistanda auditorlyk işine ygtyýarnama haýsy gurama tarapyndan berilýär?

a) Maliýe ministrligi;

b) Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy;

ç) Söwda we alyjylar birleşigi ministrligi.

4.11.Türkmenistanda auditorlyk işi boýunça hünär synagyny

geçirmek we oňa ygtyýarlandyrmak baradaky topary ygtyýarnamany almak üçin tabşyrylan resminamalara näçe günüň dowamynda seretmeli?

a) On bäş;

b) otuz;

ç) altmyş.

4.12. "Arzuw" kärhanasynyň baş hasapçysy hökmany auditorlyk barlagyny geçirmek üçin auditorlyk guramasyny çagyrdy. Bu auditorlyk guramasynda onuň gyzy işleýär we ol auditorlyk barlag toparynyň düzümine goşulan. Bu ýagdaýda:

a) Auditoryň garaşsyzlyk esaslary bozulýar;

b) müşderi bilen auditoryň arasynda ynamdarlyk emele gelýär;

ç) garyndaşlyk aragatnaşygy işewürlige ýardam edýär.

4.13. Gizlinlik esaslaryny berjaý etmek:

a) Diňe müşderi bilen gatnaşygyň dowam edýän pursady berjaý edilmeli;

b) müşderi bilen gatnaşygyň dowam edýänligine ýa-da tamamlananlygyna garamazdan we möhleti çäklendirilmezden berjaý edilmeli;

ç) müşderi bilen gatnaşygyň dowam edýän pursady we bu gatnaşyk tamamlanandan soň bäş ýylyň dowamynda berjaý edilmeli.

4.14. Auditor kazyçylyk derňewinde müşderiniň bähbidini goranda, ol özüniň goraýan bähbitleriniň kanuny bozmagynyň esasynda ýüze çykanlygy barada maglumat aldy. Auditor jemgyýetçilik bähbitlerini berjaý etmek esaslaryndan ugur alyp:

a)Müşderiniň bähbidini goramgyny dowam eder;

b)tassyklaýan maglumatlary kazyýete berip, alnan maglumaty aýan eder;

ç) müşderiniň bähbidini goramakdan boýun towlar.

4.15. Aşakdaky ýagdaýlaryň haýsy birinde auditoryň garaşsyzlygy bozulmady hasaplanylýar?

a) Barlanylýan ykdysady tarapa buhgalterlik hasaba alnyşyny dikeltmek we ýöretmek, hasabatlylygy düzüp bermek boýunça hyzmatlary ýerine ýetirdi;

b) barlanylýan ykdysady tarapyň döredijileri, eýeçilikleri ýa-da

ýolbaşçylary bilen ýakyn garyndaş;

ç) barlanylýan ykdysady tarapyň işgärlerine kompýuter ulgamyny öwretmek boýunça dolandyryjy hyzmatlary ýerine ýetirdi.

4.16. Auditor özüniň döredijisi bolup duran kärhanasyny barlap bilýärmi?

a) Eger-de ygtyýarnamasy bar bolsa, barlap bilýär;

b) barlap bilenok;

ç) barlap bilýär.

4.17. Salgyt gatnaşyklarynyň esaslaryny berjaý etmekden ugur alyp, auditoryň müşderä salgyt salmalar boýunça teklipler, maslahatlar bermesiniň görnüşi aşakdaky ýaly bolup biler:

a) Diňe dilden;

b) auditoryň barlanylýan ykdysady tarapyň ýolbaşçylary bilen şertleşmesi boýunça saýlanyp alnyp bilýär;

ç) diňe ýazmaça.

4.18. Ygtyýarnamasy bar bolan auditor soňky ýarym ýylda 5 sany auditorlyk şereketi çalyşdy. Ol her iş ýerini ýaramaz iş şertlerine salgylanyp duýdansyz taşlaýar. Auditor işden çykmak baradaky arzasyny şereketiň ýolbaşçysyna işden gitmezinden iki hepde öň iberýär. Auditoryň hereketine baha beriň.

a) Auditor auditorlyk şereketini duýdansyz taşlap, oňa belli derejede zelel ýetirýär, şol sebäpli-de auditiň ahlak kadalaryny bozýar;

b)auditor kanun esasynda hereket edýär we auditiň ahlak kadalaryny bozmaýar;

ç) auditoryň iş ýerini öz islegi boýunça çalyşmaga hukugy bar we auditiň ahlak kadalaryny bozmaýar.

4.19. Auditor barlag geçiren ykdysady tarapyň maglumatlaryny üçünji tarapa berip bilýärmi?

a) Diňe auditorlyk guramasynyň ýolbaşçysynyň rugsady bilen berip bilýär;

b) öz islegi boýunça berip bilýär;

ç) eger-de barlanýan tarapyň ýolbaşçylarynyň rugsady bolsa berip bilýär.

4.20.“Audit” dersiniň mugallymy J.Annaýew telekeçi auditor bolup işleýär we talyplara sapak beren wagty öz barlan guramalarynyň maglumatlaryny mysal hökmünde ulanýar. Annaýewiň hereketine baha beriň:

a) Ol auditiň ahlak kadalaryny bozýar;

b) ol auditiň ahlak kadalaryny bozmaýar;

ç) ol talyplara dersi has düşnükli edip öwretmek maksady bilen dogry hereket edýär.

## 4.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 4.1-nji ýagdaý

Işanow Geldi auditorlyk işine hünär derejesiniň şahadatnamasyny almak üçin synag tabşyrmaga goýberilip bilinmeýär, sebäbi ol Türkmenistanyň “Auditorlyk işi hakynda” kanunynyň 19-njy maddasyna laýyklykda attestasiýa geçirmek işine diňe buhgalter, ykdysadtçy, derňewçi, ýurist, kärhananyň ýolbaşçysy, ykdysady we ýuridik ugur boýunça ylmy işgär ýa-da mugallym bolup işlän, bäş ýyldan az bolmadyk iş stažly adamlar goýberilýär.

### 4.2-nji ýagdaý

Soraglaryň 80 göterimden ýokarysyna dogry jogap berleni sebäpli Soltanow Berdi auditorlyk işine hünär derejesiniň şahadatnamasyny almak üçin synagdan geçdi hasaplanýar.

### 4.3-nji ýagdaý

Syr saklamak borjy auditora ýaşyryn maglumatlary şahsy maksatlar üçin ulanmaklygy gadagan edýär, ýagny bu ýagdaýda auditor özi babatdada syry saklamaga borçludyr.

### 4.4-nji ýagdaý

Hasapçylary okatmak hökmany audit bilen utgaşdyryp bolmaýan ugurdaş hyzmatlara degişli däl. Şol sebäpli-de auditorlyk gurama bu teklipleriň ikisini-de kabul edip bilýär, emma maliýe hasabatynyň barlagyna baş hasapçynyň ogluny gatnaşdyrmaly däl.

**4.5-nji ýagdaý**

Ätiýaçlandyryş guramalaryny barlamak üçin ýörite ygtyýarnama gerek. Şol sebäpli-de auditorlyk şereketi bu teklibi kabul edip bilmeýär.

**4.6-njy ýagdaý**

Eger-de auditor öz müşderisiniň teklibini kabul etse, onda ol garaşsyzlyk esaslaryny bozar. Sebäbi bu ýagdaýda auditor barlanýan gurama maliýe taýdan garaşly bolar. Tölegiň tertibi we onuň möçberi auditorlaryň barlag esasynda netije bermegi boýunça belli bir şerti ýerine ýetirmegine bagly edilmeli däl. Bu ýagdaýda auditor öňki eden işi üçin derrew hasaplaşmaly we barlag geçirmek boýunça şertnamany togtatmaly.

**4.7-nji ýagdaý**

Siziň şereketiňiz bu teklibi kabul edip bilýär, emma siziň özüňiz barlag toparyna girmeli däl.

**4.8-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda auditor bilen müşderi aradaşlygy ýitirýär. Müşderi köp ýyllyk dostlukly gatnaşyklaryň netijesinde auditoryň berýän netijesini ýumşatmak maksady bilen täsir etmegi mümkin. Auditor gowy aragatnaşygy ýitirmezlik üçin müşderiniň täsirine düşmegi mümkin. Ýylyň ýylyna şol bir zady barlaýan beýleki auditorlar bolsa öňki ýyllaryň barlaglaryna salgylanyp, barlagy ünssüz geçirmegi mümkin.

Bu ýagdaýyň artykmaçlygy ýyllyk hasabatynyň barlagynyň möhletini gysgaltmakdan, şeýle hem, auditorlaryň müşderileriň meselelerini gowy bilýänligi sebäpli, aýratyn üns bermegi talap edýän ülüşleri tapyp bilýänliginden durýar.

**4.9-njy ýagdaý**

Ol auditoryň şu paýdarlar jemgyýetini barlamaga hukugy ýok, sebäbi ol garaşsyzlyk esaslaryny ýitirýär.

**4.10-njy ýagdaý**

Auditoryň ýumuş buýrujynyň hojalyk işi bilen bagly bolan töwekgelçiligi kabul etmäge hukugy ýok. Bu ýagdaýda auditoryň garaşsyzlygyny we bitaraplyk derejesini ýitirmek howpy emele gelýär.

**4.11-nji ýagdaý**

Ýyllyk hasabatyny düzmek hökmany auditorlyk barlag bilen utgaşdyryp bolmaýan audite ugurdaş hyzmat bolanlygy sebäpli, barlagy geçirmek bolanok.

**4.12-nji ýagdaý**

Auditorlyk işiniň ahlak kadalaryna laýyklykda, Berdiýevv mahabaty ulanyp bilýär, emma ol birnäçe talaplary berjaý etmeli: mahabatlandyrma çap edilende tölegiň mukdaryny aýtmaly däl we öz hünär häsiýetleriňi kärdeşleriň zeleline garap öwmeli däl. Bu auditoryň derejesini peseldýär. Şu sebäpli-de G.Berdiýewe mahabatyň sözlerini düzmek boýunça bellikler etmeli.

**4.13-nji ýagdaý**

M.Durdyýewiň ykdysady makalalary çap etmäge haky bar. Emma egerde makalada gürrüň kärhananyň işi barada bolsa, onda ol öz makalalarynyň mazmuny barada müşderilerini habarly etmeli. Täjirçilik syrlary işewürligiň wajyp ahlak ýagdaýy bolup durýar. Şol sebäpli-de, müşderiniň razyçylygy bolmasa, auditor onuň ady we şereket barada açyk aýtmaly däl. Täjirçilik işine syn bermek bilen, ol bu seljermäniň salgyt, döwlet gulluklarynyň we şuňa meňzeşleriň netijeleri däl-de özüniň hususy pikirleriniň netijesine esaslanandygyny agzamaly. Durdyýewe kärhana-müşderi bilen ýaýratmak bolmaýan maglumatlar barada zähmet şertnamalarynda bellik etmek maslahat berilýär. Eger-de bu zatlaryň hemmesi hasaba alynsa, onda Durdyýewiň ýazyjylyk işinde hiç hili garşylykly we dawaly ýagdaýlar ýüze çykmaz.

**4.14-nji ýagdaý**

Şol bir auditor uzak döwrüň dowamynda auditorlyk barlagyny geçirip bilmeýär, sebäbi ulanyjylar tarapyndan müňkürligiň ýüze çykmagy mümkin. Bu bolsa auditorlyk netijenamanyň hakykylygyna we garaşsyzlygyna howp salyp biler. Şu sebäpli-de auditorlyk guramasynyň ýolbaşçysy tarapyndan auditorlar çalşylyp durmaly. Öz gezeginde auditor Saparow auditiň ahlak kadalaryny bozmazlyk üçin bu guramada barlag geçirmäge bellenmekden ýüz öwürmeli.

**4.15-nji ýagdaý**

Ahlak kadalaryna laýyklykda auditor kärhananyň paýdary bolup bilenok. Sebäbi bu ýagdaýda garaşsyzlyk ýitýär we auditiň netijesiniň hakykylygyna howp salynýar. Eger-de Aman bu kärhananyň paýdary bolmadyk-da bolsa, onuň kakasynyň bu guramada başlyk bolanlygy sebäpli, auditorlyk barlag toparynyň düzümine goşulyp bilenok.

**4.16-njy ýagdaý**

Ahlak kadalaryna laýyklykda eger-de auditor barlanýan tarapyň ýolbaşçylarynyň garyndaşy bolsa, ol bu guramanyň barlagyna gatnaşyp bilmeýär.

**4.17-nji ýagdaý**

Auditorlar süýji-kökeli çaý içseler bolýar, emma aşa myhmansöýerlikden ägä bolmaly. Sowgady almakdan bolsa ýüz öwürmeli. Eger-de olar şonda-da berlen bolsa, onda ony auditorlyk şereketiniň ýolbaşçysyna bermeli.

**4.18-nji ýagdaý**

Auditorlar sowgady almakdan ýüz öwürmeli.

**4.19-njy ýagdaý**

Auditorlyk netijelerine esasy talaplar – hakykatçyllyk, dogruçyllyk, takyklyk, aýdyňlyk bolup durýar. Şol sebäpli-de wezipe artykmaçlyklaryny hususy maksadyň üçin, ýagny bu ýagdaýda mugt dynç almak üçin ulanmak bolmaýar. Bu auditoryň beýik ahlak esaslaryny bozýar. Auditorlar berlen ugrukdyryjylardan ýüz öwürmeli we hakykatçyllygyny, dogruçyllygyny we garaşsyzlygyny görkezmeli.

**4.21-nji ýagdaý**

Oňaýly taraplarynyň barlygyna garamazdan (auditoryň müşderi bilen gatnaşygy sazlamagy, olaryň arasyndaky doly birek-birege düşünişmek we ynam, auditoryň müşderiniň işiniň aýratynlyklaryny bilmegi we ş.m.) şol bir hünärmenleriň auditorlyk barlagyny amala aşyrmaga çekilip durulmagy olaryň garaşsyzlygyna howp salýar.

**4.22-nji ýagdaý**

Auditor ýyllyk hasabaty barlap bilenok, sebäbi telekeçi Amanow onuň dynç almagy üçin çykdajylaryny töledi, ýagny garaşsyzlygyny ýitirdi. Auditor maslahat berip bilýär, sebäbi hyzmatyň bu görnüşi garaşsyzlyk esaslaryny

talap edenok.

**4.23-nji ýagdaý**

Eger-de auditorlar bir barlag toparynda işleýän bolsalar, syr saklamak zerur dal.

Auditor berlen maglumatlary öz hususy bähbitleri üçin ulanyp bilenok.

**4.24-nji ýagdaý**

Auditor Hojaýew teklipden ýüz öwürmeli, sebäbi onda banklary barlamak üçin ýöriteleşdirilen auditorlyk ygtyýarnamasy ýok.

## 4.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

4.1. - b; 4.2. - b; 4.3 - ç; 4.4 - ç; 4.5 - ç; 4.6. - b; 4.7. - a; 4.8. -b; 4.9 - ç; 4.10. - a; 4.11. - b; 4.12. - a; 4.13. - b; 4.14. - ç; 4.15. - ç; 4.16. -b; 4.17. -ç; 4.18. - a; 4.19. - ç; 4.20. - a.

# TEMA 5. AUDITIŇ HILINE GÖZEGÇILIK

## 5.1. Usuly görkezmeler

Tema düşünmek üçin okuw gollanmasynyň 5-nji baby bilen tanyşmaly we şu meseleler ýygyndysynyň 5.2-nji bendindäki barlag üçin soraglara jogap bermeli.

Materialy has çuňňur özleşdirmek üçin:

• Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň 1996-njy ýylyň 18-nji iýunynda tassyklan "Auditorlyk işi hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 12-nji maddasyna laýyklykda auditorlaryň we auditorlyk guramalarynyň hukuklary, borçlary we jogapkärçiligi bilen tanyşmaly;

• "Türkmenistanda auditorlyk işi boýunça hünär synagyny geçirmek we oňa ygtyýarnama bermek baradaky toparyň" makullan auditiň milli ülňüleri bilen tanyşmaly;

• Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakynda" kanunynyň 13-nji maddasynda getirilen barlanýan tarapyň hukuklary we borçlary bilen tanyşmaly;

• "Täjirçilik syry hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň esaslaryny bilmeli.

Auditorlaryň işine gözegçilik etmek endigini şu meseleler ýygyndysynyň

5.3-nji bendinde getirilen ýumuşlary ýerine ýetirip alarsyňyz.

5.4-nji bentde getirilen testleri çözüp, bilimi özleşdiriş derejäňizi kesgitläp bilersiňiz.

## 5.2. Barlag üçin soraglar

1.Auditoryň hukuklary we borçlary haýsy kadalaşdyryjy resminamalar bilen kesgitlenilýär?

2.Ýumşy buýrujynyň hukuklary we borçlary haýsy resminamalarda kesgitlenilen?

3.Auditorlyk barlaglary geçirilýän tarapyň jogapkärçiligi nämeden ybarat?

4.Auditoryň (auditorlyk guramasynyň) jogapkärçiligi nämeden ybarat?

5.Auditor önümçilik, söwda, telekeçilik işleri bilen meşgullanyp bilýärmi?

6.Auditiň hiline nähili gözegçilik edilýär?

7.Auditoryň we auditorlyk guramasynyň nähili hukuklary we borçlary bar?

8.Auditorlyk barlagy geçirilýän tarapyň nähili hukuklary we borçlary bar?

9.Ýumşy buýrujynyň auditorlyk guramany (auditory) özbaşdak saýlap almaga hukugy barmy?

10.Ykdysady tarapyň hökmany auditden boýun towlamagynyň jogapkärçiligi nämeden ybarat?

11.Auditiň hiline nähili daşky gözegçilik kim tarapyndan amala aşyrylýar?

12.Auditiň hiline nähili içki gözegçilik kim tarapyndan amala aşyrylýar?

## 5.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 5.1-nji ýagdaý

Auditorlyk barlagyny geçirýärkä uly auditor ýönekeý auditora guramanyň salgyt salmalarynyň hasaplamalaryny Türkmenistanyň kanunçylyklaryna laýyklykda barlag etmegi tabşyrýar. Barlag tamamlanandan soň, ýönekeý auditor hiç hili ýalňyşlyklaryň tapylmanlygyny habar berýär. Mundan bir

hepde soň hasabat taýýar edilýär.

Iki aý geçenden soň salgyt gullugy hasabat ýylynyň barlagyny geçirýär we guramanyň salgyt hasaplamalarynda birnäçe ýalňyşlyklar tapýar. Indi şereketiň müşderisi salgytlaryň töleginiň üstüni dolmaly we jerime tölemeli. Müşderi näme üçin bu ýalňyşlyklaryň auditorlyk barlagynda tapylmanlygyny soraýar.

Bu ýagdaýyň sebäbi näme bolup durýar?

**5.2-nji ýagdaý**

Siziň auditorlyk şereketiňiz müşderä geçen ýyl üçin maliýe hasabatyny taýýarlap berdi. Üç hepdeden soň müşderi size jaň edip, resminamalaryň birinde ýalňyşlyk goýberilendigini yglan edýär.

Hiliň gözegçiliginiň nähili çäresi ýalňyşlygyň öňüni alyp bilerdi?

**5.3-nji ýagdaý**

Söwda guramasynyň auditorlyk barlagynyň gidişinde auditorlar “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň bozulýandygyny, goşulan baha üçin salgydyň hem-de edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt hasaplanylanda we tölenende ýalňyşlyklary aýan etdiler.

Bu ýagdaýda auditorlar nähili hereket etmeli?

**5.4-nji ýagdaý**

2002-nji ýylyň sentýabr aýynda “Auditor” auditorlyk guramasy auditorlyk işine ygtyýarnama aldy. Ygtyýarnama almak üçin auditorlaryň üçüsiniň, ýagny D.G.Ataýewiň, A.R.Babaýewiň we D.B.Gylyjowyň hünär derejesiniň şahadatnamasy tabşyryldy. 2004-nji ýylyň noýabr aýynda auditor D.B.Gylyjow işden çykdy. 2005-nji ýylyň fewral aýynda Türkmenistanyň ykdysadyýet we maliýe ministrligi “Auditor” auditorlyk guramasynyň işiniň meýilnamalaşdyrylan barlagyny geçirdi we onuň netijesi boýunça ykrarnama ýazdy.

Ykrarnamanyň mazmuny nähili bolar?

**5.5-nji ýagdaý**

Köp ýylyň işiniň netijesinde auditorlyk guramasynda olara müşderi bolan

guramalar hakynda maglumatlar toplanyldy. Müşderileriň köpüsiniň açyk kysymly paýdarlar jemgyýetleri bolanlygy hem-de olaryň paýlarynyň geçginliligi sebäpli auditorlyk gurama kärhanalar we guramalar hakyndaky özünde bar bolan maglumatlary tölegli maslahatlar hyzmatyny amala aşyrmak üçin ulanmak isleýär.

Kabul edilen karara baha beriň.

## 5.6-njy ýagdaý

"Abraý" hojalyk jemgyýeti auditorlyk bilen meşgullanýan "Audit" ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň hem-de söwda bilen mesgullanýan "Watan" ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň döredijileriniň biri bolup durýar. "Watan" ýapyk kysymlý paýdarlar jemgyýeti "Audit" ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetini hökmany auditorlyk barlagyny geçirip bermäge çagyrýar. "Audit" ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýeti oňa razyçylyk berdi.

"Audit" auditorlyk guramasynyň kabul eden kararyna baha beriň.

## 5.7-nji ýagdaý

Bilelikdäki kärhana öz auditory bilen şertnamasyny togtadýar we siziň şereketiňizi onuň auditory bolmaga çagyrýar.

Bu ýagdaýda siz näme edersiňiz?

## 5.8-nji ýagdaý

Auditorlyk guramasynyň işgäriniň biri ýokary okuw mekdebinde "Buhgalterlik hasaba alnyşy we gözegçilik" hünäri boýunça okaýar. 0l auditorlyk guramasynyň ýolbaşçysyndan öz diplom işini ýerine ýetirende ulanar ýaly, auditorlyk barlag geçirilen kärhanalarynyň biriniň maglumatlaryny bermegini haýyş edýär.

Auditorlyk guramasynyň ýolbaşçysy öz işgäriniň haýyşyny kanagatlandyrdy. Döwlet synag toparynyň başlygy auditorlyk barlag geçirilen kärhananyň ýolbaşçysynyň ýakyn dosty bolup çykdy.

Ýagdaýyň seljermesini geçiriň, düzgün bozmanyň häsiýetini kesgitläň we onuň netijesine baha beriň.

## 5.9-njy ýagdaý

Ykdysady tarapyň auditorlyk barlagyny tamamlanlaryndan soň, auditorlar edilen işiň töleginiň saklanýandygyny bahana edip, müşderä onuň

buhgalterlik ýazgylaryny we resminamalaryny yzyna gaýtarmakdan boýun towladylar. Has beteride auditorlar olarda bar bolan maglumatlary gazetlerde çap etjekdiklerini yglan etdiler.

Auditorlaryň hereketine auditorlyk işiniň ahlak kadalaryna laýyklykda baha beriň.

**5.10-njy ýagdaý**

Ykdysady tarapyň buhgalterlik hasaba alnyşynda we maliýe hasabatynda, olaryň hakykylygy barada daşky auditoryň tassyklamasy alnandan soň, salgyt gullugynyň barlagynda ýalňyşlyklar we düzgün bozmalar aýan edildi. Hasaba alnyşyň we hasabatlylygyň ýalňyşlyklary we düzgün bozmalary üçin jogapkärçiligi kim çekýär?

## 5.4. Soragly ýumuşlar

5.1.Auditoryň müşderiniň öňündäki günäsi we jogapkärçiligi nähili kesgitlenilýär?

a) Kazyýet tarapyndan.

b) auditorlyk işi baradaky şertnama bilen:

ç) salgyt gullugy tarapyndan.

5.2.Auditiň hiline içki gözegçiligiň maksady:

a) Auditiň umumy meýilnamasynyň we maksatnamasynyň hemme soraglarynyň ýerine ýetirilenligini, auditorlyk işleri ýerine ýetirilenden soň bolsa kömekçi işgärleriň dogry netije çykarandyklaryny anyklamak;

b) auditorlyk işini düzgünleşdirýän guramanyň öňünde hasabat düzmek;

ç) barlanylýan guramanyň işgärleriniň auditorlaryň işlerinden kanagatlanýandyklaryny tassyklamak.

5.3. Auditor paýdarlar jemgyýetiniň paýdarlarynyň umumy ýygnagynda resmi auditor diýlip bellenýär. Bu ykdysady tarapyň ýolbaşçysy resmi auditoryň hyzmatlary gaty gymmat diýip esaslandyryp, auditorlyk barlagyny geçirmek üçin başga auditorlyk guramasy bilen şertnama baglaşýar. Ýobaşçynyň hereketine baha beriň:

a) Ol dogry hereket etdi;

b) kanuna garşy hereket etdi, sebäbi paýdarlar jemgyýetine auditory

bellemeklik diňe paýdarlaryň umumy ýygnagynyň hukugy bolup durýar;

ç) dogry hereket etdi, sebäbi auditory paýdarlaryň umumy ýygnagynda tassyk etmegiň zerurlygy ýok.

5.4.Hökmany auditorlyk barlagyna şertnama baglaşylanda onuň düzümine hökmany,auditorlyk netijäni bermekligi goşmak:

a) Zerurdyr, sebäbi şeýle edilmese, auditor özüne jogapkärçiligi almaýar we maliýe hasabaty hakynda gutarnykly pikirini aýan etmeýär;

b) maslahat berilýär, sebäbi ol görkezilmese, barlagyň peýdasyz bolmagy mümkin;

ç) onuň manysy ýok, sebäbi Türkmenistanda auditorlyk işiniň ülňüsine laýyklykda auditor auditorlyk netijäni bermäge borçly.

5.5. Auditorlyk barlagyna şertnamanyň baglaşylandan soň onuň bahasynyň üýtgemegi:

a) eger-de bahanyň üýtgemegi şertnamada göz öňünde tutulan bolsa bu mümkin;

b) ýerine ýetirijiniň talaby boýunça ol mümkin;

ç) mümkin däl.

5.6. Auditor aşakdaky nyrh boýunça işleýär:

a) Ýumşy buýrujy bilen ylalaşylan;

b) şu welaýatda kabul edilen;

ç) Türkmenistanyň hökümeti tarpyndan tassyklanylan.

5.7. Auditor auditorlyk barlagyny amala aşyryp we auditorlyk netijäni müşderä berip, oňa özüniň bellikleriniň we netijeleriniň haýsý kadalaşdyryjy ykrarnamalara esaslanýanlygy barada maglumat bermekden boýun towlaýar. Ol bu işiň auditiň şertnamasynda göz öňünde tutulmanlygyna salgylanýar. Onuň hereketine baha beriň.

a) Auditoryň özi günäkär, bu barada şertnamada ýazgy etmelidi;

b) Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakynda" kanuny müşderä beýle maglumat almaga hukuk berenok;

ç) auditor müşderä beýle maglumaty bermäge borçly.

5.8. Auditor şertnamada barlag geçirlende ykdysady häsiýetli ýalňyşlyklaryň hemmesiniň aýan edilip bilinmezlik mümkinçiligi barada

duýdurýar. Bu ony jogapkärçilikden boşadýarmy?

a) Hawa;

b) ýok;

ç) eger-de müşderi razy bolsa boşadýar.

5.9. Auditorlyk hyzmatlaryny ýerine ýetirmäge şertnama gol çekmezden öň auditorlyk guramalaryň aşakdakylara hukugy bar:

a) Maliýe hasabatynyň resminamalary bilen tanyşmaga;

b) hakujy almaga;

ç) jogapkär şahsyýetleriň gatnaşmagynda maddy gymmatlyklara tükelleme geçirmäge ygtyýar almaga.

5.10. Auditor:

a) Auditorlyk guramasynyň auditorlyk barlagyna gatnaşýan islendik işgäridir;

b) "Auditorlyk işi hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň hünär talaplaryna laýyk gelýän we auditoryň hünär şahadatnamasy bar bolan şahsy adamdyr;

ç) auditorlyk barlagyna gatnaşýan, emma onuň netijesine jogap bermeýän işgäridir.

5.11. Kim auditorlyk barlagynyň ýolbaşçysy bolup bilýär?

a) "Hasapçylyk hasaba alyş we gözegçilik" hünäri boýunça ýokary bilimi bolan islendik şahsy adam;

b) şu auditorlyk guramada bäş ýyldan köp işlän şahsy adam;

ç) auditorlyk işini amala aşyrmaga hünär synagyny tabşyran şahsy adam.

5.12. Auditorlaryň işiniň hiliniň içki gözegçiligi nämeden ybarat?

a) Uly auditoryň öz kömekçileriniň işine gözegçiliginden;

b) ýumşy buýrujynyň tabşyrylan auditorlyk hasabatynyň hiline gözegçiliginden;

ç) auditiň netijesine döwlet maliýe gözegçiligi gullugynyň gözegçiliginden.

5.13. Auditorlyk barlagyna ýönekeý gatnaşyjylaryň işine gözegçilik kim tarapyndan amala aşyrylýar?

a) Baý auditorlyk tejribesi bolan auditorlar;

b)diňe auditorlyk guramasynyň ýolbaşçylary;

ç) uly auditor ýa-da barlagyň ýolbaşçysy.

5.14. Auditorlyk guramasynyň ýolbaşçysy edilen işiň, netijesine gözegçilik etmek üçin keseden işgär çagyryp bilýärmi?

a) Çagyryp bilenok, sebäbi edilen işiň netijesine gözegçiligi diňe şu barlagy amala aşyran hünärmenler topary amala aşyryp bilýär;

b) eger-de gözegçilik üçin çagyrylýan hünärmenleriň ýeterlik hünärmenlik derejesi bar bolsa bolýar;

ç) eger-de bu auditorlyk hyzmatyny amala aşyrmagyň şertnamasynda göz öňünde tutulan bolsa bolýar.

5.15.Auditorlyk guramalar we telekeçi auditorlar auditorlyk işi bilen ygtyýarnamasyz meşgullansalar, nähili jogapkärçilik çekýärler?

a) Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda administratiw jogapkärçilik;

b) Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda jenaýat jogapkärçiligini;

ç) hiç hili jogapkärçilik çekenok.

5.16. Auditorlyk barlagynyň daşky gözegçiligi kim tarapyndan amala aşyrylýar?

a) Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy;

b) Türkmenistanda auditorlyk işi boýunça hünär synagyny geçirmek we oňa ygtyýarlandyrmak baradaky topary;

ç) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti.

5.17.Auditiň hiline gözegçilik aşakdaky görnüşde bolýar:

a) Daşky we içki;

b) diňe däşky;

ç) diňe içki.

5.18. Auditiň hiline daşky we içki gözegçilik aşakdaky görnüşlere bölünýär:

a) Deslapky we gündelik;

b) gündelik we soňraky;

ç) deslapky, gündelik we soňraky.

5.19. Auditorlyk barlagyny geçirmegiň görnüşini we usulyny kim kesgitleýär?

a)Ýumşy buýrujy;

b) auditorlyk guramasy (telekeçi auditor);
ç) Maliýe ministrligi.
5.20. Auditorlyk barlaglaryny geçirmek üçin auditora berilýän resminamanyň we beýleki maglumatlaryň dolulygyna hem-de ygtybarlylygyna jogapkärçiligi kim çekýär?
a) Barlanýan ykdysady tarap;
b) auditorlyk guramasy;
ç) barlagy geçirýän auditor.

## 5.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 5.1-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda gündelik audite jogapkär auditor tarapyndan birnäçe ýalňyşlyklar goýberilen.

1.Uly auditor Türkmenistanyň kanunçylyklaryna laýyklykda salgyt salmalarynyň hasaplamalarynyň örän wajypdygyny bilmeli, sebäbi sähelçe ýalňyşlyklarda-da, düzgün bozmalarda-da jerime bolmagy mümkin. Şonuň üçin hem salgytlary barlamak tabşyrylan auditoryň bu soraglar boýunça tejribesini we bilim derejesini göz öňünde tutmak zerurdyr.

2.Uly auditor ýönekeý auditoryň aýdan sözlerine arkaýyn bolman, edilen işleri barlamalydy. Şeýle barlag salgyt hasaplamalarynyň ýalňyşdygyny görkezerdi.

### 5.2-nji ýagdaý

Şereketiň nukdaý nazary boýunça sähelçe ýalňyşlyk ýa-da ünssüz çap etmek hem bütin işiň netijesine täsir edip biler we şereketiň hasabat taýýarlamaga ukypsyz ýaly edilip görkezilmegi mümkin. Eger-de maliýe hasabaty ýene-de bir gezek gözden geçirilen bolsa, beýle ýalňyşlyk goýberilmezdi.

### 5.3-nji ýagdaý

Auditorlar söwda guramasynyň ýolbaşçylaryna salgyt hasaplamalary boýunça aýan edilen ýalňyşlyklar we düzgün bozmalar barada hat üsti bilen habar bermeli. Bu ýalňyşlyklaryň we düzgün bozmalaryň nähili ýagdaýlara alyp barjagy barada duýdurmaly hem-de olary düzetmegiň ýollaryny salgy

bermeli. Şol bir wagtda berlen maslahatlar hemme meseleleri çözer diýip müşderini arkaýyn etmeli däl.

**5.4-nji ýagdaý**

"Auditorlyk işi hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 20-nji maddasyna laýyklykda edara görnüşli tarapyň auditorlyk işine ygtyýarnama almagy üçin onuň düzüminde pesinden 3 sany auditorlyk işine ygtyýarnamaly auditory bolmaly. Eger-de auditorlaryň sany 3-den az bolan ýagdaýynda bu barada Türkmenistanda auditorlyk işi boýunça hünär synagyny geçirmek we oňa ygtyýarnama bermek baradaky toparyna habar bermeli. Ol topar düzgün bozmany düzetmek üçin möhlet berýär we eger-de şol döwürde ol düzedilmese, onda guramanyň ygtyýarnamasynyň güýji ýatyrylyp bilinýär.

**5.5-nji ýagdaý**

"Auditorlyk işi hakynda" Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda auditorlyk guramalarynyň barlanýan tarapyň ýazmaça rugsady bolmasa, olar baradaky maglumatlary üçünji tarapa bermäge hukugy ýok. Şu düzgün bozulan ýagdaýynda auditorlyk guramasynyň ygtyýarnamasynyň güýji ýatyrylýar.

**5.6-njy ýagdaý**

"Audit" auditorlyk guramasynyň kabul eden karary nädogry, sebäbi bu ýerde garaşsyzlyk esaslary ýitirilýär. "Auditorlýk işi hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 20-nji maddasyna 1aýyklykda bu ýagdaýda "Audit" auditorlyk guramasynyň ygtyýarnamasynyň güýji ýatyrylmaga degişlidir.

**5.7-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda şertnamanyň togtadylmagynyň sebäbi anyklanylmaly we goşmaça maglumatlar öwrenilenden soň, barlagy geçirmäge päsgelçilik berýän ýagdaýlaryň ýoklugy anyklanylandan soň çözgüt kabul etmeli.

**5.8-nji ýagdaý**

Auditorlyk guramasynyň ýolbaşçysy auditiň syr saklamak esaslaryny bozupdyr. Ykdysady tarap ondan ýetirilen zyýanyň öweziniň tölenmegini talap edip bilýär. Şeýle-de auditorlyk guramasynyň ygtyýarnamasynyň güýji ýatyrylyp bilinýär.

### 5.9-njy ýagdaý

Resminamalary gaýtarmakdan boýun towlap, auditorlyk şereketiniň işgärleri auditorlyk işiniň ahlak kadalaryny bozýarlar. Maglumatlary rugsatsyz ile ýaýmak bolsa kanuny bozmak bolýar. Şol sebäpli-de algyny almak üçin başga usullary ulanmaly.

### 5.10-njy ýagdaý

Hasaba alnyşyň we hasabatlylygyň ýalňyşlyklary we düzgün bozmalary üçin jogapkärçiligi ykdysady tarapyň ýolbaşçylary çekýär. Maliýe hasabatynyň dogrulygy barada öz pikirini emele getirenligi we yglan edenligi üçin jogapkärçiligi barlagy geçiren auditorlyk guramasy we auditorlar çekýärler.

## 5.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

5.1. - a; 5.2. - a; 5.3 - b; 5.4- ç; 5,5. - a; 5.6. - a; 5.7. - ç; 5.8. - b; 5.9. - a; 5.10. - a; 5:11. - ç; 5.12. - a; 5.13. - ç; 5.14. -b; 5.15. - a; 5.16. -b; 5.17- a; 5.18. - ç; 5.19. - b; 5.20. - a;

# TEMA 6. AUDITOR BARLAGYNY TAÝÝARLAMAK

## 6.1. Usuly görkezmeler

Bu tema boýunça ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin ilki bilen Türkmenistanyň auditorlyk işiniň "Auditi geçirmäge razylyk barada borçnamahaty", "Maddylyk we auditorlyk töwekgelçilik", "Auditorlyk subutnamalar", "Auditiň gidişinde buhgalterlik hasaba alnyşynyň we içki gözegçiligiň ulgamlaryny öwrenmek we baha bermek", "Auditorlyk saýlap almalar", "Auditi geçirmegiň maksatlary we esasy garaýyşlary" ülňüleri bilen tanyşmaly. Şeýle hem bu tema düşünmek üçin "Auditorlyk işi hakynda" Türkmenistanyň kanuny we okuw gollanmasynyň 6-njy baby bilen tanyşmaly we şu meseleler ýygyndysynyň 6.2-nji bendindäki barlag üçin soraglara jogap bermeli.

Auditor barlagyny taýýarlamak endigini şu meseleler ýygyndysynyň 6.3-nji bendinde getirilen ýumuşlary ýerine ýetirip alarsyňyz.

6.4-nji bentde getirilen testleri çözüp, bilimi özleşdiriş derejäňizi kesgitläp

bilersiňiz.

## 6.2. Barlag üçin soraglar

1. Auditi geçirmeklige razylyk barada borçnama-hatynyň maksadyny aýdyp beriň.

2. Auditor müşderiniň buhgalterlik hasaba alnyş ulgamyny jikme-jik öwrenmek bilen öňünde näme maksat goýýar?

3. Müşderiniň buhgalterlik hasaba alnyş ulgamyny öwrenende auditoryň ulanýan usullaryny sanap beriň.

4. Barlanýan ykdysady tarapyň işewürligi baradaky maglumat auditora näme üçin gerek?

5. Içki gözegçilige baha bermek üçin auditor haýsy işleri ýerine ýetirmeli?

6. Düýplülik nämäni aňladýar?

7. Düýplüligiň derejesi diýip nämä düşünilýär?

8. Auditorlyk töwekgelçilik näme?

9. Hojalygyň içindäki töwekgelçilik nämäni aňladýar?

10.Gözegçilik serişdesiniň töwekgelçiligi diýip nämä düşünilýär?

11.Ýüze çykarmazlyk töwekgelçiligi nämäni aňladýar? ,

12.Kabul ederlikli auditorlyk töwekgelçiligi nämäni aňladýar?

## 6.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 6.l-njy ýagdaý

Ykdysady tarap uly bahaly şertnama baglaşmak isleýär. Kärhananyň ýolbaşçylary auditorlyk guramasyna bu şertnama üçin salgytlaryň ýagdaýyny barlap bermegi teklip edip ýüz tutýar.

Şertnamanyň predmetini kesgitläň.

### 6.2-nji ýagdaý

Kärhananyň ýolbaşçylary işe täze baş hasapçyny kabul etdiler we 3 aýdan soň auditorlyk guramasyna geçen döwürde onuň işini barlap bermegi teklip edip ýüz tutýar.

Şertnamanyň predmetini kesgitläň.

### 6.3-nji ýagdaý

Hojalygyň içindäki töwekgelçilik (HIT) – 80%, gözegçilik serişdesiniň töwekgelçiligi (GST) – 50%, ýüze çykarmazlyk töwekgelçiligi (ÝÇT) – 10%.

Kabul ederlikli auditorçylyk töwekgelçiligini kesgitläň.

### 6.4-nji ýagdaý

Kabul ederlikli auditorçylyk töwekgelçiligi (KAT) – 0,05, hojalygyň içindäki töwekgelçilik (HIT) – 0,8, gözegçilik serişdesiniň töwekgelçiligi (GST) – 0,2.

Ýüze çykarmazlyk töwekgelçiligini kesgitläň.

### 6.5-nji ýagdaý

Düýplülik derejesini kesgitlemek üçin aşakdaky jedwelden peýdalanyň.

Düýplüligiň derejesiniň ýeke-täk görkezijisini kesgitläň.

| Binýat görkezijisiniň ady | Barlanýan ykdysady tarapyň maliýe hasabatynyň binýat görkezijisi | Paý (%) | Düýplülik derejesini tapmak üçin ulanylýan ululyk |
|---|---|---|---|
| Kärhananyň balans peýdasy | 200000 | 5 | |
| Ýerlemäniň umumy möçberi, goşulan baha üçin salgytsyz | 1000000 | 2 | |
| Balansyň jemi | 100000000 | 2 | |
| Hususy serişdeleriň jemi (balansyň passiwiniň I bölüminiň | 50000 | 10 | |
| Kärhananyň umumy harajatlary | 800000 | 2 | |

### 6.6-njy ýagdaý

Aşakdaky şertlerden ugur alyp, auditorlyk hyzmatyny amala aşyrmaga borçnama-hatyny we şertnamany düzüň.

1. Ykdysady tarapyň teklibi.

## RESMI AUDITORY BELLEMEK HAKYNDAKY TEKLIP

ş. Aşgabat gir. № 1 4 Ýanwar 200_

Tertipnamanyň esasynda hereket edýän "Daýanç" ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň adyndan direktor Welmyradow Ýegenmyrat Pirgulyýewiç Siziň auditorlyk guramaňyza 200_ ýyla resmi auditor edip bellenmäge razylyk bermegiňizi haýyş edýär.

"Daýanç" ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň gysgaça häsiýetnamasy.

1."Daýanç" ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýeti işiň iki görnüşini alyp barýar: önümçilik we maslahat bermek hyzmatlary.

2.Buhgalterlik hasaba alnyşy kompýuterleşdirilen.

3."Daýanç" ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň Mary welaýatynda bir şahamçasy bar.

4.Ýylyň dowamynda satmakdan alýan girdejisi 3 mlrd. man.

Biziň teklibimize seretmegiňizi we resmi razyçylygyňyzy "Daýanç" ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň direktorynyň adyna ibermegiňizi haýyş edýäris.

Biziň hukuk salgymyz: 744004, Aşgabat şäheri, Görogly köçesi, 110-njy jaý, telefonymyz 34-07-28.

Hotmatlamak bilen

DirektorÝ.P.Welmyradow

2. Auditorlyk guramasy baradaky maglumatlar.

"Aşgabat-audit" hojalyk jemgyýeti, bellige alnyş şahadatnamasy

№ 40004432 Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Daşary ýurt maýa goýumlary baradaky Döwlet gullugy tarapyndan 2005-nji ýylyň 28-nji iýulynda berlen.

Hukuk salgysy: 744013, Aşgabat şäheri, Atamyrat Nyýazow köçesi, 154-nji jaý, telefony 39-28-70.

H/h 3674825 DTB "Türkmenbaşybank", b/k 390101304, s/k 102131002593

Direktor P.W.Ýollyýew

Auditorlyk işini ýerine ýetirmäge ygtyýarnama № 000308, 2002-nji ýylyň

12-nji fewralynda berlen.

## 6.4. Soragly ýumuşlar

6.1. Auditorlyk guramasynyň audit geçirmeklige razylyk barada borçnama haty auditor tarapyndan näme üçin düzülýär?

a) Diňe auditi geçirmäge çakylyga razylygy aýan etmek üçin;

b) auditi geçirmäge çakylyga razylygy aýan etmek, şeýle hem auditorlyk barlagynyň şertlerini, auditorlyk guramasynyň borçlaryny we barlanýan ykdysady tarapyň borçlaryny kesgitlemek üçin;

ç) auditi geçirmäge çakylyga razylygy we beýleki auditorlyk guramalaryndan artykmaçlyk bildirenligi üçin minnetdarlygyny aýan etmek üçin.

6.2. Auditorlyk şertnama bu:

a) Tabşyryk şertnamasydyr;

b) tölegli hyzmaty amala aşyrmak üçin şertnamadyr;

ç) potrat şertnamasydyr.

6.3. Auditorlyk guramasynyň ýumşy buýrujy bilen şertnamasynyň möhleti aprel aýynyň 1-ine (ýekşenbede) tamamlanýar. Şertnamanyň şerti bozulmaz ýaly, auditorlyk netijenamasyny tabşyrmagyň iň soňky möhleti:

a) Mart aýynyň 30-yna (Anna güni) ýumşy buýrujy guramanyň iş wagty tamamlanýança;

b) mart aýynyň 31-ine (şenbe, ýumşy buýrujy guramanyň iş güni) iş wagty tamamlanýança;

ç) aprel aýynyň 2-sine (duşenbe) ýumşy buýrujy guramanyň iş wagty tamamlanýança.

6.4. Auditorlyk barlagyny geçirmäge şertnamanyň hukuk görnüşi we mazmuny:

a) potrat şertnamasydyr. Şertnamanyň mazmuny – "Auditorlyk guramasy (potratçy) ýumuş buýrujynyň buýurmasy boýunça hasabat döwri üçin maliýe hasabatynyň auditorlyk barlagyny ýerine ýetirmegi we onuň netijesini ýumuş buýruja tabşyrmagy borçlanýar. Ýumuş buýrujy (ykdysady tarap) auditorlyk barlagynyň netijesini kabul etmegi we oňa töleg etmegi borçlanýar";

b) tölegli hyzmaty amala aşyrmagyň şertnamasydyr. Şertnamanyň mazmuny – “Auditorlýk guramasy ýumuş buýrujynyň buýurmasy boýunça hasabat döwri üçin maliýe hasabatynyň auditorlyk barlagyny ýerine ýetirmegi borçlanýar. Ýumuş buýrujy (ykdysady tarap) ýerine ýetirilen hyzmat üçin töleg etmegi borçlanýar”;

ç) tölegli hyzmaty amala aşyrmagyň şertnamasydyr. Şertnamanyň mazmuny – “Auditorlyk guramasy ýumuş buýrujynyň buýurmasy boýunça hasabat döwri üçin maliýe hasabatynyň auditorlyk barlagyny ýerine ýetirmegi we onuň esasynda auditorlyk netijäni tabşyrmagy borçlanýar. Ýumuş buýrujy (ykdysady tarap) ýerine ýetirilen hyzmat üçin töleg etmegi borçlanýar” .

6.5. Auditorlyk netijesi düzülende düýplülik esasyny ulanmaklyk nämäni aňlatmaýar?

a) Ykdysady tarapyň maliýe hasabatyna täsir edýän ýa-da täsir edip biljek ýagdaýlaryň ýokdugyny;

b) onda audit geçirilende aýan edilen hemme düýpli ýagdaýlaryň beýan edilendigini;

ç) audit geçirilende auditorlyk şereket tarapyndan hiç hili gaýry düýpli ýagdaýlaryň aýan edilmändigini.

6.6. Barlanylýan ykdysady tarapyň maliýe hasabatynyň tötänleýin ýoýulmasy haýsy ýagdaýda düýpli hasaplanýar?

a) Haçanda ol maliýe hasabatynyň hakykylygyna, ol maliýe hasabatyny ýokary derejeli ulanyjynyň munuň ýaly hasabatyň esasynda nädogry netije çykarmagyna ýa-da nädogry karar kabul etmegine alyp barýan derejede güýçli täsir edýän bolsa;

b) haçanda ol maliýe hasabatynyň hakykylygyna ol maliýe hasabatyna gyzyklanýan ulanyjynyň munuň ýaly hasabatyň esasynda nädogry netije çykarmagyna ýa-da nädogry karar kabul etmegine alyp barýan derejede güýçli täsir edýän bolsa;

ç) haçanda ol hasaba alnyşda hojalyk işiniň maglumatlarynyň nädogry görkezilmeginiň netijesi bolýan bolsa.

6.7. Türkmenistanyň auditorlyk işiniň ülňülerine laýyklykda auditorlyk töwekgelçiligi haýsy görnüşlerden ybarat:

a)barlanýan ykdysady tarapyň buhgalterlik hasaba alnyşynda ýalňyşlygyň bolmagynyň töwekgelçiligi; hojalygyň içindäki töwekgelçilik; gözegçilik serişdesiniň töwekgelçiligi;

b) barlanýan ykdysady tarapyň buhgalterlik hasaba alnyşynda ýalňyşlygyň bolmagynyň töwekgelçiligi; hojalygyň içindäki töwekgelçilik; ýüze çykarylmazlyk töwekgelçiligi;

ç) hojalygyň içindäki töwekgelçilik; gözegçilik serişdesiniň töwekgelçiligi; ýüze çykarylmazlyk töwekgelçiligi.

6.8. Ilkibaşdaky auditde auditoryň müşderiniň öňündäki borçnama - - haty:

a) Auditorlyk guramasy (auditor) üçin düzmek hökmandyr we auditi geçirmeklige şertnama düzülmezinden ozal ýerine ýetiriji gurama iberilýär;

b) auditorlyk guramasy (auditor) üçin düzmek hökmandyr we auditi geçirmeklige şertnama düzülenden soň, ýerine ýetiriji gurama iberilýär;

ç) auditorlyk guramasy (auditor) üçin düzmek hökman däl, emma şeýle resminama düzülse, onda ol auditi geçirmeklige şertnama düzülenden soň ýerine ýetiriji gurama iberilýär.

6.9. Auditorlyk barlag geçirilende töwekgelçiligiň derejesine näme has düýpli täsir edýär?

a) Müşderiniň içki gözegçiliginiň ýagdaýy;

b) müşderiniň maliýe ýagdaýy;

ç) auditorlyk guramasynyň maliýe ýagdaýy.

6.10. Auditorlyk barlag geçirilmeli döwür kim tarapyndan kesgitlenýär?

a) Barlanýan tarap;

b) Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy;

ç) ýagdaýa baglylykda auditor tarapyndan.

6.11. Auditorlyk guramasy borçnama hatyna goşmaça şu şertleri goşup bilýär:

a) auditorlyk barlagy;

b) audite tölegi;

ç) auditorlyk guramasynyň we müşderiniň borçnamalary boýunça.

6.12. Içki gözegçilik ulgamyna baha bermeklik näme üçin amala

aşyrylýar?

a) Auditiň göwrümine baha bermek we meýilnamalaşdyrmak;

b) kärhana hakynda umumy maglumat almak;

ç) kärhananyň ýaşaýyş ukyplylygyny we tozmaklyk mümkinçiligini kesgitlemek.

6.13. Auditiň maddylygy bu:

a)auditorlyk şereketde auditorlaryň zähmetine hak tölemegiň derejesidir;

b) şertnama boýunça işiň bahasyny kesgitlemekdir;

ç) hasabatda ýalňyşlyk goýberip we düýpli däl diýip garap boljak iň ýokary möçberidir.

5.14. Auditorlyk töwekgelçilik nämäniň esasynda kesgitlenýär?

a) Audit geçirilenden soň maliýe hasabatlylygynda aýan edilmedik maddy ýalňyşlyklaryň bolmagynyň goýbererlikli ähtimallygy barada auditoryň pikiriniň esasynda;

b) auditorlyk barlag geçirilýän ykdysady tarapyň maliýe ýagdaýyndan ugur alyp;

ç) maliýe hasabatlylygyndaky ýalňyşlygyň ulanyjyda ýalňyş pikir döretmez ýaly derejedäki iň ýokary goýberip bolýan möçberi boýunça.

6.15. Töwekgelçiligiň seljermesiniň ahyrky maksady bolup şuňa baha bermek durýar:

a) Auditorlyk töwekgelçiligine;

b) içki gözegçiligiň töwekgelçiligine;

ç) ýüze çykarylmazlyk töwekgelçiligine.

6.16. Auditorlyk töwekgelçilik nähili kesgitlenýär?

a) Test geçirmegiň esasynda;

b) formula boýunça hasaplanyp;

ç) auditorlyk guramasy bilen barlanýan tarapyň arasyndaky şertnama boýunça.

6.17. Auditorlyk guramasy (auditor) auditi geçirmeklige razylygyny ýa-da ony resmi auditor edip bellemek hakyndaky teklibi kabul edýändigi auditiň haýsy ülňüsiniň esasynda resminamalaýyn

tassyklanylýar?

a) “Auditi geçirmäge razylyk barada borçnama-haty”;

b) “Meýilnamalaşdyrma”;

ç) “Maddylyk we auditorlyk töwekgelçilik”.

6.18. Auditi geçirmäge razylyk barada borçnama hatyny taýýarlamak üçin ykdysady tarapyň auditorlyk barlagyny geçirmek ýa-da oňa ugurdaş hyzmatlary amala aşyrmak barada haýyş edip, resmi teklip etmegi hökmanmy?

a) Mümkin;

b) hawa;

ç) ýok.

6.19. Borçnama-haty şertnama düzülmezden öňürti kime ugradylýar?

a) Paýdarlaryň umumy ýygnagyna;

b) ykdysady tarapyň ýerine ýetiriji guramasyna;

ç) ýolbaşçylaryň maslahatyna.

6.20. Auditorlyk guramasynyň ykdysady tarapa ugradan borçnama- - haty nämäni resminamalaýyn tassyklaýar?

a) Taraplaryň borçlaryny;

b) hyzmatlaryň bahasyny;

ç) resmi auditor bellenmäge razylygy.

## 6.5. ÝAGDAÝLARYŇ WE ÝUMUŞLARYŇ ÇÖZÜLIŞI

### 6.1-nji ýagdaý

Şertnamanyň predmeti salgytlar boýunça maslahat bermäge degişli audite ugurdaş hyzmat bolup durýar.

### 6.2-nji ýagdaý

Şertnamanyň predmeti çärýeklik auditorlyk barlagyny geçirmek bolup durýar.

### 6.3-nji ýagdaý

KAT = HIT • GST • ÝÇT = 4%

### 6.4-nji ýagdaý

ÝÇT = KAT: (HIT • GST) = 0,05 : (0,8 • 0,2) = 31,25%

### 6.5-nji ýagdaý

| Binýat görkezijisiniň ady | Barlanýan ykdysady tarapyň maliýe hasabatynyň binýat görkezijisi | Paý (%) | Düýplülik derejesini tapmak üçin ulanylýan ululyk |
|---|---|---|---|
| Kärhananyň balans peýdasy | 200000 | 5 | 10000 |
| Ýerlemäniň umumy möçberi, goşulan baha üçin salgytsyz | 1000000 | 2 | 20000 |
| Balansyň jemi | 100000000 | 2 | 2000000 |
| Hususy serişdeleriň jemi (balansyň passiwiniň I bölüminiň jemi) | 50000 | 10 | 5000 |
| Kärhananyň umumy harajatlary | 800000 | 2 | 16000 |

### 6.6-njy ýagdaý

Türkmenistanyň auditorlyk işiniň "Auditi geçirmäge razylyk barada borçnama-haty" ülňüsinden we okuw gollanmada getirilen 9-njy goşulmadaky hökmany auditorlyk barlagyny geçirmek üçin şertnamanyň nusgasyndan peýdalanmaly.

## 6.6. SORAGLY ÝUMUŞLARYŇ JOGAPLARY

6.1. - b; 6.2. - b; 6.3 - ç; 6.4 - b; 6.5. - a; 6.6. - a; 6.7. - ç; 6.8. -a; 6.9. - ç; 6.10. - a; 6.11. - b; 6.12. - a; 6.13. - ç; 6.14. - a; 6.15. - ç; 6.16. -b; 6.17. -a; 6.18. -b; 6.19. -b; 6.20.-ç;

# TEMA 7. AUDITORLYK BARLAGYNYŇ MEÝILNAMALAŞDYRYLYŞY

## 7.1. Usuly görkezmeler

Auditorlyk işini ýokary derejeli we hilli amala aşyrmagyň, onuň zähmet talap edijiligini we töwekgelçiligini peseltmegiň wajyp şerti bolup auditi meýilnamalaşdyrmak bolup durýar. Ol ilkinji nobatda auditorlyk guramasy tarapyndan auditiň meýilnamasyny we maksatnamasyny işläp düzmekden ybaratdyr. Bu tema boýunça ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin ilki bilen Türkmenistanyň auditorlyk işiniň "Meýilnamalaşdyrma" ülňüsi bilen tanyşmaly. Şeýle hem bu tema düşünmek üçin okuw gollanmasynyň 7-nji babyny özleşdirmeli.

Auditiň meýilnamasy audit amala aşyrylanda ýerine ýetirilýän işleriň düzümini, işi ýerine ýetirijiler, ýerine ýetirmegiň möhletleri görkezilen resminamadyr. Auditiň umumy meýilnamasyny işläp düzmek üçin ilkibaşda auditorlyk barlagynyň maksadyna ýetmek üçin umumy meýilnamada göz öňünde tutmak zerur bolan işleri ýa-da meseleleri kesgitlemeli. Okuw gollanmasynyň 13-25-nji baplarynyň mazmuny bilen tanyşmaklyk auditiň umumy meýilnamasynyň esasy bölümleriniň düzümini açyp görkezmäge mümkinçilik berýär. 7.1-nji tablisa esasy emläkleriň nyşanlary (esasy serişdeler, maddy däl aktiwler, pul serişdeleri, maliýe goýumlary we beýlekiler) we hojalyk amallarynyň toparlary (emlägiň barlygy, gelmesi, çykmasy we emläkler bilen gaýry amallar) boýunça auditorlyk işiniň düzümini görkezýär.

7.2-nji we 7.3-nji tablisa düşewüntleriň, çkdajylaryň we maliýe netijeleriň auditiniň işiniň düzümini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Hususy maýanyň auditiniň işi maýanyň görnüşleri boýunça tapawutlandyrylýar.

Auditiň maksatnamasy auditiň umumy meýilnamasynyň esasynda düzülýär hem-de auditiň meýilnamasyny amala aşyrmak üçin zerur bolan auditorlyk işleriniň jikme-jik sanawyndan ybarat. Onda barlanýan tarap we auditorlyk guramasy baradaky maglumatlar görkezilýärler. Her bir iş boýunça ýerine ýetirijiler we ýerine ýetirilmeli möhletleri görkezilýär. Maksatnama düzülende diňe bir auditoryň işçi resminamalaryna salgylanman, barlanýan

tarapyň degişli işleri ýerine ýetirmek üçin zerur bolan kadalaşdyryjy namalaryna we resminamalaryna salgylanmak maksada laýykdyr. Auditiň maksatnamasynyň görnüşi okuw gollanmasynyň 7.2-nji tablisasynda getirilendir.

7.1-nji tablisa

Emläkleriň toparlary boýunça hojalyk amallary

| Amallaryň | Emläkleriň toparlary | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | ES | MDA | MG | MS | HMB | OHIH | TO | PSDYP |
| A | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| 1. Emlägiň barlygy | 1.1. | 1.2. | 1.3. | 1.4. | 1.5. | 1.6. | 1.7. | 1.8. |
| 2. Emlägiň gelmegi | 2.1. | 2.2. | 2.3. | 2.4. | 2.5. | 2.6. | 2.7. | 2.8. |
| 3. Emlägiň çykmagy | 3.1. | 3.2. | 3.3. | 3.4. | 3.5. | 3.6. | 3.7. | 3.8. |
| 4. Emläkler bilen gaýry amallar | 4.1. | 4.2. | 4.3. | 4.4. | 4.5. | 4.6. | 4.7. | 4.8. |
| 5. Hasaplaşyklar | 5.1. | 5.2. | 5.3. | 5.4. | 5.5. | 5.6. | 5.7. | 5.8. |
| 6. Girdejileriň we çykdajylaryň emele gelmegi | 6.1. | 6.2. | 6.3. | 6.4. | 6.5. | 6.6. | 6.7. | 6.8. |
| 7. Maliýe netijeleriniň emele gelmegi | 7.1. | 7.2. | 7.3. | 7.4. | 7.5. | 7.6. | 7.7. | 7.8. |
| 8. Maýanyň emele gelmegi | 8.1. | 8.2. | 8.3. | 8.4. | 8.5. | 8.6. | 8.7. | 8.8. |

Bu ýerde:

ES - esasy serişdeler;

MDA- maddy däl aktiwler;

MG- maýa goýumlary;

MS- maliýe serişdeleri;
HMB- haryt-maddy baýlyklar;
ÖHIH- önüm, haryt, iş, hyzmat;
TÖ- tamamlanmadyk önümçilik;
PSDÝP - pul serişdeleri, daşary ýurt pul gymmatlyklary

7.2-nji tablisa

**Buhgalterlik hasaba alnyşda we salgyt salmalarda girdejileri toparlamak we olaryň düzümi**

| Düşewüntler | Buhgalterlik hasaba alnyşda | | | Salgyt salmalarda | |
|---|---|---|---|---|---|
| | Işiň adaty görnüşlerinden | Amaly | Satmak bilen bagly bolmadyk we adatdan daşary | Satmakdan | Satmak bilen bagly bolmadyk |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| 1. Onümleri, harytlary satmakdan alnan girdejiler, ýerine ýetirilen işlerden, amala aşyrylan hyzmatlardan gelmeler | + | | | | |
| 2. Harytlary (işleri, hyzmatlary) satmakdan alnan girdejiler | | | | + | |
| 3. Emlägi kärendesine bermekden gelen girdejiler | | | | | + |
| 4. Mugt alnan emläkler | | | + | | |
| 5. Zyýanlaryň we zelelleriň öwezini dolmagyň jemi | | | + | | + |
| 6. Bahaly kagyzlardan goýumlaryň hasabyna düşewüntler we göterimler | | + | | | |

7.2-nji tablisanyň 1-nji dowamy

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| 7. Beýleki guramalaryň işlerine gatnaşmakdan alnan girdejiler | | + | | | + |
| 8. Tükellemede aýan edilen emlägiň artykmaçlyklary | | | + | | + |
| 9. Alyp boljak möhleti tamamlanan bergi we saklamaga berlen borçlar | | | + | | |
| 10. Alyp boljak möhleti tamamlananlygy üçin hasapdan öçürilen bergi borçlary | | | | | + |
| 11. Oňaýly hümmet aratapawudy (bahasy daşary ýurt pulunda görkezilen emläkleriň we borçlaryň gaýtadan bahalandyrylmagyndan) | | | + | | + |
| 12. Geçen ýyllarda tama üzülenligi sebäpli zyýana degişli edilen algy borçlaryny üzmeklik | | | + | | |
| 13. Bilelikdäki işden paýlanýan düşewünt | | + | | | + |
| 14. Hasabat ýylynda aýan edilen geçen ýyllaryň girdejisi | | | + | | + |
| 15. Esasy serişdeleri we gaýry aktiwleri satmakdan alnan, pul serişdelerinden tapawutly | | + | | | |

7.2-nji tablisanyň 2-nji dowamy

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| 16. Karz şertnamalaryndan, bank hasaplaryndan, bank goýumlaryndan, gymmatly kagyzlardan we gaýry borçlardan alnan göterimler | | + | | | + |
| 17. Dikeltmäge we ulanmaga ýaramsyz aktiwleri hasapdan çykarmakdan alnan maddy gymmatlyklaryň bahasy | | | + | | + |
| 18. Esasy serişdeleri sökmekden, bozmakdan ýa-da ýok etmekden alnan materiallaryň we gaýry emläkleriň bahasy | | | | | + |
| 19. Adatdan daşary ýagdaýlar sebäpli zyýanlaryň ätiýaçlandyrma öwez tölegi we gaýry çeşmelerden ýapylmagy | | | + | | |
| 20. Şertnama borçlaryny bozanlygy sebäpli jerime çäreleri | | | + | | + |
| 21. Dikeldilen ätiýaçlaryň jemi | | | | | + |
| 22. Maksatlaýyn ulanylmadyk emläkler (ş. s. pul serişdeleri), hemaýatçylyk işleriniň çäginde alnan işler, hyzmatlar, maksatlaýyn gelmeler (býujet serişdelerinden başga) | | | | | + |

7.2-nji tablisanyň 3-nji dowamy

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| 23. Guramanyň paýdarlaryna gatançlaryň (goýumlaryň) degişli böleginiň gymmatyny gaýtarmakdan boýun towlanynda guramanyň esaslyk maýasynyň kemelmeginiň jemi | | | | | + |
| 24. Gaplar bilen amallardan gelmeler | | | | | |

7.3-nji tablisa

**Buhgalterlik hasaba alnyşda we salgyt salmalarda çykdajylary toparlamak we olaryň düzümi**

| Çykdajylar | Buhgalterlik hasaba alnyşda | | | Salgyt salmalarda | |
|---|---|---|---|---|---|
| | Işiň adaty görnüşlerinden | Amaly | Satmak bilen bagly bolmadyk we adatdan daşary | Satmakdan | Satmak bilen bagly bolmadyk |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| 1. Çig mallary, materiallary we maddy önümçilik ätiýaçlaryny almak üçin çykdajylar | + | | | + | |
| 2. Önümleri taýýarlamak, işleri etmek, hyzmatlary ýerine ýetirmek we satmak üçin çykdajylar | + | | | | |

7.3-nji tablisanyň 1-nji dowamy

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| 3. Onümleri, harytlary öndürmek, saklamak we getirmek, işleri etmek, hyzmatlary ýerine ýetirmek, harytlary (işleri, hyzmatlary) satyn almak üçin çykdajylar | | | | + | |
| 4. Zaýadan ýitgiler | | | | | + |
| 5. Önümçilik işi sebäpli işsiz durmalardan ýitgiler | | | | | + |
| 6. Günäkär tarapyndan öwezi dolunmaýan, daşky sebäpler boýunça işsiz durmalardan ýitgiler | | | | | + |
| 7. Maddy gymmatlyklaryň önümçilikde we ambarlarda, söwda kärhanalarynda günäkärleri tapylmaýan ýetmezçilikleri, şeýle hem günäkärleri anyklanylmadyk ogurlyklardan zyýanlar | | | | | + |
| 8. Dolanyşykda däl aktiwleri saklamak we ulanmak üçin çykdajylar | + | | | | |

7.3-nji tablisanyň 2-nji dowamy

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| 9. Esasy serişdeleri we gaýry emjamlary saklamak, ulanmak, abatlaşdyrmak we tehniki hyzmat etmek üçin çykdajylar | | | | + | |
| 10. Könelme hasaplanýan aktiwleriň gymmatyny gaýtarmak (üzmek) | + | | | | |
| 11. Tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin çykdajylar | | | | + | |
| 12. Ylmy-barlag we tejribe-düzüş işler üçin çykdajylar | | | | + | |
| 13. Harytlary satyn almak we satmak üçin çykdajylar | + | | | | |
| 14. Tama üzülen bergileriň, şübheli bergileriň ätiýajy döredilen ýagdaýynda bolsa, bu ätiýajyň serişdeleri bilen ýapylmadyk tama üzülen bergileriň jemi | | | | | + |
| 15. Aktiwleri kärendä almak boýunça çykdajylar | + | + | | + | + |
| 16. Beýleki guramalaryň esaslyk maýasyna gatnaşmak boýunça çykdajylar | + | + | | | |

7.3-nji tablisanyň 3-nji dowamy

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| 17. Dolandyryş harajatlary | + | | | | |
| 18. Hökmany we meýletin ätiýaçlandyrmalara çykdajylar | | | | + | |
| 19. Pul serişdelerinden, harytlardan, önümlerden tapawutly aktiwleri satmak, çykarmak we hasapdan öçürilmek boýunça çykdajylar | | + | | | |
| 20. Onümçilikden çykarylýan esasy serişdeleri, tamamlanylmadyk gurluşyklaryň obýektlerini we gurulmagy tamamlanmadyk gaýry emläkleri ýok etmeklige çykdajylar | | | | | + |
| 21. Onümçilik kuwwatlyklaryny we obýektlerini duruzmak we duruzmakdan çykarmak, şol sanda duruzylan önümçilik kuwwatlyklaryny we obýektlerini saklamak üçin çykdajylar | | + | | | + |
| 22. Ýatyrylan önümçilik ýumuşlaryna we önüm bermedik önümçiliklere çykdajylar | | + | | | + |

7.3-nji tablisanyň 4-nji dowamy

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| 23. Gap bilen amallara çykdajylar | | + | | | + |
| 24. Guramanyň ulanmaga berlen pul serişdeleri (karzlar) üçin göterimler | | + | | | |
| 25. Guramanyň emitirlän bergi borçlary boýunça göterimler | | | | | + |
| 26. Bank hyzmatlary üçin çykdajylar | | + | | + | + |
| 27. Şübheli bergiler boýunça ätiýaçlara tutmalar | | + | | | |
| 28. Şübheli bergiler boýunça ätiýaçlary döretmek üçin çykdajylar | | | | | + |
| 29. Hususy gymmatly kagyzlary çykarmagy guramak üçin çykdajylar | | | | | + |
| 30. Satyn alnan gymmatly kagyzlara hyzmat etmek üçin çykdajylar | | | | | + |
| 31. Şertnamanyň şertlerini bozany üçin jerimeler, puşmany tölegler | | | + | | |

7.3-nji tablisanyň 5-nji dowamy

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| 33. Şertnamalaýyn ýa-da bergidarlyk borçlaryny bozanlygy üçin ykrar edilen ýa-da tölemäge degişli jerimeler, puşmany tölegler ýa-da gaýry jerime çäreleri, ýetirilen zeleliň öwezini dolmaga çykdajylar | | | | | + |
| 34. Guramanyň ýetiren zyýanynyň öwezini dolmak | | | + | | |
| 35. Hasabat döwründe aýan edilen geçen döwürleriň zyýanlary | | | + | | + |
| 36. Ogurlyklar boýunça bergileriň günäkärleriň ýagdaý-syzlygy sebäpli zyýana ýazylmagy | | | + | | |
| 37. Gymmatlyklaryň günäkärleri aýan edilmedik ogurlyklardan zyýanlar | | | + | | |
| 38. Gözleg möhleti tamamlanan algy borçlary | | | + | | |
| 39. Hümmet aratapawudy | | | + | | + |
| 40. Bahasy daşary ýurt pulunda aňladylan emläkleriň we borçlaryň gaýtadan bahalandyrylmagyndan oňaýsyz hümmet aratapawudy | | | | | + |

7.3-nji tablisanyň 6-njy dowamy

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| 41. Aktiwleriň bahasyny peseltmegiň jemi | | | + | | |
| 42. Hemaýatçylyk işleri bilen bagly bolan serişdeleri geçirmek | | | + | | |
| 43. Sport-şagaldyş we medeni-aň häsiýetli çäreleri amala aşyrmak üçin çykdajylar | | | + | | |
| 44. Kazyýetçilik çykdajylary | | | + | | + |
| 45. Paýdarlaryň her ýyllyk ýygnagyny geçirmegiň çykdajylary | | | | | + |
| 46. Tebigy betbagtçylyklar, ýangyn, heläkçilik we beýleki adatdan daşary ýagdaýlar sebäpli hem-de tebigy betbagtçylyklaryň we adatdan daşary ýagdaýlaryň ýetiren zyýanlaryny düzetmek bilen bagly bolan ýitgiler | | | + | | + |

Alnan bilimleri berkitmek maksady bilen meseleler ýygyndysynyň 7.2-nji bendindäki barlag üçin soraglara jogap bermek gerek.

Auditorlyk barlagynyň meýilnamaşyny we maksatnamasyny taýýarlamak endigini şu meseleler ýygyndysynyň 7.3-nji bendinde getirilen ýumuşlary ýerine ýetirip alarsyňyz.

7.4-nji bentde getirilen testleri çözüp, bilimi özleşdiriş derejäňizi kesgitläp bilersiňiz.

## 7.2. Barlag üçin soraglar

1. Auditi meýilnamalaşdyrmak näme?

2. Auditi meýilnamalaşdyrmagyň maksady näme?

3. Auditi meýilnamalaşdyrmagyň nëtijesine jogapkärçiligi kim çekýär?

4. Auditi meýilnamalaşdyrmagyň esaslaryny sanap beriň.

5. Auditi meýilnamalaşdyrmagyň toplumlaýynlyk esaslary diýip nämä düşünilýär?

6. Meýilnamalaşdyrmagyň üznüksizligi diýip nämä düşünilýär?

7. Auditi meýilnamalaşdyrmakda amatlylyk esaslary nähili amala aşyrylýar?

8. Auditiň umumy meýilnamasynyň maksady näme?

9. Auditiň umumy meýilnamasy düzülende, göz öňünde tutulýan esasy görkezijileri sanaň.

10. Auditiň maksatnamasy näme?

1. Haýsy ýagdaýlarda auditi meýilnamalaşdyrmagyň resminama-laryna üýtgetmeler girizilýär?

2. Auditorlyk toparynyň düzümi nähili görkezijiler bilen kesgitlenýär?

3. Auditiň umumy meýilnamasyny we maksatnamasyny düzmek üçin nähili maglumatlar talap edilýär?

4. Haýsy ýagdaýlarda auditor garşylyklaýyn barlagy we hakyky gözegçiligi meýilnamalaşdyrmaly?

## 7.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 7.1-nji ýumuş

Maliýe we dolandyryş auditiniň mazmunyna laýyklykda auditorlyk işiniň agzalan görnüşleriniň umumy meýilnamasynyň düzümini kesgitläň.

### 7.2-nji ýumuş

Emläkler bilen amala aşyrylýan amallaryň toparyny göz öňünde tutmak bilen esasy serişdeleriň, maddy däl aktiwleriň, önümçilik ätiýaçlaryň, taýýar önümleriň, harytlaryň, pul serişdeleriniň we emläkleriň beýleki toparlarynyň auditiniň meýilnamasynyň işini sanap beriň (okuw gollanmasynyň 7.1-nji tablisasyna seret).

**7.3-nji ýumuş**

Auditiň umumy meýilnamasynda düşewüntleriň, çykdajylaryň we maliýe netijeleriň bölümi boýunça göz öňünde tutmaly işleri sanap beriň (7.2 we 7.3-nji tablisalara seret).

**7.4-nji ýumuş**

Auditiň umumy meýilnamasynyň aýry bölümleri boýunça auditiň maksatnamasyny işläp düzüň.

**7.5-nji ýumuş**

Auditiň umumy meýilnamasynyň esasynda saýlap alan temaňyza laýyklykda, okuw gollanmasynyň 7.3-nji tablisasynda getirilen görnüş boýunça auditiň maksatnamasyny düzüň.

## 7.4. Soragly ýumuşlar

7.1. Auditi meýilnamalaşdyrmak:

a) Auditorlyk işiniň baş ugruny işläp düzmek we garaşylýan häsiýetine, geçirilýän möhletine hem-de göwrümine jikme-jik çemeleşmedir;

b) auditorlyk guramasynyň auditorlyk barlagyny geçirmek üçin şertnama baglaşar ýaly müşderileri saýlap almagydyr;

ç) barlagy amala aşyrýan auditorlara buhgalterlik hasaba alnyşyň takyk bölümlerini berkitmekdir.

7.2.Ykdysady tarapyň işi bilen tanyşmaklyk haçan amala aşyrylýar?

a) Auditorlyk hyzmatyny amala aşyrmaga şertnama baglaşmazdan öň;

b) ykdysady tarapyň buhgalterlik hasaba alnyş we içerki gözegçilik ulgamlaryna baha berýan pursady;

ç) ykdysady tarapyň ýolbaşçylaryna audit geçirmäge razylyk baradaky borçnama - hatyny taýýarlandan soň.

7.3. Meýilnamalaşdyrmagyň netijesine jogapkärçiligi kim çekýär?

a) Auditorlyk guramasynyň direktorlarynyň maslahaty;

b) auditorlyk guramasynyň ýolbaşçysy;

ç) meýilnamalaşdyrmagy amala aşyrýan auditor.

7.4. Auditi meýilnamalaşdyrmagyň toplumlaýynlyk esasy nämäni aňladýar?

a) Auditiň umumy meýilnamasy we

maksatnamasy işlenip düzülende, barlanýan ykdysady tarapyň maliýe-hojalyk işiniň hemme ülüşlerini almaklygy;

b) meýilnamalaşdyrmagyň hemme döwürleriniň özara baglanyşygyny we ylalaşyklylygyny, ýagny deslapky meýilnamalaşdyrmakdan auditiň umumy meýilnamasy we maksatnamasy işlenip düzülmäge çenli;

ç) auditorlyk guramasynyň özüniň kesgitlän ölçegi boýunça auditiň umumy meýilnamasy we maksatnamasy saýlamaga mümkinçilik alar ýaly meýilnamalaşdyrmagyň dürli görnüşlerini üpjün etmek.

7.5. Auditiň meýilnamasy haýsy maksat bilen düzülýän auditoryň işçi resminamasydyr?

a) Auditiň göwrümini we ony geçirmegiň tertibini kesgitlemek;

b) auditorlyk barlagynyň ýolbaşçysyny aýan etmek;

ç) auditorlyk barlagynyň düýplülik derejesini kesgitlemek.

7.6. Auditorlyk guramasy auditiň işçi meýilnamasynyň we maksatnamasynyň görnüşini we mazmunyny üýtgetmäge hukuk berlenmi?

a) Ýok;

b) hawa, auditiň meýilnamasyny we maksatnamasyny üýtgetmek mümkinçiligi "Auditorlyk işi hakynda" Türkmenistanyň kanunynda göz öňünde tutulan;

ç) hawa, auditiň meýilnamasyny we maksatnamasyny üýtgetmek mümkinçiligi Türkmenistanda auditorlyk işiniň "Meýilnamalaşdyrma" ülňüsinde göz öňünde tutulan.

7.7. Auditiň meýilnamasy kim tarapyndan düzülýär?

a)Barlanýan ykdysady tarapyň ýolbaşçysy;

b) barlagy amala aşyrýan auditorlyk şereket;

ç) meýilnama auditorlyk işiniň ülňüsi bilen tassyklanýar.

7.8. Auditiň maksatnamasynda näme görkezilýär?

a) Ýerine ýetirmek üçin meýilnamalaşdyrylýan auditorlyk işleriniň sany;

b) ýerine ýetirmek üçin meýilnamalaşdyrylýan auditorlyk amallaryň sany;

ç) auditorlyk töwekgelçiligiň hasaplanylyşyny.

7.9. Auditorlyk guramasynyň we barlanýan ykdysady tarapyň ýolbaşçylarynyň gollary nirede goýulýar?

a) Auditiň meýilnamasynyň resmileşdirilýän bölüminde;

b) auditiň meýilnamasynyň we maksatnamasynyň resmileşdirilýän bölümlerinde;

ç) auditiň maksatnamasynyň resmileşdirilýän bölüminde.

7.10. Auditi meýilnamalaşdyrmagyň gidişinde auditoryň barlanýan ykdysady tarapyň işi barada maglumatlary, döredijilik resminamalarynyň, maliýe hasabatlylygynyň we ş.m. nusgalaryny ýygnamaga hukugy barmy?

a)Ýok, beýle hereketler auditiň ahlak kadalarynyň esaslaryny bozýar;

b) hawa, deslapky meýilnamalaşdyrmagyň gidişinde auditor barlanýan ykdysady tarapyň işi bilen tanyşmagy zerurdyr;

ç) hawa, emma onuň aýratyn zerurlugy ýok.

7.11. Auditiň meýilnamasynyň we maksatnamasynyň aratapawudy nämäniň mazmuny boýunça kesgitlenýär?

a) Atlandyrma bölüminiň;

b) tablisa bölüminiň;

ç) resmileşdirilýän bölümiň.

## 7.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 7.1-nji ýumuş

Maliýe auditiniň umumy meýilnamasynyň işlerine aşakdakylar degişli:

• Esasy maýalaryň auditi:

esasy serişdeleriň;

maddy däl aktiwleriň;

dolanyşykda däl aktiwlere goýumlaryň.

• Dolanyşyk serişdeleriniň auditi:

önümçilik ätiýaçlaryň;

tamamlanmadyk önümçiligiň;

harytlaryň we taýýar önümleriň;

pul serişdeleriniň we daşary ýurt pul gymmatlyklarynyň;

maliýe goýumlarynyň.

• Hususy maýanyň auditi:
esaslyk maýasynyň;
ätiýaçlyk maýasynyň;
gaznalaryň we ätiýaçlaryň;
hususy maýanyň gaýry görnüşleriniň.
• Maliýeleşdirmegiň karz alma çeşmeleriniň auditi:
gysga möhletleýin karzlaryň;
uzak möhletleýin karzlaryň.
• Hasaplaşyklaryň auditi:
haryt iberijiler we potratçylar bilen;
satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen;
salgytlar we ýygymlar boýunça;
işgärler bilen zähmet haky we gaýry amallar boýunça;
hasabat bermeli adamlar bilen;
döredijiler;
her hili algydarlar we bergidarlar bilen;
hojalyk içi;
algy borçlarynyň auditi;
bergi borçlarynyň auditi.
• Düşewüntleriň auditi.
• Önümçilige harajatlaryň we çykdajylaryň hem-de harytlaryň, önümleriň, işleriň we hyzmatlaryň düşýän gymmatynyň auditi.
• Maliýe netijeleriniň auditi.

**7.2-nji ýumuş**

Emläkleriň aýry görnüşleriniň auditi meýilnamalaşdyrylanda auditiň meýilnamasynda seredilýän emläkler bilen hojalyk amallarynyň toparlary boýunça işleri (emlägiň barlygy; emlägiň gelmegi; emlägiň çykmagy; emläk bilen gaýry amallar; hasaplaşyk amallary; girdejileriň we çykdajylaryň emele gelmegi; maliýe netijeleriniň emele gelmegi; maýanyň emele gelmegi) tapawutlandyrmak gerek..

**7.3-nji ýumuş**

Girdejileriň auditiniň meýilnamasynda adaty işleriň görnüşlerinden (harytlary,

önümleri, işleri, hyzmatlary öndürmek we ýerlemek; kärendesine almak; beýleki guramalaryň işine gatnaşmak bilen bagly bolan), amaly, satmak bilen bagly bolmadyk we adatdan daşary işlerden girdejileriň auditini tapawutlandyrmaly. Çykdajylary we maliýe netijelerini şunuň ýaly toparlamaly.

**7.4-nji ýumuş**

Okuw gollanmasynyň 13-23-nji baplaryndaky getirilen meýilnamalaryň nusgalaryndan peýdalanyň.

**7.5-nji ýumuş**

Ýumşy özbaşdak ýerine ýetirmeli.

### 7.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

7.1. - a; 7.2. - a; 7.3 - ç; 7.4 - a; 7.5. - a; 7.6. - ç; 7.7. - b; 7.8. - b; 7.9.-b; 7.10.-b; 7.11.-b;

## TEMA 8. AUDITORLYK SUBUTNAMALAR

### 8.1. Usuly görkezmeler

Tema boýunça soraglaryň üstünde işlemäge we ýumuşlary ýerine ýetirmäge başlamakdan öň, okuw gollanmasynyň 8-nji temasyny, şeýle hem auditorlyk işiniň "Auditorlyk subutnamalar", "Seljerme işleriniň gidişi", "Auditorlyk saýlap almalar", "Auditorlyk hasabatyny düzmegiň senesi, balans düzülenden soňky hadysa, maliýe hasabatlylygy taýýarlanandan soň maglumatlaryň tapylmagy", "Audit geçýän kärhananyň hemişelik hereketde bolmagynyň mümkinçiligine auditoryň berýän bahasy", "Auditiň gidişinde buhgalterlik hasaba alnyşynyň we içki gözegçiligiň ulgamlaryny öwrenmek we baha bermek", "Bilermeniň işlerini ulanmak", "Auditorlyk barlagy geçirilýän tarapyň işini bilmek" we "Arabaglanyşykly (baglanyşykly) taraplar" ülňülerini öwrenmeli.

Alnan bilimleri berkitmek maksady bilen meseleler ýygyndysynyň 8.2-nji bendindäki barlag üçin soraglara jogap bermek gerek.

Auditorlyk subutnamalaryny ýygnamak endigini şu meseleler ýygyndysynyň 8.3-nji bendinde getirilen ýumuşlary ýerine ýetirip alarsyňyz.

8.4-nji bentde getirilen testleri çözüp, bilimi özleşdiriş derejäňizi

kesgitläp bilersiňiz.,

## 8.2. Barlag üçin soraglar

1. Auditorlyk subutnamasy näme?

2. Auditorlyk subutnamalaryny ýygnamak üçin ulanylýan esasy ülňüleri sanaň.

3. Auditorlyk subutnamalarynyň esasy çeşmelerini sanaň.

4. Auditorlyk subutnamalarynyň görnüşlerini sanaň.

5. Auditorlyk subutnamalarynyň ygtybarlylygyny haýsy görkezijiler kesgitleýär?

6. Auditorlyk subutnamalarynyň haýsy biri auditor üçin has gymmatlysy bolýar?

7. Auditorlyk subutnamasyny ýygnamagyň iň köp ýaýran usullaryny aýdyp beriň.

8. Içki auditiň netijesi nähili ulanylýar?

9. Içki auditiň hakykylygy näme bilen üpjün edilýär?

10. Kimler bilermen bolup bilýärler?

11. Bilermenler haýsy ýagdaýda çagyrylýar?

12. Bilermen hünär derejesine nähili talaplar bildirilýär?

13. Bilermeniň garaşsyzlygy talap edilýärmi?

14. Bilermeniň garaşsyzlygy nämeden ybarat?

15. Auditoryň bilermeni çagyrmagy üçin barlanýan tarapyň razyçylygy gerekmi?

16. Barlanýan tarapyň ýolbaşçylary bilermeni çekmekden boýun towlan ýagdaýynda auditorlyk guramasy nähili hereket edýär?

17. Bilermeniň netijenamasynyň düzümi nähili?

18. Auditoryň esasy resminamalary nämeden ybarat?

19. Bilermeniň işiniň netijesi nähili görnüşde tabşyrylýar?

20. Eger-de bilermeniň işiniň netijesine seredilende auditorlyk guramasy tarapyndan bilermeniň netijenamasy bilen barlanýan tarapyň maglumatynyň arasynda düýpli gabat gelmezlikler aýan edilende auditor nähili hereket etmeli?

21. Bilermeni çagyrany sebäpli auditor jogapkärçilikden boşadylýarmy?

22. Auditi resminamalaşdyrmak diýip nämä düşünilýär?

23. Auditoryň resminamalaryna nämeler degişli?

24. Auditoryň resminamalarynyň düzümi we görnüşleri haýsy görkezijiler bilen kesgitlenýär?

25. Auditoryň işçi resminamalarynyň esasy görnüşlerini sanaň.

26. Auditorlyk resminamalarynyň ýaşyrynlygy nämeden ybarat?

27. Auditoryň resminamalary näçe ýyl saklanmaly?

## 8.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 8.1-nji ýagdaý

Auditorlyk barlagynyň gidişinde auditor barlanylýan guramanyň ýolbaşçylary bilen birnäçe gezek dilden söhbetdeşlik geçirdi hem-de onuň netijesinde guramanyň maliýe-hojalyk işiniň aýratynlyklary, önümçiligiň göwrümi, düşewüntliligiň derejesi hakynda maglumatlary aldy. Barlanylýan ykdysady tarapyň ýolbaşçylarynyň hemme dilden aýdan maglumatlary ýazmaça görnüşde tassyklanyldy.

Auditoryň ýygnan auditorlyk subutnamalary auditorlyk hasabat we netije ýazmak üçin ýeterlikmi?

### 8.2-nji ýagdaý

Öz düzüminde içki auditorlyk gullugy bar bolan ykdysady tarap auditorlyk guramasy bilen hökmany auditorlyk barlagyny geçmäge şertnama baglaşdy. Daşky auditor ykdysady tarapyň içki gözegçilik ulgamyna deslapky baha berdi we içki gözegçilik ulgamyna ynam etse bolýar diýen netijä geldi.

Içki gözegçilik ulgamynyň ynamlylygyna deslapky baha bereninden soň, daşky auditor içki gözegçilik ulgamynyň soragly ýumuşlar arkaly barlagyny geçirdi we içki auditiň gidişinde barlanan maliýe hasabatynyň birnäçe maddalaryny saýlap alyp, barlady. Geçirilen derňew oňaýly netije berdi we daşky auditor içki audit ulgamyna doly daýanmaklygy hem-de ykdysady tarapyň maliýe hasabaty hakynda özüniň şertsiz oňaýly auditorlyk netijeli pikirini yglan etmek kararyna geldi.

Auditoryň hereketinde auditorlyk işiniň ülňüleriniň talaplary bozulýarmy?

## 8.3-nji ýagdaý

Auditorlyk barlagynyň gidişinde auditorda üçünji tarapyň elde düzen ilkinji resminamalarynyň birindäki maglumatlaryň hakykylygyna şübhe döredi.

Auditor auditorlyk subutnamany almak üçin haýsy auditorlyk işini ýerine ýetirmeli?

## 8.4-nji ýagdaý

"Audit-M" auditorlyk şereketi "Ak altyn" ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň 2004-nji ýyl üçin maliýe-hojalyk işiniň barlagyny geçirdi. Barlagyň gidişinde berlen maliýe hasabatlylygynyň ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň maliýe ýagdaýyny hemme düýplülik jähtde doly we hakyky görkezýändigini anyklady. Emma hasaphananyň işgärleri bilen söhbetdeşlikden soň, taýýar önümler sehinde uly ogurlyklar hakynda maglumat alyndy.

Auditor nähili hereket etmeli?

## 8.5-nji ýagdaý

Müşderi indiki ýylyň barlagyna taýýarlanmak maksady bilen auditordan onuň işçi resminamalarynyň nusgalaryny bermegini haýyş edýär. Ol bu wagty we serişdeleri tygşytlar diýip hasap edýär.

Auditor nähili hereket eder?

## 8.6-njy ýagdaý

Hasaba alnyş görkezijileriniň dogrulygyny subut edýän maglumatlaryň dört topary bar:

1. Hakyky gözegçilikde alnan tamamlanylmadyk önümçiligiň mukdarynyň tükellemesiniň ýazgysy;

2. Hasap 20 "Esasy önümçilik" boýunça dergi-buýruknamalar we ilkinji resminamalar;

3. Hasap 40 "Taýýar önümler" boýunça dergi-buýruknamalar we ilkinji resminamalar;

4. Auditoryň gatnaşmagynda geçirilen tükellemäniň netijesinde alnan ätiýaçlaryň hasaba alnyşynyň takyklygynyň subutnamasy.

Getirilen subutnamalaryň ynamlylyk derejesini kesgitläň.

## 8.7-nji ýagdaý

Aşakdaky çeşmelerden alnan resminamalar bar:

1.Üçünji taraplardan;

2.Müşderiden daşky maglumatlaryň esasynda;

3.Müşderiden içki maglumatlaryň esasynda;

4.Müşderiniň buhgalterlik ýazgylarynyň esasynda auditoryň özüniň ýygnany.

Getirilen subutnamalaryň ynamlylyk derejesine baha beriň.

**8.8-nji ýagdaý**

"Ak altyn" hojalyk jemgyýetiniň auditorlyk barlagyny amala aşyranda auditor aşakdaky subutnamalary ýygnady:

1."Ak altyn" hojalyk jemgyýetiniň işgäriniň taýýarlan, hakyky harajatlaryň seljermesi;

2.Auditoryň gatnaşmagynda geçirilen tükellemäniň ykrarnamasy;

3."Ak altyn" hojalyk jemgyýetiniň hasaba alnyş belliknamalary.

Getirilen resminamalary ähmiýeti boýunça paýlaň.

**8.9-njy ýagdaý**

Auditorlyk guramasy buhgalterlik hasaba alnyşyny "Ýelken" kompýuter maksatnamasyny ulanyp ýöredýän ykdysady tarapdan audit geçirmäge şertnama baglaşmak üçin teklip aldy. Auditorlyk guramasynda bu maksatnamasyny bilýän hünärmen ýok.

Auditorlyk guramasy bu teklibi kabul edip bilermi?

**8.10-njy ýagdaý**

Auditorlyk subutnamalaryň ygtybarlylygy olaryň çeşmelere we berlişiniň görnüşlerine bagly bolup durýar. Tablisalarda getirilen auditorlyk subutnamalaryň aşakdakylar boýunça artykmaçlygyna ballarda baha beriň (1-den 5-e çenli).

a)Jaýlaryň barlanýan ykdysady tarapyň hususyýetçiligidigini tassyklamak üçin:

**8.11-nji ýagdaý**

"Merdan" ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň auditorlyk barlagy geçirilende, auditor maglumatlaryň çeşmeleriniň birinden alnan auditorlyk subutnamalary beýleki çeşmeden alnan subutnamalara girýär.

Bu ýagdaýda auditor nähili hereket etmeli?

| Subutnama | Artykmaçlyk |
| --- | --- |
| 1 | 2 |
| Işgärleriň jaýlaryň barlanýan guramanyň hususyýetçili-gidigini tassyklaýan dilden aýtmalary | |
| Guramanyň jaýlarynyň barlygyny tassyklaýan resmi-namalaryň bardygyna kepil edarasynyň ýazmaça tassyknamasy | |
| Guramanyň jaýlarynyň barlygyny tassyklaýan resmina-malaryň kepil edarasy tarapyndan berlen döwlet belligi bolan asyl nusgasy | |
| Guramanyň baş direktorynyň jaýlarynyň barlygyny tassyklaýan dilden aýtmalary | |
| Guramanyň jaýlarynyň barlygyny tassyklaýan baş direktoryň gol çeken arzasy | |

b) guramanyň ýylyň aýagyna bank hasabyndaky galyndyny tassyklamak üçin:

| Subutnama | Artykmaçlyk |
| --- | --- |
| 1 | 2 |
| Maliýe direktorynyň galyndyny dilden aýtmasy | |
| Ýylyň aýagyna bank hasabyndaky galyndyny görkezýän bankdan göçürmäniň nusgasy | |
| Ýylyň aýagyna bank hasabyndaky galyndynyň bank tarapyndan berlen ýazmaça tassyknamasy<br>Guramanyň maliýe direktorynyň orunbasarynyň ýylyň aýagyna bank hasabyndaky galyndyny tassyklaýan dilden aýtmalary | |

## 8.4. Soragly ýumuşlar

8.1. Auditorlyk barlagyň möhleti aşakda sanalan resminamalaryň haýsy biri bilen kesgitlenilýär?

a)Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakynda" kanuny bilen;

b)auditorlyk barlagyna şertnama bilen;

ç) Türkmenistanda auditorlyk işi boýunça hünär synagyny geçirmek we oňa ygtyýarlandyrmak baradaky Topary tarapyndan.

8.2. Auditorlyk subutnamalar bolup aşakdakylar durýarlar:

a)auditoryň barlagyň gidişinde toplan maglumatlary;

b)auditoryň barlag geçirende öz pikirini yglan etmek üçin esas edip alan maglumatlary we olaryň seljermesiniň netijeleri;

ç) barlanylýan tarapyň maglumatlarynyň resminamalaýyn çeşmeleri.

8.3. Auditorlyk subutnamalarynyň çeşmelerine aşakdakylaryň haýsy biri degişli?

a)Barlanylýan taraplaryň ilkinji resminamalary we hasaba alnyş belliknamalary;

b) barlanylýan taraplaryň maliýe hasabatlylygy we ygtyýarlandyrylan şahsyýetleriniň ýazmaça düşündirişleri;

ç) barlanylýan taraplaryň maliýe hasabatlylygynyň emele gelmegine esas bolýan ilkinji resminamalar we buhgalterlik ýazgylar, ygtyýarlandyrylan şahsyýetleriň ýazmaça düşündirişleri, dürli çeşmelerden (üçünji taraplardan) ýazmaça we dilden alnan maglumatlar.

8.4.Ykdysady tarapdan alnan we üçünji tarapyň ýazmaça tassyklan maglumaty:

a)Içki auditorlyk subutnama bolup durýar;

b)daşky auditorlyk subutnama bolup durýar;

ç) garyşyk auditorlyk subutnama bolup durýar;

8.5. Auditorlyk subutnamalarynyň haýsy çeşmeden alnanlary has ygtybarly bolýar?

a)Daşky;

b)içki;

ç) resminamalaýyn tassyklanylanlar.

8.6. Auditorlyk subutnamalarynyň ýeterlikligi aşakdaky bilen häsiýetlendirilýär:

a)San ululygy bilen;

b)hil häsiýetnamasy bilen;

ç) auditiň göwrümi bilen.

8.7. Auditora guramany barlamagyň gidişinde onuň işi barada maglumatlary, resminamalaryň, hasabatlaryň we ş.m. nusgalaryny ýygnamak gerekmi?

a)Ýok, bu auditorlaryň ahlak kadalaryny bozmak bolýar;

b)bu hökmandyr;

ç) zerurlyk ýok, hemme zat auditoryň islegi bilen kesgitlenilýär.

8.8. Auditoryň resminamalary kimiň eýeçiligi bolýar?

a) müşderiniň eýeçiligi;

b) auditoryň eýeçiligi;

ç) paýdarlaryň eýeçiligi.

8.9. Subutnamalaryň hili olaryň çeşmelerine bagly bolup durýarmy?

a)Hawa;

b) ýok;

ç) hökmany audite bagly bolýar.

8.10. Haýsy auditorlyk subutnamalary iň gymmatly hasaplanýarlar?

a) Guramanyň içindäki;

b) daşky;

ç) auditoryň hojalyk işlerini gönüden-göni öwrenmegiň netijesinde alanlary.

8.11.Tükelleme näme maksat bilen geçirilýär?

a)Diňe buhgalterlik hasaba alnyşynyň maglumatlarynyň hakykylygyny anyklamak üçin;

b) buhgalterlik hasaba alnyşynyň we maliýe hasabatlylygynyň maglumatlarynyň hakykylygyny anyklamak üçin;

ç) diňe maliýe hasabatlylygynyň maglumatlarynyň hakykylygyny anyklamak üçin.

8.12. Auditorlyk guramalary haýsy resminamalaryň saklawlylygyny üpjün etmeli?

a)Diňe auditorlyk barlagynyň gidişinde özleriniň düzen işçi auditorlyk resminamalaryny;

b)diňe barlanylýan tarapdan barlag üçin alnan ilkinji resminamalary, buhgalterlik belliknamalary, hasabatlylyklary;

ç) barlag üçin alnan resminamalary hem, barlagyň gidişinde özleriniň düzen işçi auditorlyk resminamalaryny hem.

8.13. Auditiň işçi resminamalary:

a)Kagyzda, fotoplýonkada, elektron we beýleki görnüşlerdäki maglumatlar ýaly berlip bilner;

b)kesgitlenen görnüşde düzülen bolmaly we onda hökmany görkezijiler we resminamany düzen şahsyýetleriň gollary bolmaly;

ç) onda hökmany görkezijiler we resminamany düzen şahsyýetleriň gollary bolmak şerti bilen erkin görnüşde düzülip bilner.

8.14. Auditor işçi resminamalaryň düzüminde barlagyň gidişinde sereden her bir resminamasyny we soragyny hökman görkezmelimi?

a)Ýok;

b)hawa;

ç) hökmany audit geçirende görkezmeli.

8.15. Auditiň işçi resminamalarynyň görnüşüne we düzümine barlanylýan tarapyň işiniň häsiýeti we çylşyrymlylygy täsir edýärmi?

a) Hawa;

b) ýok;

ç) diňe hökmany audit geçirende täsir edýär.

8.16. Auditiň işçi resminamalarynyň görnüşüne we düzümine barlanylýan tarapyň buhgalterlik hasaba alnyşynyň we içki gözegçiligiň häsiýeti we ýagdaýy täsir edýärmi?

a) Hawa;

b) ýok;

ç) diňe hökmany audit geçirende täsir edýär.

8.17. Pul serişdeleriniň hasaba alnyşynyň hasaplarynda, hasaplaşyklar

hasaplarynda, algy we bergi borçlaryň hasaplarynda galyndylar barada hakyky maglumatlary almak üçin auditorlyk guramasynyň garaşsyz (üçünji) tarapdan ýazmaça görnüşde tassyknama almagy zerurmy?

a) Ýok;

b) hawa;

ç) diňe hökmany audit geçirende.

8.18. Daşky resminamalara haýsylar degişli?

a) Müşderiniň üçünji tarapdan alan resminamalary;

b) auditoryň ýygnan subutnamalary;

ç) barlanýan guramanyň hasaba alnyş we hasabat resminamalary.

8.19. Bilermeni çekmek üçin auditorlyk guramasy barlanýan tarapyň ýolbaşçylarynyň razylygyny almalymy?

a)Ýok;

b) hawa;

ç) meseläni auditorlyk guramasynyň ýolbaşçysy çözýär.

8.20.Bilermen auditorlyk guramasynyň düzüminde durýarmy?

a) Ýok;

b) hawa;

ç) durmagy mümkin.

8.21. Auditorlyk guramasy paýdarlar jemgyýetine auditor edilip hasabat ýylyndan soňky ýylyň fewral aýynda bellenildi we şol sebäplide auditorlar oktýabr aýynda geçirilen haryt-maddy baýylyklaryň tükellemesine gatnaşyp bilmediler. Bu ýagdaý auditiň göwrümine çäklendirme bolup bilýärmi?

a)Hawa;

b)ýok;

ç) diňe haryt-maddy ätiýaçlyklaryň barlagy boýunça audite ugurdaş hyzmatlar ýerine ýetirilende çäklendirme bolup bilýär.

## 8.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 8.1-nji ýagdaý

Ýolbaşçylaryň dilden we ýazmaça berýän maglumatlary auditora özüniň auditorlyk pikirini yglan etmegi üçin ýeterlik auditorlyk subutnamalary

almaklygynyň ornuny tutup bilmeýär.

**8.2-nji ýagdaý**

Daşky auditoryň hereketini nädogry maglumat bermek arkaly kesgitläp bolýar. Daşky auditor hemme düýpli soraglar boýunça barlaga gönüden-göni gatnaşmaly we müşderiniň maliýe hasabatynyň hakykylygy barada özüniň hususy pikirini yglan etmeli. Netijeli içerki gözegçilik ulgamy öz işleriniň görnüşlerini üýtgetmäge we onuň göwrümini gysgaltmaga mümkinçilik berýär, auditor bu ulgama doly ynanyp bilmez.

**8.3-nji ýagdaý**

Auditorlyk subutnamany almak üçin auditor üçünji tarapyň salgysyna resminamalardaky maglumatlaryň hakykylygyny tassyklamagyny haýyş edip, ýazmaça ýüz tutmaly.

**8.4-nji ýagdaý**

Maglumatlaryň takyklygyny anyklamak üçin üçünji taraplardan goşmaça maglumatlary haýyş edip ýüz tutmaly we garşylyklaýyn barlag geçirmeli.

**8.5-nji ýagdaý**

Auditoryň işçi resminamalarynda ýaşyrynlyk häsiýetli maglumatlaryň bolýanlygy sebäpli auditor müşderiniň haýyşyny kanagatlandyrmaly däl.

**8.6-njy ýagdaý**

Iň ynamly maglumatlar auditoryň özüniň ýygnan resminamalarynda bolýar. Ondan soň ynamlylygy boýunça üçünji taraplardan alan resminamalary durýar. Üçünji orunda müşderiden daşky maglumatlaryň esasynda alnan resminamalar durýar.

**8.7-nji ýagdaý**

Iň ynamly maglumatlar auditoryň gatnaşmagynda geçirilen tükellemede alynýar. Ondan soň ynamlylygy boýunça hakyky gözegçilikde alnan tükellemäniň ýazgysy durýar.

**8.8-nji ýagdaý**

Resminamalar ähmiýeti boýunça aşakdaky ýaly paýlanýar:

1.Auditoryň gatnaşmagynda geçirilen tükellemäniň ykrarnamasy;

2.“Ak altyn” hojalyk jemgyýetiniň işgäriniň taýýarlan, hakyky harajatlaryň seljermesi;

3.“Ak altyn” hojalyk jemgyýetiniň hasaba alnyş belliknamalary.

**8.9-njy ýagdaý**

Auditorlyk guramasy teklibi kabul edip we buhgalterlik hasaba alnyşyň kompýuter maksatnamasyndan başy çykýan bilermeni ýa-da hünärmeni şertnama esasynda çekmek bilen ykdysady tarapyň maliýe hasabatynyň barlagyny geçirip bilýär.

**8.10-njy ýagdaý**

**a)**

| Subutnama | Artykmaçlyk |
|---|---|
| **1** | **2** |
| Işgärleriň jaýlaryň barlanýan guramanyň hususyýetçiligidigini tassyklaýan dilden aýtmalary | 5 |
| Guramanyň jaýlarynyň barlygyny tassyklaýan resminamalaryň bardygyna kepil edarasynyň ýazmaça tassyknamasy | 2 |
| Guramanyň jaýlarynyň barlygyny tassyklaýan resminamalarynyň kepil edarasy tarapyndan berlen döwlet belligi bolan asyl nusgasy | 1 |
| Guramanyň baş direktorynyň jaýlarynyň barlygyny tassyklaýan dilden aýtmalary | 4 |
| Guramanyň jaýlarynyň barlygyny tassyklaýan baş direktoryň gol çeken arzasy | 3 |

**b)**

| Subutnama | Artykmaçlyk |
|---|---|
| **1** | **2** |
| Maliýe direktorynyň galyndyny dilden aýtmasy | 4 |
| Ýylyň aýagyna bank hasabyndaky galyndyny görkezýän bankdan göçürmäniň nusgasy | 1 |
| Ýylyň aýagyna bank hasabyndaky galyndynyň bank tarapyndan berlen ýazmaça tassyknamasy | 2 |
| Guramanyň maliýe direktorynyň orunbasarynyň ýylyň aýagyna bank hasabyndaky galyndyny tassyklaýan dilden aýtmalary | 3 |

### 8.11-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda auditor alnan auditorlyk subutnamalary täzeden gözden geçirmeli we olary tertibe salmaly.

### 8.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

8.1. - b; 8.2. - b; 8.3 - ç; 8.4- ç; 8.5. - a; 8.6. - a; 8.7. - b; 8.8. - b; 8.9. - a; 8.10. - ç; 8.11. - b; 8.12. - ç; 8.13. - ç; 8.14. - ç; 8.15. - a; 8.16. -a; 8.17. -b; 8.18. -a; 8.19. -b; 8.20. - a; 8.21. - ç;

## TEMA 9. SAÝLAP BARLAMAK USULY

### 9.1. Usuly görkezmeler

Bu tema boýunça ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin okuw gollanmasynyň 9-njy babyny öwrenmeli, şeýle-de "Auditorlyk işi hakynda" Türkmenistanyň kanuny bilen tanyşmaly, şeýle hem auditorlyk işiniň "Auditorlyk saýlap almalar" ülňüsini özleşdirmeli. "Saýlap barlamak usuly" temasynda auditorlyk saýlap almalar düşünjesi berilýär, barlamagyň usullary we olaryň auditorlyk subutnamalary almak üçin utgaşdyrylyşy getirilýär, auditorlyk saýlap almalar üçin gözegçilik ulgamynyň ähmiýeti kesgitlenýär.

Auditorlyk saýlap almak meselesi auditorlyk subutnamalar, auditorlyk subutnamalary ýygnamak usullary, müşderiniň buhgalterlik hasaba alnyşyna we içki gözegçilik ulgamyna baha bermek ýaly düşünjeler bilen berk baglanyşyklydyr.

Barlaga başlamak bilen auditor buhgalterlik hasaba alnyşynyň we içki gözegçiligiň guralyşy bilen tanyşmalydyr hem-de olaryň hereket edýän kanunçylygyň talaplaryna laýyk gelýänligine göz ýetirmelidir. Buhgalterlik hasaba alnyşynyň, guralyşynyň, öwrenilişiniň netijeleri resminamalar bilen resmileşdirilmelidir. Ondan başga-da hasap syýasatynyň ýagdaýyna öz häsiýetnamasyny düzmelidir.

Kärhanada buhgalterlik hasaba alnyşynyň we içki gözegçiligiň ýagdaýyna baha berlişinden hemme soňraky hereketler hem bagly bolup durýar. Sebäbi, eger-de auditorda barlanýan tarapyň hasabatlylygyny öwrenmegiň we işgärler bilen söhbetdeşligiň netijesinde hasabatlylygyň dogry we ynamdar

maglumatlaryň esasynda düzülenligine doly ynamy bolsa, onda ol barlagyň göwrümini düýpli gysgaldyp bilýär. Eger-de müşderiniň hasabatlylygyny öwrenende auditor ilkinji maglumatlaryň resmileşdirilişiniň, dogrulygyndan, buhgalterlik, işgärleriniň başarnyklylygyndan, içki gözegçiligiň guralyşyndan kanagatlanmadyk bolsa, ol barlagy gaty ünsli we tutuşlaýyn geçirmeli. Bular ýaly ýagdaýlarda auditor içki subutnamalara daýanyp bilmeýär we diňe özüniň ýygnan subutnamalaryna ynam edip bilýär.

Elbetde hemme maliýe-hojalyk işini barlamak örän köp zähmeti talap edýär. Emma auditorlaryň ahlak kadalaryna laýyklykda auditor ýa maliýe hasabatlylygyň hakykylygyna (ýa-da hakyky dälligine) doly göz ýetirmeli, ýa-da öz pikirini yglan etmekden boýun towlamaly.

Müşderiniň hasatbatlylygynyň hakykylygyna auditoryň ynamlylygynyň orta derejesi has köp ýaýrandyr. Ol bir bölüm boýunça hasaba alnyşyň gowy gurnalanlygy, ýokary derejeli hünärmenler tarapyndan amala aşyrylýanlygy, awtomatlaşdyrylanlygy, baş hasapçy hasaba alnyşyň baglanyşykly ülüşleriniň hünärmenleri tarapyndan içki gözegçiligiň gurnalanlygy, hasaba alnyşyň beýleki bölümleri boýunça bolsa garşylykly ýagdaýyň bolýanlygy bilen şertlenýär.

Şu sebäpli-de auditoryň ynamlylygynyň orta derejesinde gözegçiligiň saýlap almak usulyny ulanmaly. Saýlap almak usulynyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

- laýyklygyna;
- düýplüligine.

Laýyklygyna saýlap barlamagyň wezipesi barlanýan hasabat döwründe içki gözegçiligiň kadalarynyň bozulyşynyň ýygylygyny anyklamakdan ybarat.

Düýplüligine saýlap barlamak içki gözegçiligiň bozulyşynyň gymmat görnüşinde aňladylmagyndan durýar. Bular ýaly barlag başgaça san boýunça barlag diýlip atlandyrylýar. San boýunça saýlap barlamaga mysal edip, buhgalterlik hasaba alnyşyň galyndysyny, ilkinji resminamalardaky ýazgylary tassyklamagy, üçünji taraplardan tassyklamalary almaklygy, hojalyk işleriniň görkezijileriniň seljermesini getirse bolar.

Saýlap barlamagyň usuly ähtimallyklar nazaryýetiniň kanunlaryna

esaslanandyr. Olara laýyklykda kiçijik bölümler boýunça-da umuman takyk maglumatlary alyp bolýar.

Maliýe hasabatlylygynyň kesgitli bölüminiň barlagyny geçirmegiň tertibi saklanyp alnanda, auditorlyk guramasy öňde goýlan maksatlara ýetmäge mümkinçilik berýän, barlagyň maksadyny we auditorlyk işleri kesgitlemeli. Soňra auditor bolmagy mümkin ýalňyşlyklary tapmaly, onuň üçin ýygnalmagy talap edilýän, zerur bolan subutnamalara baha bermeli hem-de olaryň esasynda seredilýän maglumatlaryň umumylygyny kesgitlemeli.

Saýlap almagyň gidişinde auditorlyk guramasy aşakdakylara borçludyr:

a)Saýlap alma düşen her bir ýalňyşlyga seljerme etmäge;

b)saýlap almakda alnan netijeleri hemnie barlanýan umumylyklara ýaýratmaly;

ç)saýlap almak töwekgelçiligine baha bermeli.

Saýlap almakda alnan netijeler hemme barlanýan umumylyklara ýaýradylmaly.

Auditor barlanýan umumylykdaky ýalňyşlyklaryň ýol bererlikli ululykdan geçmeýänligine göz ýetirmeli. Munuň üçin ýaýratmaklyk arkaly alnan umumylykdaky ýalňyşlyklary ýol bererlikli ýalňyşlyklar bilen deňeşdirmeli. Eger-de birinji ýalňyşlyk ýol bererlikden ýokary bolsa, auditorlyk guramasy saýlap almak töwekgelçiligine gaýtadan baha bermeli. Eger-de netijede ol olary kabul ederliksiz hasap etse, onda oňa auditorlyk işleriň göwrümini köpeltmek gerek.

Saýlap almagyň möçberi auditoryň ýol bererlikli hasaplaýan ýalňyşlygynyň ululygy bilen kesgitlenýär. Onuň ululygy näçe kiçi bolsa, saýlap almagyň gerek bolan möçberi şonça-da köp bolýar.

Alnan bilimleri berkitmek maksady bilen meseleler ýygyndysynyň 9.2-nji bendindäki barlag üçin soraglara jogap bermek gerek.

Auditorlyk saýlap alyp barlamak endigini şu meseleler ýygyndysynyň 9.3-nji bendinde getirilen ýumuşlary ýerine ýetirip alarsyňyz.

9.4-nji bentde getirilen testleri çözüp, bilimi özleşdiriş derejäňizi kesgitläp bilersiňiz.

## 9.2. Barlag üçin soraglar

1)Laýyklygyna saýlap almagyň manysyny açyp görkeziň.

2)Düýplüligine saýlap barlamagyň wezipesi nämeden ybarat?

3)Barlagyň saýlap almak usuly haçan ulanylýar?

4)Gözegçilik, ulgamynyň serişdelerini testirlemek nämeden ybarat?

5)Saýlap almaklygyň haýsy usullary bar?

6)Saýlap almaklygyň töwekgelçiligi nämeden ybarat?

7)Saýlap almaklygyň töwekgelçiliginiň esasy görnüşlerini sanaň.

8)Saýlap almaklygyň mukdary ýol bererlikli ýalňyşlygyň ululygyna nähili bagly?

9)Saýlap almaklygyň netijesine baha berende auditor haýsy hereketleri ulanýar?

## 1.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 9.1-nji ýumuş

Eger-de abatlaşdyrmak ätiýaçlygy amaly üçin kesgitlenen düýplülik derejesi 77000 manada deň bolsa, abatlaşdyryş ätiýajyny hasaplamagyň dogrulygyny kesgitlemek üçin üpjün etmek şertnamasynyň näçesini barlamak gerek bolýar. Ondan başga-da barlanýan döwürde jemi bahasy 683000 manada deň bolan 526 şertnama baglaşylan. Kärhana hojalyk içi töwekgelçiliginiň we gözegçilik serişdeleriniň töwekgelçiliginiň ýokary derejesi bilen häsiýetlendirilýär. Ynam ederlik koeffisiýenti 1,5 deň.

Mesele çözülende şulary göz öňünde tutmaly, ýagny statistikanyň nazaryýeti boýunça saýlap almaklygyň möçberi baş umumylygyň, goýbererlikli ýalňyşlygyň möçberine baglydyr. Ol bolsa öz gezeginde düýplülik derejesi, **t**–ynamlylyk koeffisiýenti bilen kesgitlenýär. Düýplülik derejesi näçe kiçi bolsa saýlama umumylygyna şonça-da köp bölekler girmeli bolýar:

$$n \approx Nu \cdot t^2 : DD \qquad (9.1.)$$

bu ýerde:

DD - düýplülik derejesi;

Nu - baş umumylygyň gymmat ölçegindäki möçberi;

n - saýlap almak umumylygynda bölekleriň sany.

**9.2-nji ýumuş**

9.1-nji ýumşuň şertlerini ulanyp, tötänleýin usul bilen saýlap almak umumylygyny emele getirmeli. Çözgüdi tablisa görnüşinde resmileşdirmeli. Mesele çözülende tötänleýin sanlaryň tablisasynyň (seret 9.1-nji goşundy) 7-nji setir we 3-nji sütün boýunça maglumatlaryny ulanmaly. Soňra tötän sanlar tötän sanlaryň tablisasyndaky görkezilen sütün boýunça aşaklygyna hereket etmek ýoly bilen kesgitlenýär.

| Saýlap alma böleginiň belgisi | Tötänleýin san | Şertnamanyň tertip belgisi |
|---|---|---|
| | | |

Tötänleýin saýlap almakda saýlap almagyň böleginiň belgisi şu usul bilen kesgitlenýär:

$Bb_i = B_1 + N\ Ts$, (9.2)

Bu ýerde $B_r$ baş umumylygyň birinji böleginiň belgisi;

N - baş umumylygyň bölekleriniň sany;

Ts – tötänden alnan san;

$Bb_i$ - saýlap almagyň i böleginiň belgisi

**9.3-nji ýumuş**

1-nji ýumşuň şertleri boýunça şertnamalaryň belgilerini ulgamlaýyn saýlap almak usuly bilen saýlap almagyň umumylygyny emele getirmeli. Tötänden alnan sany tötänleýin sanlaryň tablisasyndan 7-nji setir we 3-nji sütün boýunça saýlap alýarys. Çözgüdi tablisa görnüşinde resmileşdirmeli:

| Saýlap alma böleginiň belgisi | Şertnamanyň tertip belgisi |
|---|---|
| | |

Mesele çözülende ulgamlaýyn saýlap almak usuly bilen saýlap alnanda barlag üçin alynjak resminamalaryň aralygyny (interwalyny) kesgitlemeli.

$$A = N : n, \quad (9.3)$$

Bu ýerde, A -, aralyk (interwal);

N - baş umumylygyň bölekleriniň sany;

n - saýlanyp alnan umumylygyň bölekleriniň sany.

Haýsy belgili resminamadan barlagy başlamalydygyny kesgitlemeli. Saýlanyp alma böleginiň birinji bölegi (9.2.) ýa-da (9.4) formula boýunça kesgitlenip bilner:

$$n_1 = A\ Ts + B_1, (9.4)$$

bu ýerde n i – saýlanyp alnan umumylygyň resminamasynyň birinji belgisi.

Umumylygyň beýleki bölekleriniň hasaplanylyşynyň formulasy:

$$n_1 = n_{i-1} + A\ \ (9.5)$$

**9.4-nji ýumuş**

Hukuk bölümi barlanýan ykdysady tarapyň çözülmedik kazyýet işine garamaklyk ätiýajyna hasaplamalaryň dogrulygyny barlamaga gerek bolan gözleg talaplarynyň düzümi barada maglumat berdi (tablisa seret). Auditor 7 sany gözleg talaplaryny barlamak gerek diýen netijä geldi. Saýlap almak usuly hökmünde ulgamlaýyn saýlap almak ulanylýar. Aralyk (interwal) gymmat bahada guralýar.

Eger-de tötänleýin sanlar tötänleýin sanlaryň tablisasynyň 7-nji setiriniň 3-nji sütüni boýunça kesgitlenýän bolsa, saýlap alma haýsy gözleg talaplary düşerler.

Saýlap alma düşen bölekleriň belgilerini kesgitlemeli.

Saýlap alma umumylygynyň birinji bölegini we aralygyny (interwaly) kesgitlemeli. Aralyk (interwal) şu formula boýunça kesgitlenýär:

$$A = Nu:n\ \ \ (9.6.)$$

Tötänleýinlik bilen saýlap alma umumylygynyň birinji bölegini şu formula boýunça kesgitleýäris:

$$n_{lu} = A \text{ x } Ts,\ \ (9.7.)$$

bu ýerde $n_{lu}$ - baş umumylygyň birinji bölegi.

Saýlap alma umumylygynyň galan agzalaryny aşakdaky aňlatmadan tapýarys:

$$n_{1u} - n_{i-1u} + A.\ \ \ (9.8.)$$

**Gözleg talaplarynyň düzümi barada maglumatlar**

| Baş umumylygyň böleginiň belgisi | Gözleg talabynyň belgisi | Gözleg talabynyň jemi | Gözleg talabynyň jemi artýan jem boýunça |
|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** |
| 1 | 322 | 88000 | 88000 |
| 2 | 343 | 45666 | 133666 |
| 3 | 564 | 23000 | 156666 |
| 4 | 23 | 45978 | 202644 |
| 5 | 43 | 12000 | 214644 |
| 6 | 546 | 15000 | 229644 |
| 7 | 764 | 2314 | 231958 |
| 8 | 543 | 4567 | 236525 |
| 9 | 10 | 1 1 1 | 236636 |
| 10 | 13 | 2345 | 238981 |
| 11 | 28 | 2363 | 241344 |
| 12 | 45 | 9786 | 251130 |
| 13 | 1 | 9054 | 260184 |
| 14 | 2 | 56789 | 316973 |
| 15 | 65 | 12657 | 329630 |
| 16 | 44 | 86784 | 416414 |
| 17 | 29 | 12456 | 428870 |
| 18 | 54 | 55555 | 484425 |
| 19 | 86 | 894 | 485319 |

Meseläniň çüzgüdini tablisa görnüşinde resmileşdirmeli

| Baş umumyly-gyň böleginiň belgisi | Gözleg talabynyň belgisi | Gözleg talabynyň jemi | Gözleg talabynyň jemi artýan jem boýunça | Saýlap alma düşen jem | saýlap alma umumyly-gynyn böleginiň belgisi |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |

## 9.5-nji ýumuş

Önümi kepillendiriş abatlaşdyrylyşynyň ätiýajynyň jemininiň barlagynda 9.4-nji ýumşy ýerine ýetirmegiň netijesinde saýlanyp alnan üpjünçiligiň şertnamalary boýunça aşakdaky tablisadaky maglumatlar alnan:

**Kepillendiriş abatlaşdyrylyşynyň ätiýajynyň jemininiň hasaplanylyşynyň dogrulygyny barlamak üçin üpjünçiligiň şertnamalaryny barlamagyň netijeleri**

| Saýlap almagyň bölegininiň tertip belgisi | Önümi kepillendiriş abatlaşdyrylyşynyň ätiýajynyň jeminde aýan edilen ýalňyşlyklar, man. |
|---|---|
| **1** | **2** |
| 1 | 0 |
| 2 | 245 |
| 3 | 0 |
| 4 | 400 |
| 5 | 76 |
| 6 | 0 |
| 7 | 0 |
| 8 | 0 |
| 9 | 245 |
| 10 | 56 |
| 11 | 0 |
| 12 | 0 |
| 13 | 123 |
| 14 | 0 |
| 15 | 786 |
| 16 | 0 |
| 17 | 123 |
| 18 | 65 |
| 19 | 478 |
| 20 | 33 |

Saýlap almanyň barlagynyň netijesini hemme umumylyga ýaýratmaly we baş umumylyk boýunça kepillendiriş abatlaşdyrylyşynyň ätiýajynyň jeminiň hasaplanylyşynyň garaşylýan ýalňyşlyklaryny seljerilýän görkeziji üçin bellenen düýplüligiň derejesi bilen deňeşdirmeli.

Mesele çözülende aşkdaky tablisany resmileşdirmeli.

| Tertip belgisi | Ýalňyşlyk (x) | $x-\overline{x}$ | $(x-\overline{x})^2$ |
|---|---|---|---|
| | | | |

$x$ - saýlap almak umumylygynda ýalňyşlygyň ululygy;

$\overline{x}$ - ýalňyşlygyň ortaça ähmiýeti.

Mesele çözülende şulardan ugur almaly. Ýalňyşlygyň bir resminama düşýän ortaça ähmiýeti $\overline{x}$ :

$$\bar{x} = \sum_{i=1}^{20} x_i : n = 85{,}1 \qquad (9.9)$$

Saýlap almanyň aňry çäk ýalňyşy (Δ) şeýle kesgitlenýär:

$\Delta = t \cdot \mu$, (9.10)

Bu ýerde, μ – saýlap almanyň ortaça ýalňyşlygy;

t – ynamlylyk koeffisiýenti.

Saýlap almanyň ortaça ýalňyşlygy aşakdaky formula bilen kesgitlenýär:

$$\mu = \sqrt{\sigma^2 / n}\ , \quad (9.11)$$

Bölekleriň sany 25-den az bolan saýlap alma üçin dispersiýany kesgitlemek formulasy ulanylýar:

$$\sigma^2 = \sum (x - \bar{x})^2 / n - 1\ , \quad (9.12)$$

bu ýerde σ - saýlap alma umumylygynda wariasiýanyň ähmiýetiniň görkezijisi.

Dispersiýa saýlap alma umumylygynda ýalňyşlygyň ortaça ähmiýetinden ($x$-) ýalňyşlyklaryň aýan edilen gyşarmasynyň ululygynyň wariasiýasynyň görkezijisidir.

Baş umumylyk boýunça jemlenen ýalňyşlyk aşakdaky formula

boýunça kesgitlenýär:

$$X = (\bar{x} \pm \Delta) - N, \quad (9.13)$$

bu ýerde X - baş umumylyk boýunça ýalňyşlyk.

## 9.4. Soragly ýumuşlar

9.1. Auditorlyk saýlap almalar bu:

a)Auditorlyk barlagynyň bir usulydyr;

b)maglumatlary belli bir nyşanlar boýunça toparlamagyň usulydyr;

ç) resminamalary belli bir nyşanlar boýunça toparlamagyň usulydyr.

9.2. Auditorlyk guramasy girizilmedik saýlap almany haýsy ýagdaýda ulanyp bilýär?

a)Ulanylýan umumylygyň uly möçberinde;

b)baş umumylygyň bölekleriniň bir dürli dälliginde;

ç) eger-de barlagyň netijesini hemme umumylyga ýaýratmaly däl bolsa.

9.3.Saýlap almanyň ýol bererlikli ýalňyşlygyň ululygy nämä bagly?

a)Içerki gözegçilik ulgamyna baha berýän görkezijä;

b)tapmazlyk töwekgelçiligine;

ç) düýplülik derejesine.

9.4.Auditiň gidişinde ýol bererlikli ýalňyşlyk haýsy döwürde kesgitlenýär?

a)Ykdysady tarapyň işi bilen tanşylýan döwürde;

b) meýilnamalaşdyrmak döwründe;

ç) barlag geçirilýän döwürde.

9.5.Saýlap almanyň kiçi göwrümi haýsy ýagdaýda ulanylýar?

a)Baş umumylygyň möçberi uly bolmadyk ýagdaýynda;

b)baş umumylygyň bölekleriniň öz nyşanlary boýunça birmeňzeş bolan ýagdaýda;

ç) auditoryň baş umumylygyň ýalňyşlykdan azat hasaplan ýagdaýynda.

9.6.Eger-de barlanýan umumylykda ýalňyşlyk ýol bererlikliden köp bolsa näme etmeli?

a)Maliýe hasabatynyň hakykylygy barada pikiriňi aýtmakdan boýun towlamaly;

b)ulanylýan auditorlyk işleriň gurşawyny giňeltmeli we umumylygyň beýleki böleklerini barlamaly;

ç) bu ýagdaý barada ykdysady tarapyň ýolbaşçysyna ýazmaça maglumatda habar bermeli.

9.7.Saýlap almanyň netijesiniň hemme umumylyga ýaýradylyş usuly:

a)Kanun esasynda kesgitlenýär;

b)auditorlyk guramasynyň içki ülňüleri bilen takyk kadalaşdyrylan;

ç) saýlap almany guramagyň usulyna baglylykda auditorlyk guramasy tarapyndan bellenýär.

9.8.Statistiki usul bilen guralan saýlap alma aşakdaky bilen häsiýetlendirilýär:

a)Saýlap almanyň netijelerine baha bermek üçin ähtimallyklar taglymatyny ulanmak;

b)böleklериniň sanynyň 100-den köp bolmagy bilen;

ç) auditoryň hünärmenlik pikiri bilen.

9.9.Saýlap almanyň usulyny anyklamak nähili kesgitlenýär?

a)Auditorlyk guramasynyň içki düzgünleri bilen;

b) her anyk ýagdaýda auditor tarapyndan;

ç) auditorlyk guramalarynyň ülňüleri bilen.

9.10.Baş umumylyklary baş ugurlaşdyrmagyň esasy maksady:

a)maglumatlaryň görnüşlerini azaltmagyň hasabyna saýlap almak töwekgelçiligini azaltmak;

b)barlagda wezipeleri auditorlaryň arasynda paýlamak;

ç) saýlap almagyň ýol bererlikli ýalňyşlygyny artdyrmak.

## 9.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 9.1-nji ýumuş

Ynam ederlik koeffisiýenti saýlanyp alnan umumylygyň barlagynyň netijelerini baş umumylyga ýaýratmagyň ygtybarlylyk derejesini

häsiýetlendirýär. Auditoryň saýlap almagynyň maglumatlary boýunça alan netijeleriniň baş umumylyga laýyklygynyň ähtimallygy ynam ederlik koeffisiýentiniň ähmiýetine bagly bolup durýar.

Bu koeffisiýent näçe uly bolsa şonça-da uly ähtimallyk bilen saýlap öwrenmegiň netijeleriniň baş umumylyk üçin ulanarlyklylygyny tassyklap bolýar.

Eger-de ynam ederlik koeffisiýenti 1,5-e deň bolsa, onda:

$$n \approx 683000 - 1{,}5^2 / 77000 \approx 20$$

Şeýlelikde, abatlaşdyryş ätiýajyny hasaplamagyň dogrulygyny barlamak üçin, saýlap almaklyga 20 şertnamany goşmak gerek. Bu saýlap almagyň netijesini 85% ähtimallyk bilen (seret goşundy 9.2.) baş umumylyga ýaýratmaga mümkinçilik berýär.

**9.2-nji ýumuş**

Tötänleýin sanyň we baş umumylygyň möçberiniň köpeltmek hasyly baş umumylygyň böleginiň birinji belgisine goşulýar.

**Tötänleýin usul bilen bölekleri saýlap almak**

| Saýlap almagyň böleginiň belgisi | Tötänleýin san | Şertnamanyň tertip belgisi |
|---|---|---|
| 1 | 0,698186 | 400 |
| 2 | 0,01079 | 39 |
| 3 | 0,59078 | 344 |
| 4 | 0,83824 | 474 |
| 5 | 0,37830 | 232 |
| 6 | 0,02806 | 48 |
| 7 | 0,24068 | 160 |
| 8 | 0,97622 | 546 |
| 9 | 0,29322 | 187 |
| 10 | 0,16799 | 121 |
| 11 | 0,54297 | 319 |
| 12 | 0,52754 | 310 |
| 13 | 0,42939 | 259 |
| 14 | 0,45734 | 274 |
| 15 | 0,80645 | 457 |

| Saýlap almagyň böleginiň belgisi | Tötänleýin san | Şertnamanyň tertip belgisi |
|---|---|---|
| 16 | 0,51343 | 303 |
| 17 | 0,48482 | 288 |
| 18 | 0,08830 | 79 |
| 19 | 0,08145 | 76 |
| 20 | 0,10969 | 91 |

Meseläniň çözgüdini tablisa görnüşinde resmileşdireliň.

**9.3-nji ýumuş**

A = 526 : 20 = 26,3 (526 = 559 - 33; 559 – baş umumylygyň iň soňky böleginiň belgisi; 33 – baş umumylygyň birinji böleginiň belgisi).

Biziň mysalymyzda baş umumylygyň bölekleri bolup, üpjün etmek şertnamasynyň belgileri durýar.

Aragyň (interwalyň) ähmiýeti umumylygyň her 26-njy resminamasynyň barlanjakdygy barada şaýatlyk edýär.

**Bölegiň belgisi boýunça ulgamlaýyn saýlap almak**

| Saýlap alma böleginiň belgisi | Şertnamanyň tertip belgisi |
|---|---|
| 1 | 51 |
| 2 | 77 |
| 3 | 103 |
| 4 | 129 |
| 5 | 155 |
| 6 | 181 |
| 7 | 207 |
| 8 | 233 |
| 9 | 259 |
| 10 | 285 |
| 11 | 311 |
| 12 | 337 |
| 13 | 363 |
| 14 | 389 |
| 15 | 415 |

| Saýlap alma böleginiň belgisi | Şertnamanyň tertip belgisi |
|---|---|
| 16 | 441 |
| 17 | 467 |
| 18 | 493 |
| 19 | 519 |
| 20 | 545 |

Çözgüt tablisa görnüşinde resmileşdirilýär:

**9.4-nji ýumuş**

A = 485319 : 7 = 69331 (man.).

485319 – gözleg talabynyň jemi artýan jem boýunça (9.4-nji ýumşuň tablisasyna seret).

Baş umumylygyň birinji bölegi jem aňlatmada, 69331 x 0,69819 = =48406.

Baş umumylygyň saýlap alma düşen böleginiň’ belgisini kesgitleýäris (aşakdaky tablisa seret). Saýlap alma düşen birinji san, 48406; bu jeme baş umumylygyň birinji bölegi gabat gelýär. Indiki jem -117737. 01 88000 –

- den uly 133666-dan kiçi, ýagny bu jeme baş umumylygyň ikinji bölegi gabat gelýär. Şeýlelikde, saýlap alma baş umumylygyň 1,2,4,13,15,16,18

**Ulgamlaýyn hem-de gymmatlaýyn saýlap almak**

| Baş umumylygyň böleginiň belgisi | Gözleg talabynyň belgisi | Gözleg talabynyň jemi | Gözleg talabynyň jemi artýan jem boýunça | Saýlap alma düşen jem | Saýlap alma umumylygynyň böleginiň belgisi |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 322 | 88000 | 88000 | 48406 | 1 |
| 2 | 343 | 45666 | 133666 | 117737 | 2 |
| 3 | 564 | 23000 | 156666 | | |
| 4 | 23 | 45978 | 202644 | 187068 | 3 |
| 5 | 43 | 12000 | 214644 | | |
| 6 | 546 | 15000 | 229644 | | |

| Baş umumylygyň böleginiň belgisi | Gözleg talabynyň belgisi | Gözleg talabynyň jemi | Gözleg talabynyň jemi artýan jem boýunça | Saýlap alma düşen jem | Saýlap alma umumylygynyň böleginiň belgisi |
|---|---|---|---|---|---|
| 7 | 764 | 2314 | 231958 | | |
| 8 | 543 | 4567 | 236525 | | |
| 9 | 10 | 111 | 236636 | | |
| 10 | 13 | 2345 | 238981 | | |
| 11 | 28 | 2363 | 241344 | | |
| 12 | 45 | 9786 | 251130 | | |
| 13 | 1 | 9054 | 260184 | 256399 | 4 |
| 14 | 2 | 56789 | 316973 | | |
| 15 | 65 | 12657 | 329630 | 325730 | 5 |
| 16 | 44 | 86784 | 416414 | 395061 | 6 |
| 17 | 29 | 12456 | 428870 | | |
| 18 | 54 | 55555 | 484425 | 464392 | 7 |
| 19 | 86 | 894 | 485319 | | |

bölekleri düşdüler.

**9.5-nji ýumuş**

Meseläni çözmek üçin saýlap almanyň aňry çäk ýalňyşyny (Δ), ýagny saýlap almak umumylygy bilen deňeşdireniňde baş umumylygyň ähmiýetiniň

| Saýlap almanyň tertip belgisi | Aýan edilen ýalňyşlyk, | $x-\overline{x}$ | $(x-\overline{x})^2$ |
|---|---|---|---|
| 1 | 0 | -85,1 | 7242,01 |
| 2 | 25 | -60,1 | 3612,01 |
| 3 | 0 | -85,1 | 7242,01 |
| 4 | 400 | 314,9 | 99162,01 |

| Saýlap almanyň tertip belgisi | Aýan edilen ýalňyşlyk, | $x-\overline{x}$ | $(x-\overline{x})^2$ |
|---|---|---|---|
| 5 | 76 | -9,1 | 82,81 |
| 6 | 0 | -85,1 | 7242,01 |
| 7 | 0 | -85,1 | 7242,01 |
| 8 | 0 | 1 -85,1 | 7242,01 |
| 9 | 245 | 159,9 | 25568,01 |
| 10 | 56 | -29,1 | 846,81 |
| 11 | 0 | -85,1 | 7242,01 |
| 12 | 0 | -85,1 | 7242,01 |
| 13 | 123 | 37,9 | 1436,41 |
| 14 | 0 | -85,1 | 7242,01 |
| 15 | 78 | -7,1 | 50,41 |
| 16 | 0 | -85,1 | 7242,01 |
| 17 | 123 | 37,9 | 1436,41 |
| 18 | 65 | -20,1 | 404,01 |
| 19 | 478 | 392,9 | 154370,01 |
| 20 | 33 | -52,1 | 2714,41 |
| Jemi | 1702 | | 354861,8 |

gyşaryş ululygyny kesgitlemeli:

$\sigma^2, \mu, \Delta$ we $x$ -i tapalyň:

$\sigma^2=\Sigma(x-\overline{x})^2 / n - 1, = 18676,94.$

$\mu = \sqrt{\sigma^2 / n} = 30,56$

$\Delta=t\ \mu =1,5x30,56 = 45,84.$

$$(85,1-45,84) \bullet 526 <= x <= (85,1 -45,84) \bullet 526$$

$$20650,76 <= x <= 68874,44$$

Şeýlelikde, baş umumylyk boýunça 85% ähtimallykly ýalňyşlyk 20650,76-den 68874,44-e çenli aralykda bolar. Geçirilen barlagyň esasynda auditor bu ülüşdäki ýalňyşlyk düýplülik derejesinden (77000) pes diýen netijä gelip bilýär. Diýmek, maliýe hasabatlylyk önümiň kepillendiriş ätiýaçlygy bilen bagly bolan şertli ýagdaýlary şekillendirmek bölümi boýunça hakykydyr.

### 9.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

9.1. - a; 9.2. - ç; 9.3. - ç; 9.4. - b; 9.5. - ç; 9.6. - b; 9.7. - ç;

Goşundy 9.1.

## Tötänleýin sanlaryň tablisasy

| | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 0,83493 | 0,21725 | 0,77039 | 0,83663 | 0,66710 | 0,60772 | 0,64010 | 0,51211 |
| 2 | 0,18220 | 0,77375 | 0,80609 | 0,75966 | 0,99222 | 0,42295 | 0,46718 | 0,03465 |
| 3 | 0,09310 | 0,11729 | 0,70633 | 0,77655 | 0,34605 | 0,09827 | 0,69819 | 0,74814 |
| 4 | 0,24937 | 0,26668 | 0,75818 | 0,48219 | 0,66625 | 0,16103 | 0,01079 | 0,22166 |
| 5 | 0,31331 | 0,20816 | 0,39356 | 0,25366 | 0,39010 | 0,27218 | 0,59078 | 0,11123 |
| 6 | 0,57224 | 0,35919 | 0,79026 | 0,81912 | 0,24311 | 0,59648 | 0,83824 | 0,10769 |
| 7 | 0,17494 | 0,55350 | 0,56311 | 0,85504 | 0,80324 | 0,44940 | 0,37830 | 0,80177 |
| 8 | 0,32255 | 0,58122 | 0,53186 | 0,08750 | 0,80143 | 0,80334 | 0,02806 | 0,44525 |
| 9 | 0,41106 | 0,59546 | 0,73011 | 0,60193 | 0,12386 | 0,92067 | 0,24068 | 0,44242 |
| 10 | 0,22174 | 0,99837 | 0,14589 | 0,93361 | 0,92330 | 0,61865 | 0,97622 | 0,17257 |
| 11 | 0,48584 | 0,63734 | 0,91950 | 0,20443 | 0,57968 | 0,87266 | 0,29322 | 0,81500 |
| 12 | 0,02583 | 0,88492 | 0,32213 | 0,22626 | 0,09948 | 0,05355 | 0,16799 | 0,32980 |
| 13 | 0,12604 | 0,26575 | 0,43723 | 0,00735 | 0,10364 | 0,72873 | 0,54297 | 0,58541 |
| 14 | 0,01642 | 0,30636 | 0,25884 | 0,40638 | 0,99900 | 0,15546 | 0,52754 | 0,81746 |
| 15 | 0,93639 | 0,49962 | 0,70098 | 0,09536 | 0,77608 | 0,24341 | 0,42939 | 0,61381 |
| 16 | 0,98590 | 0,18499 | 0,52062 | 0,23341 | 0,61399 | 0,71025 | 0,45734 | 0,64059 |
| 17 | 0,64792 | 0,08486 | 0,43121 | 0,87274 | 0,77137 | 0,30430 | 0,80645 | 0,70722 |
| 18 | 0,16241 | 0,93127 | 0,82636 | 0,09730 | 0,87913 | 0,64695 | 0,51343 | 0,20429 |
| 19 | 0,16602 | 0,46400 | 0,64273 | 0,67095 | 0,47709 | 0,66574 | 0,48482 | 0,69222 |
| 20 | 0,34128 | 0,05968 | 0,18204 | 0,06303 | 0,23968 | 0,42827 | 0,08830 | 0,07758 |
| 21 | 0,00577 | 0,07930 | 0,86690 | 0,65275 | 0,87144 | 0,11757 | 0,08145 | 0,18174 |
| 22 | 0,34238 | 0,29703 | 0,89483 | 0,47874 | 0,27281 | 0,50892 | 0,10969 | 0,31055 |
| 23 | 0,81320 | 0,89844 | 0,25391 | 0,09307 | 0,13144 | 0,93381 | 0,20321 | 0,53874 |

9.8.-a; 9.9.-b; 9.10.-a;

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 24 | 23765 | 0,52643 | 0,69640 | 0,46589 | 0,32688 | 0,97079 | 0,87983 | 0,44208 |
| 25 | 0,74778 | 0,20441 | 0,11180 | 0,20628 | 0,65228 | 0,15471 | 0,30424 | 0,25518 |
| 26 | 0,57852 | 0,83671 | 0,22896 | 0,31555 | 0,52674 | 0,12894 | 0,57162 | 0,04148 |
| 27 | 0,02088 | 0,85499 | 0,09649 | 0,44740 | 0,19858 | 0,26372 | 0,20212 | 0,89064 |
| 28 | 0,21755 | 0,32431 | 0,35649 | 0,96112 | 0,47742 | 0,50955 | 0,61310 | 0,02254 |
| 29 | 0,36967 | 0,73762 | 0,71179 | 0,08192 | 0,53272 | 0,23076 | 0,57499 | 0,24217 |
| 30 | 0,50897 | 0,47992 | 0,52034 | 0,20877 | 0,81682 | 0,70243 | 0,20482 | 0,23328 |

Goşundy 9.1, dowamy

| | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 0,42697 | 0,59120 | 0,98505 | 0,55542 | 0,57482 | 0,68989 | 0,89650 | 0,09456 |
| 2 | 0,72934 | 0,08854 | 0,81607 | 0,45826 | 0,70352 | 0,52291 | 0,15144 | 0,22563 |
| 3 | 0,17519 | 0,22696 | 0,02993 | 0,86985 | 0,58555 | 0,82307 | 0,44442 | 0,91765 |
| 4 | 0,26932 | 0,25466 | 0,90666 | 0,89733 | 0,70998 | 0,80211 | 0,36011 | 0,30721 |
| 5 | 0,60787 | 0,85291 | 0,17900 | 0,37226 | 0,80095 | 0,55316 | 0,82755 | 0,29005 |
| 6 | 0,60166 | 0,27486 | 0,43171 | 0,55099 | 0,21162 | 0,28694 | 0,83618 | 0,75742 |
| 7 | 0,04201 | 0,98420 | 0,06557 | 0,34211 | 0,19816 | 0,14825 | 0,49434 | 0,69813 |
| 8 | 0,22607 | 0,17616 | 0,75645 | 0,49379 | 0,82601 | 0,40328 | 0,70117 | 0,85444 |
| 9 | 0,56035 | 0,96216 | 0,79133 | 0,73216 | 0,36723 | 0,17658 | 0,03350 | 0,61550 |
| 10 | 0,79401 | 0,18141 | 0,63984 | 0,29910 | 0,05011 | 0,83452 | 0,60153 | 0,46099 |
| 11 | 0,24912 | 0,60646 | 0,41833 | 0,29928 | 0,91580 | 0,23192 | 0,20243 | 0,31646 |
| 12 | 0,77091 | 0,39594 | 0,02761 | 0,43833 | 0,86674 | 0,51173 | 0,72318 | 0,62392 |
| 13 | 0,41334 | 0,82041 | 0,92838 | 0,59299 | 0,31518 | 0,19846 | 0,16780 | 0,47632 |
| 14 | 0,02043 | 0,75520 | 0,65539 | 0,02408 | 0,16514 | 0,63812 | 0,38127 | 0,05785 |
| 15 | 0,01969 | 0,94907 | 0,45980 | 0,95492 | 0,34688 | 0,45584 | 0,57705 | 0,81513 |
| 16 | 0,08395 | 0,70358 | 0,52637 | 0,29919 | 0,13024 | 0,32267 | 0,77834 | 0,26470 |
| 17 | 0,40999 | 0,04370 | 0,15944 | 0,49862 | 0,97121 | 0,29709 | 0,61919 | 0,00595 |
| 18 | 0,70858 | 0,97897 | 0,38680 | 0,00195 | 0,09498 | 0,35525 | 0,06253 | 0,97779 |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 19 | 0,96991 | 0,61926 | 0,55080 | 0,73173 | 0,89365 | 0,50735 | 0,97030 | 0,02798 |
| 20 | 0,06505 | 0,12044 | 0,36258 | 0,85064 | 0,30513 | 0,58223 | 0,68072 | 0,54083 |
| 21 | 0,72915 | 0,21480 | 0,81662 | 0,02430 | 0,77506 | 0,33770 | 0,99268 | 0,25942 |
| 22 | 0,22086 | 0,03197 | 0,14681 | 0,97291 | 0,76008 | 0,27029 | 0,10163 | 0,73148 |
| 23 | 0,39083 | 0,26476 | 0,12983 | 0,38254 | 0,20804 | 0,66500 | 0,65395 | 0,03731 |
| 24 | 0,63682 | 0,04026 | 0,82627 | 0,74357 | 0,45225 | 0,46841 | 0,42483 | 0,03261 |
| 25 | 0,48346 | 0,99188 | 0,23539 | 0,93697 | 0,91963 | 0,01311 | 0,32490 | 0,35955 |
| 26 | 0,49158 | 0,37423 | 0,95878 | 0,69634 | 0,87175 | 0,05078 | 0,75103 | 0,68848 |
| 27 | 0,54044 | 0,78896 | 0,44054 | 0,10154 | 0,64168 | 0,77084 | 0,84885 | 0,15942 |
| 28 | 0,10374 | 0,20954 | 0,19143 | 0,56186 | 0,46964 | 0,78264 | 0,39503 | 0,15245 |
| 29 | 0,42491 | 0,21466 | 0,87323 | 0,63992 | 0,73805 | 0,48442 | 0,66238 | 0,89283 |
| 30 | 0,45495 | 0,80096 | 0,55866 | 0,04698 | 0,36084 | 0,49681 | 0,64783 | 0,17162 |

Goşundy 9.2.

**Kiçi saýlap almalarda ynamlylyk koeffisiýentine *t* we saýlap almanyň sanyna n baglylykda ýaýratmagyň ähtimallygy**

| $t^{n}$ | 5 | 7 | 10 | 12 | 16 | 18 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 0,626 | 0,644 | 0,656 | 0,662 | 0,666 | 0,668 | 0,670 |
| 1,5 | 0,792 | 0,816 | 0,832 | 0,838 | 0,846 | 0,848 | 0,850 |
| 2,0 | 0,884 | 0,908 | 0,924 | 0,930 | 0,936 | 0,938 | 0,940 |
| 2,5 | 0,933 | 953 | 0,966 | 0,970 | 0.975 | 0,977 | 0,978 |
| 3,0 | 0,960 | 0,976 | 0,984 | 0,988 | 0,991 | 0,992 | 0,992 |

(Talybyň ýaýratmak tablisasy)

# TEMA 10. AUDITORÇYLYK BARLAGYNYŇ NETIJESINE BAHA BERMEK

## 101. Usuly görkezmeler

Bu tema düşünmek üçin okuw gollanmasynyň 10-njy baby bilen tanyşmaly.

Materiallary özleşdirmek üçin aşakdakylar zerurdyr:

•auditorlyk barlagynyň netijelerini jemlemeklige kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryny bilmek;

• auditorlyk barlagy tamamlanandan soň, barlanýan tarapyň ýolbaşçylaryna auditoryň ýazmaça hasabatyny düzmegiň we tabşyrmagyň tertibi barada düşünjäniň bolmagy;

• maliýe hasabatlylygynyň bilkastlaýyn we tötänleýin ýoýulmagynyň nyşanlaryny tapawutlandyrmagy başarmak.

Alnan bilimleri berkitmek maksady bilen meseleler ýygyndysynyň 10.2-nji bendindäki barlag üçin soraglara jogap bermek gerek.

Auditorlyk barlagynyň netijesi boýunça ýazmaça maglumaty düzmek endigini şu meseleler ýygyndysynyň 10.3-nji bendinde getirilen ýumuşlary ýerine ýetirip alarsyňyz.

10.4-nji bentde getirilen testleri çözüp, bilimi özbaşdak özleşdiriş derejäňizi kesgitläp bilersiňiz.

## 10.2. Barlag üçin soraglar

1. Auditorlyk barlagynyň gidişinde we onuň netijesi boýunça maliýe hasabatlylygynda ýoýulmalar aýan edilende auditoryň hereketini kadalaşdyrýan resminamalary sanap beriň.

2. Maliýe hasabatlylygynda ýoýulmalar aýan edilende auditoryň esasy hereketlerini sanaň.

3. Auditor ýoýulmalaryň haýsy görnüşlerini tapawutlandyrmaly?

4. Buhgalterlik hasaba alnyşynyň we maliýe hasabatlylygynyň

ýoýulmagynyň ýüze çykmagyna ýardam edýän, ykdysady tarapyň içki hojalyk işiniň sebäplerine baha beriň.

5. Maliýe hasabatlylygynyň nähili ýoýulmasy bilkastlaýyn hasaplanýar?

6. Maliýe hasabatlylygynyň tötänleýin ýoýulmasyna mysal getiriň.

7. Maliýe hasabatlylygynyň ýoýulmasy aýan edilende auditorlyk işiniň gidişine düzediş girizmeklik nämä bagly bolup durýar?

8. Auditorlyk barlagy geçirilýänligi sebäpli barlanýan ykdysady tarapyň işgärleri nämä jogapkärçilik çekýärler?

9. Auditorlyk barlagynyň ahyrky döwründe auditor nähili resminama düzýär?

10. Auditorlyk barlagynyň ahyrky döwründe auditorlyk barlagynyň ýolbaşçysy nämä göz ýetirmeli?

11. Ýazmaça maglumat haýsy şahslara berlip bilinýär?

12. Barlagyň ahyrky döwründe auditor üçin ähmiýeti bolan esasy seneleri aýdyp beriň.

## 10.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 10.1-nji ýagdaý

"Gaýrat" hususy kärhanasy bankdan karz pul almak üçin 2007-nji ýylyň awgust aýynda "Audit-1" auditorlyk guramasyna 2005-nji we 2006 – njy ýyllaryň auditorlyk barlagyny geçirip bermegini haýyş edip ýüz tutdy. "Audit-1" auditorlyk guramasy auditorlyk barlagyny geçirdi, hem-de hasabatlylygyň hakykylygyna şertli oňaýly auditorlyk netije bererlik derejede täsir edýän ýalňyşlyklary aýan etdi. Bu barada deslapky ýazmaça hasabatda bellik edildi.

Auditorlyk guramasynyň hereketine baha beriň.

### l0.2-nji ýagdaý

"Läle" ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň auditorçylyk barlagynyň netijesi boýunça ýazmaça hasabat taýýarlanylan. "Läle" ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň ýolbaşçysy buhgalterlik hasaba alnyşyndan ýaramaz baş çykarýan bahanasy bilen auditorçylyk guramasynyň ýolbaşçysyndan barlagyň bankdan karz pul almak üçin geçirilýändigi sebäpli, bu resminamany

döwlet bankynyň hukukçysyna bermegini haýyş edýär.

Eger-de auditorçylyk guramasy “Läle” ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň ýolbaşçysynyň haýyşyny kanagatlandyrsa, dogry bolarmy?

### 10.3-nji ýagdaý

“Audit-2000” auditorlyk guramasynda başarjaň we zehinli auditorlar işleýärler. Olaryň her biri geçirilen auditiň netijesi hakyndaky ýazmaça hasabaty ýazmaklyga we resmileşdirmeklige döredijilikli çemeleşýärler. Auditorlyk guramasynyň ýolbaşçylygy bu düzgüni goldaýar.

“Audit-2000” auditorlyk guramasynyň ýolbaşçylygynyň hereketine baha beriň.

### l0.4-nji ýagdaý

Auditorçylyk guramasy auditorçylyk barlagynyň netijesi hakyndaky ýazmaça hasabatynda şeýle ýazgy etdi: “Auditiň gidişinde barlanylýan hasabat döwrüniň aprel aýynda könelişiň hasaplanylyşynyň saýlap barlamasyny geçirdi. Bu aýda esasy serişdeleriň hereketi bolmanlygy sebäpli ýalňyşlyk aýan edilmedi. Biziň pikirimiz boýunça indiki aýlarda esasy serişdeler alnandan soň ýalňyşlyklaryň ýüze çykmagy mümkin.”

Bu ýagdaýda haýsy-da bolsa bir ülňiniň talaplary bozulmandyrmy?

## 10.4. Soragly ýumuşlar

10.1. Auditorlyk guramasy auditiň gidişinde maliýe hasabatlylygyň ýoýulmasynyň barlygyny görkezýän maglumatlaryň ýörite gözlegini edýärmi?
a) Hawa;
b) ýok;
ç) edýär, sebäbi bu auditorlyk barlagynyň esasy maksady bolup durýar.

10.2. Ykdysady tarapyň maliýe hasabatlylygynda bilkastlaýyn we tötänleýin ýoýulmalary aýan edende, olaryň barlanylýan hasabatlylygyň hakykylygyna, täsirine, auditorlyk guramasyna:
a) Hemme düýpli babatda baha berýär;
b) takyklyk bilen baha berýär;
ç) baha berenok.

10.3. Maliýe hasabatlylygyň tötänleýin we bilkastlaýyn ýoýulmagyna

jogapkärçiligi kim çekýär?

a) Auditorlyk barlagyny amala aşyrýan auditorlyk guramasy;

b)telekeçi auditor;

ç) barlanylýan ykdysady tarapyň işgärleri.

10.4. Maliýe hasabatlylygyň tötänleýin we bilkastlaýyn ýoýulmagynyň düzedilmezligine ýa-da wagtyndan giç düzedilmegine jogapkärçiligi kim çekýär?

a) Auditorlyk barlagyny amala aşyrýan auditorlyk guramasy;

b)telekeçi auditor;

ç) barlanylýan ykdysady tarapyň işgärleri.

10.5. Auditiň hiliniň içki gözegçiliginiň maksady:

a) Auditiň umumy meýilnamasynyň we maksatnamasynyň hemme bentleriniň ýerine ýetirilendigini, auditorlyk barlagynyň netijesi boýunça bolsa, ýönekeý auditorlaryň dogry netije edendiklerini anyklamakdyr;

b) Auditorlyk işini kadalaşdyrýan guramanyň öňünde hasabat düzmekdir;

ç) barlanýan ykdysady tarapyň hünärmenleriniň auditorlaryň işinden hoşallygyny barlamakdyr.

10.6. Auditoryň ýazmaça hasabatyndaky maglumatlar barlanylýan tarapyň ýolbaşçylaryna näme üçin gerek?

a) Auditorlyk barlagynyň şertnamasynyň ýerine ýetirilişini barlamak üçin;

b) hasaba alnyş ýazgylaryndaky, buhgalterlik belliknamalardaky we içki gözegçilik ulgamyndaky bar bolan, maliýe hasabatynda düýpli ýalňyşlyklara getirip biljek kemçilikler barada düşünje almak üçin;

ç) hasaba alnyş ýazgylaryndaky, buhgalterlik belliknamalardaky, zähmet tertip-düzgünlerindäki kemçilikleri anyklamak üçin.

10.7. Auditoryň ýazmaça hasabaty barlanylýan tarapyň hemme düýpli kemçilikleri hakyndaky doly hasabatmy?

a) Hawa;

b) ýok, onda diňe auditorlyk barlagynyň gidişinde aýan edilen kemçilikler görkezilýär;

ç) bolmagy mümkin.

10.8. Auditoryň ýazmaça hasabaty gizlin resminamamy?

a) Hawa, şonuň üçin ol auditorlyk guramasynyň ýolbaşçylygyna berlenok;

b) hawa, şonuň üçin ol diňe auditorlyk ülňüde sanawy getirilen şahsyýetlere berilýär;

ç) ýok.

10.9.Auditoryň ýazmaça hasabatynyň deslapky görnüşi:

a) Buhgalterlik hasaba alnyşynyň maglumatlaryna düzediş girizmek we eýýäm düzülen maliýe hasabatlylygyna takyklamalaryň sanawyny taýýarlamakda talaplary yglan etmek üçin düzülýär;

b) auditorlyk guramasynyň hyzmatlaryna goşmaça töleg hakyndaky talaplary yglan etmek üçin düzülýär;

ç) barlanylýan tarapyň ýolbaşçylary bilen şertsiz oňaýly auditorlyk netijäniň taýýarlanylyşyny ylalaşmak üçin düzülýär.

10.10.Auditoryň ýazmaça hasabatynyň gutarnykly görnüşi aşakdakylardan gijä galman taýýarlanylmaly we barlanylýan tarapyň ýolbaşçylaryna berilmeli:

a) Auditorlyk netijeden;

b) barlanylýan tarapyň maliýe hasabatlylygyndan;

ç) hasabat döwri tamamlanmazyndan.

## 10.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 10.1-nji ýagdaý

Auditorlyk barlagynyň 3-nji çärýekde geçirilýänligi we eýýäm “Gaýrat” hususy kärhanasynyň maliýe hasabatynyň gyzyklanýan ulanyjylara iberilenligi üçin, bu guramanyň ýolbaşçylaryna deslapky ýazmaça hasabaty bermegiň zerurlygy ýok. Sebäbi bu hasabata nähili-de bolsa bir düzediş girizmeklik mümkin däl.

### 10.2-nji ýagdaý

Ýazmaça hasabat ýaşyryn resminamadyr. Ol diňe auditorlyk barlagyny geçirmeklige şertnama gol çeken şahsa, auditorlyk barlagyny geçirmeklige şertnamada auditoryň ýazmaça hasabatyny alyjy hökmünde resmi görkezilen şahsa, ýa-da auditorlyk barlagyny geçirmeklige şertnama gol çeken şahs ýazmaça rugsat berse, beýleki taraplara berlip

bilner.

Bu ýagdaýda haýyş ýazmaça resmileşdirilmänligi, şeýle hem ýazmaça hasabat daşky ulanyjylar üçin niýetlenilmänligi' sebäpli auditorlyk guramasy bu delili "Läle" ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň ýolbaşçysyna beýan etse dogry bolar.

**10.3-nji ýagdaý**

Türkmenistanda auditorlyk "Auditi geçirmegiň netijesi boýunça audit geçirilýän tarapyň ýolbaşçysyna auditoryň ýazmaça maglumaty" ülňüsine laýyklykda her bir auditorlyk guramasy auditoryň ýazmaça maglumatynyň ýeke-täk (şereketiçi) talabyny işläp düzmäge borçludyr. Bu talaplar şu resminamanyň dürli ykdysady taraplar üçin tertipli we bir kysymly resmileşdirilmegini üpjün etmeli. Olar auditorlyk guramasynyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylýar we auditorlar ýazmaça maglumat taýýarlanlarynda hökman berjaý edilmelidir. Auditorlyk işiniň ülňüsiniň şu talabyny "Audit-2000" auditorlyk guramasynyň ýolbaşçylygy ýerine ýetirenok.

**10.4-nji ýagdaý**

Türkmenistanda auditorlyk "Auditi geçirmegiň netijesi boýunça audit geçirilýän tarapyň ýolbaşçysyna auditoryň ýazmaça maglumaty" ülňüsine laýyklykda auditoryň ýazmaça maglumaty hemme düýpli kemçilikler baradaky doly hasabat hökmünde garalyp bilinmez. Ol diňe auditorlyk barlagynyň gidişinde aýan edilen kemçiliklere degişli edilip bilner. Şol sebäplide auditorlyk işlerini ýerine ýetirmän, ýalňyşlyklar bolmagy mümkin diýip çak etmeklige ýol berilmeli däldir.

**10.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary**

10.1. - b; 10.2. - a; 10.3 - ç; 10.4. - ç; 10.5. - a; 10.6. - b; 10.7. -b; 10.8.-b; 10.9.-a; 10.10.-a;

## TEMA 11. AUDITORLYK BARLAGYNYŇ NETIJELERI

### 11.1. Usuly görkezmeler

Bu temany üstünlikli özleşdirmek üçin "Auditorlyk işi hakynda" Türkmenistanyň kanunyny, auditorlyk işiniň "Edara görnüşli tarapyň maliýe hasabatlylygyny barlamak hakynda auditoryň hasabaty", "Auditorlyk

netijeleriň görnüşleri" we "Auditorlyk hasabaty düzmegiň senesi, balans düzülenden soňky hadysa, maliýe hasabatlylygy çykarylandan soň, maglumatlaryň tapylmagy" ülňülerini öwrenip, auditorlyk netijeler, olaryň görnüşleri, auditorlyk hasabatynyň düzümine edilýän talaplar barada düşünje almaly. Şeýle-de okuw gollanmasynyň 11-- nji babyny öwrenmeli.

Alnan bilimleri berkitmek maksady bilen meseleler ýygyndysynyň 11.2-nji bendindäki barlag üçin soraglara jogap bermek gerek.

Auditorlyk netijelerini düzmek endigini şu meseleler ýygyndysynyň 11.3-nji bendinde getirilen ýumuşlary ýerine ýetirip alarsyňyz.

11.4-nji bentde getirilen testleri çözüp, bilimi özleşdiriş derejäňizi kesgitläp bilersiňiz.

## 11.2. Barlag üçin soraglar

1. Auditor barlagynyň netijesine nähili baha berilýär?
2. Auditorlyk netijesiniň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?
3. Makullamaýan auditorlyk netijesiniň netije bermekden boýun towlamagynyň näme tapawudy bar?
4. Auditorlyk netijesiniň giriş bölegine nämeler girýär?
5. Auditorlyk netijesiniň seljerme bölegine nämeler girýär?
6. Auditorlyk netijesiniň jemleýji bölegine nämeler girýär?
7. Auditorlyk netijesinde auditor barada getirilýän maglumatlary sanap beriň.
8. Auditorlyk netijesinde barlanýan tarap barada getirilýän maglumatlary sanap beriň.
9. Auditorlyk netijesi kime salgylanýar?
10. Auditorlyk netijesinde senäni görkezmek hökmanmy?
11. Auditorlyk netijesine kim gol çekýär?
12. Auditorlyk netijesine maliýe hasabaty goşulýarmy?
13. Auditorlyk netijesi näçe nusgada taýýarlanylýar?
14. Şertsiz oňaýly auditorlyk netijesi näme barada şaýatlyk edýär?
15. Şertli oňaýly auditorlyk netijesi näme barada şaýatlyk edýär?
16. Makullamaýan auditorlyk netijesi näme barada şaýatlyk edýär?
17. Auditorlyk netijesini bermekden boýun towlamak haýsy

ýagdaýda bolýar?

18. Haýsy ýagdaýlarda makullamaýan auditorlyk netijesi berilýär?

19. Auditorlyk netijesini bermekden boýun towlamak bilen makullamaýan auditorlyk netijesini bermegiň arasynda näme tapawut bar?

20. Kimiň şertnama gol çekmäge hukugy bar?

## 11.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 11.1-nji ýagdaý

Auditorlyk guramasy ykdysady tarapyň buhgalterlik hasaba alnyşyny we maliýe hasabatlylygyny barlap, auditorlyk hasabatyny rus dilinde düzdi. Ondaky gymmat görkezijileri ABŞ-nyň dollarynda görkezdi.

Auditorlyk guramasynyň hereketine baha beriň.

### 11.2-nji ýagdaý

Auditorlyk guramasy ykdysady tarapyň buhgalterlik hasaba alnyşyny we maliýe hasabatlylygyny barlap bolandan soň, auditorlyk hasabata düzediş girizdi.

Auditorlyk guramasynyň hereketine baha beriň.

### 11.3-nji ýagdaý

Auditorlyk guramasy ykdysady tarapyň buhgalterlik hasaba alnyşyny we maliýe hasabatlylygyny barlap, auditorlyk hasabatyny ykdysady tarap bilen ylalaşylan nusga sanyndan artyk düzdi we taraplaryň şertleşen möhletlerinden 5 gün gijä galyp berdi,

Auditorlyk guramasynyň hereketine baha beriň.

### 11.4-nji ýagdaý

Auditor ykdysady tarapyň buhgalterlik hasaba alnyşyny we maliýe hasabatlylygyny barlap bolandan soň, düzen auditorlyk hasabatynyň diňe iň soňky sahypasyna gol çekdi we möhürçesini goýdy.

Auditoryň hereketine baha beriň.

### 11.5-nji ýagdaý

Auditoryň maliýe hasabatlylygynyň hakykylygy hakynda öz pikirini aşakdakylar ýaly yglan etmeginiň mysallaryny getiriň:

1.Şertsiz oňaýly auditorçylyk netijesi;

2.Şertli oňaýly auditorçylyk netijesi;
3.Makullamaýan auditorçylyk netijesi;
4.Auditorçylyk netijesini bermekden ýüz öwürmek.

## 11.4. Soragly ýumuşlar

11.1.Auditorlýk netijesi näçe bölekden durýar?
a) Bir;
b)iki;
ç) üç.
11.2.Barlagyň netijesi boýunça müşderä auditorlyk netijesini bermeklik auditoryň borjuna degişlimi?
a)Ýok;
b) hawa;
ç) auditorlyk barlagynyň şertnamasynyň ýazgysyna bagly.
11.3.Kärhananyň buhgalterlik hasabatyndaky maglumatlary ulanyjylaryň auditorlyk netijesiniň seljerme bölegi bilen tanyşmaga hukugy barmy?
a) Hawa;
b) ýok;
ç) eýesiniň razyçylygy bilen.
11.4. Auditorlyk netijäni bermekden boýun towlamagyň sebäbi aşakdaky bolup biler:
a) Müşderi auditorlyk netijesini diňe kärhananyň balansy boýunça düzmegi talap etdi;
b) auditorlyk netijesi berilmeli pursadyna auditora auditorlyk netijesini düzmek üçin zerur bolan resminamalaryň hemmesi berilmedi;
ç) müşderiniň kärhanasynyň başga auditorlar tarapyndan barlanylýan birnäçe golçur kärhanasy bar.
11.5. Asakdaky ýagdaýlaryň haýsy birinde auditor adat boýunça şertli oňayly netije bermek ýa-da makullamaýan netije bermegi saýlaýar?
a)Auditor tükelleme geçirilende gatnaşmady we beýleki auditorlyk işleriniň kömegi bilen görkezilen jemlere ynanyp bilenok;
b)maliýe hasabaty umumy kabul edilen buhgalterlik esaslaryň talap edýän maglumatlaryny açyp görkezip bilenok;

ç) auditor diňe balans barada hasabat bermek üçin bellenen, emma maliýe hasabatynyň beýleki wajyp bölekleri boýunça bermek üçin däl.

11.6. Kärhananyň ýolbaşçylygy täjirçilik syrlara salgylanyp, auditora maliýe häsiýetsiz resminamalary bermekden boýun towlady. Auditoryň hereketine baha beriň.

a) Auditor auditorlyk netijesini bermekden boýun towlady;

b) auditor auditorlyk netijesini berdi;

ç) auditor auditorlyk netijesini berip, maglumatlaryň doly däldigi barada bellik etdi.

11.7 Auditoryň auditorlyk netijesini bermekden boýun towlamak barada karar kabul etmegi bilen makullamaýan auditorlyk netijesini bermek barada karar kabul etmeginiň arasynda näme tapawut bar?

a) Hiç hili;

b) eger-de auditor netije bermekden boýun towlan bolsa, diýmek kesgitli sebäplere görä, onda müşderiniň hasabatynyň hakykylygy barada pikir döräm däldir, makullamaýan netijäni bolsa, ol hasabatyň ýeterlik dälligine ynamly bolanda berýär.

ç) kararlaryň sebäpleri birmeňzeş, ýöne boýun towlamak müşderä amatlyrak.

11.8. Auditorlyk barlagyna şertnamada müşderi geçen ýylyň hasabatynyň dogrulygy barada auditorlyk netijesini bermek meselesini goýdy. Hasabatyň barlagyny geçirip, auditor häzirki ýylyň hasaba alnyş we hasabat maglumatlaryny talap etdi. Müşderiniň ýolbaşçylygy auditora olary bermekden boýun towlady. Ýagdaýa baha beriň:

a) Müşderiniň ýolbaşçylygynyň hereketi dogry, sebäbi auditoryň hereketi auditi geçirmegiň şertnamasyny bozýar;

b) balans düzülenden soňky ýylyň hadysalary we amallary baradaky maglumatlary barlamagyň auditor üçin hiç hili zerurlygy ýok;

ç) müşderiniň maliýe-hojalyk işleri baradaky resminamalary dolulygyna barlamaga auditoryň haky bar. Bu boýun towlamany auditi çäklendirmek hökmünde garap bolýar.

11.9. Müşderiniň şereketiniň ýolbaşçylygy, telekeçilik syrlaryna

salgylanyp, auditora käbir görkezijileriň hakykylygyny barlamaga rugsat bermedi. Şol bir wagtda müşderiniň ýolbaşçylygy auditora bu görkezijileriň dogrulygy barada ýazmaça tassyknama berdi. Eger-de barlagyň gidişinde başga meseleler ýüze çykmadyk bolsa, auditorlyk netijesini bermekligi näme etmeli?

a) Ýolbaşçylygyň ýazmaça tassyklamasy bolanlygy üçin oňaýly auditorlyk netijesini bermeli;

b) görkezijileriň maddylylygyna baglylykda ýa netije bermekden boýun towlamaly, ýa-da şertli oňaýly auditorlyk netijesini bermeli.

ç) makullamaýan auditorlyk netijesini bermeli.

11.10 Salgyt gullugynyň barlagçyşy ykdysady tarapy barlanynda auditorlyk netijesiniň doly ýazgysy bilen tanyş etmegi talap etdi. Müşderä dogry jogaby aýdyp beriň:

a) Ykdysady tarap gyzyklanýan şahsyýetlere auditorlyk netijesini dolulygyna görkezip bilýär;

b) ykdysady tarap gyzyklanýan şahsyýetlere auditorlyk netijesini dolulygyna görkezmäge borçly;

ç) ykdysady tarap gyzyklanýan şahsyýetlere auditorlyk netijesiniň diňe netije bölegini görkezmäge borçly.

11.11 Auditoryň jogapkärçiligi.

a) Auditor öz netijesine jogapkär;

b) auditor müşderiniň hasabatynyň mazmunyna jogapkär;

ç) auditor barlaga çekilen beýleki hünärmenleriň işine jogapkär.

11.12 Öz barlagyna esaslanyp, auditor kärhananyň maliýe-hojalyk işindäki düýpli kemçilikleri görkezýän hasabat düzdi. Bu ýagdaýda auditorlyk netijesi bilen näme etmeli?

a) Auditorlyk netijesini bermekden boýun towlamaly;

b) kemçilikleri düzetmäge wagt bermeli, ýene bir gezek barlamaly we ondan soň netije bermek barada karar kabul etmeli.

ç) auditorlyk netijesini bermeli.

11.13. Auditorlyk netijesiniň seljerme bölümi aşakdaka salgylanan bolmaly:

a) Ykdysady tarapyň baş hasapçysyna;
b) paýdarlaryň ýygnagyna ýa-da ykdysady tarapyň döredijilerine;
ç) ýerli salgyt gullugynyň başlygyna.
11.14. Auditorlyk barlagynyň netijesi boýunça hasabat auditorlyk şereket tarapyndan hökmany suratda aşakdakylara berilýär:
a) Diňe müşderä;
b) müşderä we ýerli salgyt gullugyna;
ç) müşderä we talaplary boýunça hemme onuň hasabatyny ulanyjylara.
11.15. Auditorlyk barlagynyň netijesi boýunça hasabata kimler gol çekýärler?
a) Diňe auditorlyk şereketiniň ýolbaşçysy (özbaşdak işleýän auditor) we barlaga ýolbaşçylyk edýän auditor;
b) auditorlyk şereketiniň ýolbaşçysy (özbaşdak işleýän auditor), barlaga ýolbaşçylyk edýän auditor we müşderi-guramanyň ýolbaşçysy;
ç) auditorlyk şereketiniň ýolbaşçysy (özbaşdak işleýän auditor), barlaga ýolbaşçylyk edýän auditor, müşderi-guramanyň ýolbaşçysy we baş hasapçysy.
11.16. Auditorlyk netijenamasyny düzmeklik haçan amala aşyrylýar?
a) Barlanylýan tarapyň işi bilen tanşylýan döwürde;
b) auditorlyk töwekgelçilige baha berilýän we düýplüligiň hasaplanylýan döwründe;
ç) barlagyň tamamlaýjy döwründe.
11.17. Auditorlyk netijenama – bu:
a) Maliýe hasabatlylygynyň barlagynyň gidişinde aýan edilen ýalňyşlyklary we düzgün bozmalary ýok etmek boýunça esasy maslahatlary özünde saklaýan, auditoryň barlanylýan ykdysady tarapyň ýolbaşçylygynyň öňündäki hasabatydyr;
b) barlanylýan ykdysady tarapyň maliýe hasabatlylygynyň hakykylygy we buhgalterlik hasaba alnyşynyň Türkmenistanyň kanunçylyklaryna laýyklygy hakyndaky auditorlyk guramasynyň ýa-da telekeçi auditoryň pikirini özünde saklaýan resmi resminamadyr;
ç) barlagy amala aşyrýan ýönekeý auditoryň barlanylýan ykdysady

tarapyň salgyt we buhgalterlik kanunçylyklary berjaý edişi hakyndaky pikirini saklaýan hasabatydyr.

11.18. Meýletin auditi özbaşdak geçiren telekeçi auditoryň düzen auditorlyk netijenamasyna kim gol çekýär?

a) Diňe şu auditoryň özi;

b) telekeçi auditor ýa-da onuň ygtyýarlandyran şahsyýeti;

ç) telekeçi auditor ýa-da oňa hünär derejesiniň şahadatnamasyny beren tarap.

11.19. Auditorlyk netijesine goşundy bolup:

a) barlagy geçiren auditorlyk guramasynyň ygtyýarnamasy durýar;

b) barlanylýan tarap bilen auditorlyk guramasynyň arasyndaky şertnama durýar;

ç) auditorlyk guramasynyň öz pikirini yglan eden maliýe hasabatlylygy.

11.20. Auditoryň barlanylýan tarapyň maliýe hasabatlylygyna öz pikirini yglan etmekden boýun towlamagyna näme sebäp bolup biler?

a) Auditiň göwrüminiň auditoryň ýeterlik subutnama alyp bilmezlik, netijede maliýe hasabatlylygynyň hakykylygy barada pikirini aýdyp bilmez ýaly derejede düýpli we çuňňur çäklendirilmegi;

b) barlanylýan guramanyň auditora şertnamada göz öňünde tutulan haky tölemekden boýun towlamagy;

ç) barlanylýan ykdysady tarapyň ýolbaşçylarynyň çalyşmagynyň netijesinde şertnama boýunça hasaplaşygyň tertibiniň üýtgemegi.

11.21.Auditorlyk netijenamasynyň giriş böleginde näme görkezilmeli?

a) Auditorlyk guramasy we barlanylýan tarap hakynda umumy maglumatlar;

b) auditorlyk netijenamasynyň ady;

ç) barlanylýan tarapyň barlanylan maliýe hasabatlylygynyň, hasabat döwrüni we onuň düzümini görkezmek bilen sanawy.

11.22. Eger-de auditorlyk barlagynyň gidişinde barlanylýan ykdysady tarapyň ýolbaşçylary auditora hemme gerekli resminamalary bermese, onda auditor:

a) Şertli oňaýly auditorlyk netijenamasyny düzmeli;

b) onda bar bolan maglumatlaryň esasynda auditorlyk netijenamasyny düzmeli;

ç) auditorlyk netijenamasynda öz pikirini yglan etmekden boýun towlamaly.

11.23. Auditorlyk netijenamasyna sene goýmak hökmany görkezijimi?

a) Ýok, auditor auditorlyk netijenamasyna sene goýman hem biler;

b) hawa, auditor auditorlyk netijenamasyna hökman sene goýmaly;

ç) auditor auditorlyk netijenamasyna sene goýmaly däl.

11.24. Auditor auditorlyk netijenamasyny pesinden näçe nusgada düzmeli?

a) Bir;

b) iki;

ç) üç.

11.25. Auditorlyk netijenamasy haýsy dilde düzülip bilner?

a) Türkmen;

b)rus;

ç) iňlis.

11.26.Haýsy ýagdaýda auditorlyk guramasynyň şertsiz oňaýly auditorlyk netijenamasyny düzmäge hukugy bar?

a) Barlanýan tarapyň ýolbaşçylary auditoryň barlan maliýe hasabatyna düzediş girizmäge razy bolan ýagdaýynda;

b) audite gerek bolan resminamalar doly berilmedik ýagdaýynda;

ç) barlanylan hasabatlylygyň başlangyç we deňeşdirme görkezijileri dogry we olarda düýpli ýoýulmalar ýok bolan ýagdaýynda.

11.27. Auditorlyk netijesi aşakdaky görnüşlerde bolup biler:

a) Oňaýly, şertli oňaýly, makullamaýan;

b) oňaýly, şertli oňaýly, netije bermekden boýun towlamak;

ç) şertli oňaýly, makullamaýan, netije bermekden boýun towlamak.

11.28. Şertli oňaýly auditorlyk netije nähili bolýar?

a) Maliýe hasabatlylygyny kesgitli çäklendirmeler bilen tassyklaýar;

b) auditor maliýe hasabatlylygynyň hakykylygyny doly ynamlylyk bilen tassyk edip bilmeýär;

ç) auditor hiç hili netije berip bilenok.

11.29. Makullanmaýan auditorlyk netijesi nähili bolýar?

a) Maliýe hasabatlylygyny kesgitli çäklendirmeler bilen tassyklaýar;

b) auditor maliýe hasabatlylygynyň hakykylygyny doly ynamlylyk bilen tassyk edip bilmeýär;

ç) auditor hiç hili netije berip bilenok.

11.30. Hökmany auditorlyk barlagynyň netijesi boýunça auditorlyk netijenamasyny bermek:

a) Mümkindir;

b) hökmandyr;

ç) maksadalaýykdyr.

11.31. Auditorlyk guramasynyň we barlanýan tarapyň jogapkärçiligi baradaky maglumatlar auditorlyk hasabatynyň haýsy böleginde görkezilýär?

a) Giriş;

b) seljerme;

ç) netije.

11.32. Auditiň göwrümi:

a) Auditoryň ýerine ýetiren işiniň mukdaryny görkezýär;

b) barlagy geçirmek üçin sarp edilen wagty görkezýär;

ç) auditoryň şu ýagdaýda zerur bolan işleri ýerine ýetirip bilijilik ukybyny görkezýär.

11.33. Auditorlyk hasabat barlanylan ykdysady tarapyň maliýe hasabatlylygynyň ýalňyşsyzlygyna kepil bolup bilýärmi?

a) Ýok, auditorlyk kepil çäklendirilendir;

b) hawa, sebäbi auditoryň pikiri barlanylan ykdysady tarapyň maliýe hasabatlylygynyň ýalňyşsyzlygyna gürrüňsiz kepil bolup durýar;

ç) hawa, eger-de kepiliň bu görnüşi auditorlyk hyzmatyny amala aşyrmagyň şertnamasynda göz öňünde tutulan bolsa.

11.34. Auditor auditorlyk netijesini bermekden boýun towlan ýagdaýynda:

a) Auditorlyk barlagy üçin hak almak hukugyny ýitirýär;

b) müşderilerini ýitirýär;

ç) özüni boýun towlamasynyň sebäbini görkezmäge borçly, şondan soňra oňa eden işi üçin göz öňünde tutulan hak tölenýär.

11.35. Auditorlyk barlagynyň ahyrky döwri haýsy çäreleri geçirmegi göz öňünde tutýar?

a) Barlagyň netijesini ulgamlaşdyrmak, barlagyň netijesine seljerme geçirmek;

b) barlagyň netijesini ulgamlaşdyrmak, barlagyň netijesine seljerme geçirmek, auditorlyk netijesini düzmek;

ç) barlagyň netijesine seljerme geçirmek, auditorlyk netijesini düzmek.

## 11.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 11.1-nji ýagdaý

Türkmenistanýň kanunçylyklaryna laýyklykda resmi namalar türkmen dilinde düzülmeli. Auditorlyk hasabatynda gymmat görkezijiler türkmen manadynda görkezilmeli. Eger-de gymmat görkeziji daşary ýurt pulunda görkezilen bolsa, onda onuň manatdaky hümmeti hem görkezilmelidir.

### 11.2-nji ýagdaý

Auditorlyk hasabatyna düzediş girizmek rugsat berilmeýär.

### 11.3-nji ýagdaý

Auditorlyk guramasy auditorlyk hasabatyny diňe ykdysady tarapa ylalaşylan nusga sanynda we taraplaryň şertleşen möhletlerinde bermäge borçludyr.

### 11.4-nji ýagdaý

Auditorlyk netijesiniň her bir sahypasynda barlag geçiren auditoryň goly we onuň şahsy möhüri goýulmaly.

### 11.5-nji ýagdaý

Türkmenistanda auditorlyk işiniň "Auditorlyk netijeleriň görnüşleri" ülňüsine laýyklykda düzülmeli.

## 11.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

11.1. - ç; 11.2. - b; 11.3 - ç; 11.4 - b; 11.5. - b; 11.6. - ç; 11.7.-b; 11.8.-ç; 11.9.-b; 11.10. - ç; 11.11. - a; 11.12.- b; 11.13. - b; 11.14. - b; 11.15. - ç; 11.16. - ç; 11.17. - b; 11.18.-a; 11.19. - a; 11.20.-a; 11.21.-

b; 11.22. - ç; 11.23 - b;. 11.24. -b; 11.25. - a; 11.26.-ç; 11.27.-a; 11.28. - a; 11.29. - b; 11.30.-b; 11.31.-a; 11.32.-ç; 11.33.-a; 11.34.-ç; 11.35.- b;

# TEMA 12. AUDITI GEÇIRMEGIŇ USULNAMASY

## 12.1. Usuly görkezmeler

Bu tema düşünmek üçin okuw golanmasynyň 12-nji baby bilen tanyşmaly.

Materiallary has çuňňur özleşdirmek üçin aşakdakylar zerurdyr:

• auditi geçirmegiň usulnamasynyň toparlara bölünişini bilmek;

• buhgalterlik hasaba alnyşynyň hasaplary boýunça dolanyşyklaryň we galyndylaryň barlagynyň usulnamasynyň düzülişiniň tertibi barada düşünjäniň bolmagy;

• barlanýan tarapyň maglumatlary kompýuterde işlemegi ulanýan şertlerinde auditi geçirmegiň aýratynlyklaryny bilmek.

Alnan bilimleri berkitmek maksady bilen meseleler ýygyndysynyň 12.2-nji bendindäki barlag üçin soraglara jogap bermek gerek.

Buhgalterlik hasaba alnyşynyň hasaplary boýunça dolanyşyklaryň we galyndylaryň barlagynyň usulnamasyny düzmek endigini şu meseleler ýygyndysynyň 12.3-nji bendinde getirilen ýumuşlary ýerine ýetirip alarsyňyz.

12.4-nji bentde getirilen testleri çözüp, bilimi Özbaşdak özleşdiriş derejäňizi kesgitläp bilersiňiz.

## 12.2. Barlag üçin soraglar

1. Auditi geçirmek üçin kadalaşdyryş üpjünçiligi nähili?

2. Auditorlyk barlagynyň usulnamasyny döretmek üçin ulanylýan esasy çemeleşmeleri sanaň.

3. Auditorlyk barlagyny geçirmäniň usulnamasynyň esasy düzgünlerini görkeziň.

4. Buhgalterlik hasaba alnyşynyň hasaplary boýunça dolanyşyklaryň we galyndylaryň barlagynyň usulnamasyna girýän esasy düzgünleri getirip görkeziň.

5. Barlanýan tarapyň hasap işgärleri maglumatlary kompýuterde işlemek şertlerinde işlän ýagdaýynda, haýsy görkezijiler auditorlyk töwekgelçiligini

artdyrýarlar?

6. Barlanýan tarapyň hasap işgärleri maglumatlary kompýuterde işlemek şertlerinde işlän ýagdaýynda haýsy görkezijiler auditorlyk töwekgelçiligini peseldýärler?

7. Auditi maglumatlary kompýuterde işlemek şertlerinde geçirmekligiň aýratynlyklary nämeden ybarat?

## 12.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 12.1-nji ýagdaý

Siziň işleýän auditorlyk guramaňyz maliýe hasabatynyň "Esasy serişdeler" maddasynyň auditorlyk barlagynyň usulnamasyny işläp düzýär. Size bolup biljek düzgün bozmalaryň toparlamasyny işläp düzmek we onda adaty ýalňyşlyklary saýlap almak tabşyryldy.

Bu meselä öz çemeleşmäňizi işläp düzüň.

### 12.2-nji ýagdaý

Siziň işleýän auditorlyk guramaňyz maliýe hasabatynyň "Bergidarlar bilen hasaplaşyklar" maddasynyň auditorlyk barlagynyň usulnamasyny işläp düzýär. Size bu madda boýunça hojalyk amallaryny kadalaşdyrýan resmi namalary düzmegi tabşyrdylar.

Kadalaşdyryjy resminamalaryň toparlanyş tablisasyny düzüň.

### 12.3-nji ýagdaý

Auditorlyk guramasy Türkmenistanyň 2005-nji ýylyň 25-nji oktýabryndaky kanuny bilen tassyklanylan "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň güýje girmegi sebäpli edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça býujet bilen hasaplaşyklaryň barlagynyň usulnamasyny işläp düzýär.

Barlag üçin maglumatlaryň çeşmeleriniň sanawyny düzüň.

## 12.4. Soragly ýumuşlar

12.1. Barlanýan tarapyň işiniň görnüşine we pudaklaýyn degişliligine baglylykda auditorlyk barlagynyň usulyýetini düzmeklige çemeleşiş nähili atlandyrylýar?

a) Buhgalterlik;

b) hukuk;

ç) ýörite.

12.2. Maglumatlaryň kompýuteriň kömegi bilen işlenýän şertlerinde barlanýan tarapyň hasaba alnyş belliknamalaryndaky maliýe-hojalyk işiniň hasabatyň hakykylygyny kesgitlemek we tassyklamak üçin auditiň garaşsyz barlamak maksady:

a) Saklanýar;

b) saklanmaýar;

ç) üýtgeýär.

12.3. Eger-de barlanýan tarapyň kompýuter çygry merkezleşdirilmedik bolsa we maglumatlary kompýuterde işlemek ulgamyna ygtyýar talap etmeýän bolsa, auditoryň töwekgelçiligi:

a) Ýokarlanýar;

b) peselýär;

ç) üýtgemeýär.

12.4.Auditotyň maglumatlary haýsy-da bolsa bir kompýuterde işlemek ulgamyny ulanmak baradaky maslahaty:

a) Hökmany audit geçirilende zerurdyr;

b)diňe auditoryň şeýle maslahatlary bermeginden duryan audite ugurdaş hyzmatlary amala aşyryan pursatlary mümkindir;

ç) hökmany audit geçirilende-de, islendik auditorlyk hyzmatlar amala aşyrylanda-da zerurdyr.

12.5.Auditorlyk barlagynyň usulnamasynyň bölegi bolup duran esasy düzgünlere haýsylar degişli?

a) Kadalar bilen üpjünçilik, predmet çygry, hasaba alnyşyň bölekleriniň barlagynyň usulnamasy;

b) kadalar bilen üpjünçilik, predmet çygry, hasaba alnyşyň boleskleriniň barlagynyň usulnamasy, maglumatlary kompýuterde işlemek şertlerinde auditi geçirmegiň aýratynlyklary;

ç) predmet çygry, hasaba alnyşyň bölekleriniň barlagynyň usulnamasy, maglumatlary kompýuterde işlemek şertlerinde auditi geçirmegiň aýratynlyklary.

12.6. Hasaba alnyşyň bölekleri boýunça adaty ýalňyşlyklaryň

toparlamasy haçan düzülýär?

a) Auditorlyk barlaga başlamazdan öň;

b) auditorlyk barlagynyň gidişinde;

ç) barlag tamamlanandan soň.

12.7. Auditiň predmet çygrynyň kadalaşdyryş binýadyny düzýän, birinji derejeli resminamalara haýsylar girýärler?

a) Türkmenistanyň maliýe ministrliginiň buýruklary;

b) Türkmenistanda auditorlyk işleriniň ülňüleri;

ç) Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanuny, Türkmenistanyň kanunlary.

### 12.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

**12.1-nji ýagdaý**

Ýagdaýy özbaşdak çözmeli.

**12.2-nji ýagdaý**

Ýagdaýy özbaşdak çözmeli.

**12.3-nji ýagdaý**

Ýagdaýy özbaşdak çözmeli.

### 12.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

12.1. - ç; 12.2. - a; 12.3 - a; 12.4 - b; 12.5. - b; 12.6. - a; 12.7.-ç;

## TEMA 13. ESASLANDYRYJY RESMINAMALARYŇ, ESASLANDYRYJYLAR BILEN HASAPLAŞYKLARYŇ WE KÄRHANANYŇ HASAP SYÝASATYNYŇ AUDITI

### 13.1. Usuly görkezmeler

Bu temany üstünlikli özleşdirmek üçin ilki bilen okuw gollanmasynyň 13-nji babyndaky nazary materiallary öwrenmeli, şeýle hem "Auditorlyk işi hakynda" Türkmenistanyň kanuny, Türkmenistanda auditorlyk işiniň ülňüleri bilen tanyşmaly.

Alnan bilimleri berkitmek maksady bilen meseleler ýygyndysynyň 13.2-nji bendindäki barlag üçin soraglara jogap bermek gerek.

Materiallaryň özleşdirilişini barlamak üçin bolsa meseleler ýygyndysynyň

13.3-nji bendinde getirilen ýumuşlary ýerine ýetirmeli.

13.4-nji bentde getirilen testleri çözüp, bilimi özleşdiriş derejäňizi kesgitläp bilersiňiz.

**Auditiň maksady.** Esaslandyryjy resminamalaryň, esaslandyryjylar bilen hasaplaşyklaryň, hasap syýasatynyň kadalaşdyryjy resminamalara laýyk gelşini we kabul edilen düzgünleriň ýerine ýetirilişini barlamak.

**Hasap syýasatynyň auditiniň esasy wezipeleri**

1. Esaslandyryjy resminamalaryň bilermenlik barlagyny geçirmek.

2. Esaslandyryjylar bilen hasaplaşyklaryň dogry geçirilişini barlamak.

3. Hasap syýasaty hakyndaky buýrugyň barlygyny anyklamak.

4. Hasap syýasatynyň düzgünleriniň kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelşini anyklamak.

Buhgalterlik hasabyny ýöretmegiň düýpli usullarynyň açylyşynyň dolulygyny anyklamak.

## 13.2. Barlag üçin soraglar

1. Esaslandyryjy resminamalar we döredijiler bilen hasaplaşyklaryň auditi geçirilende haýsy esasy kadalaşdyryjy resminamalar ulanylýar?

2. Esaslandyryjy resminamalaryň, esaslandyryjylar bilen hasaplaşyklaryň, hasap syýasatynyň auditiniň maksady nämeden ybarat?

3. Döredijiler bilen hasaplaşyk hasaby barlananda, nämelere üns bermeli?

4. Auditor esaslandyryjy resminamalar bilen tanşanda haýsy maglumatlary barlamaly?

5. Esaslyk maýasynyň hasaba alnyşynyň auditinde haýsy ilkinji resminamalar maglumatlar çeşmeleri bolup durýarlar?

6. Esaslyk maýasynyň emele gelşiniň barlagynyň esasy ugurlary näme bolup durýar?

7. Esaslyk maýasynyň barlagy geçirilende haýsy ilkinji resminamalar maglumatlaryň çeşrneleri bolup durýarlar?

8. Esaslandyryjy resminamalara haýsylar degişli we şu resminamalar bilen tanşanda auditor nähili maglumatlary alyp bilýär?

9. Döredijiler bilen hasaplaşyklaryň auditiniň aýratynlyklaryny görkeziň.

10. Esaslyk maýasy emele gelende we döredijiler bilen hasaplaşyklarda salgyt salmalaryň auditi nähili geçirilýär?

11. Kärhananyň hasap syýasatynyň auditiniň tertibi nähili?

12. Esaslyk maýasynyň emele gelşiniň barlagy nähili amala aşyrylýar?

13. Esaslyk maýasynyň hasaba alnyşy boýunça amallar barlananda buhgalterlik hasaba alnyşynyň haýsy hasaplary maglumatlaryň çeşmeleri bolup durýarlar?

14.Döredijiler bilen hasaplaşyklaryň buhgalterlik ýazgylarynyň görnüşlerini getirip görkeziň.

15.Guramanyň hasap syýasaty haýsy böleklerden durýar?

16.Hasap syýasatynyň esasy meselelerini sanap beriň.

17.Guramanyň hasap syýasaty haýsy talaplara jogap bermeli?

18.Hasap syýasatynyň emele gelmegi diýlip nämä düşünilýär?

## 13.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 13.1-nji ýagdaý

Esaslandyryjy şertnama laýyklykda guramanyň esaslyk maýasy Türkmenistan tarapdan gatnaşyjynyň öz paýyny 300 million manat we daşary ýurtly gatnaşyjynyň ABŞ-nyň 10 müň dollary möçberinde goýmagy göz öňünde tutulan. Döwlet bellige alnyş şahadatnamasyna 2004-nji ýylyň 29-njy ýanwarynda gol çekilen. Türkmenistanyň Merkezi Banky tarapyndan ABŞ-nyň dollarynyň hümmeti 5200 manat möçberinde kesgitlenen. Guramanyň hasaba alnyş belliknamalarynda şu ýazgy bar:

D-t 75-1, K-t 85 346 800 000 manat, ýagny döredijileriň esaslyk maýasyna bergileri görkezilen, ş.s. türkmen tarapynyňky 300 mln. man. daşary ýurt tarapyňky 46 800 000 man.

Ýagdaýa baha beriň.

Anyklanylan düzgün bozmanyň düýplüligini hasaplaň.

Maslahat beriň.

### 13.2-nji ýagdaý

Açyk kysymly paýdarlar jemgyýeti (APJ) kärhananyň iki döredijileriniň

biri bolup durýar. APJ esaslyk maýasy öz paýyny jaýy ulanmaklyga üç ýyllyk hukugy 10 mln. man. hasabynda goşýar. Kärhanalaryň ikisi hem edara görnüşli tarap bolup durýarlar. Esaslandyryjy resminamalaryň esasynda APJ-niň hasaba alnyşynda şu ýazgy edilen:

D-t 06, K-t 83 – 10 000 000 man. – kärhananyň esaslyk maýasyna goýum edilen.

Ýagdaýa baha beriň. Anyklanylan düzgün bozmanyň düýplüligini hasaplaň. Maslahat beriň.

**13.3-nji ýagdaý**

"B" kärhananyň esaslyk maýasynda "A" kärhananyň 25 mln. man möçberinde paýy bar. "A" kärhananyň paýyny "Ç" kärhana 32 mln. manada satyn alýar. Bu hojalyk amaly "A" kärhanada aşakdaky ýaly görkezilen:

d-t 51, k-t 06 25 000 000 manat - esaslyk maýasyndaky paýyň satylyşy başlangyç bahada görkezilen;

d-t 51, k-t 80 - 7 000 000 manat - esaslyk maýasyndaky paýy satmakdan alnan düşewünt görkezilen.

Ýagdaýa baha beriň. Anyklanylan düzgün bozmanyň düýplüligini hasaplaň. Maslahat beriň.

**13.4-nji ýagdaý**

ÝKPJ-niň umumy ýygnagynyň beýanynda paýlary satyn almagyň hasabyna esaslyk maýasyny 100 mln. manat azaltmak hakynda paýdarlaryň karary görkezilen.

Esaslyk maýasy (doly tölenilen) 200 mln. manada deň. Bellenen bahasy 100 mln. manat bolan paýnama 110 mln. manada satyn alyndy. ÝKPJ-niň umumy ýygnagynyň beýanyndan we töleg tabşyryklaryndan başga hiç hili resminama görkezilmedi. Hasaba alnyş belliknamalarynda şu ýazgy edilen:

D-t 75, K-t 51 - 110000000 manat - gatnaşyjylaryň paýy satyn alnan;

D-t 85, K-t 75 - 110000000 manat - esaslyk maýasy azaldylan.

Ýagdaýa baha beriň. Aýan edilen düzgün bozmanyň düýplüligini kesgitläň. Maslahatlar beriň.

**13.5-nji ýagdaý**

Hasabat ýylynyň awgust aýynda döredijilere goýumlaryň hasabyna

düşewüntler hasaplandy we material görnüşinde paýlandy. Berlen resminamalara laýyklykda bu materiallar kärhananyň hususyýetçiligi däl. Geçen ýylyň netijesi boýunça we hasabat ýylynda kärhana zyýan çekdi. Hasaba alnyşda şu ýazgylar edilen:

D-t 86, K-t 75-2 - 8000000 man. - kärhananyň işgärleri bolmadyk paýdarlara goýumlaryň hasabyna düşewüntler hasaplandy;

D-t 75-2, K-t 10 - 8000000 man. - goýumlaryň hasabyna düşewüntler hasabyna materiallar berildi;

D-t 86, K-t 70 10000000 man. - kärhananyň işgärleri bolan paýdarlara goýumlaryň hasabyna düşewüntler hasaplandy;

D-t 70, K-t 10 - 10000000 man. - goýumlaryň hasabyna düşewüntler hasabyna materiallar berildi.

Ýagdaýa baha beriň. Aýan edilen düzgün bozmanyň düýplüligini kesgitläň. Maslahatlar beriň.

### 13.6-njy ýagdaý

HJ-niň umumy ýygnagynda esaslyk maýasy gatnaşyjylaryň paýyny artdyrmagyň hasabyna 6000000 man. artdyrmak, gatnaşyjylara hasaplanan goýumlaryň hasabyna düşewüntleri bolsa, olaryň HJ-niň esaslyk maýasyndaky bergilerini ýapmaklyga gönükdirmek barada karar kabul edildi. Gurama kanunçylyk tarapyndan bellenen tertipde dörediji resminamalara üýtgetmeler girizildi. Hasaba alnyşda şu ýazgylar edilen:

D-t 81, K-t 75-2 - 6000000 man. - kärhananyň işgärleri bolmadyk paýdarlara goýumlaryň hasabyna düşewüntler hasaplandy;

D-t 75-1, K-t 85 - 6000000 man. - HJ-niň gaýtadan bellige alnandan soň esaslyk maýasynyň artmagy görkezilen;

D-t 75-2, K-t 75-1 - 6000000 man. - hasaplanan goýumlaryň hasabyna düşewüntler HJ-niň esaslyk maýasyndaky bergilerini ýapmaklyga gönükdirildi.

Ýagdaýa baha beriň. Aýan edilen düzgün bozmanyň düýplüligini kesgitläň. Maslahatlar beriň.

### 13.7-nji ýagdaý

1.Hasap syýasaty hakyndaky buýruk bilen tanyşmaly.

2.Işçi resminamalarda hasap syýasatynyň auditi geçirmek üçin zerur bolan esasy jähtlerini we aýratynlyklaryny bellemek.

3.Hasap syýasatynyň içki gözegçiligi guramak täsirine baha bermeli.

**Ýumşy ýerine ýetirmek üçin görkezmeler:**

1.Barlagyň netijesini "Hasap syýasatyny barlamagyň gözegçilik tagtasynda" görkezmeli (13.1-nji tablisa)

2. Hasap syýasatyna içki gözegçiligiň bölegi hökmünde bahany ýazmaça bermeli.

**Ýumşy ýerine ýetirmek üçin maglumatlar:**

1-nji goşundy. "Güýç" ÝKPJ-niň hasap syýasaty hakyndaky buýruk;

2-nji goşundy. "Jennet" AKPJ-niň hasap syýasaty hakyndaky buýruk;

3-nji goşundy. "Kuwwat" HJ-niň hasap syýasaty hakyndaky buýruk;

4-nji goşundy. "Medet" golçur kärhanasynyň hasap syýasaty hakyndaky buýruk.

13.1-nji tablisa

| Sorag | Jogap | | Bellik |
|---|---|---|---|
| | Hawa | Ýok | |
| **1** | **2** | **3** | **4** |
| **Hasaby guramak**<br>Resminama dolanyşygy çyzgysynyň barlygy<br>Işçi hasaplar meýilnamasynyň barlygy<br>**Könelişi hasaplamagyň tertibi**<br>*Esasy serişdeler boýunça*<br>Çyzykly usul bilen<br>Azaldylan galyndy usuly bilen<br>Gymmaty peýdaly ulanylan möhletiň ýylynyň sanynyň jemi boýunça hasapdan çykarmak usuly bilen<br>Gymmaty önümiň mukdaryna deň ölçegli hasapdan çykarmak usuly bilen | | | |

13.1-nji tablisanyň 1-nji dowamy

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| *Maddy däl aktiwler boýunça* | | | |
| Çyzykly usul bilen | | | |
| Gymmaty önümiň (işiň, hyzmatyň) mukdaryna deňölçegli hasapdan çykarmak usuly bilen | | | |
| *Arzan we tiz könelýän zatlar* | | | |
| 100 göterim derejesiniň usuly bilen | | | |
| 50 göterim derejesiniň usuly bilen | | | |
| Çyzykly usul bilen | | | |
| Gymmaty önümiň (işiň, hyzmatyň) mukdaryna deňölçegli hasapdan çykarmak usuly bilen | | | |
| **Esasy serişdeleri abatlamagyň hasaby** | | | |
| Abatlaýşyň ýerine ýetirilişi boýunça çykdajylara goşmak | | | |
| Esasy serişdeleri abatlaşdyryşa ätiýaç döretmek | | | |
| Hakyky harajatlary geljek döwrüň çykdajylaryna degişli etmek | | | |
| **Maddy gymmatlyklary satyn almagyň (taýýarlamagyň) hasaby** | | | |
| Hasap 15 we 16 ulanmak bilen | | | |
| Hasap 15 we 16 ulanman | | | |
| **Maddy-önümçilik ätiýaçlaryny hasapdan öçürmegiň tertibi** | | | |
| Ortaça düşýän gymmaty boýunça | | | |
| LIFO usuly bilen | | | |
| FIFO usuly bilen | | | |
| Ätiýajyň birliginiň düşýän gym-maty boýunça | | | |
| **Harytlary bahalandyrma usullary (bölek satuw guramasy üçin)** | | | |
| Satyn alyş bahasy boýunça | | | |

13.1-nji tablisanyň 2-nji dowamy

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Satyş bahasy boýunça | | | |
| **Çykdajylary toparlamagyň we önümçilige ýazmagyň usullary** | | | |
| Doly önümçilik boýunça düşýän gymmaty | | | |
| Gysgaldylan düşýän gymmaty boýunça | | | |
| **Gytaklaýyn çykdajylary önümleriň we hyzmatlaryň görnüşleriniň arasynda deňölçegli paýlamak usuly** | | | |
| Esasy iş hakyna | | | |
| Göni harajatlara | | | |
| Maddy harajatlara | | | |
| Gaýry usul | | | |
| **Balansda tamamlanmadyk önümçiligi görkezmek usuly** | | | |
| Hakyky düşýän gymmaty boýunça | | | |
| Meýilnamalaýyn (kadalaýyn) düşýän gymmaty boýunça | | | |
| Çykdajylaryň göni maddalary boýunça | | | |
| **Taýýar önümleri bahalandyrmagyň tertibi** | | | |
| Hakyky doly düşýän gymmaty boýunça | | | |
| Hakyky gysgaldylan düşýän gymmaty boýunça | | | |
| Meýilnamalaýyn (kadalaýyn) düşýän gymmaty boýunça | | | |
| Meýilnamalaýyn (kadalaýyn) gysgaldylan önümçilik düşýän gýmmaty boýunça | | | |

13.1-nji tablisanyň 3-nji dowamy

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| **Salgyt salma maksady bilen önümi ýerlemegiň hasaba alnyşynyň tertibi** | | | |
| Önümi ýüklemek (işi, hyzmaty ýerine ýetirmek) we alyjylara (ýumuş buýrujylara) hasaplaşyk resminamalar-yny bermek boýunça | | | |
| Alyjylaryň (ýumuş buýrujylaryň) hasaplaşyk resminamalaryny tölemegi boýunça | | | |
| **Hümmet aratapawudyny hasaba almagyň usuly** | | | |
| 80 belgili hasaby ulanyp | | | |
| 83 belgili hasaby ulanyp | | | |
| **Gaznalaryň we ätiýaçlaryň barlygy** | | | |
| *Ätiýaçlyk gaznasynyň* | | | |
| *Geljekki döwrüň çykdajylarynyň we tölegleriniň ätiýaçlarynyň* | | | |
| Abatlaşdyryş | | | |
| Dynç alyşlara töleglere | | | |
| Gaýry | | | |
| *Ýörite gaznalaryň:* | | | |
| Sarp ediş | | | |
| Toplaýyş | | | |
| Gaýry ýörite gaznalaryň | | | |
| *Bahalandyryş ätiýaçlaryň* | | | |
| Gümürtik bergiler boýunça | | | |
| Gymmatly kagyzlary üpjün etmek ätiýajyna | | | |
| **Gaýry görkezijiler** | | | |

"Hasap syýasatyny" barlamagyň gözegçilik tagtasy

## 13.4. Soragly ýumuşlar

13.1.Guramaçylyk-hukuk görnüşi üýtgedilende paýdarlaryň tölenilmedik goýumlaryň hasabyna düşewüntleri şahsy adamlaryň girdejisine salynýan

salgyt saklanmazdan esaslyk maýasynyň artdyrylmagyna gönükdirilip bilýärmi?

a) Ýok;

b) eger-de esaslyk maýasy gaýtadan bellige alnan bolsa bolýar;

ç) hawa.

13.2.Kärhananyň täjirçilik syryny düzýän maglumatlaryň sanawyny kim kesgitleýär?

a) Emlägiň eýesi;

b) auditor;

ç) kärhananyň ýolbaşçysy.

13.3.PJ-niň tertipnamasyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek kimiň karary bilen amala aşyrylýar?

a)Jemgyýetiň direktorlarynyň maslahatynyň;

b)jemgyýetiň ýerine ýetiriji guramasynyň;

ç) jemgyýetiň umumy ýygnagynyň.

13.4. PJ-niň esaslyk maýasy pesinden:

a) Döredijileriň umumy ýygnagynyň kesgitlän jeminden az bolmaly däl;

b)Türkmenistanda kabul edilen iň pes zähmet hakynyň 200 essesinden az bolmaly däl;

ç) Türkmenistanda kabul edilen iň pes zähmet hakynyň 100 essesinden az bolmaly däl.

13.5.Ähli yglan edilen esaslyk maýasy doly tölenýänçä jemgyýet goýumlaryň hasabyna düşewüntleri yglan etmäge we tölemäge haky barmy?

a) Ýok;

b) bar;

ç) PJ-niň umumy ýygnagynyň karary esasynda haky bar.

13.6.PJ-niň goýumlaryň hasabyna düşewüntleri hasabat ýyly tamamlanmanka tölemäge haky barmy?

a) Ýok;

b) bar;

ç) PJ-niň umumy ýygnagynyň karary bar bolsa haky bar;

13.7.Paýdarlar jemgyýeti ätiýaçlyk gaznasyny haýsy maksat bilen ulanyp bilýär?

a) Uzak möhletleýin karzlary üzmek üçin;

b) uzak möhletleýin karzlar boýunça göterimleri tölemek üçin;

ç) artykmaç hukukly paýlar boýunça goýumlaryň hasabyna düşewüntleri tölemek üçin.

13.8 PJ-niň goýumlaryň hasabyna düşewüntleri tölemek üçin çeşmesi bolup:

a)Düşýän gymmat durýar;

b) arassa peýda durýar;

ç) balans peýda durýar.

13.9. 85 belgili "Esaslyk maýa" hasabynyň galyndysy 100.000.000 manat, 75 belgili "Döredijiler bilen hasaplaşyklaryň" hasabynyň galyndysy 70.000.000 manat. Auditor döredijileriň esaslyk maýasyna gatançlar boýunça aşakdaky galyndysyny tassyklady:

a) 70.000.000 manat;

b) 100.000.000 manat;

ç) 30.000.000 manat.

13.10. Hojalyk jemgyýetiniň esaslyk maýasy pesinden näçe bolmaly?

a) Türkmenistanda kabul edilen iň pes zähmet hakynyň 50 essesinden az bolmaly däl;

b) Türkmenistanda kabul edilen iň pes zähmet hakynyň 100 essesinden az bolmaly däl;

ç) Türkmenistanda kabul edilen iň pes zähmet hakynyň 200 essesinden az bolmaly däl.

13.11.Bir ýyl işiň netijesi boýunça döredijilere (edara görnüşli taraplara) girdejiler hasaplananda haýsy buhgalterlik ýazgysy edilýär?

a) D-t 80, K-t 75-2;

b) D-t 20, K-t 75-2;

ç) D-t87, K-t75-2.

13.12. Ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýeti bellige alnanda haýsy buhgalterlik ýazgysy edilýär?

a) D-t75-l, K-t85;

b) D-t85, K-t75-l;

ç) D-t 76, K-t 85.

13.13. Gurama bellige alnanda 100 000 000 manatlyk esaslyk maýasy bellenýär. Ýylyň dowamynda esaslyk maýasyna gatanç hökmünde 70 000 000 manatlyk esasy serişde girizilen bolsa haýsy buhgalterlik ýazgysy edilýär?

a)D-t 75-1, K-t 85 - 70 000 000 man.
D-t 08, K-t 75-1 - 70 000 000 man.;

b) D-t 75-1, K-t 85 - 100 000 000 man.
D-t 08, K-t 75-1 - 70 000 000 man.
D-t 01, K-t 08 - 70 000 000 man.;

ç) D-t 75-1, K-t 80-100 000 000 man.
D-t 01, K-t 75-1 - 70 000 000 man. ,

13.14.Paýdarlara girdejiler hasaplananda haýsy buhgalterlik ýazgysy edilýär?

a) D-t 80, K-t 75-2;

b) D-t 88, K-t 75-2;

ç) D-t 87, K-t 75-2.

13.15.Auditor balansda görkezilen esaslyk maýasy gatanjyň bahalandyrylyşynyň haýsy birini dogry hasaplaýar?

a)Ýönekeý paýnamalaryň başlangyç bahasy boýunça;

b)paýnamalaryň tölenen böleginiň jemi boýunça;

ç) dörediji resminamalarda görkezilen jemi boýunça.

13.16.Paýdarlar jemgyýetiniň dörediji resminamasy bolup näme durýar?

a) Tertipnama;

b) Döredijilik şertnamasy;

ç) Tertipnama we Döredijilik şertnamasy.

13.17.Eger-de ikinji we her soňky maliýe ýylynyň tamamlanmagynda

paýdarlar jemgyýetiniň arassa aktiwleriniň gymmaty esaslyk maýasynyň kanun tarapyndan kesgitlenen iň pes mukdaryndan az bolan ýagdaýynda paýdarlar jemgyýeti:

a) Bellenen tertipde öz esaslyk maýasynyň peseldilýändigini yglan etmeli we bellige aldyrmaly;

b) ýapylmaga degişlidir;

ç) esaslyk maýasyny artdyryp bilýär.

13.18. Paýdarlar jemgyýetinde paýnamanyň 70 göterimi tölenen. PJ goýumlaryň hasabyna düşewüntler tölemek hakynda karar kabul edip bilýärmi?

a) Hawa;

b) eger-de goýumlaryň hasabyna düşewüntleri tölemegiň netijesinde PJ-de tozmaklyk nyşanlary ýüze çykýan bolsa, ýok;

ç) ýok.

13.19.Täjirçilik guramasynda esaslandyryjy resminamalary barlananda hökmany suratda şular barlanýar:

a) Döwlet bellige alnyşy baradaky şahadatnama;

b) hojalyk işini ýerine ýetirmäge ygtyýarnama;

ç) döredijileriň pasportlarynyň nusgalary.

13.20. Hojalyk jemgyýetiniň esaslyk maýasy näçe wagtyň dowamynda doly tölenmeli?

a)Bellige alnandan soň 2 ýylyň dowamynda;

b)bellige alnan pursadyna;

ç) bellige alnandan soň 1 ýyldan gijä galman.

13.21.Eger-de auditor guramasynyň esaslandyryjy resminamalarynyň resmileşdirilişinde, onuň hereket etmeginiň kanunylygyna täsir etmeýän, döwlete, döredijilere ýa-da paýdarlara zyýan ýetirmeýän düzgün bozmalary aýan eden bolsa, onda auditor muny auditorlyk hasabatynyň seljerme bölüminde belleýär we:

a)oňaýly auditorlyk netijesini bermäge haky bar;

b)oňaýly auditorlyk netijesini bermäge haky ýok;

ç) aýan edilen düzgün bozmalary düzetmäge wagt bermäge borçly.

13.22.Guramanyň esaslandyryjy resminamalaryny barlamagyň çeşmeleri bolup näme durýar?

a) Kanunçylyk we kadalaşdyryjy resminamalar;

b) guramanyň döwlet belligine alnanlygy baradaky şahadatnama, döredijileriň ýygnaklarynyň beýanlary, ýyllyk hasabatlylyk we ş.m.;

ç) auditorlyk işiniň ülňüsi.

13.23.Esaslandyryjy resminamalarynyň auditinde:

a)Ykdysady tarapyň hasap syýasaty barlanýar;

b)hojalyk şertnamalarynyň kanunylygy barlanýar;

ç) esaslandyryjy resminamalar we döredijiler bilen hasaplaşyklar, esaslyk maýasynyň emele gelşi, salgyt salmanyň dogrulygy barlanýar.

13.24.HJ-niň gatnaşyjysynyň paýynyň hakyky gymmaty nämä deň ?

a)Gatnaşyjylaryň tölegininiň jemine ýa-da pul däl serişdelerde edilen gatanjyň pul bahasyna laýyk gelýär;

b)arassa aktiwleriň gymmatynyň gatnaşyjylaryň paýynyň möçberine deň bolan bölegine laýyk gelýär;

ç) hojalygyň esaslyk maýasynyň gymmatynyň gatnaşyjylaryň paýynyň möçberine deň bolan bölegine laýyk gelýär.

13.25.Esaslyk maýasynyň üýtgemeginiň ýagdaýy hakyndaky maglumat haýsy hasapda görkezilýär?

a) 46;

b) 75;

ç) 85.

13.26.Hojalyk jemgyýetiniň döwlet belligine alnan pursadyna onuň döredijileri tarapyndan esaslyk maýasynyň pesinden näçe bölegi tölenen bolmaly ?

a) 50% az bolmadyk;

b) 75% az bolmadyk;

ç) 100%.

13.27. Döwlet belligine alnan pursadyna hojalyk jemgyýetiniň esaslyk maýasynyň 49 %-i tölendi. Galan bölegi 1-nji ýylyň ahyryna

çenli tölenmeli. Bu kanunyň talaplaryna:

a) Laýyk gelýär;

b) laýyk gelenok;

ç) bölekleýin gabat gelýär.

13.28.Esaslyk maýasy we döredijileriň esaslyk maýasyna gatanç boýunça hakyky bergileri buhgalterlik balansda:

a) 85 belgili hasapda bilelikde görkezilýär;

b) 75 we 85 belgili hasaplarda aýrylykda görkezilýär;

ç) 85 we 87 belgili hasaplarda aýrylykda görkezilýär.

13.29.Esaslandyryjy resminamalaryň auditiniň esasy maksady:

a)Ykdysady tarapyň işiniň bellige alnyşyndan başlap, tä üýtgedilip guralmagyna ýa-da ýapylmagyna çenli döwürde kanuny esaslary tassyklamak bolup durýar;

b)haryt iberijiler we potratçylar bilen alnan haryt-maddy gymmatlyklar, kabul edilen, ýerine ýetirilen işler we edilen hyzmatlar üçin hasaplaşyklaryň dogry alnyp barlyşyny tassyklamak bolup durýar;

ç) ykdysady tarapyň barlanýan döwürdäki işiniň kanunylygyny tassyklamak bolup durýar.

13.30. Guramanyň esaslandyryjy resminamalarynyň barlagynda has gymmatly subutnamalary nireden alyp bolýar?

a)Ykdysady tarapyň ilkinji resminamalaryndan;

b) ykdysady tarapyň işgärleriniň dilden aýdanlaryndan;

ç) gönüden-göni hojalyk amallaryny öwrenmegiň netijesinde.

## 13.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 13.1-nji ýagdaý

Kärhananyň esaslyk maýasynyň we onuň eýeleriniň gatanç boýunça bergi emele geliş senesi bilen edara görnüşli tarap derejesini almak senesine gabat gelmeli. Ol bolsa döwlet tarapyndan bellige alnan senesine gabat gelýär. Kärhananyň bellige alnan senesine daşary ýurt puluny merkezi bankyň hümmeti boýunça gaýtadan hasaplamaly. Gurama ýene- - de 5200000 manat goçmaça tölemeli.

### 13.2-nji ýagdaý

Türkmenistanyň “Kärhanalar hakyndaky” kanunyna laýyklykda Esaslyk maýasy emläk goýumy hökmünde pul serişdeleri, gymmatly kagyzlar, beýleki zatlar, emläk hukuklary ýa-da pul gymmaty bolan beýleki hukuklar bolup biler.

Esaslyk maýasyna goýulýan emläk gymmatlyklary esaslandyryjylaryň eýeçiligi bolmalydyr. Buhgalterlik hasaba alnyşyň düzgünlerine laýyklykda döredijiniň balansynda hasapda durmaýan hukuklary başga guramanyň esaslyk maýasyna gatanç etmek göz öňünde tutulmadyk.

Paýdarlar jemgyýetinde maddy däl aktiwleriň bu görnüşi balansda aýratyn hasapda durmaýar. Diňe maddy däl aktiwi döretmek boýunça degişli resminamalary resmileşdirip, ony esaslyk maýasyna bermek hökmünde görkezip bolar.

### 13.3-nji ýagdaý

Esaslyk maýasynda gatnaşyja degişli bolan paýy satmaklyk maliýe goýumy satmaklyk bolup durýar. Ol bolsa buhgalterlik hasaba alnyşyň düzgünnamalaryna laýyklykda girdejileriň we çykdajylaryň ykrar edilen maglumaty boýunça görkezilmeli. Öz paýyny “B” kärhanana satýan “A” kärhanada bu amal şu ýazgy bilen görkezilmeli:

D-t 51, K-t 48 – 32.000.000 man. - esaslyk maýasyndaky paýy satmakdan alnan jem görkezilen;

D-t 48, K-t 06 – 25.000.000 man. – “B” kärhananyň esaslyk maýasyndaky paýyň hasapdaky gymmatyna laýyk gelýän çykdajylaryň jemi görkezilen;

D-t 48, K-t 68 – 1.050.000 man. - esaslyk maýasyndaky paýy satmakdan alnan girdejä GBÜS hasaplanan;

D-t 48, K-t 80 – 5.950.000 man. - maliýe netije görkezilen.

Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda” Bitewi kanunyna laýyklykda edara görnüşli taraplar guramadan çykan wagty olaryň esaslyk maýasyndaky paýynyň nominal bahasyna GBÜS hasaplanmaýar. Satylan paýyň ilkibaşdaky

bahadan artyk gelýän pul möçberinden GBÜS we peýda salgyt hasaplanylýar.

**13.4-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda hasaba alnyşda esaslyk maýasynyň üýtgemegi hakyndaky ýazgy diňe jemgyýetiň esaslyk maýasynyň üýtgemeginiň döwlet belligine alnanlygy baradaky şahadatnama bolan ýagdaýynda edilip bilinýär.

Hasaba alnyşda satyn alnan paýyň bahasynyň nominala çenli azaldylyşy görkezilmändir.

Buhgalterlik hasaba alnyşda şu ýazgylar bolmaly:

D-t 75-1, K-t 51 – 110.000.000 manat - gatnaşyjylaryň paýy satyn alnan;

D-t 85, K-t 75-1 – 100.000.000 manat - esaslyk maýasy azaldylan;

D-t 56, K-t 75-1 – 10.000.000 manat - satyn alnan paýlar nominala çenli ýetirilen.

Esaslyk maýasynyň paýynyň azalmagynyň hasaba alnyşda görkezilişiniň usulnamasynyň bozulmagy maliýe hasabatlylygynda maliýe netijäniň emele gelşiniň hakykylygyna täsir edýär (peýda 10.000.000 manat artdyrylan).

**13.5-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda şu düzgün bozmalara ýol berlipdir:

1. Goýumlaryň hasabyna düşewüntler ýyl tamamlanmanka, kärhana zyýanyna işleýän pursadynda hasaplanylypdyr we tölenipdir. Türkmenistanyň “Paýdarlar jemgyýeti hakynda” kanunyna laýyklykda goýumlaryň hasabyna düşewüntler jemgyýetiň hasabat ýylyndaky arassa peýdasyndan tölenmeli.

2.Goýumlaryň hasabyna düşewüntler kärhana degişli bolmadyk materiallar görnüşinde tölenipdir.

3.Hasaplanan goýumlaryň hasabyna düşewüntler şahsy adamlaryň umumylaşdyrylan girdejisine girizmezden we olaryň girdejisinden salgyt tutulmazdan hasaplanylypdyr.

**13.6-njy ýagdaý**

Bu ýagdaýda döredijileriň guramanyň esaslyk maýasyndaky paýyny

artdyrmaga gönükdirilen goýumlaryň hasabyna düşewüntlerden girdejä salgyt tutulmandyr. Tutulmadyk salgydyň jemi (6000000 • 10% = 600000 man.).

Şu ýazgylary etmeli:

D-t 81, K-t 75-2 - 6000000 man. - kärhananyň işgärleri bolmadyk paýdarlara goýumlaryň hasabyna düşewüntler hasaplandy;

D-t 75-1, K-t 85 - 6000000 man. - HJ-niň gaýtadan bellige alnandan soň esaslyk maýasynyň artmagy görkezilen;

D-t 75-2, K-t 75-1 - 6000000 man. - hasaplanan goýumlaryň hasabyna düşewüntler HJ-niň esaslyk maýasyndaky bergilerini ýapmaklyga gönükdirildi;

D-t 75-2, K-t 68 - 600000 man. - şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy tutulan;

Şeýlelik bilen, bu amallar geçirilenden soň, her gatnaşyjyda esaslyk maýasyna gatanç boýunça 600000 man. bergi galýar.

D-t 50, K-t 75-2 - 600000 man. - şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň jemine.

Buhgalteriň ýalňyş hereketiniň netijesi bolup, balansyň býujet bilen hasaplaşyk maddasynyň ýoýulmagy, şeýle hem şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň jemine salgyt salma binýadynyň peseldilmegi bolup durýar.

## 13.7-nji ýagdaý

Ýumşy özbaşdak ýerine ýetirmeli

## 13.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

13.1. - a; 13.2. - ç; 13.3. - ç; 13.4. - b; 13.5. - a; 13.6. - a; 13.7.- ç; 13.8.-b; 13.9. - a; 13.10. - b; 13.11. - ç; 13.12.-a; 13.-b; 14. - ç; 13.15. - ç; 13.16. - a; 13.17. - b; 13.18. - ç; 13.19. - a; 13.20. - ç; 13.21. - a; 13.22. - b; 13.23. - ç; 13.24. - b; 13.25. - ç; 13.26. - a; 13.27. - b; 13.28. - b; 13.29. - a; 13.30. - ç;

Goşundy 1

**ÖNÜMÇILIK**

**200_ ý üçin "Güýç" ÝKPJ-niň hasap syýasaty hakyndaky**

**№ 5-a Buýruk**

"Türkmenistanda buhgalterlik hasaba alnyşy we hasabaty hakynda" düzgünnamanyň talaplaryny berjaý etmek maksady bilen

BUÝURÝARYN

1.Hojalygy ýöretmegiň şertlerinden ugur alyp, ýerlemegiň pursady diýip önümi ýüklemegi we alyjylara hasaplaşyk resminamalaryny bermegi hasap etmeli.

2. Esasy serişdelere bahasy Türkmenistanda kesgitlenilen iň pes iş hakynyň iki möçberinden az bolmadyk obýektleri degişli etmeli.

3. Arzan we tiz könelýän zatlar boýunça könelişiň 50 göterimi ulanylyşa berlende we galan 50 göterimini ýaramsyzlygy sebäpli önümçilikden çykanyndan soň hasaplamaly.

4. Materiallaryň hasabyny LIFO usuly boýunça ýöretmeli.

5. Önümçilige harajatlaryň we önümiň düşýän gymmatyny hasaplamagyň hasaba alnyşyny kadalaşdyryş usuly bilen ýöretmeli.

6.Tamamlanmadyk önümçiligiň gymmatyny bahalandyrmagy doly düşýän gymmaty boýunça amala aşyrmaly.

7. Emlägiň we maliýe borçlarynyň tükellemesini ýylda bir gezek ýyllyk hasabaty düzmegiň öň ýanynda geçirmeli.

8. Kärhanada buhgalterlik hasaba alnyşyny hasaba alnyşyň dergi-

- buýruknama usuly boýunça ýöretmeli.

Ýolbaşçy

Goşundy 2.

**BÖLEK SATUW**

**200_ý üçin "Jennet" AKPJ-niň hasap syýasaty hakyndaky**

**№ 3 Buýruk**

Kärhanada buhgalterlik hasaba alnyşyny guramak maksady bilen BUÝURÝARYN

1. Kärhanada buhgalterlik hasaba alnyşyny ýöretmegi "Türkmenistanda buhgalterlik hasaba alnyşy we hasabaty hakynda" düzgünnama, kärhanalaryň maliýe-hojalyk işleriniň buhgalterlik hasaba alnyşynyň hasaplarynyň meýilnamasyna laýyklykda guramaly.

2. Arzan we tiz könelýän zatlara, bahasy Türkmenistanda kesgitlenilen iň pes iş hakynyň iki möçberinden az bolan serişdeleri degişli etmeli.

3. Hasapdan çykarmany:

esasy serişdeleriň ilkibaşdaky bahasyny Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň 2000-nji ýylyň 13-nji martyndaky 4606 belgili karary bilen tassyklanan "Türkmenistanyň halk hojalygynda esasy serişdeleri doly dikeltmeklik üçin könelme hasaplamaklygyň ýeke - täk kadalaryna" laýyklykda kesgitlenen kada boýunça olaryň kadalaýyn gulluk ediş möhletiniň dowamynda amala aşyrmaly;

arzan we tiz könelýän zatlaryň ilkibaşdaky bahasy boýunça könelişiň 100 göterimini olary ulanylyşa berlende amala aşyrmaly;

maddy däl äktiwleriň ilkibaşdaky bahasy boýunça kärhanada bellenen kadalar boýunça amala aşyrmaly. Peýdaly ulanmak möhletini kesgitlemesi kyn bolan obýektler boýunça, könelişiň ýyllyk kadasy takyk obýekti 10 ýylyň dowamynda ulanmakdan ugur alyp hasaplamaly, ýagny ýylda 10 göterim.

4.Maddy dolanyşyk serişdelerini satyn almagyň we taýýarlamagyň hasaba alnyşyny hasap 10 belgili "Materiallar", 12 belgili "Arzan we tiz könelýän zatlar" hasaplaryny ulanyp, hakyky düşýän gymmaty boýunça bahalandyryp amala aşyrmaly.

5. Harytlary hasaba alnyşda bölek satuw bahada görkezmeli. Satyn alyş baha bilen bölek satuw bahanyň aratapawudyny 42 belgili "Söwda goşundysy" hasabynda görkezmeli.

6. Harajatlaryň hasaba alnyşyny 44 belgili "Dolanyşyk harajatlary" hasabynda amala aşyrmaly. Harytlaryň galyndysyna degişli bolan dolanyşyk harçlarynyň jemini, ulag harçlarynyň we bankyň karzy üçin göterim tölemegiň

harçlarynyň aýyň başyna geçýän galyndysyny hasaba almak bilen, hasabat aýynyň dolanyşyk harçlarynyň ortaça göterimi boýunça hasaplamaly.

7. Esasy serişdeleri abatlamagyň çykdajylaryny, abatlaýyş işleri geçirilen hasabat döwrüniň düşýän gymmatyna goşmaly.

8. Salgyt salma maksady bilen satmakdan alynýan girdejini ýüklemek boýunça kesgitlemeli.

9.Döredijilere hasabat ýylynyň paýlanylmadyk peýdasyndan goýumlaryň hasabyna girdejini Paýdarlaryň umumy ýygnagynda tassyklanandan soň hasaplamaly we tölemeli.

10. Gaznalary döretmek, möçberi, emele geliş tertibi we ulanylyşy umumy ýygnakda kesgitlenilýär.

11.Emlägiň we maliýe borçlarynyň tükellemesini ýylda bir gezek ýyllyk hasabatyny düzmegiň öň ýanynda, maddy jogapkär şahslar çalşylanda, ogurlyk we gaýry hyýanatçylyklar aýan edilende, tebigy betbagtçylyklardan soň, şeýle hem:

esasy serişdeleri we maddy däl aktiwleri - hasabat ýylynyň 1-nji oktýabryna çenli;

banklar bilen hasaplaşyklary - hasabat ýylyndan soňky ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli;

pul serişdelerini - 1-nji ýanwaryna çenli pesinden aýda bir gezek;

salgytlar boýunça, gaýry bergidarlar we algydarlar bilen hasaplaşyklary - hasabat ýylyndan soňky ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli geçirmeli.

12.Maliýe-hojalyk işiniň buhgalterlik hasaba alnyşynyň nusgalyk hasaplar meýilnamasynyň esasynda işlenip düzülen işçi hasaplar meýilnamasyny tassyklamaly.

13.Baş hasapça jemleýji hasaplara hasap içi hasaplary girizmäge, takyklamaga we aýyrmaga, şeýle hem jikme-jik hasaba alnyşyň goşmaça ulgamyny bellemäge hukuk bermeli.

Ýolbaşçy

Goşundy 3.

**LOMAÝ SÖWDA**

**200_ ý üçin "Kuwwat" HJ-niň hasap syýasaty hakyndaky**

**Buýruk**

Kärhanada buhgalterlik hasaba alnyşyny guramak maksady bilen

BUÝURÝARYN

1.Kärhanada baş kitaby ulanmak bilen, buhgalterlik hasabyny hasaba alnyşyň dergi-buýruknama usuly boýunça ýöretmeli.

2.Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemegiň hasabyny olaryň ýüklenişi boýunça alyp barmaly.

3.Esasy serişdelere könelîş hasaplananda 2000-nji ýylyň mart aýynyň 13-üne 4606 belgili karar bilen tassyklanan "Türkmenistanyň halk hojalygynda esasy serişdeleri doly dikeltmeklik üçin könelme hasaplamaklygyň ýeke-täk kadalaryndan" ugur almaly.

4.Arzan we tiz könelýän zatlar boýunça könelişiň 50 göterimi ulanylyşa berlende we galan 50 göterimini ýaramsyzlygy sebäpli önümçilikden çykanyndan soň hasaplamaly.

5.Obýektleri esasy serişdä ýa-da arzan we tiz könelýän zatlara degişli edilende kanunçylyk we beýleki kadalaşdyryjy resminamalardan ugur almaly.

6.Birligine kadanyň çägindäki gymmatly (kanunçylyk resminamalarynda göz öňünde tutulan) zatlary çykdaja olaryň önümçilige ýa-da ulanylyşa goýberilişi boýunça hasapdan çykarmaly.

7.Balans peýda alnan ýagdaýynda ätiýaçlyk gaznasyna tutumlary kärhananyň tertipnamasyna we hereket edýän kanunçylyga laýyklykda amala aşyrmaly.

8.Peýdanyň hasabyna beýleki gaznalary döretmegi "Kuwwat" HJ-niň ýolbaşçylygynyň degişli karar kabul eden ýagdaýynda amala aşyrmaly.

Ýolbaşçy

Goşundy 4.

**GURLUŞYK-GURNAÝYŞ IŞLERI**
**200---ý üçin “Medet” golçur kärhanasynyň hasap syýasaty hakyndaky**
**Buýruk**

1.Buhgalterlik hasabyny hereket edýän “Türkmenistanda buhgalteriýa hasaba alnyşy we hasabaty hakynda” düzgünnama we Kärhanalaryň maliýe-hojalyk işleriniň buhgalterlik hasaba alnyşynyň hasaplarynyň meýilnamasyna laýyklykda ýöredilýär.

2.Buhgalterlik hasaba alnyşyň “Dergi - Baş kitap” görnüşi kabul edilen.

3.Salgyt salma maksady bilen satmakdan alynýan girdejini puluň hasaplaşyk hasabyna ýa-da kassa gelen pursadyndan hasaplamaly.

4.Arzan we tiz könelýän zatlaryň ilkibaşdaky bahasy boýunça könelişiň 100 göterimini olary ulanylyşa berlende hasaplamaly.

5.Ýyl tamamlanandan soň peýda paýlanmaýar.

6.Gulluk iş saparlaryna kadadan ýokary çykdajylary peýdanyň hasabyna tölemeli.

7.Iş haklary düzüm rejesine laýyklykda tölenýär.

8.Nobatdaky dynç alşyň möçberi - 24 iş güni.

9.Algy borçlarynyň möhletini 3 ýyl diýip kesgitlemeli. Möhleti geçenden soň zyýana degişli etmeli.

Ýolbaşçy

## TEMA 14. ESASY SERIŞDELERIŇ WE MADDY DÄL AKTIWLERIŇ AUDITI

### 14.1. Usuly görkezmeler

Bu temanyň ýumuşlaryny ýerine ýetirmek üçin okuw gollanmasynyň 14-nji babyndaky nazary materiallary öwrenmeli, şeýle hem “Kärhanalarda we guramalarda ulanyş tutumlaryň we düýpli maýa goýumlarynyň harajatlaryny buhgalteriýa tarapyndan hasabyny ýöretmegiň” tertibi, “Em-lägi we maliýe borçnamalaryny tükellemek boýunça” gollanma, “Ykdysadyýetiň pudaklarynda esasy serişdeleri doly dikeltmek üçin ulanyş tutumlaryny

geçirmegiň tertibi hakyndaky" düzgünnama, "Esasy serişdeleri buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça" düzgünnama bilen tanyşmaly.

Alnan bilimleri berkitmek maksady bilen meseleler ýygyndysynyň 14.2-nji bendindäki barlag üçin soraglara jogap bermek gerek.

Materiallaryň özleşdirilişini barlamak üçin bolsa meseleler ýygyndy-synyň 14.3-nji bendinde getirilen ýumuşlary ýerine ýetirmeli.

14.4-nji bentde getirilen testleri çözüp, bilimi özleşdiriş derejäňizi kesgitläp bilersiňiz.

*Auditiň maksady.* Esasy serişdeler bilen amallaryň, görkezilişiniň dogrulygy barada ýeterlik subutnamalary almak. Balansyň we hasabatyň esasy serişdeleri görkezýän maddalarynyň we görkezijileriniň hakykylygyny anyklamak. Esasy serişdeleriň barlygy we hereketi, könelişiň hasaplanylyşynyň dogrulygy, esasy serişdeleriň satylyşynyň we gaýry hasapdan çykmalarynyň maksadalaýyklygy barada esaslandyrylan resminamalaýyn tassyklamany almak. Maddy däl aktiwler bilen amallaryň görkezilişiniň hakykylygy barada ýeterlik subutnamalary almak.

*Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň auditiniň esasy meseleleri:*

1.Esasy serişdeleriň barlygynyň we hereketiniň resminamalaýyn resmileşdirilişiniň dogrulygyny barlamak.

2.Esasy serişdeleriň bahalandyrylyşynyň we gaýtadan bahalandyrylyşynyň dogrulygyny barlamak.

3.Esasy serişdeleriň kabul edilişiniň dolulygyny we bir ýerden başga ýere geçirilişi we hasapdan çykyşy boýunça hojalyk amallaryň hemmesiniň hasaba alnyş belliknamalarynda görkezilişiniň dogrulygyny barlamak.

4.Esasy serişdeleriň ulanylýan ýerleri boýunça saklanylyşyna we barlygyna gözegçilik etmek.

5.Esasy serişdelere könelişiň hasaplanylyşyny we olary abatlaýyş boýunça çykdajylaryň görkezilişini barlamak.

6.Esasy serişdeler bilen amallara salgyt salmalary barlamak.

7.Obýektiň maddy däl aktiwlere degişli edilişiniň dogrulygyny barlamak.

8.Maddy däl aktiwleriň resminamalaýyn resmileşdirilişiniň we hereketiniň hasaba alnyşynyň dogrulygyny barlamak.

9.Maddy däl aktiwleriň jemleýji we jikme-jik hasaba alnyşynyň guralyşyna baha bermek.

10.Maddy däl aktiwlere könelişiň hasaplanyşynyň dogrulygyny barlamak.

11.Maddy däl aktiwler boýunça hasabatyň görkezijileriniň hakykylygyna baha bermek.

## 14.2. Barlag üçin soraglar

1. Esasy serişdeleriň hasaba alnyşy barlananda nähili kadalaşdyryjy resminamalardan ugur almaly?

2.Esasy serişdeleriň bahalandyrylyşynyň dogrulygyny nähili barlamaly?

3.Esasy serişdeleriň barlygy we saklawlylygy barlanylanda nähili auditorlyk işler ulanylýar?

4.Esasy serişdeler bilen amallar barlananda nähili resminamalar we buhgalterlik hasaba alnyşyň hasaplary maglumatlaryň çeşmeleri bolup durýarlar?

5.Esasy serişdeleriň gelşiniň (mugt, edara görnüşli taraplardan we şahsy taraplardan töleg esasynda, gurluşygyň netijesinde) görkezilişiniň dogrulygy nähili barlanýar?

6.Ulag serişdeleriniň alnyşynyň barlagynyň aýratynlygy nähili?

7.Esasy serişdeleriň hasapdan çykarylyşynyň dogrulygy nähili barlanýar?

8.Esasy serişdeleriň könelişiň hasaplanylyşy nähili barlanýar?

9.Esasy serişdeleriň abatlaşdyrylyşynyň barlagynda nämä üns bermeli?

10.Esasy serişdeleriň mugt berilmegi boýunça hasapdan çykarylyşynyň barlagynyň aýratynlyklary nähili?

11.Esasy serişdeleri kärendä almak bilen bagly bolan amallar nähili barlanylýar?

12.Esasy serişdelere köneliş hasaplananda nähili kadalaşdyryjy resminamalardan ugur almaly?

13.Maddy däl aktiwleriň hasaba alnyşynda nahili kadalaşdyryjy resminamalardan ugur almaly?

14. Maddy däl aktiwleriň bahalandyrylyşynyň dogrulygy nähili barlanylýar?

15.Maddy däl aktiwleriň hakykylygyny barlamak üçin nähili auditorçylyk işler ulanylýar?

16.Maddy däl aktiwleriň gelşiniň resmileşdirilişi we hasaba alnyşy nähili barlanylýar?

17.Maddy däl aktiwleriň hasapdan çykyşynyň dogrulygy nähili barlanylýar?

18.Maddy däl aktiwleriň jikme-jik hasaba alnyşynyň guralyşynyň netijeliligini barlamak nämeden durýar?

19.Maddy däl aktiwlere könelişiň hasaplanylyşynyň dogrulygy barlananda nähili auditorlyk işlerini ýerine ýetirmeli?

20.Maddy däl aktiwler bilen baglanyşykly amallar barlananda nähili resminamalar we buhgalterlik hasaba alnyşynyň haýsy hasaplary maglumatlaryň çeşmeleri bolýarlar?

## 14.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 14.1-nji ýagdaý

Balansdan, her biriniň ilkibaşdaky bahasy 13500000 manat bolan iki sany sowadyjy, wagtyndan öň zaýalananlygy sebäpli hasapdan çykarylan. Bir sowadyjy boýunça hasaplanan köneliş 11800000 manat, ikinjisi boýunça bolsa 12000000 manat. Sowadyjylary hasapdan öçürmegiň ykrarnamasynda könelişiň doly hasaplanmanlygynyň sebäbi, ätiýaçlyk şaýlarynyň ýoklugy üçin abatlaýşyň wagtynda geçirilmezligi diýlip görkezilen. Ykrarnama ýolbaşçy tarapyndan tassyklanylan. Sowadyjyny sökenligi üçin işçilere 175000 manat möçberinde zähmet haky we 35000 manat möçberde döwlet durmuş ätiýaçlandyrma geçirmesi hasaplanylan. 40000 manat möçberinde metal bölekleri we 95000 manat möçberinde ätiýaçlyk şaýlary kabul edilen. 3065000 manat möçberinde netije hasap 88-den hasapdan çykarylan.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

### 14.2-nji ýagdaý

Auditiň gidişinde gurama tarapyndan barlanylýan döwürde tassyklanylan ykrarnamanyň esasynda könelişe ýazmagyň netijesinde umumy bahasy

18000000 manat bolan iki sany ýük göterijiniň hasapdan çykarylandygy anyklanyldy. Olar boýunça könelişe tölegleriň jemi 14000000 deň boldy. 30000 manatlyk metal bölekleri kabul edilen. Ýük göterijileri sökenligi üçin işçilere 280000 manat möçberinde zähmet haky hasaplanylan we 20 belgili "Esasy önümçilik" hasabyna degişli edilen. Kabul edilen metal bölekleri boýunça buhgalterlik hasaba alnyşda 10 belgili "Materiallar" hasabynyň debeti we 80 belgili "Peýda we zyýanlar" hasabynyň krediti boýunça ýazgy edilen. Ýük göterijileri hasapdan öçürmegiň netijeleri aýry-aýrylykda hasaplanylmadyk, jikme-jik hasaba alnyşyň degişli hasaplarynda görkezilmedik. Ykrarnamada ýük göterij ileriň wagtyndan öň könelmegi olaryň ýokarlandyrylan çyglylykly jaýlarda uzak wagtlap ulanylanlygy bilen düşündirilýär.

Buhgalterlik hasaba alnyşyň belliknamalarynda aşakdaky ýazgylar bar:

47 belgili hasabyň debeti, 01 belgili hasabyň krediti - 18000000 manat;
02 belgili hasabyň debeti, 47 belgili hasabyň krediti - 14000000 manat;
80 belgili hasabyň debeti, 47 belgili hasabyň krediti - 4030000 manat;
10/6 belgili hasabyň debeti, 47 belgili hasabyň krediti - 30000 manat;
20 belgili hasabyň debeti, 70 belgili hasabyň krediti - 280000 manat.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

### 14.3-nji ýagdaý

Ilkinji resminamalar barlananda we hojalyk amalynyň ýerine ýetirilen senesini olaryň hasaba alnyşynyň senesi bilen deňeşdirende, auditor hasabat ýylynyň 27-nji dekabryna, şertnama we kabul ediş-tabşyryş ykrarnamasyna laýyklykda gymmaty 6000000 manat bolan esasy serişdäniň satylandygyny anyklady. Esasy serişdäniň ilkibaşdaky bahasy 5000000 manada deň, ýazylan köneliş 800000 manat. Alyjy bilen hasaplaşyk geçirilmändir. Bu hojalyk amaly ýylyň iň soňky hasabat senesindäki ýagdaýy boýunça buhgalterlik hasaba alnyşyň hasaplarynda görkezilmändir.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

### 14.4-nji ýagdaý

Auditor guramanyň 01 belgili "Esasy serişdeler" hasabynda hasabat ýylynyň oktýabr aýyna çenli geçen hasabat ýylynyň dekabr aýynyň 30- yna

ulanylyşa girizilen, balans boýunça bahasy 20800000 manada deň bolan WAZ 21053 awtoulagynyň hasaba alnandygyny anyklady. Hasabat ýylynda hasaplanylan köneliş 2970000 manat. Awtoulag hasabat ýylynyň mart aýynda ogurlanypdyr. Döwlet ýol gözegçilik gulugynyň ogurlygy tassyklaýan ykrarnamasy bar.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

**14.5-nji ýagdaý**

Guramada awtoulag bar. Awtoulagyň ilkibaşdaky bahasy 10000000 manat, hasaplanylan könelişiň jemi 2000000 manat. Awtoulag beýleki guramanyň günäsi bilen heläkçilige düşüpdir. Kazyçylyk bilermeniň kepilnamasyna laýyklykda dikeltmek işleriniň gymmaty goşulan gymmata salynýan salgydy hasaba almak bilen 48000000 manat fewral aýynyň 2 - sine hasaplaşyk hasabyna heläkçiligiň günäkärinden pul gelip düşdi. Alnan hakujynyň jeminden býujete goşulan baha üçin salgyt geçirilen.

Guramada meseläni çözmegiň iki görnüşi ýüze çykdy:

1.Mart aýynyň 1-ine hakyky çykdajylar, goşulan baha üçin salgydy içine almak bilen, 54000000 manat.

2.Awtoulagy hasapdan çykarsa, ätiýaçlyk şaýlaryny sökse we satsa bolýar.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

**14.6-njy ýagdaý**

Gurama tarapyndan gulluk üçin ulanar ýaly WAZ 2109 ýeňil awtoulag satyn alnan. Hasaba alnyşda 3.840.000 manat bahasy, şol sanda 640000 manat goşulan baha üçin salgyt görkezilen. Gurama tarapyndan hasap tölenilen, awtoulag kabul edilen we balansa salnan, býujet bilen goşulan baha üçin salgyt boýunça hasaplaşylan.

| Amallaryň mazmyny | Resminama | Debet | Kredit | Jemi, man. |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| Awtoulag üçin hasaby tölemek | Hasap | 60 | 51 | 3840000 |
| Awtoulag kabul edilen | Üsthat | 08 | 60 | 3200000 |

| Amallaryň mazmyny<br>1 | Resminama<br>2 | Debet<br>3 | Kredit<br>4 | Jemi, man.<br>5 |
|---|---|---|---|---|
| Goşulan baha üçin salgyt | Üsthat | 68 | 60 | 6400000 |
| Awtoulag ulanylyşa girizilen | Giriziş ykrarnamasy | 01 | 08 | 3200000 |
| Goşulan baha üçin salgyt hasaba alynýar | Giriziş ykrarnamasy | 01 | 68 | 6400000 |

Buhgalterlik hasaba alnyşda aşakdaky ýazgylar edilen:
Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

### 14.7-nji ýagdaý

Gurama tarapyndan hasabat ýylynyň mart aýynda bankdan tilsimat enjamyny satyn almak üçin ýylyna 40 göterim tölemek şerti bilen 9000000 manat karz pul alnan. Enjam satyn alnan we ulanylyşa goýberilen buhgalterlik hasaba alnyşda aşakdaky ýazgylar edilen.

| Sene | Amallaryň mazmuny | Resminama | Hasaplaryň habarlaşygy | | Jemi, man. |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | Debet | Kredit | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| 02.03 | Bankdan karz pul alnan | Şertnama, bankyň göçürmesi, hasap | 51 | 90 | 9000000 |
| 03.03 | Satyjynyň emläk üçin hasaby tölenen | Töleg tabşyrygy | 60 | 51 | 9000000 |
| 04.03 | Emläk alnan | Üsthat | 08 | 60 | 7826100 |
| 04.03 | Emläge GBÜS | Üsthat | 68 | 60 | 1173900 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| 03.04 | Karz pul üçin göterim tölenen | Töleg tabşyrygy | 20 | 51 | 313044 |
| 08.04 | Tilsimat enjamy ulanylyşa girizilen | Giriziş ykrarnamasy | 01 | 08 | 7826100 |
| 08.04 | Ulanylyşa Girizilen enjam boýunça GBÜS hasaplanan | Giriziş ykrarnamasy | 01 | 68 | 1173900 |
| 03.05 | Karz pul üçin göterim tölenen | Töleg tabşyrygy | 20 | 51 | 313044 |
| 04.06 | Karz pul üçin göterim tölenen | Töleg tabşyrygy | 20 | 51 | 313044 |
| 04.06 | Karz puluň jemi tölenen | Töleg tabşyrygy | 90 | 51 | 9000000 |

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

## 14.8-nji ýagdaý

Hojalyk jemgyýeti hojalyk usuly bilen öz edarasynyň çäginde harytlary saklar ýaly ambar gurdy. Buhgalterlik hasaba alnyşda aşakdaky ýazgylar edildi.

| Sene | Amallaryň mazmuny | Resminama | Hasaplaryň habarlaşygy | | Jemi, man. |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | Debet | Kredit | |
| 12.06 | Gurluşyk üçin | Ykrarnama | 08 | 10 | 1500000 |
| 13.06 | Işçilere zähmet haky hasaplanylan | Hasaplama | 08 | 70 | 500000 |
| | Gurluşykda ulanylan esasy serişdelere könelis | Hasaplama | 08 | 02 | 200000 |

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

### 14.9-njy ýagdaý

Kärhanada goýberilýän önümiň görnüşiniň bölekleýin üýtgedilýänligi sebäpli birnäçe sehlerde esasy serişdeleriň (gurallaryň, enjamlaryň) durky täzelenen. 38000000 manat möçberinde durkuny täzelemegi geçirmek üçin çykdajylar özüne düşýän gymmatyň hasabyna ýazylan.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

### 14.10-njy ýagdaý

Gurama gulluga ulanmak üçin WAZ 2109 awtoulagyny satyn aldy. Hasapda 4200000 manat bahasy, şol sanda 547826 manat GBÜS, dellallyk haky 5 göterim görkezilen. Gurama tarapyndan hasap tölenen, awtoulag kabul edilen we balansa girizilen, býujet bilen GBÜS boýunça hasaplaşylan. Buhgalterlik hasaba alnyşda şu ýazgylar edilen.

| Amallaryň mazmuny | Resminama | debet | kredit | Jemi, manat |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| Awtoulag üçin hasaby tölemek | Hasap, töleg tabşyrygy | 60 | 51 | 4200000 |
| Awtoulag kabul edilen | Üsthat | 08 | 60 | 3652174 |
| GBÜS | Üsthat | 19 | 60 | 547826 |
| Awtoulag ulanylyşa girizilen | Giriziş ykrarna masy | 01 | 08 | 3652174 |
| Goşulan baha üçin salgyt hasaba alynýar | Giriziş ykrarnamasy | 01 | 68 | 547826 |
| Dellallyk haky | | 20 | 60 | 210000 |

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

### 14. 11-nji ýagdaý

Hasabat ýylynyň noýabr aýynda gurama tarapyndan esaslandyrma işini amala aşyrmak üçin oňa mugt alnan jemi 15030000 manatlyk esasy serişde (ýeňil awtoulaglar) hasaba almaga kabul edilen. Mugt alnan serişdeleriň bahasyndan býujete edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt tölenmändir. Şol aýda bu esasy serişdeler guramanyň işgärine 12000000 manat möçberinde öň hasaplanylan zähmet haky boýunça bergilerini tölemek üçin berlen. Ýagny onuň balans bahasyndan pes baha. Şol bir wagtda satmakdan soň ýüze çykýan GBÜS we edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt býujete tölenmedik. Satylan pursadyna awtoulaglaryň bazar bahasy 17000000 manada deňdi.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

### 14. 12-nji ýagdaý

Gurama öz balansynda hasaba duran çagalar şypahanasy üçin geçen ýylyň awgust aýynda gezelenç edilýän gämi satyn alnan we ulanylyşa girizilen. Üpjünçiniň hasapnamasynda gäminiň bahasy 144000 manat, şol sanda GBÜS görkezilen. Buhgalterlik hasaba alnyşda aşakdaky ýazgylar edilen.

| Sene | Amallaryň mazmuny | Resminama | Hasapnamalaryň habarlaşygy | | Jemi, man. |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | debet | kredit | |
| 12.08 | Gämi kabul | Üsthat | 08 | 60 | 12000000 |
| | GBÜS jemine | Üsthat | 68 | 60 | 2400000 |
| 12.08 | Üpjünçiniň hasaby tölenen | Hasapnama, töleg tabşyrygy | 60 | 51 | 14400000 |
| 14.08 | Gämi ulanylyşa girizilen | Giriziş ykrarnamasy | 01 | 08 | 12000000 |
| | GBÜS hasaplanan | Giriziş ykrarnamasy | 01 | 68 | 2400000 |

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

### 14.13-nji ýagdaý

Gurama tarapyndan 1920000 manada esasy serişde satyn alnan, ony getirmek üçin ulag çykdajylary 120000 manat, keseki gurama 72000 manat ýüklemek-düşürmek çykdajylary tölenen. Guramanyň hasaba alnyşynda aşakdaky buhgalterlik ýazgylary edilen.

Üpjünçiniň hasaby tölenen:

08 belgili hasabyň debeti – 1669565 manat;

68 belgili hasabyň debeti – 250435 manat;

60 belgili hasabyň krediti – 1920000 manat.

Getirmek üçin ulag çykdajylary ýazylan:

44(20) belgili hasabyň debeti – 104348 manat;

68 belgili hasabyň debeti - 15652 manat;

60 belgili hasabyň krediti - 120000 manat.

Ýüklemek-düşürmek çykdajylary ýazylan:

44(20) belgili hasabyň debeti – 62609 manat;

68 belgili hasabyň debeti – 9391 manat;

60 belgili hasabyň krediti – 72000 manat.

Esasy serişde kabul edilen:

01 belgili hasabyň debeti – 1669565 manat;

08 belgili hasabyň krediti – 1669565 manat.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

### 14.14-nji ýagdaý

Kärhana 1-nji oktýabrda esasy serişdeleri satyn almak üçin 2 aýlyk ýyllyk 150 göterimine 12000000 manat karz pul alypdyr. Esasy serişde önümçilige 1-nji noýabrda ulanylyşa girizilipdir. Bankyň göterimleri şertnamanyň şertlerine laýyklykda deňölçegli tölegler boýunça her aýyň 30-yndan gijä galman geçirilmeli. Bu amal bulgalterlik hasaba alnyşda aşakdaky ýaly görkezilen.

Bankdan pul karz alnan:

51 belgili hasabyň debeti, 90 belgili hasabyň krediti - 12000000 manat.

Satyn alnan esasy serişde üçin üpjünçiniň hasaby tölenen:

08 belgili hasabyň debeti - 10000000 manat;

68 belgili hasabyň debeti - 2000000 manat;

60 belgili hasabyň krediti - 12000000 manat.

Esasy serişdäniň ulanylyşa goýberilmezinden öň karz pul üçin göterimler hasaplanylan:

08 belgili hasabyň debeti, 90 belgili hasabyň krediti - 1500000 manat.

Esasy serişde ulanylyşa goýberilen:

01 belgili hasabyň debeti, 08 belgili hasabyň krediti - 11500000 manat.

Ulanylyşa girizilenden soň karz pul üçin göterimler hasaplanan:

44(20) belgili hasabyň debeti, 90 belgili hasabyň krediti-1500000 manat.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

### 14.15-nji ýagdaý

Gurama şahsy adam tarapyndan bazar bahasy 2600000 manada deň bolan awtoulag sowgat berlen. Awtoulagy başga şäherden getirenligi üçin ulag guramasyna 300000 manat, şol sanda GBÜS 39130 manat, awtoulagy bellige almak üçin 150000 manat we awtoulag alnanlygy üçin 80000 manat salgyt tölenen. Buhgalterlik hasaba alnyşda aşakdaky ýazgylar edilen:

08 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 2600000 manat – awtoulagyň bahasyna;

26 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti–150000 manat awtoulagy bellige almak üçin;

26 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 260870 manat awtoulag getirileni üçin;

68 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 39130 manat getirmegiň gymmatyndan GBÜS;

26 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 80000 manat salgydyň jemine;

01 belgili hasabyň debeti, 08 belgili hasabyň krediti – 2600000 manat awtoulag hasaba alnan.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

## 14.16-njy ýagdaý

Gurama şahsy adamdan hususylaşdyrylan otagy satyn aldy we maddy däl aktiw hökmünde 04 belgili "Maddy däl aktiwler" hasabynda hasaba aldy. Döwlet kepil edarasyna satyn alyş-satyş şertnamasyny resmileşdirmek boýunça hyzmaty üçin 52100 manat tölendi. Satyjy bilen hasaplaşyk guramanyň hasaplaşyk hasabyndan satyjynyň "Halkbankdaky" şahsy hasabyna 11000000 manat geçirmek arkaly amala aşyryldy. Bu amal üçin "Halkbanka" gurama tarapyndan 78000 manat tölendi.

Döwlet kepil edarasyna we "Halkbanka" tölenen jemler (130100 manat) gurama tarapyndan keseki guramalaryň hyzmatlarynyň çykdajylary üçin tölëndi.

Hasaba alnyşda şu ýazgylar edildi:

44(20) belgili hasabyň debeti, 50 belgili hasabyň krediti – 52100 manat – Döwlet kepil edarasyna hyzmatlary tölenen;

04 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 11000000 manat – satyn almanyň bahasyna;

44(20) belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 78000 manat bankyň hyzmatlary tölenen.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

## 14.17-nji ýagdaý

A gurama hojalyk jemgyýeti görnüşinde bellige alnan B guramanyň esaslandyryjylarynyň biri bolup, bu guramanyň esaslyk maýasyna öz goşandyny önüm öndürmäge ygtyýarnama görnüşinde goşýar. Ygtyýarnamanyň A guramanyň balansyndaky bahasy 2000000 manat, uzak möhletli maýa goýumy amala aşyrylýan pursada ýazylan köneliş 20 göterim. Esaslandyryjy gazna goýum hökmünde kabul edilýän ygtyýarnamanyň esaslandyryjylar tarapyndan ylalaşylan bahasy - 3500000 manat. Hasaba alnyşda hojalyk amaly aşakdaky ýazgylar bilen görkezilen.

A guramada:

48 belgili hasabyň debeti, 04 belgili hasabyň krediti - 2000000 manat;

05 belgili hasabyň debeti, 48 belgili hasabyň krediti - 400000

manat;

06 belgili hasabyň debeti, 48 belgili hasabyň krediti - 3500000 manat;

48 belgili hasabyň debeti, 83 belgili hasabyň krediti - 1900000 manat.

B guramada:

04 belgili hasabyň debeti, 85 belgili hasabyň krediti - 3500000 manat.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

### 14.18-nji ýagdaý

Gurama GBÜS-i goşmak bilen bahasy 246000 manat bolan programma önümini satyn aldy.

Programma önümlerini ulanmak meseleleri boýunça maslahatlaşmak bilen bagly bolan hyzmatlar üçin, programma Önümini öndüriji şerekete tölenen, çykdajylar, GBÜS-i goşmak bilen 36000 manat. Guramanyň hasaba alnyşynda programma önümini satyn almak we hasaba almak bilen bagly bolan şu ýazgylar edilen:

60 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 240000 manat – programma önümine tölemek üçin;

08 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 208696 manat – programma önümini satyn almak üçin;

68 belgili hasabyň debeti, 60 k-t – 31304 manat – GBÜS jemine;

26 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 31304 manat – maslashat almak boýunça hyzmatlaryň jemine;

68 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 4696 manat – GBÜS jemine;

04 belgili hasabyň debeti, 08 belgili hasabyň krediti – 200000 manat – programma üpjünçiligini kabul etmek;

60 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 36000 manat – maslahat boýunça hyzmatlara tölemek üçin.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

**14.19-njy ýagdaý**

Gurama haryt nyşanyny işläp düzýär. Mahabatlandyrma edarasynyň haryt nyşanyny işläp düzmek boýunça hyzmatynyň bahasy, GBÜS-i goşmak bilen 2000000 manat. Haryt nyşanyny bellige almak üçin ýygym 1800000 manat. Hasaba alnyş belliknamalarynda şu ýazgylar edilen: 60 belgili hasabyň debeti, hasap 51 belgili hasabyň krediti - 12000000 manat;

08 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 10434783 manat;

68 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 1565217 manat

76 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 1800000 manat;

26 belgili hasabyň debeti, 76 belgili hasabyň krediti – 1800000 manat;

04 belgili hasabyň debeti, 08 belgili hasabyň krediti – 10434783 manat;

04 belgili hasabyň debeti, 68 belgili hasabyň krediti – 1565217 manat.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

**14.20-nji ýagdaý**

Gurama öz haryt nyşanyndan peýdalanmak hukugyny başga gurama 5 ýyllyk möhlet bilen 150000000 manada, şol sanda GBÜS 19565217 manat berýär (haryt nyşanynyň özi guramanyň balansyndan hasapdan çykarylmaýar). Buhgalterlik hasaba alnyşda bu amal aşakdaky ýazgylar bilen görkezilen:

51 belgili hasabyň debeti, 80 belgili hasabyň krediti – 150000000 manat;

51 belgili hasabyň debeti, 68 belgili hasabyň krediti – 19565217 manat.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

**14.21-nji ýagdaý**

Gurama haryt nyşanyndan peýdalanmak hukugyny 5 ýyllyk möhlet bilen 1000000 manada GBÜS 150000 manat satyn alýar. Buhgalterlik hasaba alnyşda bu amal aşakdaky ýazgylar bilen görkezilen:

60 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 1200000 manat;

04 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 1200000 manat.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

## 14.4. Soragly ýumuşlar

14.1Esasy serişdeleriň saklawlylygynyň barlagynda auditor tükelleme toparynyň agzasy bolmalymy?

a)Hawa;

b) aýratyn ýagdaýlarda bolmaly;

ç) ýok.

14.2.Tükellemede esasy serişdeleri sanamagyň ýazgysyny kim alyp barýar?

a) Auditor;

b) maddy-jogapkär adam;

ç) toparyň agzalarynyň biri.

14.3. Tükellemede düzülýän resminama kärhana degişli bolmadyk, wagtlaýyn saklawdaky esasy serişdeler girizilýärmi?

a) Hawa;

b) aýratyn ýagdaýlarda goşulýar;

ç) ýok.

14.4.Esasy serişdeleriň tükellemesinde maddy-jogapkär adamyň gatnaşmagy hökmanmy?

a) Hawa;

b) aýratyn ýagdaýlarda hökman;

ç) ýok.

14.5.Esasy serişdeleriň tükellemesinde aşakdaky resminama düzülýär:

a) Tükelleme ykrarnamasy;

b) gyşarmalar barada kepilnama;

ç) tükelleme ýazgysy.

14.6.Esasy serişdeler boýunça köneliş hasaplamak haçan tamamlanýar?

a) Kärhananyň bellige alnan senesinden;

b) bu serişdäniň bahasynyň doly üzülen ýa-da onuň buhgalterlik hasaba

alnyşdan öçürilen aýyndan soňky aýyň 1-inden;

ç) döredijileriň üýtgemegi hakyndaky beýanyň tassyklanan senesinden.

14.7.Barlanýan döwürde guramada satyn alyş-satyş şertnama esasynda satyn alnan we peşgeş berlen esasy serişdeler hasaba alnan. Esasy serişdeleriň hemmesine köneliş hasaplanan we düşýän gymmata goşulan. Auditor esasy serişdeleriň hemmesine hasaplanan könelişi dogry hasaplaýarmy?

a) Hawa;

b) ýok;

ç) diňe peşgeş berlenlere.

14.8.Guramada tölegsiz berlen esasy serişdeler haýsy baha boýunça hasaba alynmaly?

a) Galyndy bahadan;

b) dikeldilen bahadan;

ç) bazar bahadan.

14.9.Tölegsiz berlen esasy serişdeler üçin goşulan baha üçin salgydy haýsy tarap tölemeli?

a) Esasy serişdäni berýän tarap;

b) esasy serişdäni alýan tarap;

ç) taraplaryň özara ylalaşygyna bagly.

14.10.Buhgalterlik hasaba alnyşda esasy serişdeleri satyn almagyň, gurnamagyň we taýýarlamagyň harajatlaryna aşakdakylar girmeýär:

a)Şertnama esasynda satyja tölenen jemler;

b)esasy serişdeleri satyn almak bilen bagly bolan, maglumat we maslahat hyzmatlary üçin tölenen jemler;

ç) goşulan baha üçin salgyt.

14.11.Guramada awtoulagyň satyn alnyş bahasyna awtoulaglar bilen ýük daşamaga ygtyýarnamanyň bahasy hem goşulypdyr. Auditor muny dogry hasaplaýarmy?

a) Hawa;

b) ýok;

ç) galyndy bahadan hasaba alsa bolýar.

14.12.Tükellemede maddy däl aktiwleri sanamagyň ýazgysyny kim alyp barýar?

a)Auditor;

b)maddy-jogapkär adam;

ç) toparyň agzalarynyň biri.

14.13.Tükellemede düzülýän resminama wagtlaýyn saklawdaky maddy däl aktiwler girizilýärmi?

a)Hawa;

b)aýratyn ýagdaýlarda goşulýar;

ç) ýok.

14.14.Maddy däl aktiwleriň tükellemesinde maddy-jogapkär adamyň gatnaşmagy hökmanmy?

a) Hawa;

b) aýratyn ýagdaýlarda hökman;

ç) ýok.

14.15.Maddy däl aktiwleriň tükellemesinde aşakdaky resminama düzülýär:

a) Tükelleme ykrarnamasy;

b) gyşarmalar barada kepilnama;

ç) tükelleme ýazgysy.

14.16.Maddy däl aktiwleriň saklawlylygynyň barlagynda auditor tükelleme toparynyň agzasy bolmalymy?

a)Hawa;

b) aýratyn ýagdaýlarda bolmaly;

ç) ýok.

14.17.Maddy däl aktiwler balansda aşakdaky baha boýunça görkezilýär:

a) Ilkibaşdaky;

b) galyndy;

ç) şertleşilen.

14.18. Guramanyň özüniň döreden maddy däl aktiwleriniň ilkibaşdaky bahasy aşakdakydan ugur alnyp kesgitlenilýär:

a) Taýýarlamak, döretmek üçin hakyky çykdajylaryň jeminden;

b) bazar bahasyndan;

ç) guramanyň döredijileri bilen ylalaşylan bahasyndan.

14.19.Döredijileriň öz goýumlarynyň hasabyna kärhananyň esaslyk maýasyna goýan goýumlary boýunça maddy däl aktiwleri girdeji etmek aşakdaky ýazgy bilen görkezilýär:

a) D-t04, K-t75;

b) D-t 75, K-t 04;

ç) D-t 04, K-t 85

14.20.Gaýry kärhanalardan we şahsyýetlerden mugtuna, şeýle hem hökümet edaralarynyň kömek puly hökmünde alnan maddy däl aktiwleri girdeji etmek aşakdaky ýazgy bilen görkezilýär:

a)D-t 88, K-t 04;

b) D-t 04, K-t 88;

ç) D-t 04, K-t 80.

14.21.Maddy däl aktiwler hasapdan çykarylan halatlarynda (satylmagynyň, göçürilmeginiň, mugt berilmeginiň netijesinde we beýlekiler) olaryň ilkinji gymmatynyň hasapdan öçürilişi aşakdaky ýazgy bilen görkezilýär:

a) D-t 47, K-t 04;

b) D-t 04, K-t 48;

ç) D-t 48, K-t 04.

14.22. Maddy däl aktiwleriň könelmeginiň ululygy aşakdaky ýaly hasaplanylýar:

a) Olaryň ilkinji gymmatyna we peýdalanylýan möhletine (ýöne kärhananyň işleýän möhletinden aňry geçmezlik şerti bilen) esaslanyp, her aýda kesgitlenen çäklerde hasaplanylýar;

b) olaryň galyndy gymmatyna we peýdalanylýan möhletine (ýöne kärhananyň işleýän möhletinden aňry geçmezlik şerti bilen) esaslanyp, her aýda kesgitlenen çäklerde hasaplanylýar;

ç) olaryň bazar gymmatyna we peýdalanylýan möhletine (ýöne kärhananyň işleýän möhletinden aňry geçmezlik şerti bilen) esaslanyp, her aýda kesgitlenen çäklerde hasaplanylýar;

14.23. Maddy däl aktiwler hasapdan çykarylan halatlarynda

(satylmagynyň, göçürilmeginiň, mugt berilmeginiň netijesinde we beýlekiler) olar boýunça könelmäniň hasaplanyp çykarylan jemi öçürilişi aşakdaky ýazgy bilen öçürilýär:

a)D-t 47, K-t 05;

b) D-t 05, K-t 48;

ç) D-t 48, K-t 05.

14.24.Maddy däl aktiwleriň haýsysynyň peýdaly ulanyş möhleti kesgitläp bolmaýan bolsa, onda onuň könelmeginiň möçberiniň çägi näçe ýyl hasabynda bellenen (ýöne kärhananyň işleýän möhletinden aňry geçmezlik şerti bilen)?

a) 5 ýyl;

b) 10 ýyl;

ç) 20 ýyl.

14.25.Maddy däl aktiwlere şular degişlidir:

a)ýerden, suwdan, beýleki tebigy baýlyklardan, senagat we intellektual eýeçiliginiň obýektlerinden peýdalanmak hukugy we ş.m. beýleki hukuklar;

b)gymmat bahaly kagyzlar;

ç) uçar üçin petekler. %

14.26. Maddy däl aktiwlere könelişiň kadalaryny:

a) Türkmenistanyň Maliýe ministrligi kesgitleýär;

b)Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy kesgitleýär;

ç) kärhananyň özi kesgitleýär.

## 14.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 14.1-nji ýagdaý

Esasy serişdeleriň hasapdan Öçürilmesi aşakdaky buhgalterlik ýazgylar bilen görkezilmeli:

47 belgili hasabyň debeti, 01 hasabyň krediti – 27000000 man. – esasy serişdeleriň hasapdan öçürilen;

02 belgili hasabyň debeti, 47 belgili hasabyň krediti – 23800000 man. – köneliş hasapdan öçürilen;

10-8 belgili hasabyň debeti, 47 belgili hasabyň krediti – 40000 man. –

hasapdan öçürilen esasy serişdelerden metal bölekleri kabul edilen;

10-5 belgili hasabyň debeti, 47 belgili hasabyň krediti – 95000 man. – hasapdan öçürilen esasy serişdelerden ätiýaçlyk şaýlary kabul edilen;

47 belgili hasabyň debeti, 70 belgili hasabyň krediti– 175000 man. – işçilere zähmet haky hasaplanan;

47 belgili hasabyň debeti, 69 belgili hasabyň krediti– 35000 man. – hasaplanan zähmet hakyndan durmuş ätiýaçlygyna tutum edilen;

47 belgili hasabyň debeti, 80 belgili hasabyň krediti – 3275000 man. – maliýe netije kesgitlenen.

Doly köneliş hasaplanmadyk emlägiň galyndy bahasyny hasapdan çykarmakdan ýitgiler salgyt salma binýadyny peseltmeýär. Diýmek, salgyt salmaga degişli peýda 3275000 manat artmaly we degişlilikde peýda salynýan salgyt hasaplanmaly.

**14.2-nji ýagdaý**

Kärhananyň maliýe-hojalyk işleriniň buhgalterlik hasaba alnyşynyň hasaplarynyň meýilnamasyny ulanmak boýunça düzgünnama laýyklykda 47 "Esasy serişdeleriň ýerlenilmegi we gaýry çykmagy" hasapda esasy serişdeleri ýok etmek bilen bagly bolan hemme girdejiler we çykdajylar görkezilýär. Ýük göterijiniň hasapdan çykarylmagy aşakdaky ýaly görkezilmelidi:

47 belgili hasabyň debeti, 01belgili hasabyň krediti – 18000000 manat;

02 belgili hasabyň debeti, 47 belgili hasabyň krediti – 14000000 manat;

10-8 belgili hasabyň debeti, 47 belgili hasabyň krediti – 30000 manat;

47 belgili hasabyň debeti, 70 belgili hasabyň krediti – 280000 manat;

47 belgili hasabyň debeti, 69 belgili hasabyň krediti – 56000 manat;

80 belgili hasabyň debeti, 47 belgili hasabyň krediti – 4306000 man.

Şeýlelikde, esasy serişdeleriň hasapdan öçürilmekden zyýanynyň jemi 4306000 manat azaldylypdyr. Bu bolsa salgyt salmaga degişli peýda düzediş girizmegi talap edýär.

**14.3-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda esasy serişdeleriň obýektiniň satylmagy görkezilen bolmaly, sebäbi dekabr aýynda esasy serişdeler ýüklenipdir we GBÜS hem-de peýda salgyt tölenen bolmaly. Hasap belliknamalarynda aşakdakylar görkezilmelidi:

62 belgili hasabyň debeti, 47 belgili hasabyň krediti – 6000000 manat;

47 belgili hasabyň debeti, 68 belgili hasabyň krediti – 782609 manat;

47 belgili hasabyň debeti, 01 belgili hasabyň krediti – 5000000 manat;

02 belgili hasabyň debeti, 47 belgili hasabyň krediti – 800000 manat;

47 belgili hasabyň debeti, 80 belgili hasabyň krediti – 1017391 manat.

Şeýlelikde, gurama tarapyndan salgyt salmaga degişli peýda 800000 manat peseldilen we 782609 manat GBÜS tölenmändir. Hasabat döwrüniň netijesi boýunça peýda salgyt hasaplamaly. Balansdan esasy serişde öçürilmändir, gurama emläge salgydyň salgyt binýadyny artdyrypdyr, onuň netijesinde bolsa emläge salgydy artdyrypdyr.

**14.4-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda gurama aprel aýyndan oktýabr aýyna çenli könelişi bikanun hasaplapdyr we düşýän gymmatyna degişli edipdir, sebäbi bu döwürde gurama awtoulagy ulanmandyr. Artyk hasaplanan könelişiň jemi 1980000 manat. Netijede esasy işden maliýe netije peseldilen. Awtoulagy balansdan gutarnykly hasapdan çykarmak hem bolmaýar, sebäbi onuň tapylmagy mümkin. Ony balansdan daşgary hasapda hasaba alsa bolar.

**14.5-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda iki pursady hasaba almak gerek. Birinjiden, heläkçiligiň günäkärinden hasaplaşyk hasabyna gelip düşen serişdeler gurama üçin hakujy däl-de, alnan jerime bolup durýar, ýagny satmak bilen bagly bolmadyk girdeji. Ondan bolsa Türkmenistanyň "Salgytlar hakynda" Bitewi kanunyna laýyklykda GBÜS tutulmaly. Aşakdaky ýazgylary etmek gerek:

76 belgili hasabyň debeti, 80 belgili hasabyň krediti- 41739130 man. - kesilen jerimäniň jemine;

76 belgili hasabyň debeti, 68 belgili hasabyň krediti - 6260870 man. - GBÜS-üň jemine;

51 belgili hasabyň debeti, 76 belgili hasabyň krediti - 48000000 man. - alnan serişdeleriň jemine;

ikinjiden, soňraky buhgalterlik resmileşdirmek jerimäni almaga bagly däl. Abatlaşdyryşa çykdajylar şeýle şekillendirilýärler:

20 belgili hasabyň debeti, 76 belgili hasabyň krediti – 46956522 man.;

19 belgili hasabyň debeti, 76 belgili hasabyň krediti – 7043478 man.

Esasy serişdäniň çykmagy 47 - belgili hasabyň üsti bilen görkezilmeli:

47 belgili hasabyň debeti, 01 belgili hasabyň krediti – 10000000 man. ilkibaşdaky gymmatyna;

02 belgili hasabyň debeti, 47 belgili hasabyň krediti – 2000000 man. – hasaplanan könelişiň jemine;

10 belgili hasabyň debeti, 47 – belgili hasabyň krediti kabul edilen ätiýaçlyk şaýlarynyň jemine;

47 belgili hasabyň debeti, 70 belgili hasabyň krediti – awtoulagy sökenleri üçin işgärlere hasaplanan zähmet hakyna;

47 belgili hasabyň debeti, 69 belgili hasabyň krediti – işgärlere hasaplanan zähmet hakyna durmuş ätiýaçlygyna tölegler.

47 belgili hasabyň debeti we krediti boýunça beýleki çykdajylar hem görkezilip bilner. Anyklanylan maliýe netijesi peýdaly-da, zyýanly-da bolup biler, emma zyýan aýan edilen ýagdaýynda ol peýda salgyt boýunça salgyt salma binýadyny kemeltmeli däldir.

**14.6-njy ýagdaý**

Bu ýagdaýda satyn alnan ýeňil ulag boýunça hasaba GBÜS-üň jemi esassyz görkezilen. Ol guramanyň öz hususy serişdeleriniň hasabyna hasapdan çykarylmaly.

Hasaba alnyşda awtoulagyň ulanyşa girizilen pursadyna GBÜS hasaba alnanda 19 belgili hasabyň debeti we 88 belgili hasabyň krediti boýunça 640000 manat ýazgy edilmelidi.

Satyn alnan awtoulag boýunça GBÜS-üň jeminiň býujetden gaýtarylmaga esassyz görkezilenliginiň netijesinde býujete tölenmäge degişli GBÜS-üň jemi 640000 manat peseldilipdir.

**14.7-nji ýagdaý**

Karz esasy serişde satyn almak üçin alnanlygy sebäpli, bank karzlary üçin göterimler esasy serişdeleriň ulanylyşa girizilýän pursadyna çenli maýa goýumlaryň düzüminde hasaba alynmaly we esasy serişdäniň gymmatyny onuň ululygyna artdyrmaly. Önümçilige girizilenden soň bank karzlaryny ulanany üçin göterimleriň tölegi guramanyň hususy çeşmeleriniň hasabyna amala aşyrylmaly.

Gurama ulanylyşa goýberilen tilsimat enjamynyň gymmatyny nädogry kesgitläpdir, ýagny enjamyň önümçilige goýberilmezinden öňki karz üçin göterimler düşýän gymmata ýazylypdyr. Netijede enjamyň balans bahasy ýoýlupdyr we esasy serişdäni satyn almak üçin alnan karzlar boýunça göterimleriň hasapdan öçüriliş tertibi bozulypdyr. Düşýän gymmatyň artdyrylmagynyň netijesinde peýda salgyt boýunça salgyt salma binýady peseldilipdir.

Buhgalterlik hasaba alnyşda enjam önümçilige goýberilenden soň göterimleri tölemek boýunça ýazgylar aşakdaky ýaly bolmaly:

51 belgili hasabyň debeti, 90 belgili hasabyň krediti – 9000000 man.;

60 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 9000000 man.;

08 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 7826100 man.;

19 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 1173900 man.;

08 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 313044 man.;

01 belgili hasabyň debeti, 08 belgili hasabyň krediti – 8139144 man.;

68 belgili hasabyň debeti, 19 belgili hasabyň krediti – 1173900 man.;

88 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – göterimler;

90 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 9000000 man.

**14.8-nji ýagdaý**

Hojalyk jemgyýeti tarapyndan hojalyk usuly bilen ýerine ýetirilýän gurluşyk-gurnak işlerine GBÜS-üň jemi hasaplanmandyr.

GBÜS hasaplamak üçin salgyt salynýan dolanyşyk bolup 08 belgili "Düýpli maýa goýumlar" hasaby hasabat döwründe görkezilen ýerine ýetirilen işleriň gymmaty bolmaly. 01 (1500000 + 500000 + 200000) x 0,15 = 330000 man. Şeýlelikde, býujete tölemäge degişli GBÜS-üň jemi 330000 mah. azaldylypdyr.

Buhgalterlik hasaba alnyşda GBÜS-i tölemek boýunça 08 belgili hasabyň debeti, 68 belgili hasabyň krediti boýunça 330000 manada goşmaça ýazgy edilmeli.

**14.9-njy ýagdaý**

Bu ýagdaýda Türkmenistanyň ilkinji Prezidentiniň 1994-nji ýylyň 1-nji martynda 1676 belgili karary bilen tassyklanan "Önümiň (işiň, hyzmatyň) özüne düşýän gymmatyna goşulýan çykdajylaryň düzümi hakynda" düzgünnamanyň 2-nji "ä" bendi bozulypdyr. Esasy serişdeleriň durky täzelenende, harajatlary hasapdan öçürmek önümiň (işiň, hyzmatyň) özüne düşýän gymmatyna goşulýan çykdajylaryň düzümine degişli edilmän, kärhananyň öz serişdeleriniň hasabyna hasapdan öçürilýär. Şeýlelikde, görkezilen ýalňyşlygyň indiki hasabat döwründe aýan edilen ýagdaýynda gurama peseldilen peýdany dikeltmeli we bu çykdajylary öz serişdeleriniň hasabyna 88 belgili hasabyň debeti, 80 belgili hasabyň krediti boýunça ýazgy bilen görkezmeli. Eger-de ýalňyşlyk onuň goýberilen hasabat döwründe aýan edilen bolsa, onda buhgalterlik ýazgylara hasaplar boýunça düzediş girizmeli we harajatlaryň jemini 88 belgili "Ýörite maksatly gaznalary" hasabynyň debeti boýunça görkezmeli.

Bu düzgün bozmanyň netijesinde salgyt salmak maksatly peýdanyň jemi peseldilen.

**14.10-njy ýagdaý**

Bu ýagdaýda satyn alnan ýeňil awtoulag boýunça GBÜS hasaba almak üçin nädogry hasaplanan. 01 guramanyň hususy çeşmeleriniň hasabyna hasapdan çykarylmaly.

Awtoulag ulanylyşa goýberilen pursadynda GBÜS-i hasapdan çykarmakda 88 belgili hasabyň debeti we 19 belgili hasabyň krediti boýunça 547826 manada ýazgy etmelidi. Dellallyk hakyny düýpli maýa goýumyň düzümine goşmaly we şu ýazgylary etmeli: 08 belgili hasabyň debeti, 60-2 belgili hasabyň krediti – 210000 man.; 01 belgili hasabyň debeti, 08-2 belgili hasabyň krediti – 210000 man.

Satyn alnan ýeňil awtoulag boýunça býujetden öwezini dolmak üçin GBÜS-üň berilmeginiň netijesinde býujete tölemäge degişli GBÜS-üň jemi 547826 man. azaldylan we esasy serişdäniň (awtoulagyň) bahasy 210000 man. azaldylan.

### 14.11-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda Türkmenistanyň "Salgytlar hakynda" Bitewi kanunynyň II böleginiň 1-nji bap Goşulan baha üçin salgyt, 5-nji bap edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt, 6-njy bap şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy bozulan. Bu ýagdaý hasaba alnanda aşakdaky buhgalterlik ýazgylar edilmeli.

Awtoulaglaryň mugt alynmagy:

01 belgili hasabyň debeti, 88 belgili hasabyň krediti – 15030000 man. – mugt alnan awtoulaglaryň hasaba alynmagy.

Mugt alnan esasy serişdeleriň gymmatyna salgyt salmaga degişli peýda artdyrylmaly.

Awtoulaglaryň zähmet haky boýunça bergileriň hasabyna berilmegine:

47 belgili hasabyň debeti, 01 belgili hasabyň krediti – 15030000 man. – awtoulaglaryň satylyş bahasy;

70 belgili hasabyň debeti, 47 belgili hasabyň krediti – 12000000 man. – awtoulaglaryň guramanyň işgärlerine öň hasaplanan zähmet haky boýunça bergileriň hasabyna berilmegi;

80 belgili hasabyň debeti, 47 belgili hasabyň krediti – 3030000 man. – awtoulaglaryň hasapdan çykmagynyň hasabyna maliýe netije (salgyt salmak maksady üçin hasaba alynmaýar).

Awtoulaglar satylanda her işgäriň umumy girdejisiniň düzümine bu awtoulaglaryň hakyky satylan pursadyna emele gelen bazar bahasy bilen

olaryň berginiň hasabyna berlen bahasynyň aratapawudy goşulýar.

### 14.12-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda Türkmenistanyň "Salgytlar hakynda" Bitewi kanunynyň II böleginiň 1-nji baby Goşulan baha üçin salgyt düzgüni bozulyp býujetden öwezi dolmaga önümçilik maksatly däl esasy serişdelere GBÜS-üň jemi esassyz berlen. Bu salgyt degişli maliýeleşdirmek çeşmeleriniň hasabyna tölenilmeli. Bu ýagdaýda 68 belgili "Býujet bilen hasaplaşyklar" hasabynda öwezini dolmaga artykmaç berlen salgydyň jemini dikeltmeli we 88 belgili hasabyň debeti, 68 belgili hasabyň krediti boýunça 2400000 man. düzediş ýazgysyny etmeli.

### 14.13-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda esasy serişdäniň ilkibaşdaky bahasynyň emele geliş tertibi bozulan. Netijede ulag çykdajylary we ýüklemek-düşürmek çykdajylary boýunça dolanyşyk harajatlary artdyrylan. Olar esasy serişdeleriň düşýän gymmatyna degişli edilmeli.

Buhgalterlik hasaba alnyşda aşakdaky ýazgylar edilmeli:

1) 08 belgili hasabyň debeti – 1669565 manat
19 belgili hasabyň debeti – 250435 manat
60 belgili hasabyň krediti– 1920000 manat.

2) 08 belgili hasabyň debeti – 104348 manat
19 belgili hasabyň debeti – 15652 manat
60 belgili hasabyň krediti – 120000 manat.

3) 08 belgili hasabyň debeti – 62609 manat;
19 belgili hasabyň debeti – 9391 manat;
60 belgili hasabyň krediti – 72000 manat.

4) 01 belgili hasabyň debeti – 1836522 manat.
08 belgili hasabyň krediti – 1836522 manat.

### 14.14-nji ýagdaý

Bu karz boýunça göterimleriň düşýän gymmata nädogry degişli edilen ýagdaýynda önümiň düşýän gymmaty 3000000 manat ýokarlanardy, bu bolsa peýdanyň 3000000 manat we peýda salynýan salgydyň 600000 manat peselmegine getirerdi.

## 14.15-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda mugt alnan esasy serişdeleriň kabul ediliş usulnamasy bozulan. Netijede esasy serişdäniň ilkibaşdaky bahasy nädogry emele getirilen we ony almak bilen bagly bolan çykdajylar düşýän gymmata artyk ýazylan.

Bellenen talaplara laýyklykda esasy serişdäniň kabul edilmesi hasaba alnyşda aşakdaky ýaly görkezilmeli:

01 belgili hasabyň debeti, 88-3 belgili hasabyň krediti – 2600000 manat – mugt alnan awtoulagyň kabul edilişi;

08 belgili hasabyň debeti, hasap 60 belgili hasabyň krediti – 260870 manat – getirmegiň bahasy;

19 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 39130 manat – getirmegiň gymmatyndan GBÜS;

08 belgili hasabyň debeti, 68 belgili hasabyň krediti – 80000 manat – awtoulag serişdesini satyn almaga salgydyň jemine;

08 belgili hasabyň debeti, 60 (68) belgili hasabyň krediti – 150000 manat – awtoulagy döwlet guramalarynda bellige almak üçin;

01 belgili hasabyň debeti d-t, 08 belgili hasabyň krediti – 490870 manat – sowgat berlen awtoulagyň bahasynyň artmagyna.

## 14.16-njy ýagdaý

“Türkmenistanda buhgalteriýa hasaba alnyşy we hasabaty hakynda” düzgünnama laýyklykda maddy däl aktiwler hasaba alnyşda we hasabatda satyn alnan hem-de niýetlenilen maksatlar üçin ulanylyp boljak ýagdaýyna ýetirmek üçin edilen we özleriniň başdaky gymmatlyklaryny önümçilik hajatlaryna ýa-da olardan peýdalanmagyň bellenilen möhletinden ugur alnyp, kärhanada kesgitlenilýän kadalar boýunça dolanyşyga geçirilýän harajatlaryň we çykdajylaryň jeminde görkezilýär. Satyn alyş-satyş şertnamasyny resmileşdirmek boýunça we bank hyzmaty üçin çykdajylar maddy däl aktiwleriň bahasyna goşulýar hem-de aşakdaky buhgalterlik ýazgysy edilýär:

08 belgili hasabyň debeti, 50 (76) belgili hasabyň krediti – 52100 manat;

08 belgili hasabyň debeti, 51(76) belgili hasabyň krediti – 11000000

manat;

08 belgili hasabyň debeti, 51 (76) belgili hasabyň krediti – 78000 manat;

04 belgili hasabyň debeti, 08 belgili hasabyň krediti – 11130100 manat.

**14.17-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda A guramada maddy däl aktiwiň esaslyk maýasyna gatanç hökmünde bermekden netije görkezilmändir:

48 belgili hasabyň debeti, 04 belgili hasabyň krediti – 2000000 manat;

05 belgili hasabyň debeti, 48 belgili hasabyň krediti – 400000 manat;

06 belgili hasabyň debeti, 78 belgili hasabyň krediti – 3500000 manat;

48 belgili hasabyň debeti, 83 belgili hasabyň krediti – 1900000 manat.

Maliýe netijesini çykarmagyň usulnamasynyň bozulmagynyň netijesinde gatanjyň jemine peýda salgyt boýunça salgyt salma binýady kemeldilen.

B guramada Kärhanalaryň maliýe hojalyk işleriniň buhgalterlik hasaba alnyşynyň hasaplarynyň meýilnamasyna laýyklykda bu amal hasap 75-1 "Esaslyk maýa goýumlar boýunça hasaplaşyklar" hasabynda görkezilen bolmaly:

75-1 belgili hasabyň debeti, 85 belgili hasabyň krediti – 3500000 manat;

04 belgili hasabyň debeti, 75-1 belgili hasabyň krediti – 3500000 manat;

**14.18-nji ýagdaý**

"Türkmenistanda buhgalteriýa hasaba alnyşy we hasabaty hakynda" düzgünnama laýyklykda maddy däl aktiwler hasaba alnyşda we hasabatda satyn alnan hem-de niýetlenilen maksatlar üçin ulanylyp boljak ýagdaýyna ýetirmek üçin edilen we özleriniň başdaky gymmatlyklaryny önümçilik hajatlaryna ýa-da olardan peýdalanmagyň bellenilen möhletinden ugur alnyp, kärhanada kesgitlenilýän kadalar boýunça dolanyşyga geçirilýän harajatlaryň we çykdajylaryň jeminde görkezilýär. Bu ýagdaýda guramada maddy däl aktiwiň gymmaty maslahatlaşmak bilen bagly bolan hyzmatlaryň jemine 31304 manat peseldilipdir.

Netijede şu jeme düşýän gymmat artdyrylypdyr. Aşakdaky ýazgylar edilmeli:

60 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 240000 man.;
08 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 208696 man.;
19 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 31304 man.;
08 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 31304 man.;
19 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 4696 man.;
04 belgili hasabyň debeti, 08 belgili hasabyň krediti – 240000 man.;
60 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 36000 man.

**14.19-njy ýagdaý**

Bu ýagdaýda guramada maddy däl aktiwiň ilkibaşdaky bahasy nädogry hasaplanylan. Hojalyk amallary aşakdaky ýaly görkezilmelidi:

08 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 10434783 man.;
19 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 1565217 man.;
76 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 1800000 man.;
08 belgili hasabyň debeti, 76 belgili hasabyň krediti – 1800000 man.;
04 belgili hasabyň debeti, 08 belgili hasabyň krediti – 12234783 man.;
04 belgili hasabyň debeti, 19 belgili hasabyň krediti – 1565217 man.;

Maddy däl aktiwleri satyn almak amaly boýunça buhgalterlik hasaba alnyşynyň usulyýetiniň bozulmagy netijesinde harajatlar 1800000 manat artdyrylypdyr.

**14.20-nji ýagdaý**

Kärhanalaryň maliýe-hojalyk işleriniň buhgalterlik hasaba alnyşynyň hasaplarynyň meýilnamasyny ulanmak boýunça düzgünnama laýyklykda hojalyk amallary aşakdaky ýaly görkezilmelidi:

51 belgili hasabyň debeti, 48 belgili hasabyň krediti – 150000000 manat;
48 belgili hasabyň debeti, 68 belgili hasabyň krediti – 19565217 manat;
48 belgili hasabyň debeti, 80 belgili hasabyň krediti – 130434783 manat.

Usulnamanyň bu bozulmasy hasabatyň hakykylygyna we salgytlaryň ululygyna täsir etmedi.

**14.21-nji ýagdaý**

Kärhanalaryň maliýe-hojalyk işleriniň buhgalterlik hasaba alnyşynyň

hasaplarynyň meýilnamasyny ulanmak boýunça düzgünnama laýyklykda hojalyk amallary aşakdaky ýaly görkezilmelidi:

60 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 1150000 manat;

08 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 1000000 manat;

19 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 150000 manat;

04 belgili hasabyň debeti, 08 belgili hasabyň krediti – 1000000 manat;

68 belgili hasabyň debeti, 19 belgili hasabyň krediti – 150000 manat

Usulnamanyň bozulmagy maddy däl aktiwleriň gymmatynyň ýokarlanmagyna we emläge salgydyň artyk tölenmegine alyp bardy.

### 14.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

14.1. - b; 14.2. - ç; 14.3 - ç; 14.4 - a; 14.5. - a; 14.6. - b; 14.7. - a; 14.8. - ç; 14.9. - a; 14.10. - ç; 14.11. - b; 14.12. - ç; 14.13. - ç; 14.14. - a; 14.15. - a; 14.16. - b; 14.17. - b; 14.18. - a; 14.19. - a; 14.20. :*4* b; 14.21. - ç; 14.22. - a; 14.23. - b; 14.24. - b; 14.25. - a; 14.26.– ç

## TEMA 15. ÖNÜMÇILIK ÄTIÝAÇLARYNYŇ HASABA ALNYŞYNYŇ AUDITI

### 15.1. Usuly görkezmeler

Bu temanyň barlag üçin soraglaryna jogap bermek, ýumuşlaryny ýerine ýetirmek, ýagdaýlara seljerme etmek we soragly ýumuşlary çözmek üçin okuw gollanmasynyň 15-nji babyndaky nazary materiallary öwrenmeli, şeýle hem “Buhgalterlik hasaba alnyşy hakynda” Türkmenistanyň kanuny, “Türkmenistanda buhgalteriýa hasaba alnyşy we hasabaty hakynda” düzgünnama, “Kärhanalarda materiallary hasaba almak boýunça” düzgünnama, “Arzan we tiz könelýän zatlaryň buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça” gollanma bilen tanyşmaly.

*Auditiň masksady.* Balansyň maddy gymmatlyklarynyň “Ätiýaçlar” (çig mallar we materiallar, ATKZ, taýýar önüm, harytlar) maddasy boýunça görkezijileriň hakykylygyny we bu görkezijileriň Baş kitabynyň, dergi-buýruknamalarynyň we buhgalterlik hasaba alnyşy ýöretmegiň görnüşine laýyk gelýän beýleki hasaba alnyş belliknamalaryň meňzeş maglumatlary

bilen baglanyşygyny barlamak.

*Maddy-önümçilik ätiýaçlyklarynyň auditiniň esasy meseleleri:*

1.Maddy gymmatlyklarynyň saklaw ýerleri boýunça barlygyny we saklanylyşynyň üpjün edilişini barlamak.

2.Maddy-önümçilik ätiýaçlyklarynyň hereketiniň resmileşdirilişiniň dogrulygyny barlamak.

3.Maddy-önümçilik ätiýaçlyklarynyň hasaba alnyş bahasynyň emele gelşiniň dogrulygyny barlamak.

4.Maddy gymmatlyklaryň kabul edilişiniň dolulygyny we öz wagtyndalygyny barlamak.

5.Maddy gymmatlyklaryň önümçilik we beýleki maksatlar bilen goýberilişini barlamak.

6.Taýýar önümleriň we ýüklenen harytlaryň bahalandyrylyşynyň dogrulygyny barlamak.

7.Arzan we tiz könelýän zatlaryň hereketini barlamak.

## 15. 2. Barlag üçin soraglar

1. Maddy gymmatlyklaryň hasaba alnyşy barlananda nähili kadalaşdyryjy resminamalardan ugur almaly?

2. Materiallaryň, harajatlaryň, arzan we tiz könelýän zatlaryň bahalandyrylyşynyň dogrulygyny nähili kesgitlemeli?

3. Önümçilik ätiýaçlarynyň tükellemesi nähili geçirilýär?

4. Haýsy aktiwler buhgalterlik hasaba alnyşda önümçilik ätiýaçlary hökmünde kabul edilýär?

5. Satyn alnan önümçilik ätiýaçlarynyň hakyky düşýän bahasy nähili kesgitlenilýär?

6. Guramanyň özüniň taýýarlan önümçilik ätiýaçlarynyň hakyky düşýän bahasy nähili kesgitlenilýär?

7. Guramanyň esaslyk maýasyna gatanç hökmünde girizilen önümçilik ätiýaçlarynyň hakyky düşýän bahasy nähili kesgitlenilýär?

8. Sowgat bermek şertnamasy esasynda ýa-da mugt berlen önümçilik ätiýaçlarynyň hakyky düşýän bahasy nähili kesgitlenilýär?

9. Esasy serişdeleriň we gaýry emläkleriň hasapdan çykmagynyň

netijesinde galýan önümçilik ätiýaçlarynyň hakyky düşýän bahasy nähili kesgitlenilýär?

10. Bölek satuw guramalarynda harytlar nähili bahalandyrylýar?

11. Önümçilik ätiýaçlary önümçilige goýberilende we gaýry hasapdan çykanda nähili bahalandyrylýar?

12. Maliýe hasabatynyň haýsy görnüşlerinde önümçilik ätiýaçlary görkezilýär?

13. Arzan we tiz könelýän zatlaryň kabul edilişiniň we hasapdan çykarylyşynyň dogrulygy nähili barlanylýar?

14. Arzan we tiz könelýän zatlara köneliş ýazylyşynyň dogrulygy nähili barlanylýar?

15. Maddy serişdeleriň barlygyny we saklawlylygyny barlamak üçin nähili auditorlyk işler ulanylýar?

16. Maddy-önümçilik ätiýaçlaryň hereketi boýunça amallaryň resminamalaýyn esaslandyrylanlygynyň barlagy nähili amala aşyrylýar?

17. Gymmatlyklaryň ýetmezlikleri we zaýalanmagy netijesinde ýitgileri hasapdan çykarmak buýunça amallaryň görkezilişiniň dogrulygyny nähili barlamaly?

18. Materiallar, harytlar, arzan we tiz könelýän zatlar bilen amallar barlananda nähili ilkinji resminamalar we buhgalterlik hasaba alnyşyň hasaplary maglumatlaryň çeşmeleri bolýarlar?

19. Arzan we tiz könelýän zatlaryň tükellemesiniň dolulygyny we dogrulygyny barlamak nämeden durýar?

## 15.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 15.1-nji ýagdaý

“Gallaönümleri” kärhanasyndan lomaý söwda kärhanasyna 25 tonna un ugradylan. Ýükli wagon barmaly salgysyna 12.12 geldi we düşürmäge berildi. Un kabul edilende 23.12 ambar müdiri I.Mämmedowadan, ambarçy T.Çaryýewadan, hasapçy N.Saparowdan ybarat iş topary tarapyndan ykrarnama düzüldi. Ykrarnamada üpjünçiniň resminamalaryna laýyklykda 1 kg bahasy 2000 manatdan jemi 50000000 manatlyk 25000 kg un iberilipdir,

Harydyň agramy çekilende jemi 300000 manatlyk 150 kg unuň kem gelýänligi anyklanyldy. Ykrarnama laýyklykda hasap bölümi 24850 kg uny hasaba kabul edipdir. Ýetmezçilik dolanyşyk harajatlaryna “Harytlaryň ýitgileri we tilsimat galyndylar” maddasyna ýazylypdyr. Ykrarnama hiç kim tarapyndan tassyklanmandyr. Unuň tebigy ýitgisiniň kadasy 0,1 göterim.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

### 15.2-nji ýagdaý

Auditoryň gatnaşmagynda düzüminde haryt amallaryny hasaba alyş toparynyň hasapçysy, lomaý söwda kärhanasynyň wekili we ambar müdiri bar bolan iş topary ambardaky harytlaryň 18.01 ýagdaýynyň saýlap tükellemesini geçirdiler. Netijede hakyky maglumatlaryň jikme-jik hasaba alnyşyň maglumatlaryndan tapawudy anyklanyldy:

| T/b | Harydyň ady | Bahasy, müň manat | Hasaba alnyşyň maglumatlary boýunça | | Hakyky bary | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Sany | Jemi,müň man. | sany | Jemi,müň man. |
| 1 | Gurjak "Barbi" | 130 | 5 | 650 | - | - |
| 2 | Gurjak "Sindi" | 85 | - | - | 5 | 425 |
| 3 | Düzüm "Lego" | 240 | 8 | 1920 | 6 | 1440 |
| 4 | Oýun "Dendi" | 120 | 3 | 360 | 3 | 360 |
| 5 | Maşyn "Jip" | 30 | 4 | 120 | - | |
| 6 | Maşyn "Ford" | 25 | - | - | 4 | 100 |

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

**15.3-nji ýagdaý**

Gurama tarapyndan çagalar bagyna haýyr sahabat maksady bilen öz öndürýän aýakgaplary berlen. Bu amal hasaba alnyşda hakyky Özüne düşýän gymmaty boýunça 6000000 manat möçberinde 81belgili hasabyň debeti we hasap 40 belgili hasabyň krediti boýunça ýazgy bilen görkezilen.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

**l5.4-nji ýagdaý**

Lomaý söwda guramasy tarapyndan “Döwletliler köşgüne” haýyr sahabat maksady bilen mekdebe degişli harytlar berlen. Bu amal hasaba alnyşda hasaba alyş bahasy boýunça 16000000 manat möçberinde 81belgili hasabyň debeti we 41 belgili hasabyň krediti boýunça ýazgy bilen görkezilen.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

**15.5-nji ýagdaý**

Gurama tarapyndan çagalar keselhanasyna haýyr sahabat maksady bilen çagalara degişli harytlar berlen. Bu amal hasaba alnyşda bölek satuw bahasy boýunça 3000000 manat (söwda nyrh goşundysy 30 göterim, GBÜS 15 göterim) möçberinde 81 belgili hasabyň debeti we hasap 41 belgili hasabyň krediti boýunça ýazgy bilen görkezilen.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

**15.6-njy ýagdaý**

Kärhananyň şereketlik dükanynda haryt amallarynyň hasaba alnyşy barlananda şular anyklandy:

a)Maddy jogapkär şahsyýetleriň haryt hasabaty erkin görnüşde düzülýär;

b)hasabatda harytlaryň we pul serişdeleriniň gayndylary umumy jemde görkezilýär;

ç) harytlaryň hasaba alnyşy hasap 44 “Dolanyşyk harajatlarynda” amala aşyrylýar. Bu hasapda dükanyň çykdajylaram görkezilýär;

d) dükanyň girdejisi hasap 44 belgili “Dolanyşyk harajatlary” hasabyň kredit aýlawy boýunça kesgitlenýär we 46 “Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemek” hasabynda görkezilmeýär.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

## 15.7-nji ýagdaý

Guramada arzan we tiz könelýän zatlaryň önümçilige goýberilişi üsthatyň esasynda amala aşyrylýar. 01 hasaba alnyşda hasap 20,debeti we hasap 12-1 krediti boýunça ýazgy bilen görkezilýär. Ýylyň dowamynda bular ýaly hasapdan çykarmanyň jemi 650000 manat boldy. Sebäbi hasap syýasaty boýunça arzan we tiz könelýän zatlar önümçilige berlende 100 göterim köneliş hasaplamak göz öňüne tutulan.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

## 15.8-nji ýagdaý

Guramanyň kassasyndan B.Kulyýewe hasabat bermäge degişli edilip hojalyk hajatlary üçin 590000 manat berildi. Harç edilen jeme guramanyň hasap bölümine B.Kulyýew tarapyndan aşakdakylary almaga hakykylygyny tassyklaýan resminamalar bilen hakujynyň hasabaty tabşyrylan:

CD-ROM 1 (HK “Bagration” 18.11) - 450000 manat;

Hasap syýasaty boýunça arzan we tiz könelýän zatlar ulanylyşa berlende 50 göterim möçberinde köneliş hasaplamak göz öňünde tutulan. Buhgalterlik hasaba alnyşda aşakdaky ýazgylar edilen:

| Sene | Amalyň mazmuny | Resminama | Hasaplaryň habarlaşygy | | Jemi, müň manat |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | debet | kredit | |
| 18.11 | Kulyýewe hasabat bermäge degişli edilip berlen | Çykdajy buýruknama | 71 | 50 | 590 |
| 20.11 | Hasabat bermäge degişli jem harajatlara ýazylan | Hak ujunyň hasabaty | 26 | 71 | 590 |

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

**15.9-njy ýagdaý**

Gurama tarapyndan bölek satuw dükanyndan balansda duran gulluk ýeňil awtoulagy üçin ätiýaçlyk şaýlary alyndy.

25-nji oktýabryndan 19 belgili ulagjaýyň mehanigi B.Petillaýewiň hakujynyň hasabatyna aşakdakylar goşulan:

1) ätiýaçlyk şaýlarynyň atlary bilen jemi 134000 manada dükanyň haryt çegi;

2) jemi 134000 manada kassa çegi.

Buhgalterlik hasaba alnyşda aşakdaky ýazgylar edilen:

| Sene | Amalyň mazmuny | Resminama | Hasaplaryň habarlaşygy | | Jemi, manat |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | Debet | Kredi | |
| 09.09 | Nagt pula ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak | Haryt çegi we kassa çegi | 10 | 71 | 116522 |
| 09.09 | Satyn alnanda tölenen goşulan baha üçin salgyt | Haryt çegi | 19 | 71 | 17478 |
| 10.09 | Ätiýaçlyk şaýlary häzirki abatlaýşa ýazylan | Hakujy hasabaty | 20 | 10 | 116522 |
| 10.09 | Býujet bilen hasapla-şyga goşulan baha üçin salgyt ýazylan | Hasaplama | 68 | 19 | 17478 |

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

**15.10-njy ýagdaý**

Gurama tarapyndan 10 belgiler “Materiallar” hasabynda önümçilik maksatlary bilen alnan materiallar hem, gelejekde yzygiderli satmak üçin alynýan maddy gymmatlyklar hem görkezilen. Maddy gymmatlyklaryň bir ýyllyk jemi 162000000 manat.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

### 15.11-nji ýagdaý

Gurama tarapyndan arzan we tiz könelýän zatlar satyn alnan we önümçilige berlen. Arzan we tiz könelýän zatlaryň önümçilige berlişi hasaba alnyş belliknamalarynda aşakdaky ýazgylar bilen görkezilen.

| Habarlaşýan hasaplar | | Guramalar boýunça, manat | | |
|---|---|---|---|---|
| Debet | Kredit | “Medet” | “Kuwwat” | “Güýç” |
| 12-2 | 12-1 | 26000 | 18000 | 40000 |
| 20 | 13 | 13000 | 18000 | 20000 |

Arzan we tiz könelýän zatlar ulanylyşa goýberilende köneliş ýazmagyň tertibi guramalaryň hasap syýasatlary boýunça şunuň ýaly göz öňüne tutulan: “Medet” 50 göterim; “Kuwwat” 100 göterim; “Güýç” 100 göterim.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

### 15.4. Soragly ýumuşlar

15.1. Maddy-önümçilik ätiýaçlyklarynyň buhgalterlik hasaba alnyşynda şu hasaplarda görkezilýärler:

a)10, 40,41;

b)06, 58;

ç) 01,04.

15.2. Maddy-önümçilik ätiýaçlyklar öz güýji bilen taýýarlananda onuň hakyky düşýän gymmaty şulardan ybarat:

a)Şu ätiýaçlary öndürmek bilen bagly bolan hakyky harajatlardan;

b)olaryň bazar bahasyndan;

ç) meýilnamalaşdyrylan düşýän gymmatyndan.

15.3. Esaslyk maýasy gatanç hasabyna girizilen maddy-önümçilik ätiýaçlaryň hakyky düşýän gymmaty nähili kesgitlenilýär?

a)Olary satyn almak bilen bagly bolan hakyky harajatlar boýunça;

b)döredijiler bilen ylalaşylan bahada;

ç) emlägiň gymmatynyň garaşsyz bahalandyrylyşy boýunça.

15.4. Sowgat bermek şertnamasy boýunça gurama tarapyndan alnan maddy-önümçilik ätiýaçlaryň pul bahasy nämeden ugur alnyp kesgitlenilýär?

a)Olary satyn almak bilen bagly bolan hakyky harajatlar boýunça;

b)berýän tarap bilen ylalaşylan bahada;

ç) kabul edilen güne bazar bahada.

15.5. Materiallaryň kabul edilişi hasaba alnyş bahada şu buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilýär:

a) D-t 10, K-t 60;

b) D-t 10, K-t 15;

ç) D-t 10, K-t 16.

15.6.Haryt iberijilerden gelen materiallar şu buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilýär:

a) D-t 10, K-t 60; D-t 19, K-t 60;

b) D-t 10, K-t 60; D-t 68, K-t 60;

ç) D-t 41, K-t 60; D-t 68, K-t 60.

15.7.Gurama degişli bolmadyk, emma onuň ulanýan maddy- - önümçilik ätiýaçlary buhgalterlik hasaba alnyşda:

a)Şertnamada göz öňünde tutulan bahada balans hasapda görkezilýär;

b)bazar bahada balansdan daşgary hasapda görkezilýär;

ç) şertnamada göz öňünde tutulan bahada balansdan daşgary hasapda görkezilýär.

15.8.Materiallaryň önümçilige goýberilmegi gurama tarapyndan:

a)Bir usulda amala aşyrylýar;

b)3 usulyň birinde amala aşyrylýar;

ç) 4 usulyň birinde amala aşyrylýar.

15.9.Kömekçi önümçilikde goýberilen materiallaryň kabul edilişi aşakdaky buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilýär:

a) D-t 10, K-t 23;

b) D-t 10, K-t 20;

ç) D-t 10, K-t 60.

15.10.Satyn alnan önümçilik ätiýaçlar boýunça GBÜS aşakdaky buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilýär:

a) D-t 19, K-t 60;

b) D-t 68, K-t 60;

ç) D-t 76, K-t 60.

15.11. Döredijiden esaslyk maýasy gatanç hökmünde gelen materiallaryň kabul edilişi aşakdaky buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilýär:

a) D-t 75, K-t 10;

b) D-t 10, K-t 75;

ç) D-t 10, K-t 85.

15.12. Başgalara ýerlenen artykmaç materiallaryň hasapdan öçürilişi aşakdaky buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilýär:

a) D-t 46, K-t 10;

b) D-t 47, K-t 10;

ç) D-t 48, K-t 10.

15.13. Satylan harytlaryň hasapdan öçürilişi aşakdaky buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilýär:

a) D-t 46, K-t 41;

b) D-t 47, K-t 41;

ç) D-t 80, K-t 41.

15.14.Mugt berlen maddy-önümçilik ätiýaçlar boýunça GBÜS:

a) Ýüze çykanok;

b) maddy-önümçilik ätiýaçlaryny berýän tarap hasaplaýar we töleýär;

ç) maddy-önümçilik ätiýaçlaryny alýan tarap hasaplaýar we töleýär.

15.15.Maddy-önümçilik ätiýaçlaryna haýsylar girenok?

a) Hojalyk hajatlaryna gerek bolan materiallar;

b) çig-mal;

ç) ofis üçin oturgyçlar.

15.16.Harytlaryň satyn alnyş bahasyna aşakdakylar girenok:

a) Harydy satyn almak bilen bagly bolan iş saparynyň harajatlary;

b) harydy satyn almak bilen bagly bolan öwezi dolunmaýan salgytlar;

ç) söwda bahasyny artdyrma.

15.17.Guramanyň hasap syýasatynda materiallar önümçilige

goýberilende bahalandyrmak FIFO usuly boýunça göz öňünde tutulan. Hümmetsizlenmek şertinde bu usul:

a) Goýberilýän önümiň düşýän gymmatyny peseldýär;

b) goýberilýän önümiň düşýän gymmatyny ulaldýar;

ç) goýberilýän önümiň düşýän gymmatyna täsir edenok.

15.18.Guramanyň hasap syýasatynda materiallar önümçilige goýberilende bahalandyrmak LIFO usuly boýunça göz öňünde tutulan. Hümmetsizlenmek şertinde bu usul:

a) Satmakdan alnan peýdany artdyrýar;

b) satmakdan alnan peýdany kemeldýär;

ç) satmakdan alnan peýda täsir edenok.

15.19. Gelen materiallaryň kabul edilişi näme bilen resmileşdirilýär?

a) Girdeji buýruknamasy;

b) hasap-harytnama;

ç) haryt-ulag üsthaty.

15.20.Mugt alnan materiallaryň kabul edilişi aşakdaky buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilýär:

a) D-t 10, K-t 80;

b) D-t 10, K-t88;

ç) D-t 10, K-t81.

15.21.Materiallara haýsylar degişli däl?

a) Ýangyç;

b) gap we gaplyk materiallar;

ç) öz taýýarlan ýarymtaýýar önümleri.

15.22. Hasabat bermeli adamlaryň hojalyk hajatlary üçin satyn alan materiallary:

a) Ambara tabşyrylmaga degişli;

b) guramanyň harajatlaryna ýazylýar;

ç) peýdanyň hasabyna ýapylýar.

## 15.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 15.1-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda ykrarnamanyň ýolbaşçy tarapyndan tassyklanmanlygy sebäpli unuň ýetmezçiligini dolanyşyk harajatlaryna degişli etmäge esas ýok. “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda maddy harajatlara Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanan, tebigy ýitginiň ölçegleriniň çäklerinde haryt maddy gymmatlyklarynyň ýetmezçiliklerinden we (ýa-da) zaýalanmagyndan çekilen zyýan degişli edilýär. Diýmek, aýan edilen ýetmezçilikleriň hemmesiniň harajatlara ýazylmagy peýdanyň 250000 manat kemelmegine getiripdir.

Hasaba alnyşda şu ýazgylar edilmelidi:

41-2 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti - (24850 x 2000) = 49700000 manat;

84 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti - (25 x 2000) = 50000 manat;

63 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti - (125 x 2000) = 250000 manat;

44 belgili hasabyň debeti, 84 belgili hasabyň krediti - (25 x 2000) = 50000 manat (ykrarnama tassyklanandan soň).

### 15.2-nji ýagdaý

Tükellemäniň netijesi aşakdaky ýazgy bilen görkezilýär:

41 belgili hasabyň debeti, 80 belgili hasabyň krediti – 525000 manat – görnüş aratapawudyny hasaba almak;

84 belgili hasabyň debeti, 41 belgili hasabyň krediti – 245000 manat – jem aratapawudy – ýetmezçilik;

73 belgili hasabyň debeti, 46 belgili hasabyň krediti – 1437500 manat – ýetmezçilik ýerlendi hasaplanýar;

46 belgili hasabyň debeti, 68/2 belgili hasabyň krediti – 1437500 manat GBÜS hasaplanýar;

70 belgili hasabyň debeti, 73 belgili hasabyň krediti – 1437500 manat – ýolbaşçynyň karary bilen ýetmezçiligiň maddy jogapkär sahsyň zähmet hakyndan tutulmagy;

46 belgili hasabyň debeti, 84 belgili hasabyň krediti – 1250000 manat – ýetmezçilik hasapdan öçürildi.

### 15.3-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda emlägiň mugt berilmegi önümleri ýerlemek hökmünde görkezilmändir, netijede, Maliýe netijeler we olaryň ulanylyşy barada hasabatyň "Önümleri (işleri, hyzmatlary) we harytlary ýerlemekden alnan girdeji (umumy girdeji)" görkezijisi peseldilipdir.

Hasaba alnyşda şu ýazgylar edilmelidi:

46 belgili hasabyň debeti, 40 belgili hasabyň krediti – 6000000 manat;

88 belgili hasabyň debeti, 46 belgili hasabyň krediti – 6000000 manat

### 15.4-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda harytlaryň haýyr-sahawat maksady bilen berilmegi harytlary ýerlemek hökmünde görkezilmändir, netijede, "Maliýe netijeler we olaryň ulanylyşy barada hasabatyň" "Önümleri (işleri, hyzmatlary) we harytlary ýerlemekden alnan girdeji (umumy girdeji)" görkezijisi peseldilipdir.

Hasaba alnyşda şu ýazgylar edilmelidi:

88 belgili hasabyň debeti, 46 belgili hasabyň krediti – 16000000 manat;

46 belgili hasabyň debeti, 41 belgili hasabyň krediti – 16000000 manat.

### 15.5-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda harytlaryň haýyr-sahawat maksady bilen berilmegi harytlary ýerlemek hökmünde görkezilmändir, netijede, Maliýe netijeler we olaryň ulanylyşy barada hasabatyň "Önümleri (işleri, hyzmatlary) we harytlary ýerlemekden alnan girdeji (umumy girdeji)" görkezijisi peseldilipdir.

Hasaba alnyşda şu ýazgylar edilmelidi:

D-t hasap 88, K-t hasap 46 – 3900000 manat;

D-t hasap 46, K-t hasap 42 – 900000 manat; (gyzyl ýazgy)

D-t hasap 46, K-t hasap 41 – 3900000 manat;

D-t hasap 46, K-t hasap 80 – 900000 manat.

### 15.6-njy ýagdaý

Bu ýagdaýda maddy jogapkär şahsyýetler haryt hasabatynyň bir nusgalyk görnüşini ulanmaýarlar. Ondan başga-da hasap 44 belgili "Dolanyşyk harajatlary" hasaby boýunça harytlary, çykdajylary we ýerlemegi hasaba almak üçin Kärhanalaryň maliýe-hojalyk işleriniň buhgalterlik hasaba alnyşynyň hasaplarynyň meýilnamasyny ulanmak boýunça düzgünnama bozulan. Hasaba alnyşda ýerlemekden alnan girdejiniň görkeziliş usulnamasynyň bozulmagynyň netijesinde Maliýe netijeler we olaryň ulanylyşy barada hasabatyň "Önümleri (işleri, hyzmatlary) we harytlary ýerlemekden alnan girdeji (umumy girdeji)" görkezijisi ýoýlan we GBÜS az tölenen.

### 15.7-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda balansyň maddalary ýoýulmadyk. Emma arzan we tiz könelýän zatlaryň önümçilige goýberiliş könelmesiniň görkezilişiniň usulnamasynyň bozulmagy sebäpli hasaba alnyşda arzan we tiz könelýän zatlaryň ýagdaýy we hereketi hem-de arzan we tiz könelýän zatlaryň könelişiniň hereketi ýitýär. Kärhanalaryň maliýe-hojalyk işleriniň buhgalterlik hasaba alnyşynyň hasaplarynyň meýilnamasyna we ony ulanmak boýunça düzgünnama laýyklykda bu amal hasaba alnyşda 12-2 belgili hasabyň debeti we 12-1 belgili hasabyň krediti hem-de 20(44) belgili hasabyň debeti  13 belgili hasabyň krediti ýaly görkezilen bolmaly.

### l5.8-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda maddy gymmatlyklar (ATKZ) olary kabul etmesizden hasapdan çykarylan. Kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyklykda kärhana gelýän hemme maddy gymmatlyklar öz wagtynda hasaba alynmaly. Ondan başga-da, guramanyň hasap syýasaty boýunça ATKZ-niň gymmatynyň diňe 50%-ini olar önümçilige goýberilende hasapdan çykarmak göz öňünde tutulan.

Hasaba alnyşda şu ýazgylar edilen bolmaly.

| Sene | Amalyň mazmuny | Resminama | Hasaplaryň habarlaşygy | | Jemi, müň man. |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | d-t | k-t | |
| 18.11. | B.Kulyýewe hasabat bermäge degişli edip | Çykdajy buýruknama | 71 | 50 | 590 |
| 20.11. | Hasabat bermäge degişli jem harajatlara ýazylan | Hakujynyň hasabaty | 26 | 71 | 140 |
| 20.11. | ATKZ (katrijler) ammara kabul edilen | Hakujynyň hasabaty | 12-1 | 71 | 450 |
| 20.11. | ATKZ ulanylyşa berlen | Talapnama | 12-2 | 12-1 | 450 |
| 20.11. | ATKZ-a köneliş hasaplanan (50%) | Hasap | 26 | 13 | 225 |

ATKZ-yň gymmatynyň doly mukdarda harajatlara ýazylmagynyň netijesinde önümçilik we dolanyşyk harajatlarynyň jemi artdyrylan. Munuň netijesinde salgyt salma binýady peseldilen:

Emläge salynýan salgyt boýunça hasaba alynmadyk ATKZ-yň hasabyna 225000 manada;

Peýda salynýan salgyt ATKZ-yň bahasynyň 50%-ine – 225000 manada.

### 15.9-njy ýagdaý

Bu ýagdaýda gurama tarapyndan GBÜS hasaplamak ýoly bilen kesgitlenen. Salgytlar hakynda Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda maddy gymmatlyklar bölek satuw guramasyndan alnan ýagdaýynda harydyň bahasyna goşulýan GBÜS-iň bahasy hasap-harytnamada görkezilen bolmaly. Diňe haryt çeginiň esasynda GBÜS-i hasaplamak ýoly bilen kesgitlemek bolanok. Netijede, bu gabat gelmezlik býujete tölemäge degişli GBÜS-iň 17478 manat kemeldilmegine getirdi. Ätiýaçlyk şaýlary gulluk awtoulagynyň häzirki abatlaşdyrylyşyna GBÜS-siz hasapdan çykarylan.

### 15.10-njy ýagdaý

Bu ýagdaýda kärhanalaryň maliýe-hojalyk işleriniň buhgalterlik hasaba

alnyşynyň hasaplarynyň meýilnamasyna we ony ulanmak boýunça düzgünnama laýyklykda 10 belgili “Materiallar” hasaby we 41belgili “Harytlar” hasaby boýunça maddy gymmatlyklaryň hasaba alnyş düzgüni bozulan.

Buhgalterlik hasaba alnyşyň hereket edýän düzgünlerine laýyklykda 10 belgili “Materiallar” hasabynda diňe kärhana degişli bolan çig mallaryň, materiallaryň, ýangyjyň, ätiýaçlyk şaýlarynyň, gaplaryň we ş.m. gymmatlyklaryň hasaba alnyşy üçin niýetlenilendir. Satmak üçin niýetlenen haryt-maddy gymmatlyklar bolsa hasap 41belgili “Harytlar” hasabynda görkezilen bolmaly.

**15.11-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda ATKZ-a könelme hasaplamak bilen bagly bolan hasap syýasatynyň kabul edilen görnüşiniň berjaý edilmezliginiň netijesinde düşýän bahanyň ýoýulmasy bolýar:

Türkmenistanyň 1994-nji ýylyň ýanwar aýynyň 25-inde 1659 belgili karar bilen tassyklanan, Türkmenistanda buhgalteriýa hasaba alnyşy we hasabaty hakyndaky düzgünnamasyna laýyklykda, bir birligi üçin binýatlyk ululygyň 20 göterimine çenli bolan zatlar olaryň önümçilige ýa- da ulanylyşa goýberilişine görä çykdajy hasapdan öçürilýär.

“Güýç” guramasynda çykdajylar 20000 manada azaldylan, “Medet” guramasynda bolsa 13000 manada azaldylan, sebäbi hasap Düzgünnamada ATKZ-a 100% könelme hasaplamak göz öňünde tutulan, hakykatda bolsa 50% hasaplanan;

Netijede, hasap syýasatynyň berjaý edilmezligi peýdanyň, şeýle hem balansyň “ATKZ” maddasynyň ýoýulmagyna alyp bardy.

## 15.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

15.1. -a; 15.2.-a; 15.3-b; 15.4-ç; 15.5.-b; 15.6.-a; 15.7.-ç; 15.8. - ç; 15.9. - a; 15.10. - a; 15.11. - b; 15.12. - ç; 15.13. - a; 15.14. - b; 15.15. - ç; 15.16. - ç; 15.17. - a; 15.18. - b; 15.19. - a; 15.20.-b; 15.21. - ç; 15.22.-a;

# TEMA 16. KASSA AMALLARYNYŇ HASABA ALNYŞYNYŇ AUDITI

## 16.1. Usuly görkezmeler

Kassa amallarynyň auditiniň soraglaryna düşünmek üçin okuw gollanmasynyň 16-njy baby bilen tanyşmak maslahat berilýär. Şol bir wagtda şu meseleler ýygyndysynyň 16.2-nji bendinde getirilen soraglaryň sanawyny ulanmaly.

Kassa amallarynyň auditini geçirmek üçin:

•guramanyň kassasyndaky nagt pullaryň buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça kadalaşdyryjy namalaryň talaplaryny bilmeli (esasy kadalaşdyryjy namalaryň sanawy okuw gollanmasynyň 16-njy babynda getirilendir);

•kassa amallarynyň auditini geçirmek üçin maglumatlary almagyň çeşmelerini bilmeli;

•kassadaky pul serişdeleri bilen amallaryň, pul serişdeleriniň bankdan kassa alnyşynyň, nagt girdejileriniň bankdaky hasaplaşyk hasabyna tabşyrylyşynyň barlagynda auditorlyk işiniň “Auditorlyk subutnamalar”, “Auditiň gidişinde buhgalterlik hasaba alnyşynyň we içki gözegçiligiň ulgamlaryny öwrenmek we baha bermek”, “Aldama we ýalňyşlyk tapylanda auditoryň hereketi”, “Buhgalterlik hasabatlylygynyň ýoýlandygy anyklanylanda auditoryň hereketi” ülňülerinden ugur alyp, auditorlyk subutnamalary ýygnamagyň usullaryny we tärlerini ulanmagy başarmaly;

•auditorlyk işiniň “Auditi resminamalaşdyrmak” ülňüsini ulanyp, auditoryň işçi resminamalarynyň resmileşdirilmeginiň tertibini bilmeli.

Kassa amallarynyň auditiniň tejribe endiklerini şu babyň 16.3-nji bendindäki ýumuşlary we ýagdaýlary ýerine ýetirip alarsyňyz.

Bilimi özleşdirişiňizi özbaşdak barlamak üçin 16.4-nji bentdäki soragly ýumuşlary çözüň.

*Auditiň masksady.* Pul serişdeleriniň hereketi boýunça ýerine ýetirilen

amallaryň kanunylygyny, hakykylygyny we hojalyk maksatlylygyny anyklamaly.

*Kassa amallarynyň auditiniň esasy meseleleri*

1. Nagt pullaryň we beýleki gymmatlyklaryň kassada saklanylyşynyň we saklawlylygynyň şertleriniň berjaý edilişini barlamaly.

2.Pullaryň kassa gelşi we berlişi boýunça amallaryň resminamalarda resmileşdirilişiniň dogrulygyny barlamaly.

3.Kassa boýunça amallar ýerine ýetirilende kassa düzgünini barlamaly.

4.Kassa amallarynyň hasaba alnyşyny, kassa kitabynyň we kassada saklanylýan beýleki gymmatlyklar boýunça jikme-jik hasaba alnyşyň kitabynyň ýöredilişini barlamaly.

5.Bankdan, edara görnüşli taraplardan we şahsy adamlardan alnan pullaryň kabul edilişiniň dolulygyny we öz wagtyndalygyny barlamak.

## 16.2.Barlag üçin soraglar

1. Kassa amallarynyň hasaba alnyşynyň guralyşyny barlanynda auditoryň ugur alýan esasy kadalaşdyryjy resminamalaryny sanaň.
2. Kassa amallaryny barlamak üçin maglumatlaryň esasy çeşmelerini sanaň.
3. Kassanyň tükellemesi nähili geçirilýär?
4. Kassa barlananda nämelere üns bermeli?
5. Edara görnüşli taraplaryň kassasynda bar bolan nagt pullaryň galyndysynyň çägini kim we nähili kesgitleýär?
6. Nagt daşary ýurt puly bilen amallar barlananda nämä üns bermeli?
7. Kassa amallary barlananda ýüze çykarylyp bilinjek adaty ýalňyşlyklary sanaň.

## 16.3.Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 16.1-nji ýagdaý

Auditiň gidişinde 25-nji ýanwarda söwda guramasynyň Baş kassasynyň tükellemesi geçirildi. Uly kassaçy iş toparyna 1191600 manat nagt puly görkezdi. Kassa hasabatynyň maglumatlary boýunça günüň başyna 55600

manat galyndy bar, ýanwar aýynyň 25-inden 151 belgili giriş kassa buýruknamasynda 1-nji belgili amaly kassanyň 3316000 manat girdeji jemi, 152 belgili giriş kassa buýruknamada 2-nji belgili amaly kassanyň 2700000 manat girdeji jemi, ýanwar aýynyň 25-inden 137 belgili çykyş kassa buýruknamada banka tabşyrylan 4480000 manat girdejisi bar.

Düşündiriş hatynda uly kassaçy ylalaşyk boýunça kassadan zähmet haky tölenilýänçä Töräýewa T.P. (satyjy) 250000 manat, Küläýewa S.S. (tam süpüriji) 60000 manat, Bekdurdyýewa O.G. (işçi) 40000 manat karz pul berlipdir.

Kassaçynyň düşündirişine görä, görkezilen jemler aýlyk haky beriljek gününde gaýtaryljak.

Tükelleme bilen baglanyşykly işleri ýerine ýetiriň.

## 16.2-nji ýagdaý

Bank tarapyndan kassada nagt puluň galyndysynyň çägi 100000 manat möçberinde bellenen.

Hasap 50 “Kassa” boýunça belliknamalardaky ýazgylara, şeýle hem kassa hasabatlaryna laýyklykda barlanylýan döwürde pullaryň galyndysy aşakdaky ýaly (manatda):

fewral aýynyň 1-ine - 15000
fewral aýynyň 18-ine -76000000
mart aýynyň 1-ine - 220000
aprel aýynyň 1-ine - 286500
aprel aýynyň 15-ine - 148700
maý aýynyň 2-sine - 137000
maý aýynyň 15-ine - 148700
iýun ýynyň 5-ine -47270000
iýul aýynyň 1-ine - 127000
iýul aýynyň 15-ine - 177000
awgust aýynyň 1-ine - 123000

sentýabr aýynyň 10-una - 150700

oktýabr aýynyň 10-una - 158000

dekabr aýynyň 12-sine - 167000

Kassada puluň galyndysynyň çäginiň berjaý edilişiniň barlagynda söwda guramasy üçin zähmet hakyny tölemegiň möhleti her aýyň 3-üne we 17-sine bellenilendigini göz öňünde tutmaly.

**16.3-nji ýagdaý**

Guramanyň kassa hasabatyna laýyklykda awgust aýynyň 5-ine 398017 belgili çek boýunça işgärlere zähmet hakyny tölemek üçin 210000000 manat alnypdyr. Awgust aýynyň 6-syna 141 belgili töleg sanawnamasy boýunça 160000000 manat, awgust aýynyň 7-sine 142 belgili töleg sanawnamasy boýunça 38000000 manat tölenipdir, awgust aýynyň 12-sine çykdajy kassa buýruknama boýunça N.Berdiýewe 1350000 manat, H.Suwhanowa 800000 manat zähmet haky tölenipdir. Awgust aýynyň 13-üne zähmet hakyny tölemek üçin alnan puldan galan 9000000 manat banka tabşyrylypdyr.

**16.4-nji ýagdaý**

Bankdaky hasaplaşyk hasabyndan alnan pul serişdeleriniň kabul edilişiniň dolugyny we wagtyndalygyny barlap, auditor kassaçy R.Permanowanyň 073422 belgili çek boýunça 2002-nji ýylyň iýul aýynyň 16-syna işgärlere zähmet hakyny tölemek üçin 8000000 manat alandygyny, kassa bolsa 2002-nji ýylyň iýul aýynyň 20-sine kabul edendigini anyklaýar. Ol bankdan 2002-nji ýylyň iýul aýynyň 16-syna iş saparynyň çykdajylary üçin 2000000 manat alypdyr, kassa bolsa 2002-nji ýylyň sentýabr aýynyň 18-ine girizipdir.

Kassaçy R.Permanowa we baş hasapçy R.Kasymow puluň wagtynda girizilmänligini bank edarasynyň günäsi bilen, iş saparynyň çykdajylary üçin pul wagtynda berilmedi diýip düşündirdiler. Şu sebäpli birinji ýagdaýda, zähmet hakyny tölemek üçin alnan pullar bölekleýin iş saparynyň çykdajylaryna harçlanan, ikinji ýagdaýda bolsa tersine, iş saparynyň

çykdajylaryna niýetlenen pullar zähmet hakyny tölemek üçin ulanylan.

### 16.5-nji ýagdaý

Guramada gözegçilik-kassa enjamy ulanylýar. Olaryň bir bölegi plombalanan. Kassaçy-amalçynyň kitaby ýöredilen. Onuň sahypalary belgilenmedik we tikilmedik, kitapda ýolbaşçy we baş hasapçy tarapyndan gol çekilmedik. Kitapda düşündirilmedik düzetmeler we bozmalar köp.

Işgärlere zähmet hakyny tölemek üçin 2002-nji ýylyň 22-nji martynda 075271 belgili çek boýunça 20.000.000 manat pul alnan. Zähmet haky 2002-nji ýylyň 7-nji martynda 18.000.000 manat möçberinde tölenen. 2.000.000 möçberinde galan pullar iş saparynyň çykdajylaryny tölemek üçin ulanylan.

### 16.6-njy ýagdaý

Barlanylýan döwürde bank tarapyndan söwda guramasy boýunça inkassatorlyk torbasyna puluň kem salynmasynyň 172 ýagdaýy anyklanylan. Şol saparlarda jemi 38540000 manat kem çykan. 96 ýagdaýda jemi 21000000 manat artyk pul salnandygy anyklanylan. Ýolbaşçylar tarapyndan bu babatda hiç hili çäre görülmändir.

### 16.7-nji ýagdaý

Guramanyň merkezi kassanyň tükellemesi 2003-nji ýylyň 2-nji ýanwarynda auditor L.Ymamowdan, baş hasapçy R,Saparlyýewden, kassaçy Z.Perdäýewadan ybarat iş topary geçirilen. Kassa kitabynyň maglumatlaryna laýyklykda tükelleme geçirilen günüň başyna puluň galyndysy 9.300.000 manada deň bolmaly. Kassany tükellemäniň netijesi boýunça ykrarnama düzülen.

Tükelleme barlag gününde kassada 120.000 manat nagt puluň we 11200 manatlyk pul resminamalarynyň bardygyny anyklady.

2002-nji ýylyň dekabr aýynyň ikinji ýarymyna zähmet hakyny tölemek üçin kassada iki sany sanawnama: 3 belgili jemi 18.000.000 manatlyk, ol boýunça 17500000 manat tölenen, we 4 belgili jemi 75.000.000 manat,

ondan 74.400.000 manat tölenen. Sanawnamalarda ýolbaşçynyň we baş hasapçynyň zähmet hakyny haçan tölemelidigi baradaky ýazmaça görkezmesi ýok. Sanawnamalaryň baş sahypasynda kassaçy tarapyndan näçe manadyň tölenilenligi we zähmat hakynyň näçesiniň saklamaga berlendigi baradaky ýazgysy ýok.

Kassanyň tükellemesi geçirilýän wagty täjirçilik işgäri I.Körpäýewiň 2002-nji ýylyň 20-nji dekabryndan kassadan 2003-nji ýylyň 20-nji ýanwaryna çenli möhlet bilen ylalaşyk boýunça 900.000 manat alanlygy barada dil hatyny tapdy. Dil hatynda pul bermäge rugsat barada ýolbaşçynyň we baş hasapçynyň ýazgysy ýok.

**l6.8-nji ýagdaý**

Kassa amallarynyň auditi geçirilende hasabat ýylynyň 16-njy iýulynda kärhana tarapyndan keseki gurama awtoulagy abatlaşdyranlygy üçin hasaplanylan 1.500.000 manat tölenilendigi aýan edildi. Öň ýanyndaky günde kassaçy tarapyndan bankdan hojalyk harajatlaryna tölemek üçin pul alnan we kärhananyň kassasyna girizilen. 15-nji iýulda günüň ahyryna kassada pul serişdeleriniň galyndysy 230.000 manada deň boldy, bank tarapyndan kesgitlenen çäklendirme bolsa 100.000 manada deň.

## 16.4. Soragly ýumuşlar

16.1.Barlanýan tarapyň içki gözegçilik ulgamynyň ýagdaýyna baha berende, auditor barlanýan tarapyň kassasyndaky bar bolan pullaryň saklawlylygyna aşakdakynyň jogap berýändigini bilmelidir:

a) Baş buhgalter;
b) kassir;
ç) guramanyň ýolbaşçysy.

16.2.Kassadaky bar bolan pullaryň barlagynyň wajyp şerti bolup aşakdaky durýar:

a) Duýdansyzlyk;

b) çaltlyk;

ç) barlagy doly geçirmek.

16.3.Kassadaky bar bolan pullaryň duýdansyz barlagy auditoryň gatnaşmagynda geçirildi. Artyk pullar aýan edilende auditor şu hereketleri dogry hasaplady:

a) Kassa kabul edilýär we D-t 50, K-t 80 buhgalterlik ýazgysy edilýär;

b) kassir saklawlylyga alýar;

ç) guramanyň ýolbaşçysy saklawlylyga alýar we gulluk derňewini belleýär.

16.4.Barlanýan tarapa ykdysady netije getirmek ukybyny ýitiren esasy serişdäni başga edara görnüşli tarapa satmakdan gelen pul serişdeleriniň aşakdaky ýazgy bilen resmileşdirilişini auditor dogry hasaplady:

a)D-t 50, K-t 47;

b)D-t 50, K-t 80;

ç) D-t 50, K-t 62.

16.5.Kassiriň kassa boýunça amallary ýerine ýetirişiniň dolulygynyň we dogrulygynyň barlagy üçin haýsy resminama ulanylýar?

a)Kassa kitaby;

b)girdeji we çykdajy kassa buýruknamalary;

ç) girdeji we çykdajy kassa resminamalarynyň bellige alyş dergisi.

16.6.Inkassatora girdejiniň töleg haty bilen tassyklanyp, guramanyň hasaplaşyk hasabyna girizilmegi üçin berilmegi haýsy buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilýär?

a) D-t 57, K-t 50;

b) D-t 57, K-t 56;

ç) D-t 57, K-t 51.

16.7.Guramanyň I.Y.Işanow atly işgäri hasaphana kanselýariýa harytlaryny almak üçin hasabat bermäge degişli pul bermegini sorap, guramanyň ýolbaşçysynyň "gerekli puly bermäge rugsat berýärin" diýen görkezmesi goýlan haýyşnamany berdi. Emma I.Ý.Işanow öň hasabat bermäge degişli berlen hakujy boýunça hasaplaşmandyr. Haýyşnamanyň esasynda I.Ý.Işanowa soraýan puly berildi. Bu ýagdaýda gurama Türkmenistanyň halk hojalygynda kassa amallaryny ýöretmegiň tertibini bozýarmy?

a) Hawa;

b) ýok;

ç) ýolbaşçynyň rugsady bolany üçin bozanok.

16.8.Kassa kitabynyň dogry ýöredilişine gözegçilik kime ýüklenen?

a)Guramanyň ýolbaşçysyna;

b) baş hasapça;

ç) kassaça.

16.9.Hasabat bermeli adama iş sapary üçin daşary ýurt puly berlende çykdajy kassa buýruknamasyndaky jem:

a)Diňe daşary ýurt pulunda görkezilen bolmaly;

b)diňe manatda görkezilen bolmaly;

ç) hem daşary ýurt pulunda hem manatda görkezilen bolmaly.

16.10.Çykdajy kassa buýruknamasyna goşulýan resmi kagyzlarda (arzalarda, hasaplarda we ş.m.) guramanyň ýolbaşçysynyň rugsat beriji ýazgysy bar bolan ýagdaýlarynda çykdajy kassa buýruknamasynda onuň goly hökmanmy?

a)Hawa;

b)ýok;

ç) hasap syýasatynda kesgitlenen düzgüne bagly.

16.11. Pul resminamalary kassada haýsy bahada hasaba alynýar?

a) Satyn almaga hakyky harajatlarda;

b) pul resminamasynda görkezilen bahada;

ç) hasap syýasatynda kesgitlenen düzgüne bagly.

16.12.Kassada näçe mukdardaky puly saklap bolýar?

a) Bankyň kesgitlän çägindäki;

b) çäklendirmesiz;

ç) guramanyň ýolbaşçysynyň kesgitlän çägindäki.

16.13.Girdeji we çykdajy kassa resmi kagyzlarynyň bellik ediliş depderçesini guramada ýöretmek:

a) Hökmandyr;

b) guramanyň ýolbaşçysynyň kararyna bagly;

ç) baş hasapçynyň kararyna bagly.

16.14.Kassaçynyň hasabaty haçan düzülýär?

a)Her aýda;

b) eger kassa amallary geçen bolsa, her günde;

ç) her çärýekde.

16.15. Kassa resminamalaryna düzediş girizmek:

a) Bolanok;

b) bolýar;

ç) "düzediş girizildi" diýip ýazgy bar bolsa bolýar.

16.16. Kassa kitaby:

a) Belgilenmelidir;

b) belgilenmelidir, çatylmalydyr we baş hasapçynyň goly bolmalydyr;

ç) belgilenmelidir, çatylmalydyr, möhürlenmelidir hem-de guramanyň başlygynyň we baş hasapçysynyň gollary bolmalydyr.

16.17. Kassa kitabyny kim ýöredýär?

a)Baş hasapçy;

b) uly hasapçy;

ç) kassaçy.

16.18. Ilkinji resminamalar, girdeji we çykdajy kassa buýruknamalary nirä tikilýär?

a) Kassa kitabyna;

b) kassaçynyň hasabatyna;

ç) hasap 50-niň jemleýji hasaba alnyşynyň belliknamasyna.

16.19.Kassanyň duýdansyz tükellemesini geçirmek:

a) Guramanyň başlygynyň rugsady bilen bolýar;

b)gadagan;

ç) baş hasapçynyň rugsady bilen bolýar.

16.20.Kassanyň tükellemesi boýunça topara kim hökman girmeli?

a) Guramanyň başlygy;

b) baş hasapçy;

ç) uly hasapçy.

16.21.Döredijiden esaslyk maýasy gatanjyň hasabyna alnan pul serişdeleri hasaba alnyşda şu ýazgy bilen görkezilýär:

a) D-t 50, K-t 85;

b) D-t 50, K-t 75;

ç) D-t 50, K-t 76.

16.22.Kassadan hasabat bermeli adama nagt pul serişdesi berlen. Aşakdaky buhgalterlik ýazgysy düzülen:

a) D-t 71, K-t 50;

b) D-t 73, K-t 50;

ç) D-t 71, K-t 57.

16.23. Kassa işçiniň ýetiren maddy zyýany üçin pul serişdesi girdeji edildi. Aşakdaky buhgalterlik ýazgysy düzülen:

a) D-t 50, K-t 71;

b) D-t 50, K-t 73-3;

ç) D-t 50, K-t 76.

16.24. Guramanyň kassasynda bar bolan nagt daşary ýurt puly boýunça hümmet aratapawudy buhgalterlik hasaba alnyşda haçan görkezilýär?

a)Hasabat ýylynyň ahyrynda;

b)her aýda aýyn iň soňky gününe;

ç) her aýda aýyn iň soňky gününe we daşary ýurt pulunyň her bir hereketinde.

16.25.Kassadan işgärlere berlen zähmet haky şu buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilýäir:

a) D-t 70, K-t 50;

b) D-t 71, K-t 50;

ç) D-t 73, K-t 50.

16.26.Guramanyň işgärleriniň zähmet hakyndan beýleki guramalaryň we adamlaryň haýryna berjaý edilýän hat boýunça tutulan jemler boýunça bergi borçlaryň kassadan öçürilmegi şu buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilýär:

a) D-t 60, K-t 50;

b)D-t 73, K-t 50;

ç) D-t 76, K-t 50.

16.27.Kassadan keselhananyň wagtlaýyn işe ýarawsyzlyk haty boýunça berlen kömek puly şu buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilýär:

a)D-t 69, K-t 50;

b) D-t 70, K-t 50;

ç) D-t 73, K-t 50.

16.28.Tükellemede aýan edilen kassadaky kem gelýän pul serişdesi görkezilen:

a) D-t 80, K-t 50;

b) D-t 71, K-t 50;

ç) D-t 84, K-t 50.

16.29.Hasabat bermeli adam öňki hasabat bermäge degişli alan puluna hasabat bermän kassadan hasabat bermäge degişli nagt pul serişdelerini alyp bilýärmi?

a)Hawa;

b) kärhananyň başlygynyň rugsady bilen alyp bilýär;

ç) ýok.

16.30. Nagt pul serişdeleriniň guramanyň kassasyna kabul edilmegi näme bilen resmileşdirilýär?

a) Girdeji kassa buýruknamasy;

b) çykdajy kassa buýruknamasy;

ç) töleg tabşyrygy.

16.31.Nagt pul serişdeleriniň guramanyň kassasyndan berilmegi näme bilen resmileşdirilýär?

a) Girdeji kassa buýruknamasy;

b) çykdajy kassa buýruknamasy;

ç) töleg tabşyrygy.

16.32.Nagt daşary ýurt pullary we milli pul birligini bir seýfde saklap bolýarmy?

a) Hawa;

b)kärhananyň başlygynyň rugsady bilen bolýar;

ç) ýok.

16.33.Kassada şu kärhana degişli bolmadyk nagt pullaryny we beýleki gymmatlyklary saklamak bolýarmy?

a) Ýok;

b) kärhananyň başlygynyň rugsady bilen bolýar;

ç) hawa.

16.34.Kassadaky gymmatlyklaryň saklawlylygyna maddy jagapkärçiligi kim çekýär?

a)Baş hasapçy;

b) uly hasapçy;

ç) kassaçy.

16.35.Kassaçynyň özüne tabşyrylan işi başga birine bermäge haky barmy?

a) Hawa;

b) ýok;

ç) hasapçy rugsat berse bolýar.

## 16.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 16.1-nji ýagdaý

Tükellemäniň netijesi boýunça ykrarnama düzülip, onda anyklanylan netije, ýagny 400000 manat möçberinde ýetmeýän pul görkezilýär. Nagt pul bermek Türkmenistanyň halk hojalygynda kassa amallaryny ýöretmegiň

tertibiniň 11-nji bendi bozulyp, ýolbaşçynyň we baş hasapçynyň rugsat berýän goly bilen çykdajy kassa buýruknamasy ulanylman berlipdir. 350.000 manat çykdajy kassa buýruknamasy doldurylman berlipdir, şol sebäpli-de olaryň jemi ýetmezçilik diýip hasap edilýär. Şeýle hem 50.000 manat ýetmeýän pul düşündiriş hatynda hem görkezilmändir. Aýan edilen ýetmezçilik hasaba alnyşda aşakdaky ýazgy bilen görkezilmeli:

84 belgili hasabyň debeti, 50 belgili hasabyň krediti – 400.000 manat;

73-3 belgili hasabyň debeti, 84 belgili hasabyň krediti – 400.000 manat;

70 belgili hasabyň debeti, 73-3 belgili hasabyň krediti – 400.000 manat.

Ýetmeýän pul serişdeleriniň jemi kassaçynyň zähmet hakyndan tutulmaly ýa-da kärhananyň kassiriniň özi onuň öwezini dolmaly.

**16.2-nji ýagdaý**

Türkmenistanyň halk hojalygynda kassa amallaryny ýöretmegiň tertibiniň 4-nji bendine laýyklykda kärhanalarda öz kassalarynda nagt pullary bank tarapyndan kesgitlenen çäkleriň möçberinde saklap bilýärler. Bu resminamanyň 7-nji bendine laýyklykda kärhanalarda öz kassalarynda nagt pullary bank tarapyndan kesgitlenen çäklerden artyk puly zähmete hak, baýrak, durmuş ätiýaçlygy boýunça kömek puluny, talyp hakyny, pensiýany tölemek üçin 3 iş gününden artyk bolmadyk möhletde saklap bilýärler.

Kärhananyň kassasynda pul serişdesiniň galyndysynyň çäginiň bozulmasy hemişe bolup dur (01.02, 18.02 we 05.06-dan beýleki günlerde).

**16.3-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda gurama Türkmenistanyň halk hojalygynda kassa amallaryny ýöretmegiň tertibiniň 7-nji bendine laýyklykda kärhanalarda öz kassalarynda nagt pullaryny bank tarapyndan kesgitlenen çäklerden artyk puly zähmete hak, baýrak, durmuş ätiýaçlygy boýunça kömek puluny, talyp hakyny, pensiýany tölemek üçin 3 iş gününden artyk bolmadyk möhletde saklamak düzgüni bozulypdyr. Paýlanylmadyk jemler öz wagtyndan gijä goýlup we doly däl mukdarda banka tabşyrylypdyr. Bu bolsa Türkmenistanyň halk hojalygynda

kassa amallaryny ýöretmegiň tertibiniň 15-nji bendini bozmak bolýar.

**16.4-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda gurama Türkmenistanyň halk hojalygynda kassa amallaryny ýöretmek tertibiniň 21-nji bendine laýyklykda kärhanalarda öz kassalarynda nagt pullary bankdan alnan dessine kassa kitabyna girizmek düzgüni bozulypdyr. Ondan başga-da bu resminamanyň 3-nji bendine laýyklykda kärhanalaryň bank edaralaryndan alan nagt pullaryny maksatlaýyn ulanmak düzgüni bozulypdyr.

**16.5-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda guramada Gözegçilik-kassa enjamlaryny ulanmagyň ýeke-täk nusgaly düzgünleri we kassaçy-amalçynyň kitabyny ýöretmegiň tertibi bozulan. Gözegçilik-kassa enjamlary gurat ýagdaýda bolmaly. Her gözegçilik-kassa enjamyna kassaçy-amalçynyň kitaby ýöredilmeli, olar tikilen, belgilenen, ýolbaşçy we baş hasapçy tarapyndan gol çekilen bolmaly. Hemme düzetmeler kärhananyň möhüri bilen tassyklanan bolmaly.

Zähmet haklarynyň paýlanmak möhletleriniň bozulmasy aýan edilen. Türkmenistanyň halk hojalygynda kassa amallaryny ýöretmegiň tertibi bozulan, şeýle hem pul serişdeleriniň maksatlaýyn ulanylmazlygy aýan edilen, ýagny zähmet haky üçin alnan pullaryň galany iş saparyna töleg üçin ulanylypdyr. Zähmet haky 3 günüň dowamynda paýlanylmandyr.

**16.6-njy ýagdaý**

Inkassatorlyk torbasyna puluň yzygiderli kem we artyk salnanda kärhananyň ýolbaşçysy muňa üns bermeli. Bu maglumatlar hereket edýän içki gözegçiligiň netijesizligini görkezýär. Bu barada aşakdaky pursatlar şaýatlyk edýärler:

- kassaçynyň hünärmenlik borçlaryny pes hilli ýerine ýetirmegi;
- pullaryň nädogry inkassasiýa edilmeginiň sebäbiniň anyklanylmazlygy;
- ýolbaşçy tarapyndan pul serişdeleriniň hasaba alnyşynyň netijesiz guralyşynyň sebäplerini aýan etmek boýunça degişli çäreleriň görülmezligi.

Ýolbaşçylar düzgün bozmalary göz öňüne almaly we bu zeýilli ýalňyşlyklary goýbermezlik üçin işgärlere täsir etmeli.

### 16.7-nji ýagdaý

Tükellemäniň netijesinde aşakdaky hadysalar anyklanyldy: tükellemäniň wagtyna hasaba alnan galyndy – 18.000.000 + 75.000.000 -17.500.000 – 74.400.000 = 1.100.000 manat.

hakyky galyndy 120.000 manat,

ýetmeýän jem 980.000 manat.

50 belgili "Kassa" hasaby boýunça hasabat döwrüniň ahyryna hasaba alyş we hasabat maglumatlarynyň nätakyklygyna subutnama bolup durýar. Balansyň ýetmezçiliginiň jemine degişli maddalary guramanyň aktiwleriniň ýetmezçiligiň jemine hakyky ýagdaýyny görkezmeýär.

Täjirçilik işgäri I.Körpäýewiň dil haty aklawjy resminama bolup bilmeýär. Aklawjy resminama diňe çykdajy kassa buýruknamasy bolup bilýär. Zähmet hakyny bermekligiň sanawnamasynda ýolbaşçynyň we baş hasapçynyň rugsat berýän ýazgysy bolmaly, şeýle hem zähmet hakyny tölemegiň möhleti görkezilen bolmaly. Ondan başga-da kassa amallaryny ýöretmegiň tertibiniň bozulma ýagdaýlary aýan edilen.

### 16.8-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda kassa düzgünininiň bozulmasy aýan edilen, ýagny kassada pul serişdeleriniň galyndysynyň çägi berjaý edilmedik.

## 16.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

16.1. - b; 16.2. - a; 16.3. - a; 16.4. - ç; 16.5. - ç; 16.6. - a; 16.7. -a; 16.8.-b; 16.9.-ç; 16.10. -b; 16.11.-b; 16.12.-a; 16.13.-a; 16.14. -b; 16.15. - a; 16.16. - ç; 16.17. - ç; 16.18. - b; 16.19. - a; 16.20. - b; 16.21.-b; 16.22. - a; 16.23.-b; 16.24.-ç; 16.25. -a; 16.26.-ç; 16.27. -b; 16.28. - ç; 16.29. - ç; 16.30. - a; 16.31. - b; 16.32. - ç; 16.33. - a; 16.34.-ç; 16.35. - b;

# TEMA 17. HASABAT BERMELI ADAMLAR BILEN HASAPLAŞYKLARYŇ AUDITI

## 17.1. Usuly görkezmeler

Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklaryň auditiniň soraglaryna düşünmek üçin degişli edebiýatlar, ilkinji nobatda bolsa okuw gollanmasynyň

17-nji baby bilen tanyşmak maslahat berilýär. Bu bapda auditi geçirmegi dessurlaşdyrýan kadalaşdyryjy we kanunçylyk namalar beýan edilýär, maglumatlaryň çeşmeleri, auditoryň soragnamasy, auditorlyk işleriniň sanawy, adaty ýalňyşlyklar getirilen.

Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklaryň auditini geçirmek üçin:

•hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklaryň buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça kadalaşdyryjy namalaryň talaplaryny bilmeli;

•hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklaryň auditini geçirmek üçin maglumatlary almagyň çeşmelerini dogry kesgitlemeli;

•hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklaryň barlagynda auditorlyk işiniň "Auditorlyk subutnamalar" ülňüsinden ugur alyp, auditorlyk subutnamalary ýygnamagyň usullaryny ulanmagy başarmaly;

•auditorlyk işiniň "Auditi resminamalaşdyrmak" ülňüsini ulanyp, auditoryň işçi resminamalaryny resmileşdirmegiň tertibini bilmeli.

Alan bilimiňizi 17.2-nji bendinde getirilen soraglara jogap berip berkidip bilersiňiz. Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklaryň auditiniň tejribe endiklerini şu babyň 17.3-nji bendindäki ýumuşlary we ýagdaýlary ýerine ýetirip alarsyňyz.

Bilimi özleşdirişiňiziň derejesini barlamak üçin 17.4-nji bentdäki soragly ýumuşlary çözüň.

## 17.2. Barlag üçin soraglar

1.Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklaryň auditiniň maksadyny sanaň.

2.Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklaryň auditiniň wezipelerini sanaň.

3.Auditoryň hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklary barlanynda ulanýan esasy kadalaşdyryjy resminamalaryny sanaň.

4.Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklary barlamak boýunça esasy maglumatlaryň çeşmelerini sanaň.

5.Býujet bilen hasaplaşyklaryň barlagyny nähili guramaly?

6.Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar boýunça auditoryň soragnamasy haýsy maksatlar bilen ulanylýar?

7.Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklaryň auditi geçirilende aýan edilip bilinjek adaty ýalňyşlyklary sanaň.

## 17.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 17.1-nji ýagdaý

Hasabat ýylynyň awgust aýynyň 10-undan 109 belgili Buýruga laýyklykda gurama öz işgäri H.Serdarowy awgust aýynyň 12-sinden 24 – - üne çenli Balkanabada iş saparyna ugratdy. Guramanyň kassasyndan 1700000 manat hakujy berildi.

H.Serdarow iş saparyndan gelenden soň, hakujynyň hasabatyny tabşyrdy. Hasabat 1680000 manat möçberinde awgust aýynyň 26-syna tassyklandy, 20000 manat aratapawut kassa tabşyryldy. Ýaşaýyş üçin çykdajylar hakujy hasabatynda umumy 900000 manat jemde görkezildi, emma bu çykdajyny tassyklaýan resminama ýok. Hemme galan iş saparynyň çykdajylary degişli ynandyryjy resminamalar bilen tassyklanan. Buhgalterlik hasaba alnyşda aşakdaky ýazgylar edilen:

| Sene | Amalyň mazmuny | Resminama | Hasaplaryň habarlaşygy | | Jemi, manat |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | Debet | Kredit | |
| 10.08 | H.Serdarowa iş saparyna hasabat bermäge degişli edilip berildi | 10.08-den 109 belgili Buýruk, 94 belgili çykdajy buýruknama | 71 | 50 | 1700000 |
| 26.08 | Kassa ulanylmadyk hasabat bermäge degişli jem gaýtaryldy | Hasaplama 185 belgili giriş kassa buýruknama | 50 | 71 | 20000 |
| 26.08 | H.Serdarowyň iş saparyna harajatlary umumy hojalyk çykdajylaryna ýazylan | Hakujy hasabaty | 26 | 71 | 1680.000 |

Guramanyň içki gözegçilik ulgamyndaky we buhgalterlik hasaba alnyşyndaky hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklardaky ýalňyşlaryň düzümini we mazmunyny kesgitläň.

**l7.2-nji ýagdaý**

Guramanyň hasabat bermeli adam tarapyndan nagt hasaplaşyk boýunça 3.000.000 manada gurama degişli bolan awtoulaga hyzmat eder ýaly satyn alan ýangyç-çalgy ýagynyň gymmatyny doly jeminde özüne düşýän gymmata degişli edipdir.

Guramanyň içki gözegçilik ulgamyndaky we buhgalterlik hasaba alnyşyndaky hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklardaky ýalňyşlaryň düzümini we mazmunyny kesgitläň.

**17.3-nji ýagdaý**

Kärhananyň hasabyna ýolbaşçynyň Ispaniýa saparyna 1500 ABŞ dollary tölenipdir we iş saparynyň çykdajylaryna ýazylypdyr. Şol bir wagtda işgäri iş saparyna ugratmak, onuň maksady we möhleti barada buýruk, iş sapary barada hasabat ýok. Harçlanan serişdelere goşulan aklaýjy resminamalarda syýahat guramasynyň belgisi bar.

Kärhananyň içki gözegçilik ulgamyndaky we buhgalterlik hasaba alnyşyndaky hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklardaky ýalňyşlaryň düzümini we mazmunyny kesgitläň.

**17.4-nji ýagdaý**

Barlagda kärhananyň işgärleriniň birnäçe aý bäri edilen hojalyk çykdajylary barada hasabat bermeýänligi we alnan hasabat bermäge degişli serişdeleri yzyna gaýtarmaýandygy anyklanyldy. Ýolbaşçynyň "Hasabat bermäge degişli jemleri bermegiň düzgüni barada" buýrugynda hasabat bermäge degişli serişdeleri gaýtarmagyň çäklendirilen möhleti alnan günden 30 gün bellenen.

Kärhananyň içki gözegçilik ulgamyndaky we buhgalterlik hasaba alnyşyndaky hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklardaky ýalňyşlaryň düzümini we mazmunyny kesgitläň.

**17.5-nji ýagdaý**

"Parahat" söwda kärhanasynyň başlygynyň buýrugyna laýyklykda baş

hasapcy görkezijä hojalyk hajatlary üçin hasaplaşyk hasabyndan 1 million manat almaga 2005-nji ýylyň 2-nji oktýabryndan 339864 belgili çegi ýazdy. Çegiň peteginde ekspeditor D.B.Ibragimowyň çegi alandygy barada goly bar. Bu çek boýunça bank görkezijä 1 million manat beripdir. Pullar baş kassa gelmändir. Ekspeditor D.B.Ibragimowyň tabşyran hakujy hasabatynda bankdan hasabat bermäge degişli 1 million manat alandygy we olaryň haryt almak üçin sowlandygy görkezilýär. Hakujy hasabatyna şular goşulan:

1.2005-nji ýylyň 3-nji oktýabryndan 786925 belgili üsthat we “Pöwrize” ÝKPJ-niň 2005-nji ýylyň 3-nji oktýabryndan 986754 belgili 960.000 manatlyk (ş.s. GBÜS) hasap-harytnama.

2.Haryda tölänligine 960.000 manatlyk kassa çegi.

3.Söwda kärhanasynyň dükanyna 900.000 manatlyk harydy bermek hakynda dükanyň müdiri T.D.Myradowyň goly bilen 2005-nji ýylyň 3-nji oktýabryndan 386 belgili içki üsthat.

4.Guramanyň kassasyna harçlanylmadyk 40000 manadyň gaýtarylanlygy hakynda 2005-nji ýylyň 3-nji oktýabryndan 264 belgili girdeji kassa buýruknamasynyň petegi.

Söwda kärhanasynyň buhgalterlik hasaba alnyşynda şu ýazgy edilen:

| Sene | Amalyň mazmuny | Resminama | Hasaplaryň baglanyşygy | Jem |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| 2.10.2005ý. | Hasaplaşyk hasapdan hasabat bermäge degişli berlen | Pul çegi | D-t 71, K-t 51 | 1.000.000 man. |
| 3.10.2005ý. | Hasabat bermeliden harydy almak | Üsthat, hasap-harytnama | D-t 41, K-t 71 | 960.000 man. |
| 3.10.2005ý. | Kassa puluň galyndysy gaýtarylan | girdeji kassa buýruknamasynyň petegi | D-t 50, K-t 71 | 40.000 man. |

Söwda kärhanasynyň içki gözegçilik ulgamyndaky we buhgalterlik hasaba alnyşyndaky hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklardaky ýalňyşlaryň düzümini we mazmunyny kesgitläň.

### 17.6-njy ýagdaý

Başlygyň buýrugy bilen "Yklym" HJ-niň işgäri iş sapary bilen Nýu- - Ýorka (ABŞ) oktýabr aýynyň 8-inden 18-ine çenli 10 günlük gidýär. Oňa oktýabr aýynyň 7-sine 4.200 ABŞ dollary hakujy berlen.

Daşary ýurda iş saparynyň gündelik hajatlary üçin bellenen kada 60 dollar.

21-nji oktýabrda hakujy hasabaty we hakyky harajatlary aklawjy resminamalar bilen tassyklanan (ABŞ dollarynda):

1.Aşgabat - Moskwa - Aşgabat uçaryň petegi 300

2.Moskwa - Nýu-Ýork - Moskwa uçaryň petegi 800

3.Myhmanhananyň hasaby (10 gün 280 dollardan) 2800

4.Gündelik hajatlary üçin (10 gün 90 dollardan) 900 Guramanyň buhgalterlik hasaba alnyşynda aşakdaky ýazgy edilen:

1.Kassadan hasabat bermäge degişli daşary ýurt puly berlen –

D-t 71,K-t 50 – 4200 dollar (21840000 man.).

2.Iş saparynyň çykdajylary görkezilen:

D-t 26, K-t 71 – 4800 dollar (24960000 man.).

3.Kassadan hasabat bermäge degişli berlen serişdäniň artyk sowlany berlen

D-t 71, K-t 50 – 600 dollar (3120000 man.).

Guramanyň içki gözegçilik ulgamyndaky we buhgalterlik hasaba alnyşyndaky hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklardaky ýalňyşlyklaryň düzümini we mazmunyny anyklaň.

### 17.7-nji ýagdaý

Gulluk ýük awtoulagynyň sürüjisi Çaryýew A.H. tarapyndan 2005-nji ýylyň noýabr aýynyň 5-inden 87 belgili ýangyç-çalgy ýag üçin serişdeleriň harçlananlygy barada hakujy hasabaty düzülen.

Hasabatyň maglumatlaryna laýyklykda:

-öňki hakujyndan galyndy 30.000 man.

-kassadan 2005-nji ýylyň 1-nji noýabrynda alnan 350.000 man;

-2005-nji ýylyň Noýabr aýynyň 1-inden 4-üne çenli harçlanan ýangyç-çalgy ýag 310.000 man;

-2005-nji ýylyň noýabr aýynyň 5-ine guramanyň kassasyna gaýtarylan 70.000 man.

Hakujy hasabatyna aşakdakylar goşulan:

1.TNÖ-niň benzine töleg üçin jemi bahasy 250.000 man. bolan 4 sany kassa çegi, ş.s. bahasy 90.000 man. bolan bir çek ýekşenbede tölenen. Ýekşenbede işlemek hakynda ýolbaşçynyň goly ýok.

2.Lomaý bazanyň 60.000 manatlyk, ş.s. 7.830 man. GBÜS, çalgy ýagyny satyn almaga 2005-nji ýylyň noýabr aýynyň 4-ünden 689972 belgili üsthaty we 2005-nji ýylyň noýabr aýynyň 4-ünden 574989 belgili hasap-harytnama.

3.Çalgy ýagyna töleg üçin 60.000 manatlyk gözegçilik-kassa maşynynyň çegi.

Buhgalterlik hasaba alnyşda şu ýazgylar edilen:

| Sene | Amalyň mazmuny | Resminama | Hasaplaryň arabaglanyşygy | Jem, man. |
|---|---|---|---|---|
| 1.11.2005 | Kassadan hasabat bermäge degişli alnan | Çykdajy kassa buýruknamasy | D-t71, K-t50 | 350000 |
| 1-4.11.2005 | Benzin üçin nagt tölenen | Gözegçilik-kassa maşynynyň çegi | D-t26, K-t71 | 250000 |
| 4.11.2005 | Çalgy ýaglary üçin tölenen | Gözegçilik-kassa maşynynyň çegi | D-t26, K-t71 | 60000 |
| 5.11.2005 | Kassa hasabat bermäge degişli jemiň galyndysy gaýtarylan | Girdeji kassa buýruknamasy-nyň töleg haty | D-t50, K-t71 | 70000 |

Buhgalterlik ýazgylary düzülende goýberilen ýalňyşlyklaryň düzümini we mazmunyny aýan ediň.

### 17.8-nji ýagdaý

Tablisada getirilen soraglara jogaplar boýunça hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar boýunça içki gözegçilik ulgamynyň we buhgalterlik hasaba alnyşynyň ýagdaýyna baha bermeli. Içki gözegçilik ulgamynyň we buhgalterlik hasaba alnyşynyň ygtybarlylyk we netijelilik derejesini şu nyşanlar bilen bellemeli: Dl - pes, D2 - ortaça, D3 -ýokary.

Baha berlenden soň hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklary barlamak üçin auditorlyk işlerini bellemeli.

Tablisa

| | |
|---|---|
| 1 | Guramada hasabat bermäge degişli pul almaga hukuk berlen adamlaryň sanawyny kesgitlemek üçin buýruk bar. |
| 2 | Iş saparyna gidýän we gelýän işgärleri hasaba alýan dergi yzygiderli doldurylanok. |
| 3 | Hasap syýasatynda hojalyk-amaly harajatlar üçin berilýän hakuçlarynyň möhletleri kesgitlenen. |
| 4 | Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklaryň tükellemesi hökmany ýagdaýlaryň hemmesinde geçirilenok. |
| 5 | Hasabat bermäge degişli nagt pullar öňki berlen hakuçlaryň sowulman galan ýagdaýynda-da berilýär. |
| 6 | Hasaplaşyk hasabyndan hojalyk-amaly harajatlar üçin alnan nagt pullar guramanyň kassasyna kabul edilýär. |
| 7 | Önümiň düşýän gymmatyna salgyt salmak maksady üçin gündelik hajatlara serişdeleriň kadadan ýokarysy goşulanok. |
| 8 | Bellenen kadadan artyk harajatlaryň jeminden şahsy adamlaryň girdejisinden alynýan salgyt tutulýar. |
| 9 | Önümçilik hajatlary üçin bölek satuw söwda guramalaryndan we halkdan alnan haryt-maddy gymmatlyklar boýunça GBÜS-üň jemi hasaplamak usuly bilen kesgitlenýär we býujetden gaýdyp almaga degişli edilýär. |
| 10 | Nagt hasaplaşyk boýunça alnan ýangyç-çalgy ýag boýunça GBÜS- - üň jemi hasaplamak usuly bilen kesgitlenýär. |

| | |
|---|---|
| 11 | Önümçilik maksatly däl alnan haryt-maddy gymmatlyklar boýunça GBÜS-üň jemi býujetden gaýdyp almaga degişli edilmeýär. |
| 12 | Ýerli iş saparlary boýunça iş saparlarynyň harajatlary hasaplanyp ýazylmaýar. |
| 13 | Iş sapary boýunça buýruklar hemme wagt berilmeýär. |
| 14 | Peýda salgyt almak maksady bilen iş saparlarynyň harajatlarynyň hasaba alnyşy gurnalan. |

### 17.9-njy ýagdaý

Mehanik I.B.Suhanowa, onuň guramanyň başlygy tarapyndan gol çekilen arzasynyň esasynda kassadan 2005-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25- inden 148 belgili çykdajy kassa buýruknamasy boýunça, guramanyň balansynda duran gulluk ýeňil awtoulagyna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin 300.000 manat berlipdir.

Başlygyň buýrugyna laýyklykda hakujy oktýabr aýynyň 28-ine çenli berlipdir.

Noýabr aýynyň 4-ünden 53-nji belgili hakujy hasabatyna aşakdakylar goşulan:

1.270.000 manatlyk ätiýaçlyk şaýlarynyň sanawy goşulan haryt çegi;

2.270.000 manatlyk gözegçilik-kassa maşynynyň çegi.

Noýabr aýynyň 4-ünden 270000 manatlyk hakujy hasabaty guramanyň başlygy tarapyndan tassyklanan.

Harçlanman galan hasabat bermäge degişli 30.000 manat noýabr aýynyň 4-ünden 115-nji belgili girdeji kassa buýruknamasy boýunça kassa girizilen.

2005-nji ýylyň noýabr aýynyň 3-ünden 7-nji belgili dergi-

- buýruknamada aşakdaky ýazgylar edilen:

| Sene | Amalyň mazmuny | Resminama | Arabaglanyşykly hasaplar | Jem, man. |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| 5.10 | Hakujy berlen | Çykdajy kassa buýruknamasy | D-t 71, K-t 50 | 300.000 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 4.11. | Ätiýaçlyk şaýlary alnan | Haryt we kassa çekleri | D-t 10, K-t 71 | 225.000 |
| 4.11. | Satyn almakda tölenen GBÜS | Haryt çegi | D-t 19, K-t 71 | 45.000 |
| 4.11. | Ätiýaçlyk şaýlary gündelik abatlaýşa ýazylan | Hakujy hasabaty | D-t 20, K-t 10 | 225.000 |
| 4.11. | Tutup galmaga GBÜS görkezildi | Hasaplama | D-t68, K-tl9 | 45.000 |

7-nji belgili dergi-buýruknamada goýberilen ýalňyşlyklary we düzgün bozmalary anyklaň.

## 17.10-njy ýagdaý

"Doganlar" hojalyk jemgyýetiniň täjirçilik direktorynyň beren hakujy hasabatynda kassadan 735.000 manat möçberinde pul serişdesiniň alnandygy we olaryň Türkmenbaşa iş saparyna sarp edilendigi görkezilen.

Hakujy hasabatyna täjirçilik direktory iş saparynyň şahadatnamasyny we edilen harajatlary tassyklaýan aşakdaky resminamalary goşdy:

1.Türkmenbaşa çenli we yzyna iki sany demir ýol petegi

110.000 man.;

2.Ýorgan - düşekden peýdalananlygyna töläni barada iki sany töleg haty 6.000 man.;

3.Gulluk şäherara telefon gepleşikleri üçin hasap 16.000 man.;

4.Resmi kabul edişligi guramak üçin restoranyň hasaby we bu çäräniň geçirilenligi hakynda ykrarnama (iş saparyna buýruga we wekilçilik harajatlarynyň çenligine laýyklykda) 400.000 man.;

5.Gündelik hajatlary üçin (5 gün) 250.000 man.;

6.Ýaşaýyş jay üçin töleg (resminamasyz) 375.000 man..

Jemi 1.157.000 man.

Edilen çykdajylaryň esaslandyrylyşyny kesgitlemeli we olaryň hasaba alnyşynyň dogrulygyny barlamaly.

## 17.11-nji ýagdaý

2005-nji ýylyň oktýabrynda "Habar" ÝKPJ-niň işgäri 3 günlük Daşoguzda iş saparynda boldy.

Hakujy hasabatyna aşakdaky resminamalar goşulan:

1.Daşogza we yzyna gidip gelmäge 2 sany demir ýol petegi 120.000 manat.

2.Myhmanhanada 2 gün ýaşany üçin hasap 250.000 manat.

3.Barda hyzmat edileni üçin hasap 60.000 manat.

4.Şäherara gulluk telefon gepleşikleri üçin hasap 20.000 manat.

5.Hususy ýüküni geçireni üçin hasap 5.000 manat.

Kesgitlemeli:

1.Işgäriň iş saparynyň jeminden yzyna gaýtarylmaly mukdaryny;

2.Iş saparynyň harajatlarynyň önümiň düşýän gymmatyna girmeýän bölegini;

3.Iş saparynyň harajatlarynyň işgäriň umumylaşdyrylan girdejisine girýän we salgyt salynýan hem-de durmuş ätiýaçlygyna tutumyň hasaplanýan bölegini.

## 17.12-nji ýagdaý

7-nji belgili dergi-buýruknamanyň 2006-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda maglumatlary boýunça hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar boýunça aşakdaky bergiler bar:

| Wezipesi | Debet galyndy | Kredit galyndy |
|---|---|---|
| Baş inzener | | 140.000 |
| Sürüji | 92.000 | |
| Hasapçy | | 70.000 |
| Kätip | 20.000 | |
| Jemi | 112.000 | 147.000 |
| Galyndy | | 25.000 |

Baş kitapda hasap 71 "Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar" boýunça 250.000 manat möçberinde kredit galyndy görkezilen.

Guramanyň 2006-njy ýylyň 1-nji ýanwaryna balansda 250.000 manat möçberinde bergi "Hasaplaşyklar we gaýry passiwler" bölüminiň "Gaýry gysga möhletleýin passiwler" maddasynda görkezilen.

Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklaryň hasaba alnyşdaky we hasabatlylykdaky ýalňyşlyklary anyklaň.

## 17.13-nji ýagdaý

Iş sapary bilen bagly bolan, hasabat bermäge degişli pullary bermegi birbada birnäçe adama her bir alyja aýratyn çykdajy kassa resminamalaryny doldurmazdan sanawnama boýunça resmileşdirip bolýarmy?

## 17.14-nji ýagdaý

Türkmenbaşy aýynda "Baýdak" HJ-niň işgärlerine hakujy hasabat bermeli möhleti geldi. Hakujy hasabaty wagtynda tabşyrylmady. Hasapçy hasabat bermäge degişli berlen jemleri hasabat bermeli adamlary umumy girdejisine goşdy we şahsy adamlaryň girdejisinden alynýan salgydy tutdy. Baýdak aýynda hakujy hasabaty tabşyryldy. Hasapçy gaýtadan hasaplap, işgäre saklanan salgydy gaýtarmalymy?

## 17.15-nji ýagdaý

"Gaýrat" kärhanasynyň işgärine iş saparynyň harajatlaryna tölemek üçin hasabat bermäge degişli 100.000 manat berildi. 100.000 manada hakujy hasabaty tabşyryldy. Şol bir wagtda işgäriň 20.000 manatlyk çykdajylary düşýän gymmata girýän harajatlara goşulyp bilenok. 20.000 manat işgäriň umumy girdejisine goşulan. Auditora şu buhgalterlik ýazgylar görkezildi:

D-t 71, K-t 50 – 100.000 manat - hasabat bermäge degişli pul berildi;

D-t 26, K-t 71 – 100.000 manat - iş sapary boýunça çykdajylara kärhananyň harajatlaryna ýazyldy;

D-t 71, K-t 68 – işgäre 20.000 manada şahsy adamlardan alynýan salgyt hasaplandy.

Buhgalterlik ýazgylaryny seljeriň, ýalňyşlyklary tapyň we dogry ýazgylary ediň.

## 17.16-njy ýagdaý

"Hyzmat" AKPJ-niň hasabat bermeli adamsy Y.A.Seýidow tarapyndan bölek satuw kärhanadan 120000 manatlyk haryt-maddy gymmatlyklar alyndy. Haryt-maddy gymmatlyklar resminamalar bilen ambara tabşyryldy. Hasapçy aşakdaky ýazgylary etdi:

D-t 71, K-t 50 – 120000 man. - hasabat bermäge degişli pul berildi;

D-t 26, K-t 71 – 100000 man. - çykdajylar kärhananyň harajatlaryna ýazyldy;

Ýazgylary seljeriň, ýalňyşlyklary tapyň we dogry ýazgylary ediň.

**17.17-nji ýagdaý**

Hasabat ýylynyň 14-nji martyndan 25 belgili çykdajy kassa buýruknamasy boýunça guramanyň kassasyndan kätip S.Kadyrowa hasabat bermäge degişli edilip 100.000 manat berlipdir. Hakujy hasabaty tabşyrylmadyk, kassada pul gaýtarylmandyr. Hasapçynyň düşündirişine göra görkezilen jem dolandyryjy M.Poladowa "oklanypdyr".

## 17.4. Soragly ýumuşlar

17.1. Iş saparynyň çykdajylarynyň öweziniň dolunyşynyň dogrulygy barlagynda auditor auditorlyk subutnamalaryň şu usullaryny ulanýar:

a) Gözegçilik etme, tassyklama;

b) synlama;

ç) talap.

17.2.Kärhananyň hasap syýasatynda hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar boýunça şu düzgünnama görkezilýär:

a) Kassada hasabat bermäge degişli pul almaga rugsat berilýän adamlaryň sanawy;

b) hasabat bermäge degişli adamlar bilen daşary ýurt pulunda hasaplaşylanda hümmet aratapawudyny hasaba almagyň tertibi;

ç) hojalyk hajatlary üçin berilýän hakujynyň möhleti.

17.3.Işgäriň Türkmenistanyň içinde iş saparynda hakyky bolan wagty nämäniň esasynda kesgitlenýär?

a) Iş saparyna ugrukdyrma şahadatnamasyndaky bellikler boýunça;

b) hakujy hasabatyndaky ýazgylar boýunça;

ç) işgäri iş saparyna ugratmak hakyndaky buýruga laýyklykda.

17.4. Aşakdaky resminamalaryň haýsy birinde hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklary barlamak boýunça maglumatlar bolanok?

a)7-nji belgili dergi-buýruknama we 7 belgili sanawnama;

b)hakujy hasabatlary;

ç) 8-nji belgili dergi-buýruknama.

17.5. Gurama haýsy ýagdaýda hasabat bermäge degişli pul serişdelerini berip bilenok?

a) Potrat şertnamasy baglaşylan işgärlere;
b) iş saparyna gidýän işgärlere;
ç) guramanyň işgärlerine daşary ýurt pulunda.

17.6. Geçen gezekki harçlanmadyk hakujynyň galyndysy bar ýagdaýynda hasabat bermäge degişli pul serişdeleriniň berilmeginiň maglumatlarynyň çeşmesi bolup näme durýar?
a)7-nji belgili dergi-buýruknama sanawnama bilen;
b) hakujy hasabaty aklaýjy resminamalar bilen;
ç) hasap 71 boýunça tükelleme sanawnamasy.

17.7.Iş saparyna ugradylan işgäriň ýolda wagtynda ortaça iş haky saklanýarmy?
a) Saklanýar;
b) saklanmaýar;
ç) ýolbaşçynyň garamagyna görä.

17.8. Türkmenistanyň çäklerine Aşgabat şäherinden başga şäherlere we ilatly ýerlerine iş saparyna ugradylan işgäre ýaşaýyş jaý üçin kireýi näçe mukdara çenli tölenýär?
a)100.000 manat;
b) 75.000 manat;
ç) 50.000 manat.

17.9. Türkmenistanyň çäklerine iş saparyna ugradylan işgäre gije-gündizlik harajatlar üçin näçe manat tölenýär?
a) 50.000 manat;
b) 75.000 manat;
ç) 100.000 manat.

17.10.GDA (Russiýa federasiýasyndan başga) iş saparyna ugradylan işgäre gije-gündizlik harajatlar üçin näçe tölenýär?
a)60 ABŞ dollary;
b)75 ABŞ dollary;
ç) 80 ABŞ dollary.

17.11.Russiýa fedarasiýasyna iş saparyna ugradylan işgäre gije-gündizlik harajatlar üçin näçe tölenýär?

a) 60 ABŞ dollary;

b) 80 ABŞ dollary;

ç) 100 ABŞ dollary.

17.12.ABŞ iş saparyna ugradylan işgäre ýaşaýyş jaý üçin kireýi näçe mukdara çenli tölenýär?

a) 150 ABŞ dollary;

b) 175 ABŞ dollary;

ç) 250 ABŞ dollary.

17.13.Gurama iş saparyna ugradylan işgäre haýsy ýagdaýda gije--gündizlik harajatlary tölenmeýär?

a)Gatnaw şertleri we ýerine ýetirýän işiniň häsiýeti boýunça, özüniň hemişelik ýaşaýan ýerine her gün gelip-gitmek mümkinçiligi bolan ýerlere iş saparyna giden işgäre;

b) iş saparyna giden işgäriň wagtlaýyn işe ukypsyz bolan halatlarynda;

ç) iş saparyna giden gününde we iş saparyndan gelen gününde.

17.14. Iş saparyna ugradylan işgär iş saparyndan gelenden soň näçe günüň dowamynda hasabat bermeli?

a) 3 günüň;

b) 7 günüň;

ç) 10 günüň.

17.15.Işgärleriň iş saparynyň möhleti kim tarapyndan kesgitlenilýär?

a) Ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň ýolbaşçylary;

b) Ministrler käbineti;

ç) edaranyň ýolbaşçysy.

17.16.Iş saparyndaky işgärlere haýsy kärhanadaky iş wagtynyň we dynç alyş wagtynyň tertibi degişlidir?

a) Iş saparyndaky işgärleriň islegine görä;

b) öz işleýän kärhanalaryndaky;

ç) iş saparyna iberilen kärhanalaryndaky.

17.17.Gurama gatnaw şertleri we ýerine ýetirýän işiniň häsiýeti boýunça, özüniň hemişelik ýaşaýan ýerine her gün gelip-gitmek mümkinçiligi bolan ýerlere iş saparyna giden işgäre gije-gündizlik harajatly

tölän bolsa, ol salgyt salynýan peýda hasaplanylanda göz öňünde tutulýarmy?

a)Tutulýar;

b) tutulmaýar;

ç) guramanyň ýolbaşçysynyň garamagynda.

17.18.Iş saparyna giden işgäriň wagtlaýyn işe ukypsyz bolan halatlarynda, oňa saglyk ýagdaýy sebäpli öz üstüne ýüklenen gulluk borjuny ýerine ýetirmäge girişip bilmedik ýa-da hemişeki ýaşaýan ýerine gaýdyp gelmäge ýagdaýy bolmadyk döwrüniň bütin dowamynda, umumy esaslarda ýaşaýyş jaý kireýi we gije-gündizlik harajatlary (kanun boýunça rugsat berilýän döwrüň dowamynda) tölenilýärmi?

a) Tölenilýär;

b) tölenilmeýär;

ç) guramanyň ýolbaşçysynyň garamagynda.

17.19.Iş saparyna giden işgäriň wagtlaýyn işe ukypsyz bolan halatlarynda, oňa saglyk ýagdaýy sebäpli öz üstüne ýüklenen gulluk borjuny ýerine ýetirmäge girişip bilmedik ýa-da hemişeki ýaşaýan ýerine gaýdyp gelmäge ýagdaýy bolmadyk döwrüniň bütin dowamynda, umumy esaslarda ýaşaýyş jaý kireýi we gije-gündizlik harajatlary näçe aýyň dowamynda tölenilýär?

a) 3;

b) 2;

ç) 1

17.20.Iş saparyna giden işgäriň wagtlaýyn işe ukypsyz bolan halatlarynda, oňa saglyk ýagdaýy sebäpli öz üstüne ýüklenen gulluk borjuny ýerine ýetirmäge girişip bilmedik ýa-da hemişeki ýaşaýan ýerine gaýdyp gelmäge ýagdaýy bolmadyk döwrüniň ýatymlyk bejergi alan halatynyň dowamynda, umumy esaslarda ýaşaýyş jaý kireýi tölenilýärmi?

a)Tölenilýär;

b) tölenilmeýär;

ç) guramanyň ýolbaşçysynyň garamagynda.

17.21.Hasabat bermeli adam alnan pul serişdelerini bikanun harçlady.

Pul serişdelerini yzyna gaýtartmagyň usuly barada karar kabul edilmedik. Aşakdaky buhgalterlik ýazgysynyň dogrusyny tapyň:

a) D-t 70, K-t 71;

b) D-t 76, K-t 71;

ç) D-t 84, K-t 71.

17.22.Hasabat bermeli adam mazmuny boýunça geljek döwürleriň çykdajylaryna degişli bolan harajatlar etdi. Aşakdaky buhgalterlik ýazgylarynyň seljermesini ediň we dogrusyny saýlap alyň:

a) D-t 76, K-t 71;

b) D-t 31, K-t 71;

ç) D-t 96, K-t 71.

17.23.Hasabat bermeli adama hasabat bermäge degişli pul berildi. Ýolbaşçynyň kesgitlän möhletine hasaphana pullarynyň harçlanylyşy barada hasabat tabşyrylmady. Hasabat bermäge degişli jemi işgäriň zähmet hakyndan tutup almak karary kabul edildi. Aşakdaky buhgalterlik ýazgylarynyň seljermesini ediň we dogrusyny saýlap alyň:

a) D-t 71, K-t 50,
D-t 70, K-t 71;

b) D-t 71, K-t 50,
D-t 83, K-t 71,
D-t 70, K-t 83;

ç) D-t 71, K-t 50,
D-t 84, K-t 71,
D-t 70, K-t 84.

17.24.Kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan yzyna almakdan tama üzülen hasabat bermäge degişli jemi hasapdan öçürmek karary kabul edilen. Aşakdaky buhgalterlik ýazgylarynyň seljermesini ediň we dogrusyny saýlap alyň:

a) D-t 88, K-t 71;

b) D-t 44, K-t 71;

ç) D-t 80, K-t 71.

17.25.Hasabat bermeli adama kassadan haryt almak üçin pul serişdesi

berildi. Harytlar buhgalterlik hasaba alnyşa kabul edildi. Aşakdaky buhgalterlik ýazgylarynyň seljermesini ediň we dogrusyny saýlap alyň:

a) D-t 41, K-t 50;

b) D-t 41, K-t 71
D-t 71, K-t 50;

ç) D-t 41, K-t 76,
D-t 76, K-t 50.

## 17.5. Yagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 17.1-nji ýagdaý

Iş saparynyň hemme çykdajylary degişli aklaýjy resminamalar bilen tassyklanmaly we umumy jem boýunça dolanyşyk harajatlaryna degişli edilmeli. Emma salgyt salmak maksady bilen diňe kesgitlenen kada boýunça hasaba alynmaly. Aklaýjy resminamalaryň bolmadyk wagty olary harajatlara goşmak bolanok. Bu ýagdaýda ýaşaýyş jaý kireýine alnanlygy baradaky resminama görkezilmändir. Türkmenistanyň şäherlerine we ilatly ýerlerine hem-de onuň çäklerinden daşary gulluk iş saparlaryna gitmek hakyndaky Gözükdirijiniň 10-njy bendine laýyklykda iş saparyna iberilen işgär tarapyndan, ýaşaýyş jaýyny kireýine alany üçin tölenen harajatlaryň tassyklaýan töleg resminamalaryny bermedik halatynda, şol görkezilen harajatlar babatynda, iş saparynda bolmagyň her gije-gündizi üçin bellenen ölçegiň, ýüzden 30 göterimi möçberinde öwezi dolunýar. Diýmek harajatlar (900.000 x 0,70) = 630.000 manat artyk tölenen we salgyt salmaga degişli peýda azaldylyp görkezildi.

### 17.2-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda GBÜS görkezilmändir. Netijede harajatlar artyp, peýda peseldilip görkezilýär.

### 17.3-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda Ispaniýa gitmegiň önümçilik häsiýetli iş saparydygyny tassyklaýan resminamalar ýok. Kärhananyň tölegine maddy kömek hökmünde garap bolar. Bu serişdeler hasaba alnyşda hususy çeşmeleriň hasabyna bellenmeli we ýolbaşçynyň umumy girdejisiniň artmagyny

hasaplap, şahsy adamlaryň girdejisinden alynýan salgyt tutulmaly. Ondan başga-da peýda gizlendi hasaplanýar.

**17.4-nji ýagdaý**

Türkmenistanyň halk hojalygynda kassa amallaryny ýöretmegiň tertibi bozulyp, hasabat wagtynda berlenok. Şol sebäpli-de bu ýagdaýda alnan pullar şahsy adamyň gazanjynyň gizlenen görnüşi hasaplanýar we ondan şahsy adamlaryň girdejisinden alynýan salgyt tutulmaly.

**17.5-nji ýagdaý**

Amallar ýerine ýetirilende şu ýalňyşlyklar goýberilen:

1.Guramanyň merkezi kassasynyň barlygyna garamazdan, hasaplaşyk hasapdan hasabat bermeli nagt pul serişdeleri berlen;

2.Hasabat bermäge degişli berlen pul serişdeleri maksatlaýyn ulanylmady;

3.Buhgalterlik hasaba alnyşda harytlaryň hasabat bermeli adamdan dükana berlende aýan edilen 60.000 manatlyk ýetmezçiligi görkezilmändir.

**17.6-njy ýagdaý**

Myhmanhana üçin 300 dollar we gündelik harajatlar üçin 300 dollar Türkmenistanyň kadalaşdyryjy-hukuk namalarynda iş sapary üçin bellenen ölçegden artyk tölenipdir. Şol sebäpli artyk tölenen 600 dollar guramanyň öz hasabyna bolmaly. Netijede harajatlar artdyrylyp, salgyt salmaga degişli peýda azaldylypdyr. Ondan başga-da artyk tölenen pullar işgäriň umumy ýyllyk girdejisine degişli edilmeli we ondan şahsy adamlaryň girdejisinden alynýan salgyt tutulmaly.

**17.7-nji ýagdaý**

Amallar ýerine ýetirilende şu ýalňyşlyklar goýberildi:

1.Geçen hakujy boýunça bergisi bolan ýagdaýynda hasabat bermäge degişli puluň berilmegi;

2.Hasabata bahasy 90.000 manat bolan dynç güni tölenen.

gözegçilik-kassa maşynynyň çegi goşulan;

3. Gelen çalgy ýaglary boýunça GBÜS-üň jemi býujete tölenmeli salgytdan tutup alyp galmaga degişli edilmändir;

4.Gelen ýangyç-çalgy ýag 10 belgili “Materiallar” hasabyna kabul

edilmändir.

## 17.8-nji ýagdaý

Guramanyň hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklary boýunça içki gözegçilik ulgamynyň we buhgalterlik hasaba alnyşynyň ýagdaýyna baha bermek we bellenen auditorlyk işleri aşakdaky görnüşde getirip bolar:

| Jogabyň belgisi | Nyşan | Bellenýän işler |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1 | D3 | Kassada nagt pul alýan adamlaryň sanawa laýyk gelşini barlamak. |
| 2 | D2 | Dergileriň doldurylyşynyň dogrulygyny barlamak. |
| 3 | D3 | Hojalyk-amaly hajatlar üçin berilýän hakuçlarynyň möhletleriniň berjaý edilişini barlamak. |
| 4 | D2 | 1.Tükellemäniň resminamalaýyn resmileşdirilişiniňdogrulygyny barlamak.<br>2.Tükellemäniň netijesiniň dogry görkezilişini barlamak.<br>3.Tükellemäniň netijesiniň buhgalterlik hasaba alnyşynyň belliknamalarynda dogry görkezilişini barlamak. |
| 5 | Dl | Öň alnan hakuçlary boýunça hasabat bermedik adamlaryň hasabat bermäge degişli pul alyşlaryny barlamak. |
| 6 | D3 | Hojalyk-amaly hajatlar üçin hasaplaşyk hasapdan alnan pul serişdeleriniň kassa doly kabul edilişini barlamak. |
| 7 | D3 | Gündelik hajatlary üçin berlen serişdeleriň bellenen kadadan artygynyň hasaba alnyşynyň ýöredilişiniň dogrulygyny barlamak. |
| 8 | D3 | Gündelik hajatlary üçin berlen serişdeleriň bellenen kadadan artygynyň salgyt salmak maksady bilen işgärleriň umumy girdejisine girizilmeginiň kanunylygyny barlamak. |

| | | |
|---|---|---|
| 9 | Dl | Onümçilik hajatlary üçin bölek satuw söwda guramalaryndan we halkdan alnan haryt-maddy gymmatlyklar boýunça GBÜS-üň hasaba alnyşynyň dogrulygyny barlamak. |
| 10 | Dl | Önümçilik maksatly däl alnan haryt-maddy gymmatlyklar boýunça GBÜS-i barlamak. |
| 11 | D3 | Önümçilik maksatly däl alnan haryt-maddy gymmatlyklaryň hasaba alnyşynyň dogrulygyny barlamak. |
| 12 | D3 | Ýerli iş saparlary boýunça iş saparlarynyň harajatlarynyň hasaba alnyşynyň dogrulygyny barlamak. |
| 13 | D2 | Iş sapary boýunça buýruklaryň barlygyny anyklamak. |
| 14 | D3 | Peýda salgyt almak maksady bilen iş saparlarynyň harajatlarynyň hasaba alnyşynyň dogrulygyny barlamak. |

## 17.9-njy ýagdaý

Amallar ýerine ýetirilende aşakdaky ýalňyşlyklar goýberilen:

1. Hasabat bermäge degişli jemi gaýtarmagyň möhleti berjaý edilmändir;

2. Hakujyny wagtynda gaýtarmanlygy sebäpli hasabat bermeli adamyň maddy bähbidi onuň umumy düşewündine goşulmandyr;

3. GBÜS hasaplama usuly bilen görkezilipdir;

4. Ätiýaçlyk şaýlarynyň gurnalyşynyň ykrarnamasy resmileşdirilmändir, ätiýaçlyk şaýlary hakujy hasabatynyň esasynda önümçilige bikanun ýazylypdyr. Ätiýaçlyk şaýlaryny ilki bilen 10 belgili “Materiallar” hasaba kabul etmelidi.

## 17.10-njy ýagdaý

Amallar ýerine ýetirilende şu ýalňyşlyklar goýberilen:

1.Iş saparynyň çykdajylaryna resminama bilen tassyklanmadyk ýaşaýyş jaý üçin 375.000 mant möçberde (75000 • 5) töleg görkezilipdir. Türkmenistanyň şäherlerine we ilatly ýerlerine hem-de onuň çäklerinden daşary gulluk iş saparlaryna gitmek hakyndaky Gözükdirijiniň 10-njy bendine laýyklykda iş saparyna iberilen işgär tarapyndan, ýaşaýyş jaýyny kireýine

alany üçin tölenen harajatlaryň tassyklaýan töleg resminamalaryny bermedik halatynda, şol görkezilen harajatlar babatynda, iş saparynda bolmagyň her gije-gündizi üçin bellenen ölçegiň, ýüzden 30 göterimi möçberinde öwezi dolunýar.

2.Diýmek harajatlar (375000 x 0,70) = 262.500 manat artyk hasaplanan we salgyt salmaga degişli peýda azaldylyp görkezilen;

3.Harajatlaryň artdyrylmagynyň hasabyna peýda salgyt salma binýady peseldilen.

**17.11-nji ýagdaý**

1.Iş saparyna giden işgär 180.000 manat (100.000+60.000+20.000) artyk harçlapdyr we gündelik hajatlary üçin 150.000 manat almaly. Jemi artyk sowlany 30.000 manat.

2.Iş saparynyň harajatlarynyň önümiň düşýän gymmatyna girmeýän bölegi 420000 manat (120.000+150.000+150.000);

3.Iş saparynyň harajatlarynyň işgäriň umumylaşdyrylan girdejisine giryän we salgyt salynýan hem-de durmuş ätiýaçlygyna tutumyň hasaplanýan bölegi 30000 manat.

**17.12-nji ýagdaý**

Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklaryň hasaba alnyşdaky we hasabatlylykdaky galyndysyny jikme-jik görkezmeli. Baş kitapda -debet boýunça – 112000 man., kredit boýunça 147000 man, kärhananyň balansynda bolsa 112000 manat galyndy aktiwiň II bölüminiň “Gaýry dolanyşyk aktiwleri” setirinde, 147000 man. möçberinde kredit galyndy passiwiň III bölüminiň “Gaýry algydarlar bilen hasaplaşyklar” setirinde görkezilmeli.

**17.13-nji ýagdaý**

Bolýar.

**17.14-nji ýagdaý**

Gaýtarmaly.

**17.15-nji ýagdaý**

Aşakdaky ýazgylary etmeli:

D-t 71, K-t 50 – 100.000 man. – hasabat bermäge degişli pul berildi;

D-t 26, K-t 71 – 80.000 man. – iş sapary boýunça gözükdirijide göz öňünde tutulan çykdajylar kärhananyň harajatlaryna ýazyldy;

D-t 70, K-t 71 – 20.000 man. – hasap 71-den işgäriň hakyky alan pul serişdesi hökmünde öçürilen;

D-t 26, K-t 70 – 20.000 man. – hasabat bermeli adamyň umumy girdejisine çykdajylar;

D-t 70, K-t 68 – işgäre 20.000 mahada şähsy adamlardan alynýan salgyt hasaplandy.

### 17.16-njy ýagdaý

Aşakdaky ýazgylary etmeli:

D-t 71, K-t 50 – 120.000 man. – hasabat bermäge degişli pul berildi;

D-t 10, K-t 71 – 120.000 man. – haryt-maddy gymmatlyklar hasaba alyndy.

### 17.17-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda Türkmenistanyň halk hojalygynda kassa amallaryny ýöretmegiň tertibi bozulypdyr. Oňa laýyklykda hasabat bermäge degişli nagt berlen pullary bir adamdam beýlekä bermek gadagan. Şeýlelikde, S.Kadyrowa hasabat bermäge degişli edilip berlen pullar hasabat bermeli adamyň ýapylmadyk bergisi hökmünde hasapda durmaly. Ondan başga-da bu jem işgäriň umumy girdejisine goşulmaly.

## 17.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

17.1. -a; 17.2. - ç; 17.3.-a; 17.4. -ç; 17.5. - a; 17.6.-b; 17.7.-a; 17.8.-b; 17.9.-a; 17.10.-a; 17.11.-b; 17.12.-ç; 17.13.-a; 17.14. -b; 17.15.-ç; 17.16. - ç; 17.17.-b; 17.18.-a; 17.19. - ç; 17.20.-b; 17.21. -ç; 17.22.-b; 17.23.-ç; 17.24.-a; 17.25.-b;

# TEMA 18. HASAPLAŞYK, DAŞARY ÝURT PULLARYNYŇ WE BANKLARDAKY GAÝRY HASAPLARYŇ AUDITI

## 18.1. Usuly görkezmeler

Bu tema düşünmek üçin okuw gollanmasynyň 18-nji baby bilen tanyşmak maslahat berilýär. Bu bapda auditi geçirmegi dessurlaşdyrýan esasy

kadalaşdyryjy we kanunçylyk namalar beýan edilýär, maglumatlaryň çeşmeleri, auditiň meýilnamasyny we maksatnamasyny düzmek üçin soraglar, auditorlyk işleriniň sanawy, adaty ýalňyşlyklar getirilen.

Hasalaşyk, daşary ýurt pullarynyň we banklardaky gaýry hasaplaryň auditini geçirmek üçin:

•guramanyň bankdaky hasabyndaky pul serişdeleriniň buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça kadalaşdyryjy namalaryň talaplaryny bilmeli (esasy kadalaşdyryjy namalaryň sanawy okuw gollanmasynyň 18-nji babynda getirilen);

•banklardaky hasaplar boýunça amallaryň auditini geçirmek üçin maglumatlary almagyň çeşmelerini bilmeli;

•guramanyň bankdaky hasabyndaky nagt däl pul serişdeleri bilen amallarynyň, bankdan kassa nagt pul serişdeleriniň berlişiniň, nagt pul girdejilerini hasaplaşyk hasabyna girizilişiniň barlagynda auditorlyk işiniň "Auditorlyk subutnamalar", "Auditiň gidişinde buhgalterlik hasaba alnyşynyň we içki gözegçiligiň ulgamlaryny öwrenmek we baha bermek", "Aldama we ýalňyşlyk tapylanda auditoryň hereketi", "Buhgalterlik hasabatlylygynyň ýoýlandygy anyklanylanda auditoryň hereketi" ülňülerinden ugur alyp, auditorlyk subutnamalaryny ýygnamagyň usullaryny we tärlerini ulanmagy başarmaly;

•auditorlyk işiniň "Auditi resminamalaşdyrmak" ülňüsini ulanyp, auditoryň işçi resminamalaryny resmileşdirmegiň tertibini bilmeli.

Alan bilimiňizi şu babyň 18.2-nji bendinde getirilen soraglara jogap berip berkidip bilersiňiz. Guramalaryň banklardaky hasaplary boýunça amallaryň auditiniň tejribe endiklerini şu babyň 18.3-nji bendindäki ýumuşlary we ýagdaýlary ýerine ýetirip alarsyňyz.

Bilimi özleşdirişiňiziň derejesini barlamak üçin 18.4-nji bentdäki soragly ýumuşlary çözüň.

## 18.2. Barlag üçin soraglar

1.Edara görnüşli taraplaryň serişdeleriniň ýeterlik ýagdaýynda olaryň hasaplaşyk hasabyndan öçürilişiniň nobatyny sanaň.

2.Edara görnüşli taraplar banklarda daşary ýurt pullarynyň hasabyny

açanda haýsy goşmaça hasaplar açylýar? Olar näme üçin niýetlenen?

3.Daşary ýurtlardan haryt almak üçin daşary ýurt pullaryny almagyň tertibini açyp görkeziň.

4.Daşary ýurtlaryň puluny hökmany satmagyň tertibi nähili?

5.Daşary ýurtlaryň pulunyň hökmany satmaga degişlisiniň we degişli däliniň gelmesini aýdyp beriň.

6.Akkreditiwden nagt pul görnüşinde tölemek mümkinmi?

7.Akkreditiw näme, bu hasaplaşygyň amatly we amatsyz taraplary nämeden ybarat?

8.Depozit hasabynda ýerleşdirilen şerişdeleriň buhgalterlik hasaba alnyşda görkezilişini getiriii.

9.Çek kitaby näme, onuň amatly we amatsyz taraplary nämeden ybarat?

10.Karz alyş (kredit) kartalarynyň kömegi bilen hasaplaşyklaryň hasaba alnyşda görkezilişi nähili?

## 18.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### l8.1-nji ýagdaý

"Şöhle" ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň 3685247 belgili hasaplaşyk hasaby "Türkmenbaşybank" Döwlet Täjirçilik Bankynda Aşgabat şäherinde açylan. "Şöhle" ÝKPJ-de başga hasaplar ýok.

Çek kitapçalary we töleg tabşyryklary seýfde saklanýar. Barlag wagtynda gol çekilen we möhür goýlan doldurylmadyk çekleriň bardygy aýan edildi.

Bank resminamalaryna gol çekmek hukugy kärhananyň ýolbaşçysynda we baş hasapçysynda bar.

Ýazylan bank resminamalary belgilenýär, emma töleg resminamalary ýörite dergilerde bellige alynmaýar. Bankyň göçürmeleri işlenilýär we aýyň aýagynda baş hasapçy tarapyndan barlanylýar. Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

### 18.2-nji ýagdaý

Auditorlyk barlagynyň gidişinde barlanýan guramanyň baş hasapçysy aşakdakylary beýan edip, auditorlardan kömek sorap ýüzlendi: "Biziň guramamyz köpçülikleýin şertnamada göz öňünde tutulan, işgärlerimiz üçin basseýni kärendesine aljak bolýar. Şu aýa kärende tölegi GBÜS-i goşmak bilen 575000 manat boldy. Kärendäniň bahasynyň 20%-i işgärler tarapyndan

nagt pul görnüşinde guramanyň kassasyna girizmek, arkaly tölener. Bu amal buhgalterlik hasaba alnyşda nähili görkezilmeli?”

Tablisada hojalyk amalynyň habarlaşýan hasaplaryň birini görkezmek bilen ýazgysy getirilen.

Ýazgynyň belgisini we habarlaşýan hasabyň belgisini görkeziň.

**18.3-nji ýagdaý**

| T/b | Amalyň mazmuny | D-t | K-t | Jem. man. | Ilkinji resminama |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | **5** | 6 |
| 1. | Şu aý üçin kärende puly geçirilen | 76 | | 575.000 | Hasaplaşyk hasaby boýunça bankyň göçürmesi |
| 2. | Işgärleriň kärende tölegini bölekleýin öwezini dolmak boýunça bergisi gör-kezilen (575000 x 20%) | 73 | | 115.000 | Basseýne gatnaýan işgärleriň sanawy, köpçülikleýin şertnama, buhgalterlik kepilnama-hasaplama |
| 3. | Işgärleriň öwezini dolmaýan kärende tölegi ýerlemekden daşary çykdajy hasaplanan (575000 x 80%) | | 76 | 460.000 | Köpçülikleýin şertnama, buhgalterlik kepilnama-hasaplama, basseýne gatnaýan işgärleriň sanawy, salgyt ýazmajy |
| 4. | Işgärlere kärende tölegi boýunça bergi tölenen | | 73 | 115.000 | Girdeji kassa buýruknamasy |
| 5. | Işgärleriň zähmet hakyndan şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy tutulan (400000x10%) | | 68 | 40.000 | Hasaplaşyk-töleg sanawnamasy, salgyt ýazmajy |

Import şertnamanyň şertlerine laýyklykda Türkmenistanyň guramasy daşary ýurtly üpjün edijä 10.000 amerikan dollaryny geçirmeli. Gurama 10.000 amerikan dollary möçberinde daşary ýurt puluny şertleşilen bahada, 1 dollaryň hümmeti 24.000 manatdan satyn aldy. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň

1 dollara kesgitlän hümmeti 5.200 manat. Bank guramanyň daşary ýurt puluny almak üçin arzasyny kanagatlandyrdy.

Daşary ýurt puluny satyn almak boýunça buhgalterlik ýazgylaryny ediň.

**18.4-nji ýagdaý**

Guramanyň gündelik daşary ýurt puly hasabyna jemi 24000000 manatlyk 1.000 amerikan dollary hasaba alnan. Buhgalterlik hasaba alnyşda 52 belgili hasabyň debeti we 80 belgili hasabyň krediti boýunça ýazgy edilen. Daşary ýurt pul hasabyndan bankyň göçürmelerine bu amallary tassyklaýan hiç bir hili resminama goşulmandyr. Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

**18.5-nji ýagdaý**

Gurama 400 amerikan dollaryny bank bilen ylalaşylan bahadan 1 amerikan dollaryny 20.000 manatdan satdy. Bu amal hasaba alnyşda aşakdaky ýazgylar bilen görkezilen:

57 belgili hasabyň debeti, 52 belgili hasabyň krediti – 2.080.000 man. – satylan daşary ýurt puly gündelik hasapdan öçürilen;

51 belgili hasabyň debeti, 57 belgili hasabyň krediti – 8.000.000 man. – hasaplaşyk hasabyna daşary ýurt puluny satmakdan alnan girdeji hasaba alyndy;

44 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 160.000 man. – daşary ýurt puluny satany üçin bank hyzmatlaryna töleg hasapdan çykarylan;

57 belgili hasabyň debeti, 48 belgili hasabyň krediti – 5.920.000 man. – daşary ýurt puluny satmagyň hümmet aratapawudy görkezilen;

48 belgili hasabyň debeti, 80 belgili hasabyň krediti – 5.920.000 man. – daşary ýurt puluny satmakdan alnan peýda görkezilen. Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

## 18.4. Soragly ýumuşlar

18.1.Pul serişdeleriniň hereketi boýunça amallar 51 belgili “Hasaplaşyk hasaby” hasabynda nämäniň esasynda görkezilýär?

a)Ilkinji resminamalaryň;

b)bankyň göçürmeleriniň;

ç) ilkinji resminamalaryň we bankyň göçürmeleriniň.

18.2.Bankyň hasaplaşyk hasaba artyk hasaba alan (hasapdan öçüren)

pul serişdeleri haýsy hasapda görkezilýär?

a) 60 “Haryt iberijiler we potratcylar bilen hasaplaşyklar”;

b) 76 “Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar”;

ç) 84 “Kem çykmalar we gymmatlyklaryň zaýalanmagyndan çekilen zyýanlar”.

18.3.Hereket edýän kanunlara laýyklykda guramanyň hasaplaşyk hasabyndan töleg talapnamasyny ulanmak bilen pul serişdelerini akseptsiz hasapdan öçürmek göz öňünde tutulanmy?

a) Hawa;

b) ýok;

ç) ýalbaşçynyň karary bilen bolýar.

18.4.Çek depderçeleri berlende serişdeleri deponirlemek şeýle görkezilýär:

a) D-t 55-2, K-t 51;

b) D-t 55-2, K-t 50;

ç) D-t 50, K-t 51.

18.5.Müşderiniň arzasy boýunça bankyň gysga möhletleýin karzynyň hasabyna goýlan akkreditiwe nähili ýazgy edilýär?

a) D-t 55-l, K-t 94;

b) D-t 55-l, K-t 92;

ç) D-t 55-2, K-t 94.

18.6.Barlanýan ykdysady tarapyň daşary ýurt pullarynyň hasabyna gelen serişdeleriň haýsysy kesgitlenen tertipde satylmaga degişli?

a)Daşary ýurt pulundaky karzlar;

b) daşary ýurt pulundaky girdejiler;

ç) dellalça (komissioner) tabşyryjy (komitent) tarapyndan dellalçylyk şertnamasy boýunça gelen daşary ýurt pulundaky serişdeler.

18.7.Daşary ýurt pullaryny daşary ýurt pulunyň hasabyna geçirmek boýunça amallary görkezmek üçin daşary ýurt puluny manada öwrüp hasaplamak Türkmenistanyň Merkezi bankynyň haýsy senedäki hümmeti boýunça amala aşyrylýar ?

a)Daşary ýurt pulunyň geçirilýän hasaplaşyk resminamasynyň

senesindäki;

b) guramanyň bankdaky hasabyndan öçürilen senesindäki;

ç) alyjynyň hasabyna daşary ýurt pulunyň gelen senesindäki.

18.8 Barlanýan ykdysady tarapyň bankdan alan nagt pul serişdeleri haýsy maksatlara harçlanyp bilýär?

b)Ýolbaşçynyň garamagyna görä, islendik maksatlara;

b)guramanyň eýeleriniň garamagyna görä, islendik maksatlara;

ç) çekde görkezilen maksatlara.

18.9.Bank resminamalaryna düzediş girizmek bolýarmy?

a) Bolanok;

a)bolýar;

ç) bu barada bellik edilen bolsa bolýar.

18.10.Töleýjiniň hasabynda pul serişdeleriniň ýok ýa-da ýeterlik däl ýagdaýlarynda töleg tabşyryklary pul serişdeleriniň gelmegi bilen şu tertipde tölenýär:

a) Töleýjiniň kesgitlän;

b) kalendar boýunça;

ç) kanun tarapyndan kesgitlenen.

18.11.Akkreditiw şu hasapda hasaba alynýar:

a) 51;

b) 55;

ç) 58.

18.12.Nagt pulunyň banka iberilmegi üçin inkassatora berilmegi şu ýazgy bilen görkezilýär:

a)D-t 55, K-t 50;

b) D-t 57, K-t 50;

ç) D-t 76, K-t 50.

18.13.Daşary ýurt pulunyň guramanyň hasabyna girizilen gününe dollaryň Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen hümmeti amerikan dollaryna 5.200 manat Guramanyň tabşyrygy boýunça amerikanyň 1.000 dollaryny ylalaşylan bahadan 1 amerikan dollaryny 20.000 manatdan satyn almak boýunça amaly bankyň ýerine ýetirişi

aşakdaky ýazgy bilen görkezilýär:

a) D-t 57, K-t 51 – 20.000.000
D-t 52, K-t 48 – 5.200.000
D-t 48, K-t 57 – 20.000.000;

b) D-t 48, K-t 51 – 20.000.000
D-t 52, K-t 48 – 5.200.000
D-t 48, K-t 57 – 20.000.000;

ç) D-t 57, K-t 51 – 20.000.000
D-t 52, K-t 48 – 5.200.000
D-t 48, K-t 80 – 14.800.000.

18.14. "Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabaty" (№ 4 maliýe görnüş) barlanda auditor haýsy buhgalterlik hasaplaryň maglumatlaryny hasaba almaly?

a) 50;

b) 50, 51, 52, 55;

ç) 50,51,52,55,57.

18.15.Esaslyk maýasyna daşary ýurt pulunda gatanç geldi. Aşakdaky ýaly buhgalterlik ýazgysy edilmeli:

a) D-t 52 (gündelik daşary ýurt pul hasaby), K-t 75;

b) D-t 52 (geçiriji daşary ýurt pul hasaby), K-t 75;

ç) D-t 55, K-t 75.

18.16.Eksport boýunça daşary ýurt pulunyň gelmesi ilkibaşda hökmany suratda aşakdaky hasaba kabul edilmeli:

a) Ýörite geçiriji daşary ýurt pul hasabyna;

b) geçiriji daşary ýurt pul hasabyna;

ç) gündelik daşary ýurt pul hasabyna.

18.17.Daşary ýurt puly hasabynda oňaýly hümmet aratapawudynyň görkezilişini barlanda auditor hasaplaryň aşakdaky habarlaşygyny barlaýar:

a)D-t 52, K-t 46;

b) D-t 52, K-t 48;

ç) D-t 52, K-t 80.

18.18.Daşary ýurt pullarynyň hasabynda hümmet aratapawudy haýsy senä görkezilýär?

a) Aýyň iň soňky kalendar gününe;
b)aýyň birinji kalendar gününe;
ç) ýylyň iň soňky kalendar gününe;
18.19.Daşary ýurt pullarynyň satylmagy haýsy hasapda görkezilýär?
a) 87;
b) 48;
ç) 46.
18.20.Daşary ýurt pullarynyň satylmagyndan maliýe netijesi haýsy hasapda görkezilýär?
a) 87;
b) 46;
ç) 80.
18.21.Daşary ýurt pullarynyň hasabyndan nagt daşary ýurt puluny almaga:
a)Ýol berlenok;
b)diňe daşary ýurt pulundaky iş saparlaryna gitmek we gümrük harajatlary üçin ýol berilýär;
ç) diňe daşary ýurt pulundaky iş saparlaryna gitmek üçin ýol berilýär.
18.22.Hasaplaşyk hasabyna satyn alyjylardan gelen hakujy tölegleri haýsy ýazgy bilen görkezilýär?
a) D-t 51, K-t 60;
b) D-t 51, K-t 61;
ç) D-t 51, K-t 76.
18.23.Daşary ýurt pullarynyň satylmagy haýsy hasapdan amala aşyrylýar?
a)Ýörite geçiriji daşary ýurt pul hasabyndan;
b) geçiriji daşary ýurt pul hasabyndan;
ç) gündelik daşary ýurt pul hasabyndan.
18.24.Daşary ýurt pullarynyň hökmany satuwyndan soň eksport girdejiniň bir bölegi haýsy hasaba girizilýär?
a) Ýörite geçiriji daşary ýurt pul hasabyndan;
b) geçiriji daşary ýurt pul hasabyndan;
ç) gündelik daşary ýurt pul hasabyndan.

18.25.Hasaplaşyk hasapdan geçirilen emläge salgyt haýsy ýazgy bilen görkezilýär?

a) D-t 68, K-t 51;

b) D-t 69, K-t 51;

ç) D-t 80, K-t 51.

18.26.Hasaplaşyk hasapdan geçirilen durmuş ätiýaçlandyrmalaryna tutumlar haýsy ýazgy bilen görkezilýär?

a) D-t 68, K-t 51;

b) D-t 69, K-t 51;

ç) D-t 80, K-t 51.

18.27.Hasaplaşyk hasapdan geçirilen beýleki guramalaryň esaslyk maýasyna gatanç haýsy ýazgy bilen görkezilýär?

a) D-t 58, K-t 51;

b) D-t 75, K-t 51;

ç) D-t 76, K-t 51.

18.28.Hasaplaşyk hasabyna esaslyk maýasy gatanjyň hasabyna gelen pul serişdeleri haýsy ýazgy bilen görkezilýär?

a) D-t 51, K-t 75;

b) D-t 51, K-t 76;

ç) D-t 51, K-t 85.

18.29.Hasaplaşyk hasapdan pul serişdeleriniň geçirilmegi näme bilen resmileşdirilýär?

a) Çykdajy buýruknama bilen;

b) bankyň göçürmesi bilen;

ç) töleg tabşyrygy bilen.

18.30.Daşary ýurt pullarynyň hasabyndaky galyndylaryň gaýtadan bahalandyrylmasynda oňaýsyz (otrisatel) hümmet aratapawudy haýsy ýazgy bilen görkezilýär?

a) D-t 52, K-t 80;

b) D-t 80, K-t 52;

ç) D-t 88, K-t 52.

## 18.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 18.1-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda gol çekilen we möhür goýlan doldurylmadyk çekleriň bolmagy düzgün bozma bolup durýar. Ondan başga-da töleg resminamalary ýörite dergilerde bellige alynmaly.

### 18.2-nji ýagdaý

1.51; 2. 76; 3. 88; 4. 50; 5. 70.

### 18.3-nji ýagdaý

D-t 76 bank, K-t 51 – 240.000.000 – bank tarapyndan guramanyň hasaplaşyk hasabyndan 10.000 amerikan dollaryna ekwiwalent satyn alyş hümmeti (24.000) boýunça pul serişdeleri tutulyp alnan.

D-t 52, K-t 76 bank – 10.000 amerikan dollary (5.200) – bank tarapyndan ýörite geçiriji (tranzitnyý) hasaba 10.000 amerikan dollarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hümmeti boýunça hasaba alynmagy.

D-t 80, K-t 76 bank – 188.000.000 man. [10.000 x (24.000 – 5.200)] daşary ýurt puluny satyn alyş hümmeti bilen Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hümmetiniň aratapawudy görkezilen.

### 18.4-nji ýagdaý

Görkezilen jemler haýsy-da bolsa bir tassyklaýjy resminamalaryň bolmadyk ýagdaýynda, mugt alnan gymmatlyklar hökmünde garalyp bilinýär we hasaba alnyşda-da şonuň ýaly görkezilýär. Ondan başga-da bu jemler peýda salynýan salgyt üçin salgyt salma binýadyna goşulmaly.

### 18.5-nji ýagdaý

Bu amallar boýunça aşakdaky buhgalterlik ýazgylar edilmeli:

48 belgili hasabyň debeti, 57 belgili hasabyň krediti – 2.080.000 man. – satylan daşary ýurt pulunyň satylan senedäki Merkezi bankyň hümmeti boýunça bahasy;

51 belgili hasabyň debeti, 48 belgili hasabyň krediti – 8.000.000 man. – daşary ýurt puluny satmakdan gelen manatdaky girdeji;

48 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 160.000 man. – bank hyzmatlaryna töleg;

48 belgili hasabyň debeti, 80 belgili hasabyň krediti – 5.760.000 man.

– daşary ýurt puluny satmakdan alnan peýda.

## 18.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

18.1. - ç; 18.2. - b; 18.3. - a; 18.4. - a; 18.5. - a; 18.6. - b; 18.7. - b; 18.8. - ç; 18.9. - a; 18.10. - ç; 18.11. - b; 18.12. - b; 18.13. - a; 18.14. - b; 18.15. - b; 18.16. - b; 18.17. - b; 18.18. - a; 18.19. - b; 18.20. - ç; 18.21. - ç; 18.22. - b; 18.23. - b; 18.24. - ç; 18.25.- a; 18.26.- b; 18.27. - a; 18.28.- a; 18.29.- ç; 18.30. - b;

# TEMA 19. HARYT IBERIJILER WE POTRATÇYLAR BILEN HASAPLAŞYKLARYŇ, SATYN ALYJYLAR WE IŞ BUÝRUJYLAR BILEN HASAPLAŞYKLARYŇ, BILDIRILEN NÄGILELIKLER BOÝUNÇA HASAPLAŞYKLARYŇ AUDITI

## 19.1. Usuly görkezmeler

Bu temany öwrenmek üçin okuw gollanmasynyn 19-njy baby bilen tanyşmak maslahat berilýär. Bu bapda berlen ders boýunça esasy kanunçylyk we kadalaşdyryjy resminamalar, barlagyň maksady we maglumatlaryň çeşmeleri, barlagyň meýilnamasy we maksatnamasy, barlagy geçirmegiň usulnamasy beýan edilendir.

Alan bilimiňizi şu babyň 19.2-nji bendinde getirilen soraglara jogap berip berkidip bilersiňiz. Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklaryň, satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklaryň, bildirilen nägilelikler boýunça hasaplaşyklaryň auditiniň tejribe endiklerini şu babyň 19.3-nji bendindäki ýumuşlary we ýagdaýlary ýerine ýetirip alarsyňyz.

Bilimi özleşdirişiňiziň derejesini barlamak üçin 19.4-nji bentdäki soragly ýumuşlary çözüň.

Ýumuşlar ýerine ýetirilende aşakdakylardan ugur almaly:

1.Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanuny;

2.“Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanuny;

3. Kärhanalaryň maliýe-hojalyk işleriniň buhgalterlik hasaba alnyşynyň hasaplarynyň meýilnamasy;

4.Kärhanalaryň maliýe-hojalyk işleriniň buhgalterlik hasaba alnyşynyň

hasaplarynyň meýilnamasyny ulanmak boýunça düzgünnama.

## 19.2. Barlag üçin soraglar

1.Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklaryň, satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklaryň, bildirilen nägilelikler boýunça hasaplaşyklaryň auditinde ulanylýan esasy kadalaşdyryjy resminamalary sanaň.

2.Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklaryň, satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklaryň, bildirilen nägilelikler boýunça hasaplaşyklaryň auditiniň maksady nämeden ybarat?

3.Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklaryň, satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklaryň, bildirilen nägilelikler boýunça hasaplaşyklaryň auditiniň maglumatlar çeşmelerini sanaň.

4.Auditor bu hasaplaşyklar boýunça hasaba alnyşyň içki gözegçiligiň gurluşynyň haýsy işlerini barlamaly?

5.Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklaryň, satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklaryň, bildirilen nägilelikler boýunça hasaplaşyklaryň auditinde auditoryň ulanýan esasy işlerini sanaň.

6.Şu hasaplaşyklaryň auditorlyk barlagynda gabat gelýän adaty ýalňyşlyklary görkeziň.

7.Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklaryň, satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklaryň, bildirilen nägilelikler boýunça hasaplaşyklaryň auditinde auditor auditorlyk subutnamalaryň ýygnalyşynyň haýsy esasy işlerini ulanmaly?

## 19.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 19.1-nji ýagdaý

Bankyň göçürmesi boýunça oktýabr aýynyň 15-ine gurluşyk materiallary üpjünçilik edarasyna 2.300.000 manat tölenen. Hasaba üsthat goşulmandyr. Görkezilen jeme hasaba alnyş belliknamasynda 76 belgili hasabyň debeti we 51 belgili hasabyň krediti boýunça ýazgy edilen. Maddy gymmatlyklary hasaba almak boýunça belliknamalarda we ambaryň maddy hasabatynda materiallaryň bu hasap boýunça kabul edilişi barada maglumatlar ýok.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

**19.2-nji ýagdaý**

Şertnama laýyklykda gurama geljekki goýbermeleriň hasabyna 2.070.000 manat hakujy aldy. Belliknamada 64 belgili "Alnan hakujy tölegler boýunça hasaplaşyklar" hasap boýunça, degişlilikde, ýanwar we mart aýlarynda aşakdaky ýazgylar edilen:

51 belgili hasabyň debeti, 64 belgili hasabyň krediti – 2.070.000 manat;

64 belgili hasabyň debeti, 62 belgili hasabyň krediti – 2.070.000 manat.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

**19.3-nji ýagdaý**

Haryt iberijiler bilen hasaplaşyklaryň jikme-jik hasaba alnyşynyň 60 belgili "Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar" hasap boýunça dolanyşyk sanawnamasynda görkezilen maglumatlaryna laýyklykda, kredit galyndysy 50.070.000 manat, debet galyndysy bolsa 7.035.000 manat. Balansyň maglumatlary boýunça üpjünçilere kredit bergisi 43.035.000 manada deň.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

**19.4-nji ýagdaý**

Guramanyň 63 belgili "Bildirilen nägilelikler boýunça hasaplaşyklar" hasaby boýunça jikme-jik hasaba alnyşynda aşakdaky bergiler hasapda dur:

a) aýakgap kärhanasynyň 7.800.000 manat awgust aýynyň 12-sine 765 belgili hasap boýunça tölenen, 356435 belgili demir ýol üsthaty boýunça gelmedik haryt üçin. Haryt iberiji bilen hat alyşmalardan aýan edilişine görä, üsthata töleg haty (kwitansiýa) olar tarapyndan wagtynda ýazylypdyr, emma hasapçy A.Kasymowanyň poçta geçirmeleriniň arasynda ýitirilipdir. Töleg hatynyň (kwitansiýanyň) ýoklugy sebäpli demir ýola nägilelik bildirilmändir. Indiki ýylyň ýanwar aýynda hasapçy A.Kasymowa demir ýol üsthatyna töleg hatyny (kwitansiýany) tapypdyr, emma nägilelik bildirmek üçin hukuk gullugyna bermändir;

b) kagyz kärhanasynyň 1433 belgili nägilelik boýunça 520.000 manat gaýtarylan ulanylýan kagyz boýunça. Aralykçy kazyýetiň kararyna

laýyklykda guramanyň hasaby jedelsiz tölenmäge degişli.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

**19.5-nji ýagdaý**

64 belgili "Alnan hakujy tölegler boýunça hasaplaşyklar" hasabynda hasabat ýylynyň aýagyna 92.000 manat satyn alyjy PJ "Ak bugdaý" alnan hakujyndan galyndy hasapda dur. Barlagda şertnamanyň hereket edýän möhletiniň dekabr aýynyň 12-sine tamamlanandygy anyklandy. Alyja noýabr aýynyň 27-sine haryt goýberilipdir. 01 belgili buhgalterlik hasaba alnyşyň belliknamasynda aşakdaky ýazgy bilen görkezilipdir:

64 belgili hasabyň debeti, 62 belgili hasabyň krediti – 92.000 manat;

68 belgili hasabyň debeti, 64 belgili hasabyň krediti – 12.000 manat.

Jikme-jik hasaba alnyşda 62 belgili "Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar" hasabynda 92.000 manat debitor bergi hasapda dur. Ýagdaýa baha beriň. Maslahatlar beriň.

**19.6-njy ýagdaý**

Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar hakynda haýsy maglumatlaryň alynmagy 60 "Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar" hasaby boýunça jikme-jik hasaba alnyşyň gurluşyny üpjün etmeli? Pesinden 5 görnüşini sanaň.

**19.7-nji ýagdaý**

Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklaryň auditiniň gidişinde barlanmaga degişli bolan maglumatlaryň esasy çeşmelerini sanaň (bäş görnüşden az bolmadyk).

**19.8-nji ýagdaý**

A gurama maslahatlar beriji (konsalting) B şereketi bilen maslahat berme hyzmatlaryny amala aşyrmaklyga ýazmaça şernama baglaşdy. Hyzmatlar ýerine ýetirildi we hasabat döwrüniň harajatlaryna degişli edilmeli. Işiň ýerine ýetirilişiniň gidişi boýunça B şereket A gurama nähili resminamalary bermäge borçly?

**19.9-njy ýagdaý**

Haryt iberiji öň tölenen hakujynyň hasabyna kärhana 115000000 manatlyk, şol sanda 15000000 manat GBÜS, çig mal tabşyrdy. Kärhananyň

hile gözegçilik gullugy çig mallaryň 30 göteriminiň hiliniň şertnamada bellenene gabat gelmeýänligini aýan etdi. Onuň netijesinde pes hilli çig mal harydy iberijä gaýtaryldy we GBÜS bilen bilelikde 34500000 manada nägilelik bildirildi.

Satyn alyjy kärhanada bu tabşyrma we bildirilen nägilelik boýunça nähili buhgalterlik ýazgylar edilmeli?

### 19.10-njy ýagdaý

A kärhananyň auditorlyk barlagynyň gidişinde 2006-njy ýylyň dekabr aýynyň 1-ine onuň B şerekete tabşyrylan haryt maddy baýlyklar boýunça 6,9 mln man. (BGÜS-i hasaba almak bilen) bergi borçlarynyň we Ç kärhana öň berlen hakujy boýunça 9,2 mln manat algy borçlarynyň bardygy aýan edildi. Dekabr aýynda kärhana bu guramalar bilen hiç hili amallary ýerine ýetirmedi. Oňa garamazdan, 2007-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-ine hasaba alnyşda diňe Ç kärhanadan 2,3 mln.man. algy borçlary hasapda dur.

Nähili düzgün bozma ýol berlipdir. A kärhananyň hasaba alnyşynda nähili buhgalterlik ýazgylarynyň bolmagy mümkin we oňa nähili düzedişleri girizmek gerek?

### 19.11-nji ýagdaý

A kärhanasy Türkiýeden özüniň önümçilik işi üçin çig maly import etdi.

Ol bu tabşyrma boýunça GBÜS-i hasapdan aýyrmaga kabul edip bilýärmi? Eger-de edip bilýän bolsa, onda nämäniň esasynda edip bilýär?

### 19.12-nji ýagdaý

A gurama 2002-nji ýylyň dekabr aýynyň 1-ine B şereketden haryt aldy. Şertnama laýyklykda A gurama görkezilen haryt üçin 2002-nji ýylyň dekabr aýynyň 15-ine çenli töleg etmelidi. A gurama öz borjuny ýerine ýetirmedi. Öz gezeginde B şereket bu bergini talap etmedi.

A guramanyň bergini gözleg möhleti geçenligi üçin haçan hasapdan öçürip bilýär we bu ýagdaýda haýsy buhgalterlik ýazgylaryny etmelidigini görkeziň.

### 19.13-nji ýagdaý

A gurama auditorlyk şereket bilen hökmany auditorlyk barlagyny geçirmäge şertnama baglaşdy. Şertnamanyň bahasy 2300000 manat (GBÜS-i hasaba almak bilen). Ýanwar aýynda gurama hasaplaşyk hasabyndan şertnamanyň

bahasynyň 40 göterimini öňünden töledi. Dekabr aýynda auditorlyk şereketi işi doly ýerine ýetirip gutardy. Mart aýynda gutarnykly hasaplaşyk geçirildi.

Auditorlyk şereketi barlanan tarapa nähili resminamalary bermeli? A gurama ýanwar, fewral, mart aýlarynda nähili buhgalterlik ýazgylaryny etmeli?

## 19.4. Soragly ýumuşlar

19.1.Edara görnüşli taraplaryň arasyndaky hasaplaşyk nähili görnüşde bolup bilýär?

a)Hiç hili çäklendirmesiz, nagt we nagt däl görnüşlerde;

b)diňe nagt däl görnüşde;

ç) nagt däl, şeýle hem kadalaşdyryjy namalaryň çäklerinde, nagt görnüşde.

19.2.Umumy kanunçylykda (eger-de kanunda ýa-da şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa), alynýan haryda eýeçilik satyn alyja haýsy pursatda geçýär?

a)Haryda pul tölenen;

b)harydyň ulag guramasyna - äkidijä berlen;

ç) harydyň satyn alyja berlen.

19.3.Eger-de kärhana şertnamada şertleşilen möhletde haryt iberijiniň öňündäki borçlaryny ýerine ýetirmese, hak isleýiş möhletiniň geçip başlamagynyň başy diýip haýsy sene kabul edilýär?

a) Talabyň ýüze çykan pursady;

b) bergidaryň borçlaryny ýerine ýetirmek möhletiniň başlanýan;

ç) haryt iberijiniň bergidaryň borçlaryny ýerine ýetirmeýändigini bilen pursadynda.

19.4.Gözleg möhletiniň umumy dowamlylygy üç ýyl diýip kabul edilen. Kärhanalar taraplaryň ylalaşygy boýunça hak isleýiş möhletiniň dowamlylygyny we ony hasaplamagyň tertibini üýtgedip bilýärlermi?

a) Hawa;

b) ýok;

ç) anyk ýagdaýlara bagly.

19.5.Satyn alyş-satyş şertnamasy baglaşylanda, bu şertnamanyň şertleri nämäni kesgitlemäge mümkinçilik berende ylalaşyldy hasaplanylýar?

a)Harydyň adyny, sanyny, bahasyny we hilini;

b)harydyň adyny, sanyny we bahasyny;

ç) harydyň adyny we sanyny.

19.6. A kärhana bilen B kärhananyň arasynda alyş-çalyş şertnamasy baglaşyldy. Oňa laýyklykda A kärhana B kärhana harydy sentýabr aýynyň 11-ine berdi, B kärhana bolsa A kärhana harydy sentýabr aýynyň 15-ine berdi. Berilýän haryda eýeçilik hukugy haçan ýüze çykýar?

a)Iki kärhanada-da sentýabr aýynyň 11-ine;

b)B kärhanada sentýabr aýynyň 11-ine, A kärhanada bolsa sentýabr aýynyň 15-ine;

ç) iki kärhanada-da sentýabr aýynyň 15-ine.

19.7. Kärhana emläk kärendesine şertnama baglaşdy. Umumy düzgüne laýyklykda:

a) abatlaşdyryşyň hemme görnüşi kärendeçiniň hasabyna amala aşyrylýar;

b) gündelik abatlaşdyryş kärendeçiniň hasabyna, düýpli abatlaşdyryş bolsa kärendä berijiniň hasabyna amala aşyrylýar;

ç) abatlaşdyryşyň hemme görnüşi kärendä berijiniň hasabyna amala aşyrylýar.

19.8.Tabşyrmak şertnamasy dilden baglaşylyp:

a) Bilner;

b) bilinmez;

ç) taraplar razylaşsa bilner.

19.9.Kärhana emläk satyn alanda jem aratapawudy ýüze çykdy. Salgyt salma maksady bilen bu aratapawut nämäniň düzüminde görkezilmeli?

a)Emläge harajatlaryň;

b)ýerlemek bilen bagly bolmadyk çykdajylaryň;

ç) önümçilige we ýerlemeklige gaýry harajatlaryň.

19.10. Daşary ýurtly haryt iberijiden çig mal getirilende gümrükhanada tölenen GBÜS-üň öwezini dolmaga näme esas bolup durýar?

a) Türkmenistanly haryt alyjynyň ýazyp beren hasap-harytnamasy;

b) gümrük beýannamasy;

ç) GBÜS-üň tölenenligini tassyklaýan töleg tabşyrygy.

19.11.Daşary ýurt pulunda alnan hakujy haýsy ýazgy bilen görkezilýär?

a) D-t 61, K-t 52;

b) D-t 60, K-t 52;

ç) D-t 52, K-t 64.

19.12.Eger-de kärhanada hasap syýasaty boýunça şübheli bergi-borçlaryň ätiýaçlyklaryny döretmek göz öňünde tutulan bolsa, hak isleýiş möhleti geçen bergi-borçlaryny hasapdan öçürmek haýsy ýazgy bilen görkezilýär?

a) D-t 60, K-t 82;

b) D-t 60, K-t 80;

ç) D-t 82, K-t 60.

19.13.Kärhana şertnamada kesgitlenen hile laýyk gelmeýän haryt maddy baýlyk aldy. Kärhana haryt iberijä nägilelik bildirdi. Ony nähili buhgalterlik ýazgysy bilen görkezmeli?

a) D-t 82, K-t 60;

b) D-t 63, K-t 60;

ç) D-t 60, K-t 82.

19.14. Haryt iberijiniň öň berlen hakujy boýunça töletmek mümkin bolmadyk bergisini, hasapdan öçürmek hasaba alnyşda haýsy ýazgy bilen resmileşdirilýär?

a) D-t 88, K-t 60;

b) D-t 80, K-t 61;

ç) D-t 60, K-t 80.

19.15. Kärhanada şübheli bergi-borçlaryň ätiýaçlyklary döredilen:

a) D-t 80, K-t 76;

b) D-t 81, K-t 82;

ç) D-t 80, K-t 89.

19.16. Kärhananyň haryt iberijä geçiren hakujy haýsy ýazgy bilen görkezilmeli?

a) D-t 60, K-t 60;

b) D-t 61, K-t 51;

ç) D-t 60, K-t 51.

19.17.Kärhana Türkmenistana dahylly haryt iberijiden daşary ýurt pulunda aňladylan material aldy. Olar şolbada önümçilige ýazyldy. Bir aýdan soň bergi-borjy üzüldi, şol bir wagtda daşary ýurt pulunyň manada garanyňdaky hümmeti artdy we jem aratapawudy emele geldi. Jem aratapawudyna nähili ýazgy edilmeli?

a) D-t 10, K-t 60;

b) D-t 80, K-t 60;

ç) D-t 60, K-t 80.

19.18. Haryt iberijä öň berlen hakujy boýunça bu haryt iberijiniň öňündäki bergi-borjuny üzmekligi hasaba alnyşda haýsy ýazgy bilen görkezilýär?

a) D-t 60, K-t 60;

b) D-t 60, K-t 61;

ç) D-t 60, K-t 76.

19.19.A kärhana B kärhana haryt boýunça bergisiniň hasabyna bir wagtda 7.000.000 man. töledi. Haýsy ýazgy Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulanlygy barada şaýatlyk edýär?

a) D-t 60, K-t 50;

b) D-t 60, K-t 51;

ç) D-t 60, K-t 52.

19.20. Hak isleýiş möhleti geçen, kazyýet tarapyndan töletdirmekden boýun towlanan algy-borçlary buhgalterlik ýazgysynda nähili görkezilýär?

a) D-t 60, K-t 80;

b) D-t 60, K-t 82;

ç) D-t 80, K-t 60.

## 19.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 19.1-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda haryda pul öňünden tölenen bolmaly. Ony aşakdaky ýazgy bilen görkezmelidi:

61belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti.

Eger-de hasaba üsthat goşulmadyk bolsa, onda bu materiallar bazadan alnan däldirler.

**19.2-nji ýagdaý**

“Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda alnan hakujynyň jeminden GBÜS tölemeli. Ol haryt ýa-da önüm ýerlenenden soň hasaba alynýar. Bu hasabat ýylynda gurama tarapyndan býujete tölenmeli GBÜS 270.000 manat kemeldilipdir. Aşakdaky ýazgylar edilen bolmaly:

51belgili hasabyň debeti, 64 belgili hasabyň krediti – 2.070.000 man.
64 belgili hasabyň debeti, 62 belgili hasabyň krediti – 2.070.000 man.
62 belgili hasabyň debeti, 46 belgili hasabyň krediti – 2.070.000 man.
64 belgili hasabyň debeti, 68 belgili hasabyň krediti - 270.000 man. – GBÜS-üň jemi.

**19.3-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda hasaba alnyşda hasaplaşyklar hasaby boýunça galyndynyň görkezilişiniň düzgüni bozulypdyr. Kärhananyň (guramanyň) ýyllyk we çärýeklik maliýe hasabatynyň bir kysymly görnüşlerini doldurmagyň tertibi barada Düzgünnamanyň 2.16-njy bendine laýyklykda kärhananyň beýleki kärhanalar, adamlar bilen hasaplaşyklaryny görkezýän buhgalterlik hasaba alnyşynyň hasaplary boýunça galyndylary, balansda ýaýbaňlandyrylan (açyk) görnüşde görkezilýär. Ýagny jikme-jik hasaba alnyşynyň hasaplary boýunça: debetlik galyndylary – kärhananyň balansynyň aktiwinde; kreditlik galyndylary bolsa, kärhananyň balansynyň passiwinde görkezilýär. 60 belgili “Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar” hasaby boýunça debetlik galyndylaryň birek-biregi ýapdyrylanlygy sebäpli balansyň jemi ýoýlan.

**19.4-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda hasap 63 belgili “Bildirilen nägilelikler boýunça hasaplaşyklar” hasabynda aýakgap kärhanasynyň 765 belgili hasap boýunça 7.800.000 manatlyk bergisini yzyna talap etmek mümkin däl. Sebäbi nägilelik haryt iberijä wagtynda bildirilmändir.

**19.5-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda guramanyň hasaba alnyşynda öň alnan hakujy tölegi aşakdaky ýazgy bilen görkezilmändir:

62 belgili hasabyň debeti, 46 belgili hasabyň krediti – 92.000 man.;

46 belgili hasabyň debeti, 68 belgili hasabyň krediti – 12.000 man.

**19.6-njy ýagdaý**

Haryt iberijiler bilen: berlen hakuçlary boýunça; töleg möhleti gelmedik hasaplaşyk resminamalary boýunça; töleg möhleti geçirilen hasaplaşyk resminamalary boýunça; harytnamalanmadyk tabşyrmalar boýunça; töleg möhleti gelmedik, berlen wekseller boýunça; töleg möhleti geçirilen wekseller boýunça; alnan täjirçilik karzy boýunça we şuňa meňzeş hasaplaşyklar.

**19.7-nji ýagdaý**

Şertnamalar; hasap-harytnamalar; üsthatlar; ýerine ýetirilen işleriň ykrarnamalary; 6 belgili dergi-buýruknama (ýa-da 60 belgili hasap boýunça jemleýji sanawnamalar); satyn almalaryň kitaplary we beýlekiler.

**19.8-nji ýagdaý**

Ýerine ýetirilen işleriň ykrarnamalary; hasap-harytnama.

**19.9-njy ýagdaý**

10 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 70.000.000 man. – tabşyrylan çig malyň bahasy, GBÜS-siz;

19 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 15.000.000 man. – tabşyrylan çig mala GBÜS;

68 belgili hasabyň debeti, 19 belgili hasabyň krediti – 15.000.000 man. – tölenen we kabul edilen çig mal boýunça hasaba alnan GBÜS;

63 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 30.000.000 man. – gaýtarylan çig mala nägilelik bildirilen, GBÜS-siz;

63 belgili hasabyň debeti, 19 belgili hasabyň krediti – 4.500.000 man. – gaýtarylan çig mala GBÜS boýunça bildirilen nägilelik.

**19.10-njy ýagdaý**

Kärhana bir kontragentiň borçlaryny beýlekisiniň hakujy bilen nädogry ýapypdyr. Şol bir wagtda, GBÜS boýunça 900000 manadyň bikanun öweziniň dolunmagy mümkin, ýagny kärhananyň hasaba alnyşynda şu ýazgylaryň bolmagy mümkin:

D-t 60 (B şereket), K-t 60 (Ç şerekete hakujy) – 6900000 man.

D-t 68, K-t 19 – 900000 man.

Eger-de bu ýazgylar (ýa-da olaryň haýsy-da bolsa biri) A kärhananyň hasaba alnyşynda bar bolsa, onda şol jeme düzediş ýazgysyny (storno) etmeli.

Şol bir wagtyň özünde 900.000 man. möçberinde girýän GBÜS hasaba kabul edilen bolsa, onda hasaba alnyşdaky düzedişden başga-da salgyt beýannamasyna-da GBÜS boýunça düzediş girizmeli.

**19.11-nji ýagdaý**

Kärhana görkezilen çig maly hasaba alandan soň gümrük territoriýasynda tölenen GBÜS-i hasapdan aýyrmaga alyp bilýär. Bu aýyrmany ulanmaklyga ýük gümrük beýannamasy esas bolup bilýär.

**19.12-nji ýagdaý**

A gurama bu bergini 2005-nji ýylyň dekabr aýynyň 16-syna hasapdan çykaryp bilýär, sebäbi gözlegiň umumy möhleti 3 ýyldyr. Şol bir wagtda buhgalterlik hasaba alnyşda şu ýazgylar edilmeli:

D-t 60, K-t 80 – hasapdan öçürilýän bergi borçlarynyň jemine;

D-t 80, K-t 19 – tabşyrylan haryda degişli bolan GBÜS-üň jemine.

**19.13-nji ýagdaý**

Auditorlyk guramasy auditorlyk netijäni, ýerine ýetirilen işleriň ykrarnamasyny, hasap-harytnamany bermeli. A guramanyň hasaba alnyşynda şu ýazgylar edilmeli:

Ýanwar: D-t 61, K-t51 – 920.000 man. – hakujy berlen (40%);

Fewral: D-t 26, K-t 60 – 2.000.000 man. auditorlyk hyzmatlar amala aşyrylan;

D-t 19, K-t 60 – 300.000 man. – ýerine ýetirilen hyzmatlar boýunça GBÜS;

D-t 60, K-t 61 – 920.000 man. – hakujy hasaba alnan;

D-t 68, K-t 19 – 120.000 man. – tölenen hyzmatlar boýunça GBÜS;

Mart: D-t 60, K-t 51 – 1.380.000 man. – berginiň galany tölenen;

D-68, K-t 19 – 180.000 – tölenen hyzmatlar boýunça GBÜS.

## 19.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

19.1. - ç; 19.2. - ç; 19.3. - a; 19.4. - b; 19.5. - ç; 19.6. - b 19.7. - b; 19.8. - a; 19.9. - b; 19.10. - b; 19.11. - ç; 19.12. - b 19.13. - b; 19.14. - a; 19.15. - b; 19.16. - b; 19.17. - b; 19.18. – b; 19.19.-a; 19.20.-ç;

# TEMA 20. ZÄHMET HAKY BOÝUNÇA HASAPLAŞYKLARYŇ AUDITI

## 20.1. Usuly görkezmeler

Bu temany öwrenmek üçin okuw gollanmasynyň 20-nji baby bilen tanyşmak maslahat berilýär. Bu bapda berlen ders boýunça esasy kanunçylyk we kadalaşdyryjy resminamalar, barlagyň maksady we maglumatlaryň çeşmeleri, barlagyň meýilnamasy we maksatnamasy, barlagy geçirmegiň usulnamasy hem-de barlag wagtynda gabat gelýän adaty ýalňyşlyklar beýan edilendir.

Şol bir wagtda Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanunyna, “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunyna, Türkmenistanda “Zähmet hakynda” Bitewi kanunyna, Býujete döwlet durmuş ätiýaçlandyrmalaryna tutumlary tölemegiň tertibi hakynda düzgünnama aýratyn üns bermeli.

Alan bilimiňizi 20.2-nji bentde getirilen soraglara jogap berip berkidip bilersiňiz. Zähmet haky boýunça hasaplaşyklaryň auditiniň tejribe endiklerini şu babyň 20.3-nji bendindäki ýumuşlary we ýagdaýlary ýerine ýetirip alarsyňyz.

Bilimi özleşdirişiňiziň derejesini barlamak üçin 20.4-nji bentdäki soragly ýumuşlary çözüň.

## 20.2. Barlag üçin soraglar

1.Zähmet haky boýunça hasaplaşyklaryň auditinde ulanylýan esasy kadalaşdyryjy resminamalary sanaň.

2.Zähmet haky boýunça hasaplaşyklaryň auditiniň maksady nämeden ybarat?

3.Zähmet haky boýunça hasaplaşyklaryň auditiniň maglumatlar çeşmelerini sanaň.

4.Auditor zähmet haky boýunça hasaplaşyklarda hasaba alnyşyň içki gözegçilik gurluşynyň haýsy işlerini barlamaly?

5.Zähmet haky boýunça hasaplaşyklaryň auditinde auditoryň ulanýan esasy işlerini sanaň.

6.Zähmete hak tölenende barlamaly esasy meseleler toplumyny sanaň.

7.Zähmet boýunça kanunçylygyň berjaý edilişi nähili barlanýar?

8.Iş beriji we işçi bilen zähmet gatnaşyklarynyň resmileşdirilişi nähili barlanylýar?

9.Eden işine görä hak tölenilýän işgärler bilen hasaplaşyklaryň hasaba alnyşy nähili barlanylýar?

10.Hasaplanylan zähmet haky boýunça hasaplaşyklaryň barlagynyň aýratynlyklary nämeden ybarat?

11.Hasaplanylan zähmet hakyndan esasy tutumlaryň hasaplanylyşy nähili barlanylýar?

12.Zähmet haky boýunça hasaplaşyklaryň jikme-jik hasaba alnyşy nähili barlanylýar?

13.Hasaplanylan zähmet haky gaznasyndan salgytlaryň hasaplanylyşy we olaryň býujete we býujet däl gaznalara geçirilişi nähili barlanylýar?

14.Zähmet haky boýunça hasaplaşyklaryň auditinde auditor auditorlyk subutnamalarynyň ýygnalyşynyň haýsy esasy işlerini ulanmaly?

15.Zähmet haky boýunça hasaplaşyklaryň auditorlyk barlagynda gabat gelýän adaty ýalňyşlyklary görkeziň.

## 20.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 20.1-nji ýagdaý

"Ýaşlyk" hojalyk jemgyýetinde düzümden daşgary işgär tarapyndan potrat şertnamasy bilen jemi 1.000.000 manatlyk, (şol sanda 600000 manat materiallaryň bahasy) otaglaryň gapylaryna ýazgylary ýasadylan. Guramanyň hasapçysy durmuş ätiýaçlandyrmasyna 200.000 manat (20%) hasaplapdyr. Ondan başga-da pensiýa gaznasyna 20.000 manat (2%), we saglygy saklaýyş ätiýaçlygyna 20.000 manat (2%) tutum edipdir.

Barlag geçirilende auditor önümiň düşýän gymmatynyň ýokarlandyrylandygy we salgyt salmaga degişli peýdanyň azaldylanlygy barada bellik edipdir. Şeýle hem, işgärden artykmaç tutumlaryň edilendigi aýan bolupdyr.

Haýsy hasaplamalar nädogry edilipdir?

### 20.2-nji ýagdaý

"Şatlyk" paýdarlar jemgyýetiniň işgäriniň çagasyna iýun aýynda dynç

almak üçin çagalar-sagaldyş bagyna mugt ýollanma berlipdir. Ýollanmanyň doly bahasy 300.000 manat

Berlen ýollanmanyň bahasy işgärden iýul aýy üçin şahsy adamlardan alynýan girdeji salgyt hasaplananda göz öňünde tutulypdyr. Ýollanmanyň bahasyndan şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň tutulmagy dogrumy?

**20.3-nji ýagdaý**

Iş tamamlanandan soň, abatlaşdyryş işleri geçirilýän wagty maliýe bölüminiň dolandyryjysy M.I.Jepbarowanyň kompýuteri ýitdi. Kompýuteriň galyndy bahasy 8.500.000 manat, M.I.Jepbarowanyň ortaça zähmet haky 3.100.000 manat. Kärhananyň ýolbaşçylygy dolandyryjydan düşündiriş hatyny aldy hem-de soňky 3 aýyň dowamynda onuň zähmet hakyndan ýetirilen zeleliň jemi tutulyp alyndy.

Ýolbaşçylygyň hereketi dogrumy?

**20.4-nji ýagdaý**

"Çeper" ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň zähmete hak tölemek boýunça esasy meseleler toplumyny barlamak üçin auditiň umumy meýilnamasyny we maksatnamasyny düzüň. Kärhanada barlag üçin esasy meseleler toplumy bolup şular durýarlar:

1)şahsy düzümiň hasaba alnyşy, zähmet hakyndaky düzgünnamanyň berjaý edilişi, zähmet gatnaşyklary boýunça içki gözegçiligiň ýagdaýy (topluma jogapkär- işgärler bölümi);

2)eden işine görä hak alýan işçilere zähmet hakynyň hasaba alnyşy we hasaplanylyşy (topluma jogapkär – sehler we hasaphananyň hasaplaşyk bölümi);

3)işlenen wagta görä tölenýän zähmet hakynyň we tölegiň gaýry görnüşleriniň hasaba alnyşy we hasaplanylyşy (topluma jogapkär – hasaphananyň hasaplaşyk bölümi, işgärler bölümi);

4)şahsy adamlaryň zähmet haklaryndan tutumlaryň hasaplanylyşy (topluma jogapkär – hasaphananyň hasaplaşyk bölümi);

5)ýylyň dowamynda işleýän işgärler boýunça jikme-jik hasaba alnyş (topluma jogapkär – hasaphananyň bölümi);

6)zähmet haky tölemek we tutumlar boýunça umumylaşdyrylan

hasaplaşyklar (topluma jogapkär – hasaphananyň hasaplaşyk bölümi);

7) esasy salgytlaryň hasaplanylyşy (topluma jogapkär - hasaphananyň salgytlary hasaplamak boýunça bölümi).

Kärhanada 200 adam işleýär, olardan 120-si eden işine görä hak alýan işçiler. Zähmet haky aýda 2 gezek tölenýär: aýyň 20-sine aýyň birinji ýarymy üçin hakujy; aýyň 5-ine – aý üçin gutarnykly hasaplaşyk.

**20.5-nji ýagdaý**

Zähmete hak tölemek boýunça meseleler toplumyny barlamak üçin düzülen maksatnamasyny ulanyp (seret 20.4-nji ýagdaý) auditorlyk subutnamalaryny ýygnamagyň esasy usullaryny esaslandyryň we teklip ediň.

**20.6-njy ýagdaý**

Myradow I.P. "Estetika" hojalyk jemgyýetinde bezeýji bolup işleýär. 01 2006-njy ýylyň iýun aýynyň 10-una öz guramasynyň ýolbaşçysyna öz islegi boýunça işden çykmak barada arza ýazdy. I.P.Myradowyň işden gidýänçä işlemeli möhleti 2006-njy ýylyň iýul aýynyň 9-yna tamamlanýar.

Birnäçe gün geçenden soň I.P.Myradow işden gitmek pikirini üýtgedýär we 2006-njy ýylyň iýul aýynyň 7-sine arzasyny yzyna alýar.

Emma bu wagta çenli "Estetika" hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçysy I.P.Myradowyň ýerine başga guramadan işe geçirmek tertibinde bezegçini işe çagyrdy. Şol sebäpli-de 2006-njy ýylyň iýul aýynyň 9-yna I.P.Myradowa öz islegi boýunça işden çykaryldy diýen ýazgy edilip, zähmet depderçesi berildi. 2006-njy ýylyň iýul aýynyň 10-undan "Estetika" hojalyk jemgyýetinde başga bezegçi işläp başlady.

Ýazmaça resminamanyň haýsy görnüşi resmileşdirilen bolmaly? Dolandyryjylar tarapyndan düzgün bozma ýol berlipmi?

**20.7-nji ýagdaý**

Inzener M.E.Geldiýew "Baýram" hojalyk jemgyýetinden işden çykmak barada arzany 2006-njy ýylyň sentýabr aýynyň 1-ine ýazýar. Guramanyň ýolbaşçysy M.E.Geldiýewi işden çykarmak baradaky buýrugy 2006-njy ýylyň sentýabr aýynyň 15-ine berýär, emma onuň zähmet depderini bermekden boýun towlaýar we diňe 2006-njy ýylyň noýabr aýynyň 1-ine M.E.Geldiýewiň zähmet depderçesini eline berýär.

“Baýram” hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçysynyň hereketine baha beriň.

### 20.8-nji ýagdaý

Elektrik S.I.Seýidow “Yşykçy” ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetinde 5 aý işledi. 01 2006-njy ýylyň iýun aýynyň 29-yna öz islegi boýunça işden çykýar. Guramanyň hasapçysy oňa ulanmadyk dynç alşy üçin öwez tölegini hasaplamaly we tölemeli. Hasaplaşyk döwründe S.I.Seýidowyň zähmet haky aşakdaky ýaly boldy: mart aýynda 2.000.000 man., aprel aýynda 2.200.000 man., maý aýynda 2.290.000 man.

Ulanmadyk dynç alşy üçin öwez tölegini hasaplaň.

### 20.9-njy ýagdaý

2006-njy ýylyň iýul aýynda “Gün” açyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň 1-nji belgili sehinde heläkçilik (awariýa) boldy. Onuň täsirini düzetmek üçin inžener I.I.Işangulyýew birnäçe sapar işden soň galyp işlemeli boldy. Netijede ol wagtyndan artyk 5 gün 2 sagatdan işledi. I.I.Işangulyýew iýul aýynda jemi 175 sagat işledi. Onuň aýlyk işlemeli kadasy 160 sagat. Inženeriň iş haky 4.000.000 manat.

I.I.Işangulyýewiň iýul aýy üçin iş hakyny kesgitläň.

### 20.10-njy ýagdaý

“Medet” hojalyk jemgyýetinde är-aýal N.J.Ataýew we O.A.Ataýewa işleýärler. Olaryň eklenjinde 4 çagalary bar. Bu barada degişli kepilnama guramanyň hasaphanasyna tabşyrylypdyr. N.J.Ataýewiň iş haky 3.600.000 manat, O.A.Ataýewanyň iş haky 2.520.000 manat. Olar meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasyna 2 göterim we saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasyna 2 göterim iş haklaryndan geçirýärler.

N.J.Ataýewiň we O.A.Ataýewanyň iş haklaryndan şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny näçe mukdarda tutmaly?

## 20.4. SORAGLY ÝUMUŞLAR

20.1.Ortaça zähmet haky kesgitlenilende haýsylar hasaba alynmaýar?

a)Her aýlyk sylaglar;

b) hasabat bermäge degişli berlen pullar;

ç) çärýeklik sylaglar.

20.2.Şahsy adamlaryň girdejisinden tutumlaryň möçberi näçe?

a)8 %;
b) 10 %;
ç) 12%.
20.3.Durmuş ätiýaçlygy üçin näçe göterim hasaplanylýar?
a)10%;
b)15%;
ç) 20%.
20.4.Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar haýsy hasapda ýöredilýär?
a)68;
b)69;
ç) 70.
20.5.Durmuş ätiýaçlandyrmalary boýunça hasaplaşyklar haýsy hasapda ýöredilýär?
a) 68;
b) 69;
ç) 70.
20.6. Şahsy adamlaryň girdeji salgydy hasaplananda, jemi girdejiden aýyrmalara haýsylar degişli?
a) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes zähmet hakynyň bir möçberi;
b)pensiýalar;
ç) talyp haklary.
20.7. Zähmet şertnamasy nähili görnüşde baglaşylýar?
a) Dilden;
b) ýazmaça;
ç) dilden ýa-da ýazmaça.
20.8.Guramanyň ýolbaşçysy (iş beriji) işgärden zähmet şertnamasynda şertleşilmedik işi ýerine ýetirmegi talap edip bilýärmi?
a)Hawa;
b) ýok;
ç) mümkin.
20.9.Işgär işden çykjak bolsa näçe wagt öňünden iş berijini ýazmaça

duýdurmaly?

a) 10 gün;

b) 20 gün;

ç) l aý.

20.10. Zähmet depderçesi kärhanada näçe wagt işlese ýöredilýär?

a)5 gün;

b)1 aý;

ç) 1 çärýek.

20.11. Işgär işden çyksa, onuň zähmet depderçesi haçan berilýär?

a)Şertnama togtadylandan soň 10 günüň dowamynda;

b)şertnama togtadylandan soň 5 günüň dowamynda;

ç) şertnama togtadylan güni.

20.12.Iş ýeriniň gysgalany sebäpli işden çykarylýanlygy barada işgäre näçe wagt öňünden duýdurylýar?

a) 1 aý;

b) 2aý;

ç) 3 aý.

20.13.Kärhanalarda işgärleriň kadaly (normal) iş wagtynyň 1 hepdedäki dowamlylygy näçe sagat bolmaly?

a)38 sagat;

b) 40 sagat;

ç) 42 sagat.

20.14.Bir ýylda wagtyndan artyk işlemegiň jemi näçe sagatdan geçmeli däl?

a) 100;

b) 110;

ç) 120.

20.15.Baýramçylyk we ýatlama güni işläni üçin işgäre iş haky näçe esse artdyrylyp tölenilmeli?

a)1,5;

b) 2;

ç) 3.

20.16.Türkmenistanda iş hakynyň ýokary çägi goýulýarmy?

a) Ýok;

b) hawa;

ç) Kanun tarapyndan kabul edilen ortaça iş hakynyň 3 essesi edilip goýulýar.

20.17. Işlenilýän materialdaky bar bolan ýapyk kemçilik (defekt) sebäpli zaýa önüm öndüreni üçin işgäre töleg haýsy mukdarda edilýär?

a)Ulanarlykly önümiň töleginiň 2/3 bölegi möçberinde;

b) ulanarlykly önümiň töleginiň 3/4 bölegi möçberinde;

ç) ulanarlykly önümiň töleginiň doly möçberinde.

20.18. Iş berijiniň günäsi bilen işden çykan işgäre zähmet depderçesiniň wagtynda berilmänligi üçin nähili jogapkärçilik bar?

a) Hiç hili;

b)işgäriň mejbury işsiz gezen döwrüniň hemme wagty üçin onuň ortaça iş haky tölenilýär;

ç) işgäriň mejbury işsiz gezen döwrüniň birinji 10 güni üçin onuň ortaça iş haky tölenilýär.

20.19.Zähmet depderçesine işgäre berlen temmi ýazylýarmy?

a) Hawa;

b) iş berijiniň garamagyna görä;

ç) ýok.

20.20.Esasy önümçiligiň işgärlerine iş hakynyň hasaplanylyşy haýsy buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilýär? .

a) D-t 20, K-t 70;

b) D-t 23, K-t 70;

ç) D-t 25, K-t 70.

20.21.Kömekçi önümçiligiň işgärlerine iş hakynyň hasaplanylyşy haýsy buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilýär?

a) D-t 20, K-t 70;

b) D-t 23, K-t 70;

ç) D-t 25, K-t 70.

20.22.Umumy önümçilik maksatly; işi ýerine ýetiren işgärlere iş hakynyň

hasaplanylyşy haýsy buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilýär?

a) D-t 20, K-t 70;

b)D-t 23, K-t 70;

ç) D-t 25, K-t 70.

20.23.Zähmet hakyndan tutulýan hossar hakynyň umumy jemi näçe göterimden geçmeli däl?

a) 25;

b) 50;

ç) 75.

20.24. Şahsy adamlaryň girdeji salgydyny töleýjileriň birnäçe esas boýunça jemi girdejisinden salgyt aýyrmasyna hukugy bolan ýagdaýynda haýsy esas boýunça salgyt aýyrmasyny ulanmaga haky bar?

a) Hemme esaslaryň jemi boýunça;

b)hemme esaslaryň ortaça bahasy boýunça;

ç) iň köp möçberde emele gelýän diňe bir esas boýunça.

## 20.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 20.1-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda durmuş ätiýaçlandyrmasyna 120.000 manat artyk hasaplanylypdyr, sebäbi materiallaryň bahasyna durmuş ätiýaçlandyrmasy hasaplanylmaly däl. Ondan başga-da düzümde däl işgärlerden, şertnamasy bolmasa pensiýa gaznasyna we saglygy saklaýyş ätiýaçlygyna tutum edilmeli däl.

### 20.2-nji ýagdaý

Ýok. “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 187-nji maddasynyň 1-nji “ş” bendine laýyklykda edara görnüşli taraplaryň öz işgärleriniň ýa-da olaryň çagalar we ýetginjekler üçin çagalar we beýleki sagaldyş edaralaryna ýollanmalaryň bahasyny, şeýle hem öz işgärleriniň gündizine ýa-da ýatymlaýyn alýan saglygy goraýyş hyzmatlarynyň bahasyny doly ýa-da bölekleýin öwezini dolmak üçin töleýän serişdeleri şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň salgyt özenine goşulmaýan girdejiler bolup durýarlar.

### 20.3-nji ýagdaý

Ýok. Sebäbi işgäre kompýuteri saklamak üçin şertiň döredilmänligini

göz öňünde tutmaly. Ondan başga-da kompýuteriň bahasy ortaça zähmet hakyndan ýokary bolanlygy sebäpli ýetirilen zeleliň jemini tutup galmaklyk bikanundyr. Türkmenistanda "Zähmet hakynda" Bitewi kanunynyň 122-nji maddasyna laýyklykda ýetirilen zeleliň öwez tölegi onuň ortaça aýlyk hakyndan köp bolmaly däldir.

**20.4-nji ýagdaý**

Barlagyň umumy meýilnamasyny we maksatnamasyny düzmek üçin okuw gollanmasynyň 20-nji babyndaky 20.1-nji tablisadan peýdalanyp bolar.

Barlagyň umumy meýilnamasy meseleler toplumynyň sanyna görä 7 görkezijiden ybarat bolup biler.

Barlagyň maksatnamasynda 7 bölümiň her haýsysy boýunça auditorlyk çäreleriň sanawyny öz içine alyp biler. Her çäre boýunça geçirilýän döwrüni, işi ýerine ýetirijini we auditoryň işçi resminamalaryny görkezmek gerek.

**20.5-nji ýagdaý**

Ýumşy ýerine ýetirmek üçin okuw gollanmasynyň 8-nji babyndan we Türkmenistanda auditorlyk işiniň "Auditorlyk subutnamalar" ülňüsinden peýdalanmaly.

Auditorlyk subutnamalaryň görnüşleriniň esaslylygyny aşakdaky görnüşdäki tablisada getirip görkezmeli:

| T/b | Meseleler toplumynyň ady | Auditorlyk subutnamalarynyň görnüşleri | Esaslandyrma |
|---|---|---|---|
| | | | |
| | | | |

**20.6-njy ýagdaý**

Guramanyň dolandyryjylary tarapyndan düzgün bozma ýol berlipdir. Türkmenistanda "Zähmet hakynda" Bitewi kanunynyň 31-nji maddasyna laýyklykda 1 aýyň dowamynda işgäriň arzasyny yzyna almaga hukugy bar. Türkmenistanda "Zähmet hakynda" Bitewi kanunynyň 20-nji maddasyna laýyklykda kärhanalaryň ýolbaşçylarynyň ylalaşygy esasynda işe geçirmek tertibinde çagyrylan täze işgär bilen zähmet şertnamasyny baglaşmakdan boýun towlamak bolanok.

**20.7-nji ýagdaý**

Guramanyň ýolbaşçysy Türkmenistanda “Zähmet hakynda” Bitewi kanunyny bozýar. Bu Bitewi kanunyň 101-nji maddasyna laýyklykda zähmet depderçesi iş berijiniň günäsi bilen wagtynda berilmese, onda işçiniň mejbury işsiz gezen hemme wagty üçin ortaça zähmet haky tölenmeli.

**20.8-nji ýagdaý**

1.Ulanylmadyk dynç alşa öwez tölegini hasaplamak üçin ortaça günlük iş haky:

(2.000.000 + 2.200.000 + 2.290.000): 3 :29,6 = 73085,59 man.

2.Ulanylmadýk dynç günüň sany:

28 gün : 12 aý x 4 aý = 9,33 gün.

3.Ulanylmadyk dynç alşa öwez tölegininiň jemi:

(73.085,59 x 9,33) = 681.888,55 man.

**20.9-njy ýagdaý**

Türkmenistanda “Zähmet hakynda” Bitewi kanunynyň 89-njy maddasyna laýyklykda wagtyndan artyk işlenen sagada pesinden 2 esse artyk hak tölenmeli. I.I.Işangulyýewiň artyk işlän wagty üçin tölegiň möçberi 500.000 man. (4.000.000 man. : 160 sagat x 10 sagat x 2 esse) I.I.Işangulyýewiň iýul aýy üçin iş haky 4.500.000 manada deň bolýar (4.000.000 + 500.000).

**20.10-njy ýagdaý**

“Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 188-nji maddasynyň l-nji “a” bendine laýyklykda islendik şahsy tarap – Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň bir essesi möçberinde; şol maddanyň 1-nji “d” bendine laýyklykda garamagynda eklenip bilmeýän adamlary saklaýan şahsy tarap - Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň bir essesi möçberinde, her bir eklenip bilmeýän adam üçin salgyt aýyrmasyna hukugy bardyr. Görkezilen salgyt aýyrmasy ýanýoldaşlara ýa-da maşgalanyň eklenip bilmeýänleri saklaýan başga bir agzasyna hem degişlidir. “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 188-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda salgyt töleýjileriň meýletin pensiýa we (ýa-da) saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça geçirmeleriň möçberinde salgyt aýyrmasyna hukugy bardyr.

Şu düzgünlere laýyklykda N.J.Ataýewiň iş haklaryndan şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny 220.600 man. {[3.600.000 man. – 250.000 man. - (250.000 man. x 4)-(3.600.000 man. x 2 .100) - (3.600.000 man. x 2 : 100)] x 10} mukdarda tutmaly we O.A.Ataýewanyň iş haklaryndan 116.920 man. {[2.520.000 man. – 250.000 man. - (250.000 man. x 4) - (2.520.000 man. x 2 : 100) - (2.520.000 man. x 2 : 100)] x 10) mukdarda tutmaly.

### 20.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

20.1. - b; 20.2. - b; 20.3. - ç; 20.4. - ç; 20.5. - b; 20.6. - a; 20.7. - b; 20.8. - b; 20.9. - ç; 20.10. - a; 20.11. - ç; 20.12. - b; 20.13. - b; 20.14. - ç; 20.15. - b; 20.16.,- a; 20.17. - ç; 20.18. - b; 20.19. - ç; 20.20. - a; 20.21. - b; 20.22 - ç; 20.23. - b; 20.24. - ç;

## TEMA 21. MALIÝE GOÝUMLARYNYŇ HASABA ALNYŞYNYŇ AUDITI

### 21.1. Usuly görkezmeler

Bu temany öwrenmek üçin okuw gollanmasynyň 21-nji baby bilen tanyşmak maslahat berilýär. Bu bapda berlen ders boýunça esasy kanunçylyk we kadalaşdyryjy resminamalar, barlagyň maksady we maglumatlaryň çeşmeleri, barlagyň meýilnamasy we maksatnamasy, barlagy geçirmegiň usulnamasy hem-de barlag wagtynda gabat gelýän adaty ýalňyşlyklar beýan edilendir.

Şol bir wagtda Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanunyna, “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunyna aýratyn üns bermeli.

Alan bilimiňizi 21.2-nji bentde getirilen soraglara jogap berip berkidip bilersiňiz. Maliye goýumlarynyň hasaba alnyşynyň auditiniň tejribe endiklerini şu babyň 21.3-nji bendindäki ýumuşlary we ýagdaýlary ýerine ýetirip alarsyňyz.

Bilimi özleşdirişiňiziň derejesini barlamak üçin 21.4-nji bentdäki soragly ýumuşlary çözüň.

## 21.2. Barlag üçin soraglar

1.Maliýe goýumlarynyň hasaba alnyşynyň auditinde ulanylýan esasy kadalaşdyryjy resminamalary sanaň.

2.Maliýe goýumlarynyň hasaba alnyşynyň auditiniň maksady nämeden ybarat?

3.Maliýe goýumlarynyň hasaba alnyşynyň auditiniň maglumatlar çeşmelerini sanaň.

4.Auditor maliýe goýumlarynyň hasaba alnyşyň içki gözegçiliginiň gurluşynyň haýsy işlerini barlamaly?

5.Maliýe goýumlarynyň hasaba alnyşynyň auditinde auditoryň ulanýan esasy işlerini sanaň.

6.Maliýe goýumlary edilende barlamaly esasy meseleler toplumyny sanaň.

7.Aktiwleriň haýsy görnüşleri maliýe goýumlaryna degişli?

8.Maliýe goýumlarynyň hasaba alnyşynyň auditiniň aýratynlyklary nämeden ybarat?

9.Maliýe goýumlarynyň hasaba alnyşynyň auditiniň usullaryny we tärlerini sanaň.

10.Bahaly kagyzlaryň saklanyşynyň dogrulygyny nähili barlamaly?

11.Maliýe goýumlarynyň bahalandyrylyşynyň dogrulygyny nähili barlamaly?

12.Bahaly kagyzlar bilen amallar barlananda haýsy işleri ýerine ýetirmeli?

13.Bahaly kagyzlaryň hasaba alnyşynyň kitabynyň ýöredilişine we olaryň saklanyşynyň dogrulygyna gözegçilik nähili edilýär?

14.Bahaly kagyzlaryň satyn alnyşy we satylyşy boýunça amallaryň hasaba alnyşynyň dogrulygy nähili barlanylýar?

15.Bahaly kagyzlaryň bazar bahasynyň subutnamasy bolup näme durýar?

16.Maliýe goýumlaryndan girdejileriň barlagynda haýsy auditorlyk işler ýerine ýetirilýär?

17.Maliýe goýumlarynyň tükellemesiniň aýratynlyklaryny sanaň.

18. Bahaly kagyzlaryň girdejisinden alynýan peýda salgyt salmanyň aýratynlygyny düşündiriň.

19. Maliýe goýumlarynyň hasaba alnyşynyň auditorlyk barlagynda gabat gelýän adaty ýalňyşlyklary görkeziň.

## 21.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 21.1-nji ýagdaý

Barlanylýan döwürde gurama maliýe wekselleri satyn aldy. Bir ýylyň dowamynda onuň alan wekselleriniň bahasy 40000000 manada deň boldy. "Maliýe netijeler we olary peýdalanmak hakyndaky hasabat" 2-nji belgili maliýe görnüşde görkezilen jemi ýerlemekden daşgary girdejileriň düzüminde görkezilmändir. Guramanyň hasaba alnyşynda aşakdaky ýazgylar edilipdir:

58 belgili hasabyň debeti, 52 belgili hasabyň krediti – daşary ýurt puly hasabyna töleg etmek bilen weksel satyn almak;

52 belgili hasabyň debeti, 58 belgili hasabyň krediti – wekseli üzmek;

52 belgili hasabyň debeti, 80 belgili hasabyň krediti – weksel boýunça göterimleri ýerlemekden daşgary girdejileriň düzümine girizilen.

Bu ýagdaýyň seljermesinde auditor nähili hereket eder?

### 21.2-nji ýagdaý

Gurama iýun aýynda haryt-gazna biržasynda başga gurama degişli bolan paýnamany geçen ýylyň iýul aýynyň dokuzyndan 115 belgili şahadatnamasy esasynda satdy. Şahadatnamada aşakdakylar görkezilen:

paýnamanyň satuw bahasy – 8.000.000 man.

auksionyň hyzmaty üçin töleg – 1.600.000 man.

paýnamanyň buhgalterlik hasaba alnyşyň maglumaty boýunça bahasy 1.800.000 man.

Guramanyň hasaba alnyşynda şu ýazgylar edilen:

50 belgili hasabyň debeti, 06 belgili hasabyň krediti – 6.400.000 man. – paýnama üçin nagt kabul edilen;

06 belgili hasabyň debeti, 80 belgili hasabyň krediti – 4.600.000 man. – satmakdan alnan girdeji görkezilen.

Bu ýagdaýyň seljermesinde auditor nähili hereket eder?

### 21.3-nji ýagdaý

Guramada hasap 58 belgili "Gysga möhletleýin maliýe goýumlar" hasabynda "Altyn halka" açyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň hasabat

ýylynyň ýanwar aýynyň 1-ine 1.050.000 manatlyk, hasabat ýylynyň dekabr aýynyň 31-ine 1.400.000 manatlyk paýnamasy hasaba alnan.

Ýylyň aýagyna paýnamalaryň 350.000 manatlyk gaýtadan bahalandyrylmasy we hasap 58 belgili hasabyň debeti we hasap 80 belgili hasabyň krediti boýunça ýazgy edildi.

Paýdarlaryň belliknamasyndaky ýazga laýyklykda görkezilen paýnamalar nominal bahasy 100.000 manat bolan adaty paýnamalar bolup durýarlar.

Bu ýagdaýyň seljermesinde auditor nähili hereket eder?

**21.4-nji ýagdaý**

Kärhana 30.000.000 manatlyk bahaly kagyzy satyn almak üçin 3 aýlyk 55 göterimden karz pul aldy. Täzeden maliýeleşdirmegiň (refinansirowaniýe) goýumy 60 göterim.

Karzy ulanany üçin tölenmäge degişli göterimiň jemi aşakdaky ýaly hasaplanylar:

30.000.000 x 55% /12x3= 412.500.000 man.

30.000.000 manatlyk bahaly kagyzy satyn alnan. Guramanyň buhgalterlik hasaba alnyşynda aşakdaky ýazgy edilen:

51 belgili hasabyň debeti, 90 belgili hasabyň krediti – 30.000.000 man. – alnan karzyň bahasyna;

06 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 30.000.000 man. – tölenen we hasaba almaga kabul edilen paýnamanyň bahasyna; ,

26 belgili hasabyň debeti, 90 belgili hasabyň krediti – 4.125.000 man. – karz boýunça göterimler hasaplanan;

90 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 4.125.000 man. – karz boýunça göterimler tölenen.

Bu ýagdaýyň seljermesinde auditor nähili hereket eder?

**21.5-nji ýagdaý**

"Güýç" açyk kyşymly paýdarlar jemgyýeti tarapyndan bahasy 4.000.000 manat bolan gysga möhletli bahaly kagyz satyn alnan. Aralykçy guramanyň hyzmatlary üçin töleg boýunça çykdajylar geleşigiň bahasynyň 10 göterimine deň – 400.000 man. buhgalterlik hasaba alnyşynda aşakdaky ýazgylar edilen:

58 belgili hasabyň debeti, 76 belgili hasabyň krediti – 4.000.000 man.

– bahaly kagyzlar satyn alnan;

26 belgili hasabyň debeti, 76 belgili hasabyň krediti – 400.000 man. – aralykça töleg hasapdan öçürilen;

76 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 4.400.000 man. – aralykça hyzmaty üçin tölenen.

Bu ýagdaýyň seljermesinde auditor nähili hereket eder?

## 21.4. SORAGLY ÝUMUŞLAR

21.1.Maliýe goýumlar näme?

a) Başga guramalaryň esaslyk maýalaryna we bilelikdäki işe maýa goýumlar, şeýle hem beýleki ykdysady taraplara berilýän karzlar degişlidirler;

b) HMB almak üçin goýumlar;

ç) Esasy serişdeleri almak üçin goýumlar.

21.2.Beýleki kärhananyň esaslyk maýasyna goýum hökmünde beren bahaly kagyzlary nähili hasaba alynýar?

a) D-t 58, K-t 85;

b) D-t 58, K-t 75;

ç) D-t 58, K-t 82,

21.3.Bilelikdäki iş näme?

a) Bir kärhana döretmek;

b) beýleki kärhana goýum etmek;

ç) serişdeleri birleşdirip önüm öndürmek.

21.4.Uzak möhletli bahaly kagyzyň kabul edilişi haýsy ýazgy bilen görkezilýär?

a) D-t 08, K-t 50, 51,52,
D-t 58, K-t 08;

b) D-t 50, K-t 51,52;

ç) D-t 58, K-t 50, 51,52.

21.5.Maliýe goýumlar balansda haýsy bahada görkezilýär?

a)Balans bahada;

b) hakyky çykdajylar boýunça;

ç) bazar bahada.

21.6.Bilelikdäki iş hakyndaky şertnama boýunça:

a)iki ýa-da birnäçe tarap peýda gazanmak maksady bilen öz gatançlaryny birikdirmegi borçlanýarlar;

b) iki ýa-da birnäçe tarap peýda gazanmak ýa-da kanuna garşy gelmeýän gaýry maksada ýetmek üçin öz gatançlaryny birikdirmegi we edara görnüşli tarapy döretmezden bile hereket etmegi borçlanýarlar;

ç) iki ýa-da birnäçe tarap peýda gazanmak ýa-da kanuna garşy gelmeýän gaýry maksada ýetmek üçin öz gatançlaryny birikdirmegi we edara görnüşli tarapy döretmegi borçlanýarlar.

21.7.“A” paýdarlar jemgyýeti “B” paýdarlar jemgyýetiniň paýnamasynyň bir bölegini özüniň esaslyk maýasynyň hasabyna satyn aldy. “A” paýdarlar jemgyýetiniň esaslyk maýasyny azaltmak talap edilýärmi we nähili buhgalterlik ýazgylar edilmeli?

a) d-t 06-l, k-t 76
d-t 76, k-t 50; ýok;
b) d-t 06-l, k-t 85; ýok;
ç) d-t 08, k-t 51
d-t 06-l, k-t 08
d-t 85, k-t 50; hawa.

21.8.Bahaly kagyzlaryň şertleşilen bahadan satylmagy nähili ýazgy bilen görkezilýär?

a) d-t 62, k-t 48;
b) d-t 62, k-t 06-l;
ç) d-t 51, k-t 06-l.

21.9.Beýleki kärhanalaryň paýnamalary boýunça hasaplanan goýumlaryň hasabyna düşewüntler nähili ýazgy bilen görkezilýär?

a) d-t 80, k-t 76;
b) d-t 76, k-t 80;
ç) d-t 83, k-t 80.

21.10.Ýeňilliklerden peýdalanýan paýnamalar boýunça goýumlaryň hasabyna düşewüntler haýsy çeşmeden tölenýär?

a) Esaslyk maýadan;
b) ýörite maksatly gaznalardan;
ç) ätiýaçlyk gorundan.

21.11.Guramada saklanýan hemme bahaly kagyzlar bahaly kagyzlary hasaba alnyş depderinde görkezilmeli. Bahaly kagyzlary hasaba alnyş depderiniň saklawlylygyny guramaga jogapkärçiligi kim çekýär?

a) Baş hasapçy;

b) guramanyň maliýe bölümi;

ç) guramanyň ýolbaşçysy.

21.12.Satyn alnan bahaly kagyzyň gymmaty bilen onuň bellenen (nominal) bahasynyň aratapawudy haýsy hasapda görkezilýär?

a)76;

b) 80;

ç) 88.

21.13.Pul serişdeleriniň hereketi baradaky hasabatyň maglumatlary emele gelende bahalay kagyzlara gysga möhletli goýumlar guramanyň haýsy işi hasaplanýar?

a) Gündelik;

b) maýa goýum;

ç) maliýe.

21.14.Bahaly kagyzlardan alnan göterimler we gaýry düşewüntler nähili düşewünt hasaplanýar?

a) Amaly;

b) ýerlemekden daşary;

ç) adatdan daşary.

21.15.Beýleki guramalaryň esaslyk maýasyna gatnaşmak bilen bagly bolan çykdajylary adaty işler bilen bagly bolan çykdajy ýaly hasaplap bolýarmy?

a) Bolýar;

b) bolanok;

ç) eger-de beýleki guramalaryň esaslyk maýasyna gatnaşmak guramanyň işiniň dersine degişli bolsa bolýar.

21.16.Beýleki kärhanalara nagt däl görnüşde berlen gysga möhletli we uzak möhletli karzlar nähili ýazgy bilen görkezilýär?

a) d-t 58, k-t 51;

b) d-t 06, k-t 51;

ç) d-t 51,   k-t 58.

21.17.Girdeji alynýan möhleti üýtgänligi sebäpli gysga möhletli maliýe goýumlarynyň uzak möhletli maliýe goýuma öwrülmegi nähili ýazgy bilen görkezilýär?

a) d-t 58,   k-t 06;

b) d-t 06,   k-t 58;

ç) d-t 58,   k-t 96.

21.18.Başga gurama 4 aýdan az möhlet bilen berlen karz nähili ýazgy bilen görkezilýär?

a) d-t 58,   k-t 51;

b) d-t 84,   k-t 51;

ç) d-t 58,   k-t 02.

21.19.Maliýe goýumlar buhgalterlik hasaba alnyşda haýsy bahada hasaba alynýar?

a) Bahaly kagyzlary satyn almagyň hakyky bahasynda;

b) bahaly kagyzlaryň bazar bahasynda;

ç) bahaly kagyzlaryň hümmet bahasynda.

21.20. Guramanyň bahaly kagyzlarynyň tükellemesi nähili geçirilýär?

a) Kassadaky pul serişdeleriniň tükellemesi bilen bilelikde;

b) özbaşdak;

ç) maddy däl aktiwleriň tükellemesi bilen bilelikde.

## 21.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 21.1-nji ýagdaý

Guramanyň hasaba alnyşynda aşakdaky ýazgylar edilmeli:

08 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – wekseli satyn almak;

58 belgili hasabyň debeti, 08 belgili hasabyň krediti – satyn alnan weksel hasaba alnan;

60 belgili hasabyň debeti, 52 belgili hasabyň krediti – daşary ýurt puly hasabynda weksele töleg edilen;

48 belgili hasabyň debeti, 58 belgili hasabyň krediti – wekseli üzmek;

48 (80) belgili hasabyň debeti, 80 (48) belgili hasabyň krediti – wekseli üzmekden maliýe netijäni kesgitlemek;

52 belgili hasabyň debeti, 76 belgili hasabyň krediti – weksel boýunça göterim hasaplamak;

76 belgili hasabyň debeti, 80 belgili hasabyň krediti – weksel boýunça göterimleri ýerlemekden daşgary girdejileriň düzümine girizilen.

Wekseli saklaýjynyň wekseller boýunça göterim görnüşdäki girdejileri ýerlemekden daşgary girdejileriň düzümine girizilýär.

**21.2-nji ýagdaý**

Guramanyň hasaba alnyşynda aşakdaky ýazgylar edilmeli:

76 belgili hasabyň debeti, 48 belgili hasabyň krediti – 8.000.000 man. – iýul aýynyň dokuzyndan 115 belgili şahadatnamasy esasynda paýnamanyň satylyş bahasy;

48 belgili hasabyň debeti, 06 belgili hasabyň krediti – 1800000 man. – paýnamanyň hasaba alyş bahasyna:

48 belgili hasabyň debeti, 76 belgili hasabyň krediti – 1.600.000 man. – auksiondaky hyzmata töleg üçin;

48 belgili hasabyň debeti, 80 belgili hasabyň krediti – 4.600.000 man. – geleşikden maliýe netije hasapdan öçürilýär;

50 belgili hasabyň debeti, 76 belgili hasabyň krediti – 6.400.000 man. – satylan paýnama üçin kassa geldi.

Usulyýet häsiýetli bu düzgün bozma maliýe netijä täsir etmedi.

**21.3-nji ýagdaý**

Paýnamalar özleriniň manysy boýunça uzak möhletleýin maliýe goýumlary bolup durýarlar, sebäbi bu goýumlar olardan bir ýyldan köp wagtyň dowamynda peýda almak üçin edilýär. Diýmek "Altyn halka" açyk kyşymly paýdarlar jemgyýetiniň paýnamalary hasap 06 belgili "Uzak möhletleýin maliýe goýumlary" hasabynda hasaba alnan bolmaly.

**21.4-nji ýagdaý**

Buhgalterlik hasaba alnyşynda şu ýazgylar edilen bolmaly:

51 belgili hasabyň debeti, 90 belgili hasabyň krediti – 30.000.000 man. – karz alnan;

08 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 30.000.000 man.

– paýnamalar tölenen;

08 belgili hasabyň debeti, 90 belgili hasabyň krediti – 4.125.000 man. – karz boýunça göterimler hasaplanan;

06 belgili hasabyň debeti, 08 belgili hasabyň krediti – 34.125.000 man. – kärhananyň bu paýnamalara hukugyny tassyklaýan resminamalar alnandan soň paýnamalar hasaba alsa kabul edilen;

90 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 4.125.000 man. – karz boýunça göterimler tölenen.

## 21.5-nji ýagdaý

Buhgalterlik hasaba alnyşynda şu ýazgylar edilen bolmaly:

08 belgili hasabyň debeti, 76 belgili hasabyň krediti – 4.000.000 man. – satyn alnan bahaly kagyzlaryň gymmatyna;

08 belgili hasabyň debeti, 76 belgili hasabyň krediti – 400.000 man. – aralykça tölenen jeme;

58 belgili hasabyň debeti, 08 belgili hasabyň krediti – 4.400.000 man. – hasaba alnyşa kabul edilen bahaly kagyzlaryň hakyky satyn alnan bahasy boýunça jemine;

76 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 4400000 man. – satyn alnan bahaly kagyzlaryň tölenen jemine.

Bahaly kagyzlary satyn almak boýunça amallaryň görkezilişiniň usulnamasynyň bozulmagy maliýe netijäniň ululygyna we tölenen salgytlaryň jemine täsir edýär. Harajatlar esassyz artdyrylyp, peýda bolsa aralykça tölenen el hakynyň jemine, ýagny 400000 man. peseldilen.

## 21.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

21.1. - a; 21.2. - b; 21.3. - ç; 21.4. - ç; 21.5. - b; 21.6. - b; 21.7. - a; 21.8. - a; 21.9. - b; 21.10. - ç; 21.11. - ç; 21.12. - b; 21.13. - ç; 21.14. - a; 21.15. - ç; 21.16. - a; 21.17. - b; 21.18. - a; 21.19.-a; 21.20.-a;

# TEMA 22. ÖNÜMLERI GOÝBERMEGIŇ, ÝÜKLEMEGIŇ WE ÝERLEMEGIŇ AUDITI

## 22.1. Usuly görkezmeler

Bu temany öwrenmek üçin okuw gollanmasynyň 22-nji baby bilen tanyşmak maslahat berilýär. Bu bapda berlen ders boýunça esasy kanunçylyk we kadalaşdyryjy resminamalar, barlagyň maksady we maglumatlaryň çeşmeleri, barlagyň meýilnamasy we maksatnamasy, barlagy geçirmegiň usulnamasy hem-de barlag wagtynda gabat gelýän adaty ýalňyşlyklar beýan edilendir.

Önümleri goýbermegiň, ýüklemegiň we ýerlemegiň auditini geçirmek üçin:

•taýýar önümleri, harytlary, işleri, hyzmatlary ýerlemegiň buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça kadalaşdyryjy namalaryň talaplaryny bilmeli (esasy kadalaşdyryjy namalaryň sanawy okuw gollanmasynyň 22 - nji babynda getirilen);

•taýýar önümleri, harytlary, işleri, hyzmatlary ýerlemegiň auditini geçirmek üçin maglumatlary almagyň çeşmelerini bilmeli;

•taýýar önümleri goýbermek, taýýar önümleri we harytlary satyn alyjylara ýüklemek, işleri ýerine ýetirmek we ýumuş buýrujylara hyzmat etmek boýunça amallaryň barlagynda auditorlyk işiniň "Auditorlyk subutnamalar", "Auditiň gidişinde buhgalterlik hasaba alnyşynyň we içki gözegçiligiň ulgamlaryny öwrenmek we baha bermek", "Aldama we ýalňyşlyk tapylanda auditoryň hereketi", "Buhgalterlik hasabatlylygynyň ýoýlandygy anyklanylanda auditoryň hereketi" ülňülerinden ugur alyp, auditorlyk subutnamalary ýygnamagyň usullaryny we tärlerini ulanmagy başarmaly;

•auditorlyk işiniň "Auditi resminamalaşdyrmak" ülňüsini ulanyp, auditoryň işçi resminamalaryny resmileşdirmegiň tertibini bilmeli.

Alan bilimiňizi 22.2-nji bentde getirilen soraglara jogap berip berkidip bilersiňiz. Ýerlemek boýunça amallaryň auditiniň tejribe endiklerini 22.3-nji bentdäki ýumuşlary we ýagdaýlary ýerine ýetirip alarsyňyz.

Bilimi özleşdirişiňiziň derejesini barlamak üçin 22.4-nji bentdäki soragly ýumuşlary çözüň.

## 22.2. Barlag üçin soraglar

1.Barlanýan tarapyň taýýar önümlere baha berlişiniň onuň hasap syýasatynda göz öňünde tutulyp bilinjek usullaryny sanaň.

2.Barlanýan tarapyň taýýar önümlere baha berlişiniň onuň hasap syýasatynda göz öňünde tutulyp bilinjek usullary maliýe hasabatlylygynyň gaýry haýsy maddalarynyň bahalandyrylyş usullary bilen baglanyşykly?

3.Eger-de taýýar önümiň eýeçilik hukugynyň geçiş pursady bilen ýükleniş pursady gabat gelse, hasaba alnyşda taýýar önümiň ýerlenişi nähili görkezilýär?

4.Eger-de taýýar önümiň eýeçilik hukugynyň geçiş pursady onuň ýükleniş pursadyndan giç gelse, hasaba alnyşda taýýar önümiň ýerlenişi nähili görkezilýär?

5.Eger-de taýýar önümiň eýeçilik hukugynyň geçiş pursady onuň ýükleniş pursadyndan öň gelse, hasaba alnyşda taýýar önümiň ýerlenişi nähili görkezilýär?

6.Taýýar önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemek amalynyň alyş-çalyş şertnamasy esasynda amala aşyrylan ýagdaýynda olaryň buhgalterlik hasaba alnyşynyň aýratynlyklaryny aýdyp beriň.

7.Önümi yzyna gaýtarylmaga degişli berlen çig maldan öndürýän guramalarda buhgalterlik hasaba alnyşynyň nähili aýratynlyklary bar?

8.Taýýar önümleriň hasaba alnyşynyň auditinde aýan edilýän adaty ýalňyşlyklar haýsylar?

## 22.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 22.1-nji ýagdaý

Baş kitabyň hasaplary boýunça aýlawlary barlap, auditor ýörite maksatly gaznalara aşakdaky buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilen pul serişdeleriniň gelmelerine ünsüni çekdi: 51 belgili hasabyň debeti, 88 belgili hasabyň krediti – 10.500.000 manat. Goýberilýän önümleri tabşyrmak şertnamasynda goşmaça şert hökmünde önüm ýerlenende, ýumşy buýrujy tarapyndan kesgitli jemi haryt iberiji kärhananyň ýörite maksatly gaznalaryna önümi giňeltmek we işgärlerini maddy taýdan höweslendirmek üçin geçirmek göz öňünde

tutulypdyr.

Bu ýagdaýyň seljermesinde auditor nähili hereket eder?

### 22. 2-nji ýagdaý

Baş kitabyň hasaplary boýunça aýlawlary we kassa kitabyndaky ýazgylary barlap, auditor aşakdaky buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilen hojalyk amallarynyň manysyny anyklady: 50 belgili hasabyň debeti, 23 belgili hasabyň krediti; 50 belgili hasabyň debeti, 80 belgili hasabyň krediti. Ilkinji resminamalardan we olara goşulan aklawjy resminamalardan kärhananyň kassasyna aşakdakylar üçin nagt pul girizilenligi gelip çykýar:

işgärleriň hususy maksady üçin berlen awtoulaga – 850.000 man.;

ambarda wagtlaýyn saklanan harytlar we emläkler üçin (resmileşdirilen şertnamalara laýyklykda) – 1.200.000 man.;

satyn alyjylara we ýumuş buýrujylara baglaşylan şertnamalaryň esasynda-da, bir gezeklik arzalar boýunça-da ýüklemek-düşürmek hyzmatlary üçin – 1.080.000 man.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahat beriň.

### 22.3-nji ýagdaý

Maliýe ýagdaýynyň seljermesini geçirip, “Senet” ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň ýolbaşçylary çagalar bagyna 600.000 manat möçberinde hemaýat kömegini bermek barada karar kabul etdi. Haýyş hatynyň esasynda görkezilen jem çagalar bagynyň hasaplaşyk hasabyna geçirilen. Hojalyk amallarynyň dergisinde aşakdaky ýazgy edilen:

Ýagdaýa baha beriň. Maslahat beriň.

| Sene | Amalyň manysy | Resminama | Hasaplaryň habarlaşygy | | Jem. man. |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | Debet | Kredit | |
| 10.09 | Hemaýat kömegini bermek | 29.08.-den hat | 80 | 51 | 600.000 |

### 22.4-nji ýagdaý

Hasabat ýylynda gurama tarapyndan guramaçylyk tehnikalaryna hyzmat etmek üçin şertnama laýyklykda hyzmatlar tölenipdir. Hakykat ýüzünde bu

hyzmatlar edilmändir, kärhananyň tölenen hyzmatlary alanlygy barada aklawjy resminamalar ýok (ýerine ýetirilen hyzmatlara degişli ykrarnamalar ýok). Şol bir wagtda kärhananyň buhgalterlik hasaba alnyşynda bu hojalyk amaly aşakdaky ýazgy bilen görkezilen:

20 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 300.000 man. - hyzmatyň bahasyna;

19 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 45.000 man. - GBÜS-üň jemi;

60 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 345.000 man. - edilen hyzmata töleg;

68 belgili hasabyň debeti, 19 belgili hasabyň krediti – 45.000 man. - işler tölenenden soň býujet bilen hasaplaşyga GBÜS hasapdan öçürilen.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahat beriň.

### 22.5-nji ýagdaý

Gurama tarapyndan haryt alyş-çalyş amaly ýerine ýetirilen we ol aşakdaky buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilen:

10 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 460.000 man.;

76 belgili hasabyň debeti, 41 belgili hasabyň krediti – 460000 man. – alyş- - çalyş şertnamasy boýunça ýerlenen harydyň gymmaty görkezilen;

60 belgili hasabyň debeti, 76 belgili hasabyň krediti – 460000 man. – geleşige gatnaşyjylaryň öz aralaryndaky bergi ýapylan.

Şertnamanyň şertleri bilen eýeçilige geçmegiň nähili-de bolsa bir hili aýratyn şertleri göz öňünde tutulmadyk.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahat beriň.

### 22.6-njy ýagdaý

Buhgalterlik hasaba alnyşynyň belliknamasynda hasap 50 belgili “Kassa” hasaby boýunça hasabat ýylynyň ýanwar aýynda aşakdaky ýazgylar edilen:

| Sene | Amalyň mazmuny | Hasaplaryň habarlaşygy | | | | Gündelik galyndy |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | debet | | kredit | | |
| | | hasap | jem | hasap | jem | |
| 25.01. | Müşderiniň kseroksyny ulanany üçin | 50 | 17.250 | 20 | 17.250 | 201.000<br>218.250 |
| 25.01. | Guramanyň işgärlerinden gurluşyk materiallary üçin | 50 | 103.500 | 10 | 103.50<br>0 | 321.750 |

Ýagdaýa baha beriň. Anyklanylan düzgün bozmanyň düýplüligini hasaplaň. Maslahat beriň.

### 22.7-nji ýagdaý

Gurama tarapyndan satyn alyjylara şertnamanyň şertine laýyklykda kärhananyň ulagy bilen taýýar önüm eltilende, öwezi dolunýan jem täjirçilik çykdajylarynyň kemeldilmegine ýazylan. Hasaba alnyşda aşakdaky buhgalterlik ýazgylar edilen:

50 belgili hasabyň debeti, 43 belgili hasabyň krediti – 36.000 man. kassanyň üsti bilen töleg;

51 belgili hasabyň debeti, 43 belgili hasabyň krediti – 1.240.000 man. – hasaplaşyk hasabynyň üsti bilen töleg;

76 belgili hasabyň debeti, 43 belgili hasabyň krediti – 630.000 man. – özara hasaplar we algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar boýunça;

64 belgili hasabyň debeti, 43 belgili hasabyň krediti – 270.000 man. – alnan hakuçlar boýunça.

Jemi 2.176.000 man.

Ýagdaýa baha beriň. Anyklanylan düzgün bozmanyň düýplüligini hasaplaň. Maslahat beriň.

## 22.4. SORAGLY ÝUMUŞLAR

22.1. Taýýar önümleriň ambardaky galyndylary kärhananyň buhgalterlik hasaba alnyşynda haýsy bahada görkezilýär?

a)Diňe hakyky düşýän gymmaty boýunça;

b)diňe kadadaky (meýilnamadaky) düşýän gymmaty boýunça;

ç) kärhananyň hasap syýasatyna baglylykda hakyky ýa-da kadadaky (meýilnamadaky) düşýän gymmaty boýunça.

22.2.Taýýar önümiň hakyky düşýän gymmaty boýunça hasaba alnyşynda gymmatdan hasaba alyş boýunça gyşarmasynyň hasaplanylyşy geçirilýärmi?

a)Geçirilýär;

b) geçirilmeýär;

ç) kärhananyň hasap syýasatyna bagly.

22.3.Moral taýdan könelen taýýar önüm özüniň ilkibaşdaky hilini doly ýa-da bölekleýin ýitiren, ýa-da onuň satylyş bahasy peselip, taýýar önümiň hakyky düşýän bahasyndan hem aşak bolanda ol hasabat ýylynyň buhgalterlik balansynda nähili görkezilýär?

a) Taýýar önümiň gymmatyny peseltmek üçin ätiýajy aýryp;

b) taýýar önümiň hakyky düşýän gymmaty boýunça;

ç) taýýar önümiň bazar bahasy boýunça.

22.4.Beýleki gurama tarapyndan önümi yzyna gaýtarmaga degişli berlen çig maldan gaýtadan işläp taýýar önüm almak boýunça işi üçin tölege kabul edilen hasaby yzyna gaýtarmaga degişli berlen çig mal beren guramanyň buhgalterlik hasaba alnyşynda nähili görkezilýär?

a) d-t 20, k-t 60;

b) d-t 40, k-t 60;

ç) d-t 48, k-t 60.

22.5.Gurama taýýar önümi beýleki guramanyň esaslyk maýasyna gatanç hökmünde girizse we gatanjyň jemi bu önümiň hakyky düşýän gymmatyndan ýokary bolsa, ol nähili buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilmeli?

a) d-t 58, k-t 40;

b) d-t 40, k-t 43;

ç) d-t 40, k-t 68 - GBÜS.

22.6.Esasy önümçiligiň taýýar önümi hakyky hasaba alnyş bahasy boýunça (hakyky Önümçilik düşýän bahasy boýunça) kabul edilende nähili

buhgalterlik ýazgysy edilýär?

a) d-t 20, k-t 40;

b) d-t 40, k-t 20;

ç) d-t 23, k-t 40.

22.7. Kömekçi önümçiligiň taýýar önümi hakyky hasaba alnyş bahasy boýunça (hakyky önümçilik düşýän bahasy boýunça) kabul edilende nähili buhgalterlik ýazgysy edilýär?

a) d-t 40, k-t 20;

b) d-t 40, k-t23;

ç) d-t 40, k-t 23.

22.8. Hyzmat ediji önümçilikleriň we hojalyklaryň taýýar önümi hakyky hasaba alnyş bahasy boýunça (hakyky önümçilik düşýän bahasy boýunça) kabul edilende nähili buhgalterlik ýazgysy edilýär?

a)d-t 40, k-t 20;

b)d-t 40, k-t 23;

ç) d-t 40, k-t 29.

22.9.Önümreri goýbermegiň, ýüklemegiň we ýerlemegiň buhgal-terlik hasaba alnyşy haýsy hasaplarda görkezilýär?

a)20, 21, 23, 25, 26;

b) 40, 45, 46;

ç) 41,42,43,44.

22.10.Ýüklenen taýýar önüm buhgalterlik hasaba alnyşda haýsy ýazgy bilen görkezilýär?

a) d-t 45, k-t 40;

b) d-t 40, k-t 45;

ç) d-t 45, k-t 41.

## 22.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 22.1-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdeji kemeldilipdir. Hasap syýasatyna laýyklykda gaznalar döredilip-de, döredilmän-de bilner, emma olar öz serişdeleriniň hasabyna döredilmeli. Satyn alyjylardan (ýumuş buýrujylardan) gelen jemler önümleri (işleri, hyzmatlary)

ýerlemekden alnan girdeji bolup durýarlar. Şonuň üçin aşakdaky ýazgy edilmeli: 51 belgili hasabyň debeti, 46 belgili hasabyň krediti – 10.500.000 man. Netijede “Maliýe netijeleri we olaryň ulanylyşy barada hasabatyň” 010 setirinde Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdeji (umumy girdeji) 10.500.000 manada kemeldilen. Degişlilikde, bu jem salgyt salmada hasaba alynmadyk. Şeýlelikde, peýda salynýan salgyt we umumy girdejiden alynýan beýleki salgylar peseldilen.

**22.2-nji ýagdaý**

Bu ýerde ýerlemekden alnan girdeji görkezijisi ýoýlan, sebäbi ýokarda sanalan kassa nagt pul almaklygyň hemmesi ýerine ýetirilen hyzmata tölegi aňladýar. Diýmek 46 belgili “Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemek” hasapda görkezilmeli. Alnan girdejiniň jeminden goşulan baha üçin salgyt we peýdadan alynýan salgyt tölenmeli. Kärhananyň kassasyna bu hyzmatlar üçin tölenen pullary ýerlemek hökmünde 50 belgili hasabyň debeti, 46 belgili hasabyň kredti boýunça üç sany buhgalterlik ýazgysynda, degişlilikde, 850.000 man., 1.200.000 man., 1.080.000 man. jem görkezilmeli.

23 belgili “Kömekçi önümçilikler” hasaby esassyz ulanylmagy netijesinde düşýän gymmatynyň ýoýulmasy bolup geçdi (ol 850.000 man. kemeldilen) Ýerlenen hyzmatlaryň bahasyndan goşulan baha üçin salgyt 408.261 man. möçberinde kem tölenen (3.130.000 : 1,15 x 15%).

**22.3-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda hemaýat kömegini bermek peýda salynýan salgytdan boşatmaýar.

**22.4-nji ýagdaý**

Hyzmatlaryň gymmatyny önümiň düşýän gymmatyna degişli etmek üçin esas bolup, ýerine ýetirilen işe şertnama, işi kabul ediş-tabşyryş ykrarnamasy durýar. Şeýlelikde, 300.000 manadyň harajatlara ýazylmagy esassyz bolup durýar we düşýän gymmatyň artdyrylmagyna alyp barýar. Ondan başga-da GBÜS-i haky iş edilenden soň býujet bilen hasaplaşyga kabul edilip bilýär. Şol sebäpli-de bu ýagdaýda býujete tölenmäge degişli GBÜS-üň jemi kemeldilen.

**22.5-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda hasaba alnyşda aşakdakylar görkezilmändir:

haryt alyş-çalyş amaly boýunça ýerlemekden girdejiniň jemi;

ýerlemegiň jeminden GBÜS hasaplanmandyr.

Guramanyň hasaba alnyşynda bu amaly aşakdaky ýazgy bilen görkezmelidi:

10 belgili hasabyň debeti, 60 belgili hasabyň krediti – 460.000 man. – garşylyklaýyn harytlar alnanda;

62 belgili hasabyň debeti, 46 belgili hasabyň krediti – 460.000 man. – ylalaşylan gymmata;

46 belgili hasabyň debeti, 68 belgili hasabyň krediti – 60.000 man.;

46 belgili hasabyň debeti, 41 belgili hasabyň krediti – 400.000 man.;

68 belgili hasabyň debeti, 19 belgili hasabyň krediti – 60.000 man.;

60 belgili hasabyň debeti, 62 belgili hasabyň krediti – 46.000 man.

**22.6-njy ýagdaý**

Bu ýerde hyzmatlary we gaýry emläkleri ýerlemekden alnan jem görkezilmändir. Guramanyň hasaba alnyşynda aşakdaky ýazgylary etmelidi:

50 belgili hasabyň debeti, 46 belgili hasabyň krediti – 17.250 man. – hyzmat alnan girdejiniň jemine;

46 belgili hasabyň debeti, 68 belgili hasabyň krediti – 2.250 man. kseroksy ulanany üçin GBÜS;

50 belgili hasabyň debeti, 48 belgili hasabyň krediti – 103.500 man. – emlägi (materiallary) ýerlemekden alnan jem;

48 belgili hasabyň debeti, 68 belgili hasabyň krediti – 13.500 man. – emlägi ýerläni üçin GBÜS;

48 belgili hasabyň debeti, 10 belgili hasabyň krediti – 103.500 man. – materiallary ýerlemek;

80 belgili hasabyň debeti, 48 belgili hasabyň krediti – 17.250 man.

Şeýlelikde, nädogry ýazgylaryň esasynda aşakdaky düzgün bozmalar bar:

1.“Hyzmatlary ýerlemekden alnan girdeji” görkeziji 15.000 man. peseldilen, şeýle hem “Gaýry amaly girdejiler we çykdajylar” 103.500 man. ýoýlan.

2.Görkezilen amallardan býujete 15750 man. GBÜS hasaplanmadyk.

### 22.7-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda 46 belgili "Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemek" hasaby boýunça taýýar önümleri eltmek boýunça hyzmatdan alnan girdejiler görkezilmändir. Netijede girdeji 21.760.000 manat peseldilipdir.

Sanalan maglumatlaryň esasynda №2 maliýe görnüşiň 010 setiri boýunça önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemek ýoýlan.

### 22.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

22.1. - ç; 22.2. - b; 22.3. - a; 22.4. - a; 22.5. - a; 22.6. - a; 22.7. - ç; 22.8. - ç; 22.9. - b; 22.10. - a;

## TEMA 23. KARZLARYŇ HASABA ALNYŞYNYŇ AUDITI

### 23.1. Usuly görkezmeler

Bu temany öwrenmek üçin okuw gollanmasynyň 23-nji baby bilen tanyşmak maslahat berilýär. Bu bapda berlen ders boýunça esasy kanunçylyk we kadalaşdyryjy resminamalar, barlagyň maksady we maglumatlaryň çeşmeleri, barlagyň meýilnamasy we maksatnamasy, barlagy geçirmegiň usulnamasy hem-de barlag wagtynda gabat gelýän adaty ýalňyşlyklar beýan edilendir.

Önümleri goýbermegiň, ýüklemegiň we ýerlemegiň auditini geçirmek üçin:

•karz serişdeleriniň buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça kadalaşdyryjy namalaryň talaplaryny bilmeli (esasy kadalaşdyryjy namalaryň sanawy okuw gollanmasynyň 23-nji babynda getirilen);

•karz serişdeleriniň auditini geçirmek üçin maglumatlary almagyň çeşmelerini bilmeli;

•karz serişdelerini almak, karz serişdelerini gaýtarmak, karz serişdelerini ulanmak üçin göterimleriň hasaplanylyşy boýunça amallaryň barlagynda auditorlyk işiniň "Auditorlyk subutnamalar", "Auditiň gidişinde buhgalterlik hasaba alnyşynyň we içki gözegçiligiň ulgamlaryny öwrenmek we baha bermek", "Aldama we ýalňyşlyk tapylanda auditoryň hereketi", "Buhgalterlik hasabatlylygynyň ýoýlandygy anyklanylanda auditoryň hereketi" ülňülerinden ugur alyp, auditorlyk subutnamalary ýygnamagyň usullaryny we tärlerini

ulanmagy başarmaly;

•auditorlyk işiniň "Auditi resminamalaşdyrmak" ülňüsini ulanyp, auditoryň işçi resminamalaryny resmileşdirmegiň tertibini bilmeli.

Alan bilimiňizi 23.2-nji bentde getirilen soraglara jogap berip, berkidip bilersiňiz. Karz serişdeleri boýunça amallaryň auditiniň tejribe endiklerini 23.3-nji bentdäki ýumuşlary we ýagdaýlary ýerine ýetirip alarsyňyz.

Bilimi özleşdirişiňiziň derejesini barlamak üçin 23.4-nji bentdäki soragly ýumuşlary çözüň.

## 23.2. Barlag üçin soraglar

1.Hasaba alnyşda we hasabatlylykda karzlaryň görkezilişini kadalaşdyrýan resminamalary sanaň.

2.Karzlary almak nähili goşmaça çykdajylara alyp baryp biler?

3.Barlanýan tarapyň hasap syýasatynda karzlaryň hasaba alnyşynyň tertibi görkezilýärmi?

4.Haýsy ýagdaýlarda karzlar boýunça uzak möhletleýin bergi--borçlary gysga möhletleýine geçirip bolýar?

5.Maýa goýum aktiwlerini satyn almak üçin alnan karzlar boýunça göterimleriň hasaba alnyşda görkezilişiniň tertibini görkeziň.

6.Haýsy ýagdaýlarda maýa goýum aktiwlerini satyn almak üçin alnan karzlar boýunça göterimler bu maýa goýum aktiwleriniň ilkibaşdaky bahasyna goşulanok?

7.Peýda salgyt hasaplamak maksady bilen salgyt salma çykdajylarynyň düzümine karzlar boýunça göterimleri goşmagyň tertibi nähili?

## 23.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 23.1-nji ýagdaý

Hasabat ýylynda gurama tarapyndan jaýyň durkuny täzelemek maksady bilen üç ýyllyk daşary ýurt pulunda karz alnan. Taslama boýunça işler geçen hasabat ýylynyň dekabr aýynda tamamlanan we jaý ulanylyşa berlen. Karz boýunça bergi öz wagtynda üzülmändir. Bu sebäpli hasabat ýylynda bu şertnama boýunça bankyň hyzmatlaryna töleg edilýär we karz boýunça göterim tölenýär. Buhgalterlik hasaba alnyşda bu amallar aşakdaky ýazgylar bilen görkezilen: 20 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti 132.000 man.

(şol sanda 120.000 man. – karz üçin göterim, 12.000 man. bankyň hyzmaty üçin). Ýagdaýa baha beriň. Maslahat beriň.

### 23.2-nji ýagdaý

Gurama tarapyndan bankdan 15.000.000 man. möçberinde karz alnan. Karz dolulygyna býujete bergini ýapmak üçin ulanylan. Buhgalterlik hasaba alnyşyň belliknamalarynda aşakdaky ýazgylar edilen:

51 belgili hasabyň debeti, 90 belgili hasabyň krediti – 15.000.000 man. – karz alnan;

68 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 15.000.000 man. – býujete bergi geçirilen;

90 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 15.000.000 man. – karz üzülen;

26 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 5.000.000 man. – Merkezi bankyň goýumynyň çäginde karza göterim tölenen.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahat beriň.

### 23.3-nji ýagdaý

Önümçilik guramasy 2005-nji ýylyň ýanwar aýynyň 3-üne önümçiligi giňeltmek üçin önümçilik-maliýe şereketi bilen baglaşylan şertnama boýunça 300 mln. man. möçberinde maksatlaýyn karz alypdyr. Her aýda karz almagyň şertnamasyna laýyklykda aýyň iň soňky iş gününde gurama karz boýunça göterimi ýylyna 25 göterimiň hasabyndan göterimleri töledi. Şol bir wagtda 2005-nji ýylda gurama 100 mln. man. gaýtarmaly (tölegiň möhleti 2005-nji ýylyň dekabr aýynyň 1-ine çenli), 2006-njy ýylda bolsa 200 mln. man. gaýtarmaly (tölegiň möhleti 2006-njy ýylyň iýun aýynyň 30-yna çenli).

Guramada bellenen hasap syýasatyna laýyklykda uzak möhletleýin karz gysga möhletleýin karza şertnamanyň şertine laýyklykda esasy jemi gaýtarmaga 365 gün galan pursadyna geçirilýär.

Buhgalterlik ýazgylarynyň dogrulygyny we kabul edilen hasap syýasatynyň berjaý edilişini seljeriň. Auditoryň işçi resminamasyny düzüň.

| Amalyň mazmuny | Debet | Kredit | Jem, man. | Ilkinji resminama |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| **2005-nji ýylyň ýanwar aýynyň 3-üne buhgalterlik ýazgylary** | | | | |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| Uzak möhletleýin bergi-leriň düzüminde hasaba alynýan, hasaplaşyk hasa-byna karz serişdeleriniň kabul edilişi görkezilen | 51 | 95 | 200000 000 | Karz şertnamasy, hasaplaşyk hasabyndan bankyň |
| Gysga möhletleýin bergileriň düzüminde hasa-ba alynýan, hasaplaşyk hasabyna karz serişdeleri-niň kabul edilişi görkezilen | 51 | 94 | 100000 000 | Karz şertnamasy, hasaplaşyk hasabyndan bankyň |
| **2005-nji ýylyň ýanwar aýyndan iýun aýyna çenli her aýda hasaplaşyk aýynyň soňky iş gününe buhgalterlik ýazgylary** | | | | |
| Uzak möhletleýin bergilere karzlar boýunça göterim hasaplanylan (200000000 x 25% : 12) | 80 | 95 | 4166667 | Buhgalterlik kepilnama-hasaplama |
| Gysga möhletleýin bergilere karzlar boýunça göterim hasaplanylan (100000000 x 25% : 12) | 80 | 94 | 2083333 | Buhgalterlik kepilnama-hasaplama |
| Uzak möhletleýin karz boýunça göterim tölenen | 95 | 51 | 4166667 | Hasaplaşyk hasabyndan bankyň |
| Gysga möhletleýin karz boýunça göterim tölenen | 94 | 51 | 2083333 | Hasaplaşyk hasabyndan bankyň |
| **2005-nji ýylyň iýul aýyndan noýabr aýyna çenli her aýda hasaplaşyk aýynyň soňky iş gününe buhgalterlik ýazgylary** | | | | |
| Gysga möhletleýin bergilere karzlar boýunça göterim hasaplanylan (300000000 x 25% : 12) | 80 | 94 | 6250000 | Buhgalterlik kepilnama-hasaplama |
| Uzak möhletleýin karz boýunça göterim tölenen | 95 | 51 | 6250000 | Hasaplaşyk hasabyndan bankyň |
| **2005-nji ýylyň dekabr aýynyň 2-sine buhgalterlik ýazgylary** | | | | |
| Karz berijä karzyň bir bölegi gaýtarylan | 94 | 51 | 1000000 00 | Hasaplaşyk hasabyndan bankyň |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| **2005-nji ýylyň dekabr aýynda her aýda hasaplaşyk aýynyň soňky iş gününe buhgalterlik ýazgylary** | | | | |
| Gysga möhletleýin ber-gilere karzlar boýunça göterim hasap-lanylan (200000000 x 25% : 12) | 80 | 94 | 4166667 | Buhgalterlik kepilnama-hasaplama |
| Karz serişdeleri boýunça göterimler tölenen | 94 | 51 | 4166667 | Hasaplaşyk hasabyndan bankyň göçürmesi |

## 23.4-nji ýagdaý

Söwda guramasy 2006-njy ýylyň ýanwar aýynyň 8-ine hyzmat edýän bankdan 6 aý möhleti bilen ýyllyk 25 göterimine 30.000.000 man. karz aldy we şol günüň özünde alnan pul serişdelerini ýerine ýetirilen abatlaýyş işleri üçin bergini ýapmak maksady bilen potratça geçirildi. Karz şertnamasyna laýyklykda häzirki aý üçin göterimleri bank guramanyň hasaplaşyk hasabyndan häzirki aýyň iň soňky gününde hasapdan öçürýär. Karz şertnamasy boýunça göterim goýumyny üýtgetmeklik göz öňünde tutulmandyr. Peýda boýunça hakujy tölegleri gurama tarapyndan her aýda hakyky alnan peýdadan ugur alnyp tölenýär. Gurama 2006-njy ýylda başga karz serişdeleri almaklygy meýilnamalaşdyranok.

Söwda guramasy tarapyndan buhgalterlik hasaba alnyşynyň dogry ýöredilişiniň seljermesini geçiriň, eger-de ol gurama 2006-njy ýylyň fewral aýynyň ahyrynda gelen bolsa ýerine ýetirilen ýumşuň netijesi boýunça auditoryň işçi resminamasyny düzüň.

| Amalyň mazmuny | Debet | Kredit | Jem, man. | Ilkinji resminama |
|---|---|---|---|---|
| **2006-njy ýylyň ýanwar aýynyň 8-ine buhgalterlik ýazgylary** | | | | |
| Gysga möhletli karz alnan | 51 | 90 | 30.000.000 | Karz şertnamasy Hasaplaşyk hasa-byndan bankyň göçürmesi |
| Potratça töleg edilen | 60 | 51 | 30.000.000 | Hasaplaşyk hasa-byndan bankyň göçürmesi |

## 23.4. SORAGLY ÝUMUŞLAR

23.1.Guramanyň maýa goýujynyň öňünde oňa satylan obligasiýa boýunça bergisi haýsy hasaplarda görkezilýär?

a) 58;

b) 76;

ç) 90,92,94,95.

23.2.Karzlaryň hereketi maliýe hasabatynyň haýsy görnüşinde görkezilýär?

a) Kärhananyň balansynda;

b) kärhananyň balansyna goşundyda;

ç) pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatda.

23.3.Söwda guramasy esasy serişdäniň obýektini gurmak üçin alnan we ulanylan bankyň uzak möhletleýin karzy boýunça hasaplanan göterimleri haýsy ýazgy boýunça görkezmeli?

a) d-t 80, k-t 92;

b) d-t 08, k-t 92;

ç) d-t 44, k-t 92.

23.4.Hyzmat işleri bilen meşgullanýan gurama gurluşyk wagtynda düýpli gurluşyk üçin alnan bankyň uzak möhletleýin karzy boýunça hasaplanan göterimleri haýsy ýazgy boýunça görkezmeli?

a) d-t 80, k-t 92;

b) d-t 08, k-t 92;

ç) d-t 26, k-t 92.

23.5.Gurama bahaly kagyzlary satyn almak üçin bankdan uzak möhletleýin karz alyp, ony wagtynda gaýtaryp bilmedi. Bahaly kagyzlar satyn alyndy. Wagty geçen karzlar boýunça hasaplanan göterimler nähili ýazgy bilen görkezilmeli?

a) d-t 80, k-t 92;

b) d-t 08, k-t 92;

ç) d-t 58, k-t 92.

23.6.Guramanyň arzasy boýunça bank tarapyndan gysga möhletleýin karzy bermegiň hasabyna akkreditiw açylan ýagdaýynda nähili buhgalterlik

ýazgysy edilýär?

a) d-t 55, k-t 90;

b) d-t 58, k-t 90;

ç) d-t 08, k-t 90.

23.7.Başga guramalardan gysga möhletleýin karz hökmünde alnan oturdylmaga degişli enjamlara nähili buhgalterlik ýazgysy edilýär?

a)d-t 07, k-t 90;

b)d-t 07, k-t 92;

ç) d-t 07, k-t 94.

23.8.Bankdan alnan gysga mohletleýin karzyň kärhananyň hasaplaşyk hasabyna gelmegine nähili buhgalterlik ýazgysy edilýär?

a) d-t 51, k-t 92;

b) d-t 90, k-t 51;

ç) d-t 51, k-t 90.

23.9.Başga guramalardan uzak möhletleýin karz hökmünde alnan maddy-önümçilik ätiýaçlara nähili buhgalterlik ýazgysy edilýär?

a) d-t 10, 11, 15; k-t 95;

b) d-t 10, 15; k-t 95;

ç) d-t 95, k-t l0, 15.

23.10.Bankdan daşary ýurt pulunda alnan uzak möhletleýin karzyň kärhananyň daşary ýurt pullarynyň hasabyna gelmegine nähili buhgalterlik ýazgysy edilýär?

a) d-t 52, k-t 90;

a) d-t 90, k-t 52;

ç) d-t 52, k-t 95.

## 23.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 23.1-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda karzyň düýpli maýa goýum (durkuny täzelemek) üçin alnanlygy sebäpli ol 08 belgili "Düýpli maýa goýumlar" hasabynda hasaba alynmaly. Durkuny täzelemegiň tamamlananlygy we jaýyň ulanylyşa berlenligi sebäpli, soňraky harajatlaryň hemmesi guramanyň öz serişdeleriniň hasabyna edilmeli.

Ondan başga-da karzyň üzülmek möhleti geçenligi sebäpli-de göterimler we karzyň esasy jemini gaýtarmak bilen bagly bolan hemme harajatlar hususy serişdeleriň hasabyna edilmeli. Diýmek gurama tarapyndan düşýän gymmat artdyrylypdyr we degişlilikde, peýda 132.000 manat peseldilipdir.

### 23.2-nji ýagdaý

Düşýän gymmatyň düzümine diňe önümçilik hajatlary üçin ulanylan karza karza göterimler degişli edilip bilner. Salgytlar we gaýry hökmany borçlar boýunça býujete bergileri üzmek önümçilik maksatlara degişli bolmaýanlygy sebäpli, beýle karzlar boýunça göterimler dolulygyna guramanyň hususy serişdeleriniň hasabyna ýapylmaly.

Bu maksat bilen alnan karzlar boýunça göterimleri hasapdan öçürmegi aşakdaky ýazgy bilen görkezmeli:

88 belgili hasabyň debeti, 90 belgili hasabyň krediti.

Bu düzgün bozmanyň netijesinde dolanyşyk harajatlary artdyrylan we peýda 5.000.000 man. kemeldilen, hem-de peýda salgyt tölenmändir.

### 23.3-nji ýagdaý

Karz serişdelerini alan senesine guramanyň bergisi 200.000.000 man. möçberinde uzak möhletleýin we 100.000.000 man. möçberinde gysga möhletleýin bolup durýar.

Guramada bellenen hasap syýasatyna laýyklykda 200.000.000 man. uzak möhletleýin karz gysga möhletleýin karza şertnamanyň şertine laýyklykda esasy jemi gaýtarmaga 365 gün galan pursadyna, ýagny 2005- nji ýylyň iýun aýynyň 30-yna geçirilýär. Uzak möhletleýin karzyň gysga möhletleýine geçirilmesi şu ýazgy bilen görkezilýär: d-t 95, k-t 94.

2005-nji ýylyň iýun aýy aşakdaky ýazgy bilen resmileşdirilmeli:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Uzak möhletleýin bergilerde hasaba alnyp, gysga möhletlä geçirilen karzlar | 95 | 94 | 200.000.000 | Buhgalterlik kepilnama, ýolbaşçynyň hasap syýasaty baradaky buýrugy |

### 23.4-nji ýagdaý

Banka karz üçin tölenilen göterimler gurama tarapyndan karzy almak we ulanmak bilen bagly çykdajylara goşulýar. Alnan karzyň serişdeleriniň

gurama tarapyndan potratça bergini üzmek üçin ugrukdyrylan ýagdaýynda, bular ýaly karz şertnamasy boýunça çykdajylar guramanyň gündelik harajatlaryna goşulýarlar we amaly çykdajylaryň düzüminde hasaba alynýarlar.

2006-njy ýylyň ýanwar aýynyň 31- ine buhgalterlik hasaba alnyşda amaly çykdajylaryň düzüminde karz şertnamasy boýunça göterimler 472.603 man. deň bolmaly (30.000.000 man. x 25% : 365 gün x 23 gün).

| Amalyň mazmuny | Debet | Kredit | Jem, man. | Ilkinji resminama |
|---|---|---|---|---|
| **2006-njy ýylyň ýanwar aýynyň 31-ine buhgalterlik ýazgylary** | | | | |
| Karz şertnamasy boýunça göterim hasaplanan (30.000.000 man. x25% : 365 gün x 23 gün). | 80 | 90 | 472.603 | Karz şertnamasy Buhgalterlik kepilnama-hasaplama |

## 23.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

23.1. ç; 23.2. - b; 23.3. - a; 23.4. - a; 23.5. - a; 23.6. - a; 23.7. - ç; 23.8. - ç; 23.9. - b; 23.10. - a;

# TEMA 24. MALIÝE NETIJELERINIŇ WE OLARYŇ ULANYLYŞYNYŇ AUDITI

## 24.1. Usuly görkezmeler

Bu temany öwrenmek üçin okuw gollanmasynyň 24-nji baby bilen tanyşmak maslahat berilýär. Bu bapda berlen ders boýunça esasy kanunçylyk we kadalaşdyryjy resminamalar, barlagyň maksady we maglumatlaryň çeşmeleri, barlagyň meýilnamasy we maksatnamasy, barlagy geçirmegiň usulnamasy hem-de barlag wagtynda gabat gelýän adaty ýalňyşlyklar beýan edilendir. Ondan başga-da Türkmenistanyň salgytlar hakyndaky Bitewi kanunyny, Kärhananyň (guramanyň) ýyllyk we çärýeklik maliýe hasabatlarynyň bir kysymly görnüşlerini doldurmagyň tertibi barada düzgünnamany öwrenmeli.

Maliýe netijeleriniň we olaryň ulanylyşynyň auditini geçirmek üçin:

•maliýe netijeleriniň we olaryň ulanylyşynyň buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça kadalaşdyryjy namalaryň talaplaryny bilmeli (esasy kadalaşdyryjy namalaryň sanawy okuw gollanmasynyň 24-nji babynda getirilen);

•maliýe netijeleriniň we olaryň ulanylyşynyň auditini geçirmek üçin maglumatlary almagyň çeşmelerini bilmeli;

•maliýe netijeleri we olaryň ulanmak boýunça amallaryň barlagynda auditorlyk işiniň “Auditorlyk subutnamalar”, “Auditiň gidişinde buhgalterlik hasaba alnyşynyň we içki gözegçiligiň ulgamlaryny öwrenmek we baha bermek”, “Aldama we ýalňyşlyk tapylanda auditoryň hereketi”, “Buhgalterlik hasabatlylygyň ýoýlandygy anyklanylanda auditoryň hereketi” ülňülerinden ugur alyp, auditorlyk subutnamalary ýygnamagyň usullaryny we tärlerini ulanmagy başarmaly;

•auditorlyk işiniň “Auditi resminamalaşdyrmak” ülňüsini ulanyp, auditoryň işçi resminamalaryny resmileşdirmegiň tertibini bilmeli.

Alan bilimiňizi 24.2-nji bentde getirilen soraglara jogap berip berkidip bilersiňiz. Maliýe netijeleri we olary ulanmak boýunça amallaryň auditiniň tejribe endiklerini 24.3-nji bentdäki ýumuşlary we ýagdaýlary ýerine ýetirip alarsyňyz..

Bilimi özleşdirişiňiziň derejesini barlamak üçin 24.4-nji bentdäki soragly ýumuşlary çözüň.

## 24.2. Barlag üçin soraglar

1.Guramanyň maliýe netijeleriniň we olaryň ulanylyşynyň auditinde ulanylýan esasy kanunçylyk we kadalaşdyryjy resminamalary sanaň.

2.Haýsy kanunçylyk we kadalaşdyryjy resminamalar maliýe netijeleriniň buhgalterlik hasaba alnyşyny kadalaşdyrýar?

3.Maliýe netijeleriniň hasaba alnyşy haýsy buhgalterlik hasaplarda görkezilýär?

4.Salgyt salmadan öň peýda (zyýan) nähili emele gelýär?

5.Guramanyň esasy işinden maliýe netijeleriň barlagynda haýsy resminamalardan peýdalanmaly?

6.Gaýry girdejileriň we çykdajylaryň galyndylary barlananda buhgalterlik

hasaba alnyşynyň haýsy belliknamalary ulanylýar?

7.Maliýe netijeleriniň ulanylyşy barlananda guramanyň haýsy resminamalary ulanylýar?

8. Maliýe netijeleriniň maliýe hasabatynda görkezilişiniň dogrulygy we maliýe görkezijileriniň buhgalterlik hasaba alnyşynyň kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelşi barada öz pikirini yglan edende auditor auditiň haýsy usullaryny ulanýar?

9. Guramanyň maliýe netijesiniň buhgalterlik resminamalarda dogry görkezilişiniň garşylyklaýyn barlagy diýip nämä düşünilýär?

10. Peýda salgyt boýunça salgyt beýannamasy nähili düzülýär?

11.Maliýe netijeleriniň we olaryň ulanylyşynyň auditorlyk barlagynda gabat gelýän adaty ýalňyşlyklary sanaň.

## 24.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 24.1-nji ýagdaý

Gurama ýylyň dowamynda öz işgärlerinde "Ýelken" kafesinde gurnalan ýörite naharlanmasyna töleg etdi, Çykdajylaryň bu maddasy jikme-jik ýazgylara laýyklykda ýylyň dowamynda 2.880.000 manada deň boldy.

Buhgalterlik hasaba alnyşda çykdajylaryň bu maddasy aşakdaky ýazgy bilen görkezilen:

20 belgili hasabyň debeti, 70 belgili hasabyň krediti – 240.000 man.

Bu ýagdaýyň seljermesinde auditor nähili hereket eder?

### 24.2-nji ýagdaý

Guramanyň hasap belliknamasynda 51belgili "Hasaplaşyk hasaby" hasabynda hasabat ýylynyň dekabr aýynda aşakdaky ýazgy bar:

80 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 445.000 man.

Bankyň göçürmesine goşulan ilkinji resminamalara laýyklykda olar öz içine aşakdakylary alýarlar:

ekologik düzgün bozmalar üçin jerime – 300.000 man.;

gurşap alýan töweregi hapalany üçin jerime – 70.000 man.;

tabşyrmak şertini bozany üçin jerime – 75.000 man.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahat beriň.

**24.3-nji ýagdaý**

Aşgabat şäherinde ýerleşýän gurama tarapyndan mahabatlandyrma üçin ýygymyň hasaplamasynda sergä gatnaşmak üçin 1.100.000 man. möçberindäki jem iki gezek goşulypdyr.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahat beriň.

**24.4-nji ýagdaý**

Haryt iberiji özüniň önümçilik ugrunyň üýtgeýänligi sebäpli öň öndürýän önümini ýüklemesini bes etdi we öň baglaşylan şertnamanyň ýerine ýetirilmegini üpjün edip bilmedi. Gurama harytlary tabşyrmak şertnamasynyň şertlerini bozanlygy üçin 500.000 man. jerime aldy. Belliknamada 51belgili "Hasaplaşyk hasaby" hasaby boýunça bu amal aşakdaky ýazgy bilen görkezilen: 51 belgili hasabyň debeti boýunça, 88 belgili hasabyň krediti boýunça – 500.000 man.

Yagdaýa baha beriň. Maslahat beriň.

**24.5-nji ýagdaý**

Gurama harydy satyn almak üçin bankdan karz alanda emlägi zamun etmäge şertnamany bellige almak üçin 750.000 man. döwlet pajyny töledi. Buhgalterlik hasaba alnyşda bu amal aşakdaky ýazgy bilen görkezilen:

80 belgili hasabyň debeti, 71 belgili hasabyň krediti – 750.000 man.;

71 belgili hasabyň debeti, 50 belgili hasabyň krediti – 750.000 man.

Ýagdaýa baha beriň. Maslahat beriň.

**24.6-njy ýagdaý**

Gurluşyga ýatyrylan şertnama boýunça jerime çäreleriniň gaýtarylmagy guramanyň buhgalterlik hasaba alnyşynda 80 belgili "Peýdalar we zyýanlar" hasabynda 1.200.000 man. jemde görkezilen. Şol bir wagtda şertnamada jerime çäreleri barada bellik edilmedik, olary gaýtarmak barada kazyýetiň karary ýok.

Ýagdaýa baha beriň. Anyklanylan düzgün bozmanyň düýplüligini hasaplaň. Maslahat beriň.

**24.7-nji ýagdaý**

Ogurlygyň netijesinde söwda guramasynyň ambaryndan azyk önümleriniň bir bölegi kem çykdy. Kärhanada döredilen iş toparynyň karary boýunça

derňewiň ahyryna çenli görkezilen ýagdaýdaky ýitgiler (tebigy ýitgileriň kadasyndan ýokarysy) 650.000 manat möçberinden ýerlemekden daşgary çykdajylar hökmünde hasapdan öçürilen.

Ýagdaýa baha beriň. Anyklanylan düzgün bozmanyň düýplüligini hasaplaň. Maslahat beriň.

### 24.8-nji ýagdaý

Kärhananyň ýerlemekden daşgary çykdajylarynyň düzümine tölegli awtoduralgasynyň hyzmatlaryndan peýdalanany üçin tölegiň öwezini dolmagyň çykdajylary goşulypdyr. Bular ýaly töleg kärhananyň hususy awtoulagy bar bolan işgärine tölenipdir we ol 420.000 manada deň bolupdyr.

Ýagdaýa baha beriň. Anyklanylan düzgün bozmanyň düýplüligini hasaplaň. Maslahat beriň.

### 24.9-njy ýagdaý

Gurama tarapyndan ýanwar aýynda bergidarlardan tabşyrmak şertnamasy boýunça jemi 30.000.000 man. jerime çäresini tutup almak barada aralykçy kazyýetiň oňaýly karary alyndy. Emma hakykatda pul serişdeleri guramanyň hasaplaşyk hasabyna diňe iýul aýynda gelip gowuşdy we hasaba alnyşda hasap 80 “Peýdalar we zyýanlaryň” krediti boýunça gelen pursadyna görkezildi.

Ýagdaýa baha beriň. Anyklanylan düzgün bozmanyň düýplüligini hasaplaň. Maslahat beriň.

## 24.4. SORAGLY ÝUMUŞLAR

24.1.2Maliýe netijeleriniň we olaryň ulanylyşynyň auditiniň maksady näme hakda pikiriňi yglan etmek bolup durýar?

a) Maliýe netijeler we olary peýdalanmak hakyndaky hasabatyň doldurylyşynyň dogrulygy barada;

b) maliýe netijeleri peýdalanmagyň we hasaba alnyşynyň kärhanada kabul edilen tertibiniň kadalaşdyryjy namalaryň talabyna laýyk gelşi barada;

ç) maliýe netijeleriniň maliýe hasabatynda görkezilişiniň hakykylygy we maliýe netijeleriniň we olaryň ulanylyşynyň buhgalterlik hasaba alnyşynyň tertibiniň Türkmenistanyň kanunçylyklaryna laýyk gelşi barada.

24.2.Önümi ýerlemegiň maliýe netijesi haýsy hasapda görkezilýär?
a)80 "Peýdalar we zyýanlar";
b) 46 "Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemek";
ç) 87 "Paýlanylmadyk peýda (ýapylmadyk zyýan)".
24.3.Hasap 80 "Peýdalar we zyýanlarda" ýylyň dowamynda näme görkezilýär?
a) Adaty işden alnan peýda (zyýan);
b) alnan jerimeler, puşmana tölegler;
ç) alnan göterimler.
22.4.Guramanyň aýan edilen arassa peýdasy hasabat ýylynyň aýagyna haýsy hasaba ýazylýar?
a) 87 "Paýlanylmadyk peýda (ýapylmadyk zyýan)";
b) 80 "Peýdalar we zyýanlar";
ç) 46 "Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemek";
24.5."Maliýe netijeler we olary peýdalanmak hakyndaky hasabat" (2-nji belgili maliýe görnüşi) nämäni häsiýetlendirýär?
a) Guramanyň işiniň maliýe netijesini;
b) guramanyň maýasyny;
ç) guramanyň harajatlaryny.
24.6. "Maliýe netijeler we olary peýdalanmak hakyndaky hasabatyň" (2-nji belgili maliýe görnüşi) görkezijileri nämäniň esasynda hasaplanýar?
a)Kärhananyň (guramanyň) ýyllyk we çärýeklik maliýe hasabatynyň bir kysymly görnüşlerini doldurmagyň tertibi barada düzgünnamanyň;
b)"Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň;
ç) Türkmenistanda buhgalteriýa hasaba alnyşy we hasabaty hakynda düzgünnamanyň;.
24.7. Guramanyň paýlanylmadyk peýdasy nirä gönükdirilip bilner?
a) Diňe ätiýaçlyk goruny döretmek üçin;
b) diňe goýumlaryň hasabyna düşewüntleri tölemek üçin;
ç) ätiýaçlyk goruny döretmek we goýumlaryň hasabyna düşewüntleri tölemek üçin.
24.8. Salgyt salmazdan öň peýda (zyýan) barada maglumatlaryň

çeşmeleri bolup näme durýar?

a) Dergi-buýruknama № 11

b)dergi-buýruknama № 13;

ç) dergi-buýruknama № 15.

24.9.Auditorlyk barlagynyň gidişinde aýan edilen geçen ýylyň hasaba alnyşynda goýberilen ýalňyşy auditor haýsy döwrüň hasaba alnyşynda düzetmegi maslahat bermeli?

a) Geçen ýylyň ýalňyşlyk aýan edilen aýynda;

b) ýalňyşlygyň aýan edilen hasabat döwrüniň hasabatynda;

ç)diňe geçen ýylyň umumy hasabatynda.

24.10.Kärendä beriji tarapyndan berlen emläk üçin öňünden alnan kärende haky näme bolýar?

a) Geljek döwürleriň girdejisi;

b) girdeji;

ç) hakujy.

24.11. Býujete, döwlet býujetden daşary gaznalara tölemäge degişli jerimeler haýsy ýazgy bilen görkezilýär?

a) d-t 87, k-t 69 (68);

b) d-t 81, k-t 69 (68);

ç) d-t 80, k-t 69 (68).

24.12.Banklaryň hyzmatlary buhgalterlik we salgyt hasaba alnyşlarynda haýsy çykdajylara degişli edilýär?

a) Buhgalterlikde – ýerlemekden daşary, salgytda – ýerlemekden daşary:

b) buhgalterlikde – amaly, salgytda – ýerlemekden daşary;

ç) buhgalterlikde – ýerlemekden daşary, salgytda – göni.

24.13.Peýdadan alynýan salgydyň möçberi haýsy derejede bellenýär?

a) 8,20;

b) 2,15;

ç) 10,25.

24.14.Adatdan daşary çykdajylar haýsy ýazgy bilen görkezilýär?

a) d-t 87, k-t 10 (01, 70 we ş.m.);

b) d-t 81, k-t 10 (01,70 we ş.m.);

ç) d-t 80,                k-t 10 (01, 70 we ş.m.).

24.15. Aýrybaşgalanan bölümleriň peýdadan alynýan salgydyny haýsy ýagdaýda şu bölümleriň özleri töleýär?

a) Hasaplaşyk hasaby bolan ýagdaýynda;

b) baş guramasy bolan ýagdaýynda;

ç) hasaplaşyk hasaby we aýratyn balansy bolan ýagdaýynda.

24.16. Salgyt borçnamasy diýip nämä düşünilýär?

a) Şu hasabat döwründe býujete tölenmäge degişli peýdadan alynýan salgydyň jemine;

b) indiki hasabat döwründe býujete tölenmäge degişli peýdanyň artmagyna getirýän, soňa goýlan peýdadan alynýan salgydyň jemine;

ç) her bir edara görnüşli tarapyň býujete salgyt tölemek borjuna.

24.17. Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin göz öňünde tutulýan aýyrmalar hökmünde haýsylar kabul edilýär?

a) Harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerlemek bilen baglanyşykly çykdajylar (harajatlar);

b)telekeçilik we peýda (girdeji) almak üçin gönükdirilen beýleki iş bilen baglanyşykly bolmadyk çykdajylar (harajatlar);

ç) salgyt töleýjiniň başga edara görnüşli tarapyň ýa-da şereketiň esaslyk maýasyna goýumlary.

24.18. Salgyt salynýan peýdany, kesgitlemek üçin göz öňünde tutulýan aýyrmalara haýsylar goşulmaýar?

a) Ýerlemekden daşary çykdajylar (zyýanlar);

b)berilýän ýa-da yzyna gaýtarylýan ssudalar we beýleki karzlar;

ç) oýun işlerinden (humarly oýunlar we pully oýunlar bilen baglanyşykly iş) girdejiler.

24.19. Peýdadan alynýan salgyt deslapky töleg görnüşinde haýsy möhletlerde tölenýär?

a) Salgyt ýylynyň her aýynyň 13-ünde we 28-inde;

b) salgyt ýylynyň her aýynyň 13-ünde we 23-ünde;

ç) salgyt ýylynyň her aýynyň 25-inde.

24.20. Ýerlemekdën daşgary çykdajylara haýsylar giryärler?

a) Ýer üçin töleg;

b) gymmatly kagyzlaryň satylan bahasy bilen we satyn alnan bahasynyň arasyndaky oňaýsyz tapawut;

ç) täze iş ýerine geçende işgärlere berilýän hemaýat puly.

## 24.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 24.1-nji ýagdaý

Hereket edýän kanunçylyklara laýyklykda gurama işgärleriniň ýörite naharlamnasyny düşýän gymmata diňe kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýynda degişli edip bilýär. Esasnama "Önümiň (işiň, hyzmatyň) özüne düşýän gymmatyna goşulýan çykdajylaryň düzümi hakynda düzgünnama" bent 2 g.

Gurama tarapyndan işgärleri ýörite nahar bilen üpjün etmekligiň zerurlygyny tassyklaýan resminamalar görkezilmändir. Netijede 2.880.000 manada dolanyşyk harajatlary artdyrylypdyr we degişlilikde salgyt salma degişli peýda peseldilipdir. Hasaba alnyşda 88 belgili hasabyň debeti, 70 belgili hasabyň krediti ýazgysy edilmeli.

### 24.2-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda dürli jerime çäreleriniň hasapdan öçürilişiniň düzgüni bozulan. Onuň netijesinde peýdanyň ululygy peýda salgyt peseldilen. "Önümiň (işiň, hyzmatyň) özüne düşýän gymmatyna goşulýan çykdajylaryň düzümi hakynda düzgünnama" laýyklykda 80 belgili "Peýdalar we zyýanlar" hasabyna diňe hojalyk şertnamany bozany üçin jerimeleri degişli edip bolýar, ýagny 80 belgili hasabyň debeti, 52 belgili hasabyň krediti – 75.000 man. ýazgy ýolbererlikdir, galan jerimeler (300.000 + 70.000) býujete we býujetden daşgary gaznalara arassa peýdanyň hasabyna ýazylmaly, ýagny 81 belgili hasabyň debeti, 51 belgili hasabyň krediti – 370.000 man.

### 24.3-nji ýagdaý

Bu ýagdaýda mahabatlandyrma üçin ýygymyň iki esse artdyrylmasy bar we onuň netijesinde hasap 80 "Peýdalar we zyýanlaryň" debet boýunça aýlawynyň hem iki esse artdyrylmasy bar. Şeýlelikde, gaýry amaly çykdajylar baradaky maglumat ýoýulýar we onuň netijesinde maliýe - hojalyk işinden peýdanyň (zyýanyň) we hasabat ýylynyň peýdasynyň (zyýanynyň)

çykarylyşynyň hakykylygyna täsir edýär. Mahabatlandyrma üçin ýygymyň ululygyna 55.000 manat (1.100.000 manatdan 5%) düzediş girizmeli.

**24.4-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda guramanyň ýerlemekden daşgary girdejiler baradaky maglumaty nädogry, alnan jerimäni ýerlemekden daşgary girdeji diýip aşakdaky ýaly görkezmelidi:

51 belgili hasabyň debeti, 80 belgili hasabyň krediti – 500.000 man.

Netijede peýda görkezijisi we peýda salynýan salgyt kemeldilen.

**24.5-nji ýagdaý**

Guramanyň Önümçilik işi bilen bagly bolan hökmany döwlet pajyny tölemek boýunça harajatlar düşýän gymmata degişli. Hasaba alnyşda bu amaly aşakdaky ýaly görkezmelidi;

20 (44) belgili hasabyň debeti, 71 (76) belgili hasabyň krediti – 750.000 man.;

71 (76) belgili hasabyň debeti, 50 (51) belgili hasabyň krediti – 750.000 man.

Umuman maliýe netijesi ýoýulmadyk, emma "Maliýe netijeler we olary peýdalanmak hakyndaky hasabatda" (2-nji belgili maliýe görnüşi) esasy işiň maliýe netijesi ýoýulýar we gaýry, ýerlemekden daşary çykdajylar hakyky görkezilenok.

**24.6-njy ýagdaý**

Bu ýagdaýda "Önümiň (işiň, hyzmatyň) özüne düşýän gymmatyna goşulýan çykdajylaryň düzümi hakynda düzgünnamanyň" 15-nji bendi bozulan.

Şertnamada jerime çäreleri barada bellik edilmedikligi we olary gaýtarmak barada kazyýetiň kararynyň ýoklugy sebäpli görkezilen geleşik örän ähmiýetsiz hasaplanyp, hemme alnan girdeji býujete alnyp bilner. Bu ýagdaýdan gaçmak üçin gurama şertnama goşmaça ylalaşyk resmileşdirip, şertnama ýatyrylan ýagdaýynda jerime çärelerini gaýtarmak barada bellik etmeli.

**24.7-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda "Önümiň (işiň, hyzmatyň) özüne düşýän gymmatyna

goşulýan çykdajylaryň düzümi hakynda düzgünnamanyň" 15-nji bendi bozulan. Ogurlygyň netijesinde günäkär adamlaryň ýoklugy kärhanada döredilen iş topary tarapyndan kesgitlenen. Bu bolsa ýitgileri maliýe netijelerine ýazmak üçin ýeterlik däl. Görkezilen ýetmezçiligi ýerlemekden daşgary çykdajylara degişli etmek üçin olaryň günäkäriniň aýan edilmänligi barada kazyýet guramaşynyň karary gerek. Kazyýet guramasy tarapyndan karar kabul edilýänçä ýetmezçiligiň hemme jemi aşakdaky buhgalterlik ýazgysy bilen görkezilmeli:

84 belgili hasabyň debeti, 41 belgili hasabyň krediti

20 (44) belgili hasabyň debeti, 71 (76) belgili hasabyň krediti.

Günäkär adamyň aýan edilen ýagdaýynda aşakdaky buhgalterlik ýazgysy edilýär:

73 belgili hasabyň debeti, 84 belgili hasabyň krediti.

**24.8-nji ýagdaý**

Bu ýagdaýda "Önümiň (işiň, hyzmatyň) özüne düşýän gymmatyna goşulýan çykdajylaryň düzümi hakynda düzgünnamanyň" 15-nji bendi we "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň "Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy" baby bozulan.

Hususy awtoulag üçin awtoduralga tölegler öwez tölegine degişli we ýerlemekden daşgary çykdajylara degişli bolmaýar. Olar kärhananyň hususy serişdeleriniň hasabyna görkezilmäge degişli (hasap 88). Ondan başga-da bu öwez tölegiň jemi dolulygyna işgäriň umumy girdejisine goşulmaga degişli.

Netijede salgyt salma degişli peýda peseldilen we şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy tutulmandyr.

**24.9-njy ýagdaý**

Bu ýagdaýda hojalyk işiniň wagtynyň kesgitleniş esaslary bozulan we 80 "Peýdalar we zyýanlaryň" galyndysy peseldilen.

"Buhgalterlik hasaba alnyşy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna we Türkmenistanda buhgalteriýa hasaba alnyşy we hasabaty hakynda düzgünnama laýyklykda hojalyk işleriniň hemme maglumatlary kärhananyň hasaba alnyşynda olaryň amala aşan pursadynda gorkezilmeli. Şeýlelikde, kärhana berlen jerimeleriň jemini hasaba alnyşda ýanwar aýynda görkezmelidi. Olaryň gelen pursadyndan hem salgytlary hasaplamaly.

## 24.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

24.1. - ç; 24.2. - b; 24.3. - a; 24.4. - a; 24.5. - a; 24.6. - a; 24.7. - ç; 24.8. - ç; 24.9. - b; 24.10. - a; 24.11. - ç; 24.12. - b; 24.13. - a; 24.14. - ç; 24.15. - ç; 24.16. - ç; 24.17. - a; 24.18. - b; 24.19.-a;24.20.-b;

# TEMA 25. YKDYSADY TARAPYŇ BUHGALTERLIK HASABA ALNYŞYNYŇ GURLUŞYNYŇ WE HASABATLYLYGYNYŇ AUDITI

## 25.1. Usuly görkezmeler

Bu tema özleşdirilende okuw gollanmasynyň 25-nji baby bilen tanyşmaly, şeýle hem Türkmenistanyň "Auditorlyk iş hakyndaky" Kanunyny öwrenmeli. Ondan başga-da barlanylýan ýere degişli esasy kanunçylyk we kadalaşdyryjy resminamalar hem-de Türkmenistanda auditorlyk işiniň ülňüleri öwrenilýär.

Bu temanyň materiallarynyň özleşdirilişine gözegçilik etmek üçin 25.2-nji bentdäki soraglara jogap bermeli, özleşdiriliş derejesini barlamak üçin bolsa 25.3-nji bentdäki ýagdaýlary we ýumuşlary ýerine ýetirmeli, özüňi barlamak üçin 25.4-nji bentdäki soragly ýumuşlara jogap bermeli.

Hasabatlylygyň kadalaşdyryjy resminamalaryna laýyklygynyň auditiniň, döwlet guramalaryna we beýleki ulanyjylara tabşyrylýan hasabatlylygyň soraglaryna jikme-jik seredilýär. Hasabatlylyk boýunça kanunçylyklaryň bozulmalarynyň aýan edilende auditoryň hereketine aýratyn üns berlen.

Auditorçylyk barlagyna ykdysady tarapyň aşakdakylary öz içine alýan hasabatlylygy degişli:

-"Kärhananyň balansyny", № 1-maliýe görnüş;

-"Maliýe netijeler we olaryň ulanylyşy baradaky hasabat", № 2-maliýe görnüş;

-"Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat", № 4- maliýe görnüş;

-"Kärhananyň balansyna goşundy", № 5-maliýe görnüş;

-maliýe hasabatyny aýdyňlaşdyrýan ýazgy.

Hasabatlylygyň barlagyny amala aşyranda auditor:

1) kärhananyň (guramanyň) ýyllyk we çärýeklik maliýe hasabatynyň bir

kysymly görnüşlerini doldurmagyň tertibi barada düzgünnamadan;

2)buhgalterlik hasaba alnyşynyň ulanylýan görnüşinden;

3)ýyllyk hasabatlylygynyň düzülmeginiň öň ýanynda geçirilen tükellemeden ugur alýar.

Düzgünnama görnüşleriň özara baglanyşygyny, hasabatlylygyň möhletini we aýry-aýry maddalaryň doldurylyşynyň aýratynlyklaryny takyklaşdyrmaga mümkinçilik berýär.

Buhgalterlik hasaba alnyşynyň görnüşi hasabatlylygy doldurmaklyga düýpli täsir edýär. Kärhanalarda we guramalarda hasaba alnyşyň dergi-buýruknama, hakyda-buýruknama, baş kitap, ýönekeýleşdirilen we beýleki görnüşleri ulanylyp bilner. Hususy kompýuter ulanylan ýagdaýynda hasaba alnyşyň agzalan görnüşleriniň islendiginden ýa-da hasaba alnyşyň kompýuterleşdirilen görnüşinden peýdalanylyp bilner.

Ýyllyk hasabatlylygynyň barlägyna başlamazdan öňürti balansyň degişli maddalarynyň, ýagny tamamlanylmadyk önüniçiligiň, harytlaryň we maddy baýlyklaryň, esasy we pul serişdeleriniň, hasaplaşyklaryň tükellemesiniň maglumatlaryny barlamak zerurdyr.

Şeýlelikde, hasabat döwrüniň ahyryna balansyň her bir maddasy
dykgat bilen geçirilen tükellemäniň netijesi bilen tassyklanan
bolmalydyr. Buhgalterlik hasaba alnyşynyň maglumatlaryndan
tükellemäniň gidişinde anyklanylan hemme gyşarmalar ýyllyk hasabat tabşyrylmazyndan öň düzedilen we hasaba alnyşyň degişli belliknamalarynda görkezilen bolmaly. Balansyň maddalarynyň jemleri
hem-de maliýe guramalary we salgyt gulluklary bilen hasaplaşyklaryň
delilnamalary ylalaşylan we meňzeş bolmaly. Bu hasaplamalar
boýunça gyşarmalar bolmaly däl.

Auditor ýyllyk hasabatlylygyny barlanda çärýeklik hasabatlylyklary -da barlaýar.

## 25.2. Barlag üçin soraglar

1.Auditoryň ýyllyk hasabatlylygynyň barlagyny geçirende ugur almaly esasy resminamalaryny sanaň.

2.Hasabatlylygy kim düzýär we resmileşdirýär?

3. Kanunçylyga laýyklykda maliýe hasabatlylygynyň dogrulygyna jogapkärçiligi kim çekýär.

4.Ýyllyk maliýe hasabatlylygynyň düzümini sanaň.

5. Balansyň maddalarynyň san görkezijileri haýsy bahada görkezilýär?

6.Hasaba alnyşyň dergi-buýruknama görnüşi ulanylanda hasabat haýsy resminamalar boýunça düzülýär?

7. Hasaba alnyşyň hakyda-buýruknama görnüşi ulanylanda hasabat haýsy resminamalar boýunça düzülýär?

8. Buhgalterlik balansynyň düzülişiniň dogrulygyny nähili barlap bolýar?

9. Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatyň düzülişiniň dogrulygyny barlamak tertibini getirip görkeziň.

10.Maliýe netijeler we olaryň ulanylyşy baradaky hasabatyň düzülişiniň dogrulygy nähili barlanýar?

11.Maliýe hasabatynyň hakykylygynyň barlanyş tertibini aýdyp beriň.

## 25.3. Ýagdaýlar we ýumuşlar

### 25.1-nji ýagdaý

Auditorlyk netijenamasyna gol çekmeginiň öň ýanynda auditora müşderiniň şahamçalarynyň birine tupanyň netijesinde uly zyýan ýetirilendigi aýan boldy. Hadysa maliýe hasabatynyň düzülen senesinden soň bolup geçdi. Ätiýaçlandyryş kompaniýasy tarapyndan, ätiýaçlandyryş şertnamasy düzülmänligi sebäpli zyýanyň öwezi dolunmady.

Ýagdaýa baha beriň. Anyklanylan düzgün bozmanyň düýplüligini kesgitläň. Maslahat beriň.

### 25.2-nji ýagdaý

Esasy serişdeleriň saýlanyp geçirilen tükellemesinde auditor ilki- başdaky bahasy 800 müň manat bolan we olar boýunça 300 müň manada köneliş hasaplanylan esasy serişdäniň ýetmeýänligini aýan etdi. Hasabat ýylynyň dekabr aýynda bu esasy serişdeler satyldy. Şertnama laýyklykda satyş bahasy 156 müň manat.

Şertnama we kabul ediş ykrarnamasy auditora tükelleme geçirilende berildi. Satyn alyjylar bilen hasaplaşyk geçirilmändir. Hojalyk amaly dekabr aýynyň 31-indäki ýagdaý boýunça buhgalterlik hasaba alnyşyň hasaplarynda

görkezilmändir.

Ýagdaýa baha beriň. Anyklanylan düzgün bozmanyň düýplüligini kesgitläň. Maslahatlar beriň.

## 25.4. Soragly ýumuşlar

25.1.Kärhananyň emläginiň bahasyny kärhananyň balansynyň haýsy görkezijisi häsiýetlendirýär?

a)“Esasy serişdeler”;

b)“Pul serişdeleri”;

ç) “Balansyň jemi”.

25.2. Kärhananyň balansy aşakdaky gatnaşyklaryň haýsy birinde doly geçginli hasaplanylýar?

a) $A1 \geq P1$, $A2 \leq P2$, $A3 \geq P3$, $A4 \geq P4$;

b) $A1 \geq P1$, $A2 \geq P2$, $A3 \geq P3$, $A4 \leq P4$;

ç) $A1 \geq P1$, A2 P2, A3 P3, A4P4;

Şu ýerde A1 – has geçginli serişdeler; A2 – çalt satylyp bilinýän serişdeler; A3 – haýal satylýan serişdeler; A4 – kynlyk bilen satylýan serişdeler; P1 – has çalt gaýtarylmaly bergi borçlary; P2 – gysga möhletli bergiler; P3 – uzak möhletli bergiler; P4 – hemişelik passiwler.

25.3.Kärhana haýsy pursatda ýatyryldy hasaplanylýar?

a) Ýatyryş balansa gol çekilen;

b) ýatyryş boýunça döwlet bellige alnyşyna girizilen;

ç) bu barada metbugatda çap edilen.

25.4.Kärhananyň balansynyň dogrulygy we hakykylygy barada mesele çözülende nämäni hasaba almaly?

a) Balans ýolbaşçylyk tarapyndan gol çekilenmi we garaşsyz auditor tarapyndan tassyklananmy;

b) salgyt gullugynyň belligi barmy;

ç) balansy tassyklamak hakynda paýdarlaryň ýyllyk ýygnagynyň göçürmesi barmy.

25.5.Kärhananyň balansynyň hakykylygyny barlamak üçin balansyň maglumatlaryny aşakdakylaryň haýsy biri bilen deňeşdirmeli?

a) Baş kitabyň hasaplar boýunça galyndysy bilen;

b) dergi-buýruknamanyň aýlawlary bilen;

ç) Baş kitabyň hasaplar boýunça aýlawlary bilen.

25.6.Edara görnüşli tarap üytgedilip gurnalanda onuň emlägi:

a)Üýtgedilip gurnalýan edara görnüşli tarapyň çözgüdi boýunça satylýar;

b) üýtgedilip gurnalýan edara görnüşli tarapyň miras hakly edara görnüşli tarapynyň eýeçiligine berilýär;

ç) üýtgedilip gurnalýan edara görnüşli tarapyň ýokarda durýan guramasynyň garamagy boýunça satylýar.

25.7.Maliýe, hasabatynyň bahalandyryjy görkezijileri üçin jogapkärçiligi kim çekýär?

a) Ykdysady tarapyň ýolbaşçylary;

b) ykdysady tarapyň baş hasapçysy;

ç) auditor.

25.8.Barlanýan ykdysady tarapyň maliýe hasabatlylygynyň tötänleýin ýoýulmagy aşakdaky ýagdaýda düýpli hasaplanyp bilýär:

a)Haçanda ol maliýe hasabatlylygynyň takyklygyna onuň ýokary hünär derejeli ulanyjysynyň ýalňyş netije çykarmagyna ýa-da ýalňyş karar kabul etmegine alyp barýan derejede täsir edýän bolsa;

b)haçanda ol maliýe hasabatlylygynyň takyklygyna onuň gyzyklanýan ulanyjysynyň ýalňyş netije çykarmagyna ýa-da ýalňyş karar kabul etmegine alyp barýan derejede täsir edýän bolsa;

ç) haçanda ol hojalyk işiniň ýagdaýlarynyň hasaba alnyşda nädogry görkezilmesiniň netijesi bolup dursa.

25.9.Auditorlyk guramalar auditorlyk barlagynyň gidişinde hasabatlylygyň hakykylygyny aşakdaky ýaly kesgitlemeli:

a)Şeksiz takyklyk bilen;

b) hemme düýplülik jähtinde;

ç) auditoryň şeksiz takyklyk bilen kesgitlemeli hasap edýän jähtinde.

25.10.Balansyň jemine haýsy peýda girýär?

a) Umumy;

b) satmakdan alnan;

ç) paýlanylmadyk.

25.11.Balansyň jemine esasy serişdäniň haýsy bahasy girýär?

a)Ilkibaşdaky;

b)dikeldilen;

ç) galyndy.

25.12.Eger-de paýdarlar jemgyýeti esaslyk maýasy 100.000.000 manat möçberinde bellige alnyp, paýy tölegine 80.000.000. manat gelen bolsa, ol balansda "Esaslyk maýa" maddasynda aşakdaky ýaly ýazgy edilýär:

a)75-1 belgili hasabyň debeti, 85 belgili hasabyň krediti – 80.000.000. manat;

dürli hasaplaryň debeti, 75 belgili hasabyň krediti – 80.000.000 manat;

b)75-1 belgili hasabyň debeti, 85 belgili hasabyň krediti – 100.000.000 manat;

dürli hasaplaryň debeti, 75-1 belgili hasabyň krediti – 80.000.000 manat;

ç) 75-1 belgili hasabyň debeti, 85 belgili hasabyň krediti 100.000.000 manat;

51 belgili hasabyň debeti, 75 belgili hasabyň krediti – 80.000.000 manat;

25.13.Kärhanalar ýyllyk maliýe hasabatyny haçan tabşyrmaly?

a) Hasabat ýylyndan soňky ýylyň fewral aýynyň 1-inden gijä galman;

b) hasabat ýyjyndan soňky ýylyň mart aýynyň 1-inden gijä galman;

ç) hasabat ýylyndan soňky ýylyň mart aýynyň 15-inden gijä galman.

25.14.Balansyň maddalarynyň maglumatlaryny aşakdaky bilen deňeşdirmek arkaly barlap bolýar:

a) Baş kitap;

b) Baş kitap we jikme-jik hasaba alnyşyň belliknamalary;

ç) Jikme-jik hasaba alnyşyň belliknamalary.

25.15.Ykdysady tarapyň hasabatlylygyny barlanda auditor barlaga bilermenleri çekip bilýärmi?

a) Diňe barlanýan ykdysady tarapyň razyçylygy bilen çekip bilýär;

b) barlanýan ykdysady tarapyň razyçylygyny alman çekip bilýär;

ç) çekip bilenok.

25.16.Maliýe hasabatlylygynyň bilkastlaýyn ýoýulmagy näme bolup durýar?

a)Hasaba alnyşda hojalyk işleriniň nädogry şekillendirilmegi;

b)hasaplamalarda ýalňyşlyklar, hasabyýet ýalňyşlyklary;

ç) maliýe hasabatyny ulanyjylary ýalňyşdyrmak üçin betnebis maksat bilen hereket etmek.

25.17.Ykdysady tarapyň hasabatlylygynyň kadalaşdyryjy namalara laýyklygyny barlanda auditor täze döredilen guramalar üçin birinji hasabat ýyly diýlip onuň döredilen gününden geljek ýylyň dekabr aýynyň 31-i aralykdaky döwür hasaplanylýandygyny haçan bellige alnan guramalar üçin göz öňünde tutmaly?

a) Eger-de ol oktýabr aýynyň 1-inden soň bellige alnan bolsa;

b) eger-de ol iýun aýynyň 1-inden soň bellige alnan bolsa;

ç) eger-de ol sentýabr aýynyň 15-inden soň bellige alnan bolsa.

25.18.Hasabat döwrüne aktiwleriň ýagdaýyny maliýe hasabatyny haýsy görnüş görkezýär?

a) № 1 - maliýe görnüş;

b) № 2 - maliýe görnüş;

ç) № 4 - maliýe görnüş.

25.19.Guramanyň hasabat döwründäki maliýe netijelerini aşakdakylaryň haýsy biri häsiýetlendirýär?

a)Kärhananyň balansy;

b) maliýe netijeleri we olaryň ulanylşy baradaky hasabat;

ç) maliýe hasabatyny aýdyňlaşdyrýan ýazgy.

25.20.Täzeden döredilen kärhanalar (guramalar) üçin birinji hasabat ýyly diýlip:

a) Onuň döwlet belligine alnan gününden başlap, şol ýylyň dekabr aýynyň 31-i boýunça, hasabat ýylynyň oktýabr aýynyň 1-inden soň döredilen kärhana (gurama) üçin bolsa döredilen gününden ýylyň dekabr aýynyň 31-i aralykdaky döwür hasaplanylýar;

b) onuň döwlet belligine alnan gününden başlap, şol ýylyň dekabr aýynyň

31-i aralykdaky döwür hasaplanylýar;

ç) maliýe-hojalyk işini alyp barmagy başlan senesinden şol ýylyň dekabr aýynyň 31-i aralykdaky döwür hasaplanylýar.

25.21.Ýyllyk maliýe hasabaty düzülende hasabat ýyly diýlip:

a)Ýanwar aýynyň 1-inden başlap, dekabr aýynyň 31-ini hem öz içine alýan döwür hasaplanylýar (islendik kärhana üçin);

b) ýanwar aýynyň 1-inden başlap, dekabr aýynyň 31-ini hem öz içine alýan döwür hasaplanylýar. Täzeden döredilen kärhanalar (guramalar) üçin birinji hasabat ýyly diýlip onuň döwlet belligine alnan gününden başlap, şol ýylyň dekabr aýynyň 31-i boýunça, hasabat ýylynyň oktýabr aýynyň

1-inden soň döredilen kärhana (gurama) üçin bolsa döredilen gününden ýylyň dekabr aýynyň 31-i aralykdaky döwür hasaplanylýar;

ç) ýylyň soňky çärýegi.

25.22.Buhgalterlik hasaba alnyşynyň we maliýe hasabatynyň maglumatlarynyň hakykylygyny üpjün etmek üçin guramalar:

a) Emläkleriň we borçlaryň tükellemesini geçirmeli;

b) pesinden iki ýylyň, ýagny hasabat we geçen ýyllaryň maglumatlaryny getirmeli;

ç) maliýe hasabatyny ýylyň başyndan başlap, ösýän jemlerde her aýa, çärýege we ýyla düzmeli.

25.23.Ykdysady tarapyň maliýe hasabatynyň ýoýlanlygyny aýan edende auditorlyk guramasy:

a)Maliýe hasabatynyň hakyky däldigi barada auditorlyk netijesini bermeli;

b)ýoýulmanyň barlanylýan hasabatlylygyň hakykylygyna täsirine hemme düýplülik jähtde baha bermeli;

ç) maliýe hasabatynyň ýoýulmalary hakyndaky anyklanylan maglumatlary auditorlyk netijä goşmaly.

25.24.Ykdysady tarapyň hasabatlylygynyň auditiniň esasy maksady:

a)Hasabatlylygyň hakykylygyna baha bermek;

b)hasabatlylygyň hakykylygyna we onuň düzümi we görnüşi boýunça hereket edýän kanunçylyga laýyk gelşine baha bermek;

ç) hasabatlylygyň düzümi we görnüşi boýunça hereket edýän

kanunçylyga laýyk gelşine baha bermek.

25.25.Paýdarlar jemgyýetleriniň ýyllyk we çärýeklik maliýe hasabatynyň düzümine şular girýär:

a)№1, №2 – maliýe görnüşler, auditorlyk netijesi;

b) №1, №2 – maliýe görnüşler, maliýe hasabatyny aýdyňlaşdyrýan ýazgy, auditorlyk netijesi;

ç) №1, №2, №4, №5 – maliýe görnüşler, maliýe hasabatyny aýdyňlaşdyrýan ýazgy, auditorlyk netijesi.

## 25.5. Ýagdaýlaryň we ýumuşlaryň çözülişi

### 25.1-nji ýagdaý

Hadysanyň balans düzülen senesinden soň bolanlygy sebäpli, şahamça ýetirilen zeleliň gymmaty hasabat ýylynyň maliýe hasabatynda görkezilmez. 01 tupanyň turan ýylyndaky hasabatda görkezilmeli.

Eger-de auditor hadysa düýpli we maliýe hasabatynyň ulanyjylar üçin uly ähmiýeti bar diýip hasaplasa (meselem, eger-de zelel şahamçasynyň ýapylmagyna alyp barsa ýa-da zelel bilen bagly çykdajylar köp bolsa), ol bu maglumatlaryň maliýe hasabatyny aýdyňlaşdyrýan ýazgyda görkezilendigine göz ýetirmeli. Eger-de auditor edilen aýdyňlaşdyrmanyň ýeterlikligi bilen kanagatlanmasa ýa-da eger-de gurama bu hadysany ýaýratmak islemese, onda auditor bu hadysa hakynda auditorlyk netijesinde bellik girizmeli.

### 25.2-nji ýagdaý

Ýyllyk hasabat düzülende maglumaty doly görkezmek esaslary bozulan, sebäbi emlägiň satylmagy görkezilmändir. Diýmek balansyň "Esasy serişdeler", "Satyş bahadan ýüklenen harytlar üçin bergidarlar bilen hasaplaşyklar", "Býujet bilen hasaplaşyklar", "Hasabat ýylynyň paýlanylmadyk peýdasy" maddalary ýoýlan.

Balans boýunça gyşarmalar aşakdakylara deň:

Aktiwde:

"Esasy serişdeler" + 50000 müň man.

"Satyş bahadan ýüklenen harytlar üçin bergidarlar bilen hasaplaşyklar" – 156000 man.

Passiwde:

“Hasabat ýylynyň paýlanylmadyk peýdasy” – 92174 man.

“Býujet bilen hasaplaşyklar” – 13826 man.

Ondan başga-da gurama (92174-den 20%) 18435 manat edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt hasaplamaly we býujete tölemeli.

## 25.6. Soragly ýumuşlaryň jogaplary

25.1. - ç; 25.2. - b; 25.3 - b; 25.4 - a; 25.5. - a; 25.6. - b; 25.7. - a; 25.8. - a; 25.9. - b; 25.10. - ç; 25.11. - ç; 25.12. - ç; 25.13. - a; 25.14. - b; 25.15. - a; 25.16. - ç; 25.17. - a; 25.18. - a; 25.19. -b; 25.20. - a; 25.21. -b; 25.22. - a; 25.23. -b; 25.24. -b; 25.25.-ç;

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR:

1.Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2001. - 408 sah.

2. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. (ikinji kitap)Türkmeniň ruhy beýikligi A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2004. - 464 sah.

3. Saparmyrat Türkmenbaşy. Türkmen ilim aman bolsun. Goşgular. - A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2002. - 224 sah.

4. Saparmyrat Türkmenbaşy. Türkmeniň bäş eýýamynyň ruhy. Goşgular. - A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. - 2003. - 228 sah.

5.Saparmyrat Türkmenbaşy “2010-nji ýyla çenli döwür üçin Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan özgertmegiň Baş ugry” Milli maksatnamasy, Aşgabat, 1999. - 352 sah.

6.“Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamasy. Türkmenistanyň XIV Halk Maslahatynyň resminamalarynyň ýygyndysy.- A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2004

7.Türkmenistanyň XV Halk Maslahatynyň kararlary. Aşgabat, “Türkmenistan” gazeti, 26.10.2004 ý № 279

8. Türkmenistanyň oba hojalyk paýdarlar jemgyýeti hakynda Düzgünnama. “Türkmenistan” gazeti, 31.10.2004 ý № 284-289

9. “Ýer hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanuny. “Türkmenistan” gazeti, 31.10.2004ý 284-289

10.“Suw hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanuny. “Türkmenistan” gazeti, 31.10.2004 ý № 284-289

11.“Salgytlar hakynda” Aşgabat, TDKP-neşirýat, 2005 - 416 s.

12.“Buhgalter hasaby hakynda” Türkmenistanyň kanuny. - 1994.

13.“Auditorçylyk işi hakynda” Türkmenistanyň kanuny. - Aşgabat, 1996.

14.Ataýew J.J. “Audit” Aşgabat, “Ylym”, 2006 - 588 s.

15.Алборов Р.А. “Аудит в организациях промышленности, торговли и АПК” -М.А.О. “Дело и сервис”, 1998 - 464 с.

16. Андреев В.Д, Кисилевич Т.И, Атаманюк И.В “Практикум по audity”-М: 1999 - 205с.

17. Аудит: Учебник /под.ред. Подольского В.И.-М: 2001 – 655 с.

18. Барышников Н.П. “Практикум внутреннего и внешнего аудита” М: Филинь 2003 - 792 с.

19.Бычкова СМ. «Доказательства в аудите» -М: 1998 -176 с.

20.Бычкова СМ, Карзаева Н.Н. “Аудит, Ситуации, Примеры, Тесты” -М: 1999-140 с.

21.Васильевич И.П, Ширкина Е.И “Сборник задач по аудиту” -М: “Финансы и статистика” 1999 - 288 с.

22.Данилевский Ю.А, Шапигузов С.Н, Ремизов Н.А, Старовойтова Е.В. -М: И.Д. ФБК Пресс 2000 - 544 с.

23.Суйц В.П, Ахметбеков А.Н, Дубровина Т.А “Аудит: общий, банковский, страховой”. -М: 1995 - 240 с.

24.Шеремет А.Д, Суйц В.П “Аудит” - М: 2004 - 410 с.

MAZMUNY

Giriş........................................................................................ 9
Tema 1. Auditiň manysy we mazmuny.......................................12
Tema 2. Auditorlyk işiniň hukuk we guramaçylyk esaslary.............22
Tema 3. Hökmany audit we auditorlyk hyzmatlarynyň ugurdaş görnüşleri.........................................................................................32
Tema 4. Auditorlara bildirilýän hünär derejesiniň talaby we auditorlyk işiniň ahlak kadalary...................................................39
Tema 5. Auditiň hiline gözegçilik...................................................54
Tema 6. Auditor barlagyny taýýarlamak..........................................64
Tema 7. Auditorlyk barlagynyň meýilnamalaşdyrylyşy..................74
Tema 8. Auditorlyk subutnamalar.....................................................91
Tema 9. Saýlap barlamak usuly......................................................103
Tema 10. Audorlyk barlagynyň netijesine baha berlişi.................122
Tema 11. Audorlyk barlagynyň netijesi........................................127
Tema 12. Auditi geçirmegiň usulnamasy......................................138
Tema 13. Esaslandyryjy resminamalaryň, döredijiler bilen hasaplaşyklaryň we kärhananyň hasap syýasatynyň auditi...........141
Tema 14. Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň auditi.........163
Tema 15. Önümçilik ätiýaçlarynyň hasaba alnyşynyň auditi.........193
Tema 16. Kassa amallarynyň hasaba alnyşynyň auditi..................209
Tema 17. Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklaryň auditi...223
Tema 18. Hasaplaşyk, daşary ýurt pullarynyň we banklardaky gaýry hasaplaryň auditi..............................................................245
Tema 19. Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklaryň, satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklaryň, bildirilen nägilelikler boýunça hasaplaşyklaryň auditi..................................256
Tema 20. Zähmet haky boýunça hasaplaşyklaryň auditi................268

Tema 21. Maliýe goýumlarynyň hasaba alnyşynyň auditi.............279
Tema 22. Önümleri goýbermegiň, ýüklemegiň we ýerlemegiň hasaba alnyşynyň auditi.............................................................289
Tema 23. Karzlaryň hasaba alnyşynyň auditi................................298
Tema 24. Maliýe netijeleriniň we olaryň ulanylyşynyň hasaba alnyşynyň auditi...........................................................................306
Tema 25. Ykdysady tarapyň buhgalterlik hasaba alnyşynyň guralyşynyň we hasabatlylygynyň auditi ................................317
Peýdalanylan edebiýatlar.............................................................326

**J.J.Ataýaew**.

**Audit. Meseleler ýygyndysy** (Ýokary okuw mekdepleri üçin oku kitaby).- A., 2008.- 329 s.

**Redaktory J.Amanowa**
**Neşir üçin jogapkär Ç.K.Gylyjow**
**Dizaýn G.Ýazmedowa**

Ýygnamaga berildi 12.06.2006.
Çap etmäge rugsat edildi 30.10.2008
Möçberi 60x84 1/16. Ofset kagyzy. Çap listi 20,5.
Sany 150.

TDKP-nyň neşirýaty
Aşgabat ş. Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow
şaýolynyň 2-nji geçelgesi, N 7

“Garant PM” HJ,
Aşgabat ş., Dobrolubow köç. 2/4
lis.: 20 05/07/2006-2009

Kitap Ýewropa Birleşiginiň TASIS-TEMPUS maksatnamasynyň CD_JEP-25064 belgili “Ýewropanyň uniwersitetleri bilen hyzmatdaşlykda Türkmenistanda oba hojalyk bilimlerini ösdürmek” atly taslamasynyň tehniki goldawy esasynda çykaryldy.